# JUMA HUDAÝGULY



# SÖÝGIDE SERHET ÝOK

*Roman*

Birinji bölüm

**ERKIN**

*Yşgyň owazasyn diňle daşyndan,*
*Jan jebrin kyn görseň barma başyndan,*
*Serişdäň az bolsa yşgyň işinden,*
*Bar, habar al, gören mübtelalardan.*

*Magtymguly*

1.

Ol meniň çagalyk dostum. Daşkynrak garyndaşym. Biz bir obada önüp-ösdük, bir mekdepde okadyk, bileje-de tamamladyk. Kowumdaşlar hökmünde hatda biziň öýümizem bir syrgynyň ugrunda ýerleşýärdi. Soň-soňlar, Aşgabada okuwa gidenimizde-de, okuwmyzy tamamlap şol

ýerde işe galanymyzda-da, tä, onuň ömrüniň ahyrlaryna çenli biri-birimizden aýra bolmadyk.

Mahlasy, oňa menden belet adam ýok. Şonuň üçinem, bu täsin hem kyn ykbally ajaýyp adam, görnükli türkmen şahyry, yşk mülküne giç gelip, ir giden, onuň ejirini çeken Erkin Emin ogly barada ýatlama ýazmaga meniň doly hakym bar.

Häsiýeti boýunça ol oglan döwürlerem ýygrady. Özüni hemişe köpçülikden çete çeker ýörerdi. Dymmady. Menden başga adamyň ýanynda içini dökmeýärdi, gyzlar bilen gürleşmäni bolsa düýbünden başarmaýardy. Başymyza on dört ýaşyň heseri urup, herimiz bir gyza hat ýazýan döwürlerimizem ol olaryň hiç birine söýgi bildirmeýärdi. Gaýtam olardan gaça durýardy, görende howy basylýardy, sussy peselýärdi. Bardy-geldi özleri lak ataýsalaram gyzaryp-bozaryp, iňňän kyn ýagdaýa düşýärdi we derhal olardan arany açmak bilen bolýardy.

Okuwda hiç kimden saýlanmaýardam, yza-da galmaýardy, köpçülik işlerine, dabaralara mekdebiň umumy ýygnaklaryna işjeň gatnaşmaýardy, käbirleri ýaly orunly wezipelere saýlanjak bolup göze-başa düşmeýärdi. Saýlajak bolsalaram kes-kelläm boýun gaçyrýardy, hatda ýygnakdan çykyp ümdüzine gidýän gezeklerem bolýardy. Umuman, ähli babatlarda orta gürp bilen gitmäni gowy görýärdi. Bu oňa kakasyndan, ýagny, Emin dädemden geçen häsiýet. Emin dädem gabadyna gelen wagty maňa-da şol maslahaty berýärdi: «Öňe-de gitme, yza-da galma, orta gürp bilenjik haýdaber.»

Erkiniň iň eý görýän zady pynhan ýerde oturyp, özbaşdak pikir ýöretmekdi. Şolar ýalyda onuň ýanyna hatda menem baryp bilmeýärdim. Ýüzüňi gatyryp baraýanyňda-da edip oturan içki oýlaryndan, duýgularyndan gabanmakdan ýaňa, ýüz-gözüni üýtgedip, iki-baka gorsanyp bir ugrar welin zöwwe turaga-da, ýumlugybereniňi özüňem bilmän galarsyň. Sen şeýtmeseňem onuň özi şeýder.

Onuň çeper edebiýaty, kino, teatr sungatyny gowy görşüne dagy bütin oba haýrandy. Mekdebimiziň okalgasyndaky kitaplaryň ählisini okap bolup, oba kitaphanasyndakylaram saýpalladyberipdi. Aşgabadyň ýa beýleki welaýatlaryň teatrlary etrabymyza gastrola geläýseler dagy, haýsy oba barsalar gijeden-gijä yzlaryna düşüp, aýlanar ýörerdi. Elbetde, aýaklarymyzy süýreşip bizem onuň yzyndan galmaýardyk.

Onuň öý kinoteatrjagazam bardy. Ol kinoteatr içine suratly kinoplýonka salnyp, göze tutulyp görülýän diaproektordan we içi

diafilmlije gutujyklardan ybaratdy. Etrap merkezimizdäki «Kultmaga» gelýän diafilmleriň ählisi bilen biz Erkiniň şol «kinoteatrjagazy» arkaly tanşyp bilýärdik.

Şonuň üçinem, mekdebi tamamlanymyzdan soň ol hökman artistlige ýa režissýorlyga gider, özem Moskwa, Leningrad ýaly merkezi şäherlerde okar öýdýärdik, emma ol bütin obany haýran galdyryp, dokumentlerini Türkmen Döwlet Uniwersitetiniň türkmen dili we edebiýaty fakultetine tabşyrdy.

Doktor bolasymyň gelýändigi üçin men hat-peteklerimi Medisina institutyna tabşyrdym. Ikimizem girdik. Ýöne, biri-birimizden daşlaşmazlyk üçin, kireýine jaý alyp bile ýaşadyk. Günüň-gününe, gelejek, durmuş, edebiýat, taryh, medisina, şeýle hem söýgi barada söhbetler etdik, pikir alyşdyk.

Ol öňküsi ýaly köp okaýardy, köp pikirlenýärdi, gün yrman diýen ýaly drama teatrlaryna, kinoteatrlara, kitaphanalara gatnaýardy. Bir üýtgän zat, ol indi goşgam ýazyp başlapdy. Kem-kemden orsça ökdeläp başlamagy bilen, okaýan çeper eserleriniň örüsi hasam giňedi.

Rus edebiýatynyň üsti bilen dünýä edebiýatyna aralaşdy. Her kitaby özüniň ýazylan dilinde okamaklygyň has ýerlikli boljakdygyna düşündi.

Ýetişik boýunça welin, ol bu ýerde-de Emin dädemiň salgy beren ýörelgesinden çykyp bilmedi, ýoldaşlaryndan saýlanybermedi, zybrym bäşlik okap, ýokarlandyrylan stependiýalara mynasyp bolup bilmedi. Edil mekdepdäkisi ýaly, bu ýerde-de Uniwersitet boýunça geçirilýän çärelere örän kynlyk bilen, mejbury halda gatnaşdy. Uzynly gijäni kitap okap ýa goşgy ýazyp geçirýändigi üçin ertesi sapaklaryna ýa-ha gijä galyp bardy, ýa-da bütinleý barmady. Şonuň üçinem onuň dekanat ýa rektorat tarapyndan käýinç alýan ýa-da stipendiýasyndan kesilýän wagtlaram az bolmaýardy.

Baýramçylyklara bagyşlanyp, uniwersitetiň özünde ýa umumy ýaşaýyş jaýlarynda geçirilýän agşamlara-ha ol asla-da barmaýardy. Saý-sebäp bilen baraýsa-da, alynmadyk myhman ýaly, bir çetde sortdurylyp durýardy. Tans etmeýärdi. Birdenkä ýok diýýäýmesinler diýen gorkynyň aşagynda ýegşerilýän bolsa gerek, gyzlary tansa çagyrmaýardy.

Hut şol gorky sebäplem ol rus dili we filologiýasy fakultetinde okaýan kelte boýly, etli-ganly, giň maňlaýly, badam gabakly, çep gözi süzügräk, türkmençe gürläninden rusça geplänini kem görmeýän, Güljemal atly mähirlije gyza uniwersitete giren gününden başlap, tä ony

tamamlaýança söz aýdybilmän, gaýybana aşyk bolup gezdi. Şanyna ilki öwrenjeräk, köneçilräk, soň poeziýanyň häzirkizaman ruhuna bap gelýän kämil goşgular ýazdy. Şahyrçylygyň aşyklykdan kyn bolmasa ýeňil bolmadyk hupbatly ýoluna-da hut şol gyz sebäpli düşdi. Ýöne, ýanynda dil ýarybilmedi. Käte: «Şu gün-ä şoňa öz içki duýgymy aýan etsem gerek» diýerdi-de, bile ýaşaýan otagymyzdan ümdüzine çykyp giderdi, entegräkdenem ýüzüni duw-ak edip gelerdi-de: «Aýdyp bilmedim. Zalyň o çetinden gelýänine gözüm düşenden aýaklarymyň ysgyny gaçdy, gözlerimiň öňi ümezledi, agzymyň içi gurady, dilim öwrülmedi, ýüregim bolsa agzymdan çykaýara geldi, deňimden geçip gidýänçä diwardan ýapyşyp zordan saklandym, ine-de, süýegimi süýräp gelşim...» diýerdi.

Şol bolşy bilenem ol Güljemaly gabanýardy. Kimdir biri: «Pylan kursda okaýan pylankesem-ä şony gowy görýärmişin, basym sözem aýtjakmyşyn...» diýäýse dagy öler ýaly gaty görerdi. Päk söýgüsiniň basgylandygy, pynhan duýgularynyň äsgerilmezlik edildigi hasap ederdi. Şol sözi aýdan adam bilen ýyllarboýy gepleşmän gezerdi.

Onuň bolup ýörşüne dözmän, käte meniň özüm Güljemalyň ýanyna «gudaçylyga» giderdim. Erkiniň oňa hak aşykdygyny, bir gün görmese, oňup bilmeýändigini aýdardym. Özüne bagyşlanyp ýazylan goşgulary okap bererdim. Bu oňa ýarardy. Janyna hoş ýakardy. Şonuň üçinem çep gözüni süzgekledip durşuna hezil edip gülerdi-de:

– Arzy-halyny magşugyna aşyk bolanyň özi aýtmaly dälmidir – diýerdi.

Bu onuň özüniňem Erkinde göwnüniň bardygyny, ýöne, aýgytlaýjy sözi öz agzyndan eşitmezden öň oňa belli bir jogap bermäge ejap edýändigini aňladýardy.

Gaýdyp gelenimden soň men muny Erkiniň özüne-de aýdýardym. Gaýrata galmaklygy, göwnüni bire baglap Güljemalyň ýanyna barmaklygy, gürleşmekligi ýüzbe-ýüz durup söýgüsini aýan etmekligi maslahat berýärdim. Ol üns bilen diňläp durýardy-da, özüni iň bir ygtybarly gaçybatalgasy bolan ýaýjyklary ýalpyldawuk nikelli, ýumşak pružinaly, «jygyldawuk» krowadynyň üstüne oklaýardy, aňyrsyna öwrülip, ownujak ak gülli gök çitden tikilen, o ýerinden, bu ýerinden perleriniň uçlary dürterişip duran dört burç ýassygynam bir ýan dulugyna goýýardy-da, esli wagtlap dünýe-älemi unudyp ýatýardy. Turandan soňam aramyzda hiç hili gürrüň bolmadyk ýaly asla men

gapdalynda ýok ýaly öz işi bilenjik boluberýärdi. Şol bir zady köp gaýtalaberseň, ýanjaberseň, ezeläberseň bolsa halamaýardy. Gahary gelýärdi. Şondan soň sen ondan telim güne çekjek öýkeleşige garaşybermelisiň. Ýanyna bar-gaýt, lak at-atma, tä özi açylyşyp, özi dil ýarýança göwni bir ýalydyr. Açylyşandan soň welin, telim günläp içinde berç bolan gürrüňleriň barysyny birden daşyna çykarmakçy bolýan ýaly dynman gürlär, şol gürrüňlerini pugta üns berip diňlemeseň ýa sowuk-sala diňleseň welin, ýene-de öýkelär we öňküsindenem has uzak wagtlap gürleşmän gezer.

Şeýdip bäş ýyly arka atdyk. Okuwy tamamladyk.

Ara-çola metbugatda çykyş edip ýörendigi hem «gelejegine umyt bagladýan ýaş şahyr» adyna eýe bolandygy üçin ony Aşgabatdaky edebi gazetleriň birinde işe alyp galdylar. Güljemaly studentlik döwürlerem okuwynyň gapdalyndan işleşip ýören ýerine, türkmen radiosynyň rusça gepleşikler bölümine işe çagyrdylar. Men bolsam bäş ýyllap okadan we gowy görşen mugallymlarymyň ak ýürekden eden aladalary bilen Aşgabatdaky Newropotologiýa hassahanasyna ýerleşdim. Gapdalyndan ylmy işem aldym. Aspirantura taýýarlanyp başladym.

Işe başlanyndan soň Erkiniň zehini hasam açylyşdy. Forma taýdanam, many-mazmun taýdanam öňkülere görä has üýtgeşik goşgular ýazyp başlady. Gündelik metbugatyň üsti bilen özüni ile tanatdy. Ýyl ýaryma ýetip-ýetmän çaklaňrak goşgular ýygyndysyny çykartdy. Ýene iki ýyldanam iki kitabyň awtory hökmünde SSSR ýazyjylar Soýuzynyň agzalygyna kabul edildi. Çykardan kitaplarynda-da, täze ýazan goşgularynda-da esasy orny söýgi temasy eýeleýärdi. Şol goşgularyň ählisiniň aňyrsynda bolsa, gözlerini süzüp, ýylgyrypjyk duran, kelte boýly gyzyň mähirli keşbi görünýärdi.

Hossarlarynyň edýän üznüksiz hüjümlerine garamazdan, Erkin öýlenmekden ençeme wagtlap çürt-kesik boýun gaçyrdy ýördi. «Entek jaý edineýin, işe ugrugaýyn» diýen ýaly bahanalar bilen birsyhly öňlerinden sowuldy. Esasy sebäbi welin Güljemaldy. Ol entegem ondan tamasyny üzenokdy. Özi üzse-de, ýüregi üzenokdy. Gaýtam gün-günden söýgüsi güýçlenýärdi. Ýanyna barmaga, gürleşmäge bolsa henizem gorkýardy. Şonuň üçinem oňa aýdasy gelip, emma aýdyp bilmeýän zatlarynyň barysyny ýene-de goşgularyna siňdirýärdi. Şolaryň üsti bilen beýan edýärdi.

Ony ýeke men däl, hemmelerem, hatda Güljemalyň özem aňýardy. Ýöne ol-a: «Sen pylan goşgyňda maňa degişli edip, pylan zat diýipsiň, söýgi bildiripsiň, men şoňa razy, menem seni gowy görýän» diýip, Erkiniň gaşyna gelmeýärdi, kellesini onuň kükregine goýup: «Ah, meniň ezizim, men seniň şol sözüňe gör, näçe wagtlap garaşdym» diýmeýärdi, Erkiniňem ähli batyrlygy ýene-de öňküsi ýaly aýagaldygyna goşgy setirlerini çyrşaşdyrybermekden aňry geçmeýärdi.

Her näme-de bolsa, ahyr bir gün dillener diýen umyt bilen Erkine garaşdymy ýa owalebetde maňlaýyna ýazylany şeýlemi, Güljemalam uzak wagtlap durmuşa çykmady. Käte bir gabat gelişen ýerimizde osmakladyp sorasamam sebäbini aýtmaýardy, gaýta-gaýta sorap ýörmäne bolsa meniň özüm ejap edýärdim. Şeýdibem ol mesele gümürtikligine galdy.

Birdenem işini-güýjini, öwrenişen şäherini taşlady-da, tanşymy ýa dälmi, garyndaşymy ýa başga birimi, Erkine gahar edipmi ýa öz gelen çözgüdi şeýlemi, bilemok, Güljemal uzakdaky etraplaryň birinde oba hasapçysy bolup işleýän, eşidişimize görä telpegi agan, çagaly-çugaly birine durmuşa çykdy ötägitdi. Muňa Güljemaly tanaýanlaryň barysy geň galdylar. Erkin bolsa gynandy. Hatda, oturyp agladam. Durmuşa çykany üçin däl-de, iň eý görýän maşgalasynyň şolar ýaly keç ykbala sataşandygy üçin şeýtdi. Onuň şeýle pes güne düşmeginde özüni günäkär saýdy. Toýuň öň ýany ýanyna baraga-da: «Güljemal! Beýtme! Ömrüňi ýakma! Özüňi kemsitme! Ýör, nijembir ýyl bäri men seni daşyňdan söýüp ýörün. Hälem bolsa bir pille, raýyňdan gaýt, men seni alyp gitjek, bu ýoldan halas etjek» diýmäge bolsa, ýene-de gaýraty çatmady. Şonda men ömrümde ilkinji gezek oňa agyr söz aýtdym: «Sen ejiz! Gorkak! Bigaýrat! Gedem! Iň eziz görýän adamyň gark bolup barýanyny görüp durkaňam oňa gol uzadybileňok!» diýdim. Emma, ilerdäki daglar gozgandy, ol gozganmady. Ýerden ses çykdy, ondan çykmady. Şo-ol, dik depesine garap, doňňaradaş ýaly dommaryldy oturdy. Diňe birnäçe günden soň özi ýanyma geldi-de: «Dogry. Men ony halas etmeli, ony o ýoldan alyp galmaly, çünki ol barjak äri bilen barybir bagtly bolup bilmez, uzak ýaşaşmaz, gaýdyp geler. Sebäbi ol ikisiniň dünýäsi deň däl, biçüwleri ters, ýöne nädeýin, özüme erk edip bilemok. Gaşynda durup iki agyz sözleşmäge mende güýç ýok» diýdi.

Söýginiň adamy şeýle namart, şeýle gowuşgynsyz hala salýandygyny men şol çaka çenli eşidemogam, göremogam. Aslynda

Erkiniň şunça ýyl bäri sessiz-sedasyz çekip gelýän jebri söýgimikä beri? Egerde «howwa» bolsa, onda ol şeýle gowşak, dilsiz-agyzsyz bolýarmyka? Ýa onuň söýgi diýip gursagynda göterip ýören zady nalajedeýin göwrä aralaşan, nämedigem belli bolmadyk, dermany gyt bir dertmikä? Düşnüksiz duýgumyka? Ýa onuň özem entek bu zatlary aýyl-saýyl edibilmän, serimsal bolup ýörmükä? Duýgularynyň ugruna gidip, özüniň gyzy betbagt edäýmeginden gorkup, öz-özüni horlap ýörmükä? Şol zatlary aýyl-saýyl edere oňa çen bolmadymyka?

Bilemok, ýöne içiniň ýangyjyna aýtdymy ýa boljak işe öňünden gözi ýetdimi, onuň Güljemalyň yzyna gaýdyp geljekdigi baradaky aýdanlary dogry bolup çykdy. Ýyl ýarym geçip-geçmänkä ol hakykatdan-da baran ýerinde ýerlemän gaýdyp geldi. Öňki işine ýerleşdi. Köne tanyş hökmünde men ýörite iş ýerine baryp, oňa duýgudaşlyk bildirdim. Ýanym bilen alyp gitjek bolup hernäçe dyzasam-da, Erkin ýene-de etmedi. Gitmedi. Ýüzüm alnar diýen gorky bu gezegem oňa el-aýak bermedi. Üstesine ol indi Güljemalyň: «Meniň şu güne düşmegimiň günäkäri sen» diýerindenem çekinmän duranokdy. Men muny şol gezek onuň gözlerinden, Güljemalyň adyny eşidenden ýygrylyp, bir düýrmek boluberişinden, girere deşik gözläp, daş-töweregine garanjaklaberşinden aňdym.

Her niçik hem bolsa, onuň bu gezekki hasabam dogry bolup çykdy. Muňa şol gün Güljemalyň ýanyna baran badyma göz ýetirdim. Ol hakykatdan-da Erkinden öýkelidigini menden gizlejegem bolmady. Gaty bir zeýrenmedem-de, adyny tutanymdan owadan, ala gözlerine ýaş aýlap, ysgynsyz ses bilen:

– Şundan şu ýana meniň ýanymda şonuň adyny tutmasana, Nepes! – diýdi. – Şo zeýilli adam meniň durmuşymda öňem bolmandy, ind-ä asylam ýok... Ne hoçu o nýom slyşat...

Men sesimi çykarman, ýüzümi aşak saldym-da, oňaýdym.

Görgüliniň betbagtçylygy welin, onuň bilenem tamamlanmady. Bir derde duçar boldy-da, erbet horlandy. Şol Güljemal şü diýseler, ynanar ýaly bolmady. Ahyram ymykly düşege ýykyldy. Hassahana düşdi. Köp ýatmanam ýogaldy. Bu Erkine hasam agyr degdi. Bütin dünýäde özüni ýalňyz duýdy. Öňkülerindenem beter suslandy. Telim wagtlap iş-güýçden, girim-çykymdan galdy. Hiç kimi göresi, hiç kim bilen gepleşesi gelmedi. Iň bolmanda ölüm ýassygynda ýatyrka bir hoşlaşyp galaýmandygy üçin öz-özüne jebir berdi.

Ejir çekdi. Ahmyr etdi.

Bir günem ýanyma geldi-de, demi-demine ýetmän, «has-has» edip durşuna damagyny dolduryp:

– Nirede bolsa-da, kimde bolsa-da, bir ýerde başy dik gezip ýören bolsa kaýyldym. Göwnüme ikimizem dünýede baky duraýjak ýalydyk, Men islendik pursatda oňa öz söýgimi bildirmäge, bile durmuş gurmaga ýetişäýjek ýalydym. Ol başga birine durmuşa çykar ýa ýogalar, diýen düşünje dagy asla oýumda-da ýokdy. Çünki men ony gören günümden bäri özümiňki hasap edip ýördüm. Hiç bir güýjüň ony meniň elimden almaga erkem ýokdy, ygtyýaram. Men diňe ony ömürlik ýitirenimden soň, hiç zadyň baky däldigine göz ýetirdim. Gahba pelegiň islendik wagty gursagyňdan ýüregiňem sogrup alyp gidip biljekdigine-de, bagtyň, söýgiň üçin göreşmeseň, bagtsyz, söýgüsiz galmagyň ikuçsyzdygyna-da düşündim. Şu wakadan soň men umuman başga-da kän zatlara düşündim – diýdi. Güljemalyň ýatan gonamçylygyna özi bilen bile zyýarata gitmekligimi haýyş etdi.

Elbetde, men oňa: «Dirikä, aýny gerekli wagtynda bir söz aýdyp bilmedik adamyň mazarynda nä körüň bar» diýip, gyjalat beribem bilerdim, ýöne, onuň agzyndan çykýan her bir sözünden ýana-ýana gara göýdük bolan ýaraly ýüregiň köýündi hem kesmek gatyşykly ajymtyk agyr ysy kükäp durdy. Şonuň üçinem men onuň haýyşyny kanagatlandyrman durup bilmedim.

Siz, heý, ilkinji söýgüsi bilen ilkinji gezek ol merhum bolandan soň, onuň mazarynyň başynda duşuşan magşugy görüpmidiňiz? Görmänmidiňiz? Men welin gördüm.

Ine, ol şäheriň günbatar çetindäki mazarystanlygyň içi bilen eli bir gujak gülli, gözünden boýur-boýur ýaş döküp, gurak-gurak ýuwdunyp barýar. Menem onuň gapdaly bilen gidip barýaryn. Ine-de biz heniz üstüniň gumam gurap ýetişmedik täzeje guburyň gapdalynda saklanýarys. Erkiniň elindäki güli alyp bagryna basmaly, ysgamaly, minnetdarlyk bildirmeli, hoş niýetli sözleşmeli gyz bolsa, ine, şol mazaryň aşagynda baky ukuda ýatyr.

Erkin çalarak egildi-de elindäki gülleri mazaryň başujynda goýdy. Doga okady. Soň hamala aýtmakçy bolýan sözlerini kimdir biriniň eşidäýmeginden ätiýaç edýän ýaly egniniň üstaşyry eýläk-beýläk garandy. Maňa tarapam gözleriniň gyýtagyny aýlap goýberdi.

Onuň bu hereketini özüme edilen yşarat diýip düşündim. Usullyk bilen bir gyra çekildim. Töwerekde köw-söw etdim. Mazarlaryň arasyndan tanyş-bilişleri gözledim. Tananjalaryma bildigimden aýat okadym. Ýatan ýerleriniň ýagty, jaýlarynyň jennetden bolmagyny diledim. Soň ýene-de Erkiniň ýanyna dolanyp bardym.

Diri wagty ýüzbe-ýüz durmaga-da gurbaty çatmadyk ýigit söýgülisiniň başujynda çök düşüp, gara dere batyp oturşyna hakykatdan-da onuň bilen gürleşýärdi, iki elinem kükreginiň üstüne goýup ondan ötünç soraýardy. «Barysyna men günäkär, men-n...» diýip maňlaýyna ýumruklaýardy. Gözlerinden boýur-boýur ýaş döküärdi.

Meniň golaýlanymy aňyp ol sesini kesdi. Kynlyk bilen ýerinden turdy. Jübüsinden elýaglygyny çykaryp gözlerini süpürdi. Usullyk bilen ýöräp ýanyma geldi. Sag eliniň aýasyny çep egnime goýup uludan demini aldy.

– Ine, menem ahyry Güljemal bilen gürleşdim, Nepes. Içimi egisdim. Görüp otursam söýgüliň bilen gürleşmek beýle bir kynam däl ekeni. Ýürek edip aýdybilen bolsam görgüli diňlejegem ekeni. Men bolsam... Egerde ýöwsellemedik bolsadym, onda ikimiziňem ykbalymyzyň düýbünden başgaça bolaýmagy ahmal ekeni.

Menem elimi onuň egnine goýdum.

– Ähli zat Allanyň yradasy bilen bolýandyr, Erkin. Galyberse-de, nesibedir. Ondan gaçyp gutulmak ýokdur. Hiç zady el bilen düzedibem bolýan däldir. Kowalap yzyndan ýetibem bolýan däldir. Eger-de ýazgytda ýazylan bolsa, şu boljak iş barybir bolardy. Başgarak görnüşde bolardy welin, bolardy. Aýralyk barybir ara düşerdi. Ýöne indi giç. Kerwen gitdi. Menziline ýetdi. Başga bir ýurtda goş ýazdyrdy. Saňa indi durmuşyň täze sahypalary garaşýar. Sen indi özüňi şoňa taýynla. Öňki goýberen ýalňyşlyklaryňy indi gaýtalamajak bol.

Tä, mazarystanlykdan çykýançak ikimizem sesimizi çykarman gitdik. Diňe şäheriň şowhunly köçesine düşmegimiz bilen derdimiz az-kem ýeňlän ýaly boldy.

## 2

Erkin şondan soňam iki ýyla golaý öýlenmän gezdi. Ýygy-ýygydan Güljemaly ýatlady. Mazaryna gatnady. Gül goýdy. Zol-zolam galan

ömrüni öýlenmän, Güljemalyň zaryny çekip geçirmek isleýändigini aýdyp, öz ýüreginem, meniň ýüregimem paralady ýördi.

Ýöne, nätjek, durmuş bir möwç urup duran däli derýa. Ol seni bir ýerde goýanok. Birsyhly çaýkap dur. Kimi çaýkap-çaýkap kenara taşlasa kimsäni ömürboýy şo-ol çaýkap gidip otyr. Sen bir zady ýüregiňde besleýäň, durmuş bolsa ony saňa geňeşmezden, düýbünden başgaça çözýär. Ähli zady özüçe ölçäp-biçip, ýerli ýerinde goýýar, köne ýaralary bejerýär, pikiriňi üýtgedýär, täze-täze arzuwlar, umytlar, aladalar peýda bolýar. Dünýägaraýşyňda köp-köp üýtgeşmeler emele gelýär, gözýetimiň giňeýär, öň inkär eden zatlaryň käbirleri bilen isleseň-islemeseň, ylalaşmaly bolýarsyň.

Erkiniňkem şeýle boldy. Güljemaly bütinleý unudandyr diýib-ä biljek däl, ýöne maşgala bolmaklygyňam aýratyn bir mazasynyň bolýandygyny meniň mysalymdan duýdumy, nämemi, men iki çaganyň atasy bolanymdan soň o-da ata-enesiniň öňünde öýlenmäge razylyk berdi.

Emin dädem ur-tut öz obamyzyň gyzy, mekdepdekäk bizden bäş synp dagy aşakda okan Aýlarhanlara gudaçylyga bardy.

Ýöne, guda boluşlary ýaly, oba rakyplary tarapyndan: «Erkiniň Aşgabatda iki çagaly aýaly barmyşyn, basym oba-da getirjekmişin» diýen ýaly ýakymsyz habar ýaýradyldy-da, bar zat bulaşdy duruberdi. Üstesine Erkiniň bir şäher gyzy bilen duran suratynam gyz tarapyň gapylaryna taşladylar. Şeýdibem, köräp duran ody hasam tutuşdyrdylar.

Gyzlaryna basalyk bolmakdan geçen, gaýtam Aýlarhanyň hossarlary «Barlajak-da, barlajak»bolşup, dünýede barlygy-ýoklugam belli bolmadyk iki çagaly howaýy gelniň gözlegine çykdylar. At tezegini guratman, Aşgabada gatnadylar, Erkiniň bile okan deň-duşlaryndan, işdeş ýoldaşlaryndan sorag-ideg etdiler. Menden welin hiç zat soramadylar. Aýdanlaryma bolsa, ynanmadylar. «Sen onuň iň ýakyn dosty, galyberse-de, garyndaşy, o hakda bize hakykaty aýtmarsyň» diýdiler. Halys ugur-utga tapmanlaryndan soňam gudaçylyklaryny bozjak bolup dyzadylar.

Hernä ýönekeý daýhandygyna garamazdan, tutuş oba tarapyndan gepi diňlenýän, uruşda ýaralanyp gelendigi sebäpli bir aýagy täbigräk Emin dädemiň parasatly hereket etmegi hem-de oba kethudalarynyň tagallalary netijesinde gudaçylyk öz güýjünde galdy.

Toý tutuldy.

Ýöne, şol gürrüň welin barybir galmady. Erkine çagalykdan beletdigine garamazdan Aýlarhan ynanjaň, gaharjaň, oňşuksyz has ýamanam gabanjaň bolup çykdy. Indi oduň üstüne ýag guýýanam, ony birsyhly tutaşdyrýanam, öçeňkirläberse ýaňadandan gorjaýanam onuň özüdi. Beýnisine giren şol, iki çagaly gelniň keşbini ol göz öňünden aýryp bilmeýärdi. Gitdigiçe-de fantaziýasy güýçlenip, öz göz öňüne getirýän zatlaryna bolan ynanjy artýardy.

Erkin welin eýýäm bir ýaryň yşgynda köýüp gören, bir taraplaýynam bolsa söýginiň nämedigini bilýän, iň eziz adamsyny ajala aldyran adamdy. Ol mähre mätäçdi. Onuň söýgüsini gazanmak üçin, Aýlarhanyň ony, Güljemaly ýadyndan çykararlyk derejede gyzgyn söýmekligi, onuň kalbyndaky boşlugy doldurmagy, has takygy şol boşlugy eýelemekligi gerekdi. Muny men köp gezekler Aýlarhanyň özüne-de aýdypdym. Emma bar zat terisne boldy, Aýlarhan özi mähir söýgi bermezden, ärinden mähir söýgi talap etdi, ojagyny ýylatmady, gaýtam tükeniksiz dawa-jenjeller bilen içerisini sowatdy. Iň ýamanam ärini özünden sowaşdyrdy. Şeýdibem bir öýüň içinde biri-birine düýbünden ýat adamlar bile ýaşaşyp başladylar.

Öýlenenden soň, ýarym ýyl geçer-geçmez, Erkin maşgalasyny Aşgabada alyp gaýtdy we meniň ýaşaýan ýerime golaý ýerden, şäheriň gyrak-bujaklaryndaky köneje hütdüjeklerden kireýine jaý aldy. Ýöne aramyzyň şeýle golaýdygyna garamazdan, Erkini göresim gelip, içimi it ýyrtyp barýan hem bolsa, ýaňky sebäplere görä olara aýagym çekmeýärdi.

Aýlarhanyň günde-günaşa gaýtalanyp duran teýeneli sözleri soňabaka şol öýüň içinde düzgüne öwrüldi. Günleri bir bolsa uruşlary iki boldy. Aýlarhan islendik meselede ärine gulak asmazlygy, onuň tersine gidip, kejikdirmekligi özüne kär edindi. Çagaly-çugaly bolanlaryndan soňam üýtgän zat bolmady. Bu zatlar olaryň ogul-gyzlaryna-da ýaramaz täsir edip başlady. Ol görgülijikler ata-eneleri dawa edip başlanlaryndan ör turýardylar-da, biri-birleriniň ýüzlerine seredişip, dagdyraklaşyp başlaýardylar, gözlerine ýaş aýlaýardylar. Şolar ýalyda Erkin aýalyna: «Beýdip, gije-gündiz dawa edip ýörseň çaglaryň göwni çöker, sussypes öserler, gaýrat et, uruşma, goý, indi şol töhmetli gürrüňleriňi, Hudaýyň halamajak zadyny etme» diýýärdi. Gabadyna gelse men bu mesele boýunça-da Aýlarhana töwella edýärdim. «Ile gülki bolanymdan, äre tilki bolaýyn» diýipdirler, Aýlarhan, gaýrat et, oňuş, äriň göwnüni tapjak

bol», diýýärdim. Ol bolsa ýüzüni aktam edip: «Men ýaranjaňlyk etmegi halamok» diýýärdi. Barha-da beterine tutýardy.

Bu ahwalatlary ýatlap Erkiniň: «Ömrümi ýarak it bilen ýakalaşan ýaly bolup geçirdim», diýip, meniň ýanymda zeýrenen gezekleri köp bolupdy.

Garaz, Erkin durmuş gurup, maşgala lezzetini bilmedi. Bu onuň döredijiligine-de erbet täsir etdi. Yşgam, zehinem gaýra tesip başlady.

Bir günem ol:

– Nepes, men öň-ä Güljemala ýekeje agyz söz aýdybilmän, söýgümi bildiribilmän jebir çekdim, ine, indem haýsydyr bir näbelli, gelin zerarly şunça ýyldyr öz ýan ýoldaşymdan ejir çekip ýörün. Bu nähili beýle bolýar? Näme üçin men hemişe ezýete sezewar bolýarkam? – diýdi.

Şonda men oňa näme jogap berjegimi, nädip köşeşdirjegimi bilmedim.

Oýlanyp tapylan şol iki çagaly gelniň kim bolup bilaýjekdigi barada käte Erkin ikimiz oturyp bilelikde-de pikir ýöredýärdik, köp zatlaryň başyny agyrdýardyk, ölçerýärdik, dökýärdik, belli bir netijä gelibilmänem dagaşýardyk. Güljemal biçäre bolsa hiç bir jähtdenem ol gürrüňe gabat gelmeýärdi. Erkin onuň bilen bary-ýogy ýekeje gezek onda-da onuň mazarynyň başujynda duşuşypdy. Üstesine Güljemalyň çagasam ýokdy, ýaşaýan ýerem salgy berilişi ýaly demir ýoluň gaýra ýüzünde däldi.

Ýaman ýerem Aýlarhanyň keçjarlygy zerarly Erkin iki gezek dagy jaý edinmek mümkinçiliginden mahrum boldy.

Nobatymyz-a entek-entek gelerli däldi. Zerurlyk bolsa ýetjek derejesine ýetipdi. Şonuň üçinem, käte Erkin ikimizem oturyp ýokary edaralara, hatda TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň başlygyna çenli hat yzyna hat ýazýardyk. Emma şolaryň baryndanam: «Ýerinde çözülmeli» diýen jogap gelýärdi. Ýerli komitetiň başlyklary bolsa: «Wah, jaýymyz bolsa size bermän kime bereli, jan jigiler» diýşip, ellerini serýärdiler. Garaz, hiç hili çykalga ýok diýen ýalydy.

Ine, şol günleriň birinde Aýlarhanyň ir döwürden bäri Aşgabadyň etegindäki şäherçeleriň birinde işläp ýören, enebaşga agasyny uzakdaky etraplaryň birine işe geçirdiler-de, ol öz oturan jaýyny Erkine goýup gitmekçi boldy. Çünki ol gaýynlarynyň arasynda Erkin bilen adam şekilli gatnaşýan ýeketäk adamdy. Adam hökmünde-de, şahyr

hökmünde-de ol Erkini gowy görýärdi. Düşünjeli, sowatly, esasanam adamkärçilikli ýigitdi.

Şonuň üçinem, ol ony-muny görüp, jaýyň hat-peteginem düzedip ugrady. Emma muny eşidip bir gün Aýlarhan agasynyň ýanyna barypdyr-da, hamala ganym duşmanynyň gürrüňini edýän ýaly sowuklyk bilen: «Jaýyňy şoňa beräýme, men barybir oň bilen ýaşaşman» diýipdir. Muny men şol günüň ertesi Erkinden eşitdim we juda geň galdym. Erkiniň geň galyşy welin meniňkiniňem çaky bolmady. Ynanmazlyk bolsa mümkin däldi. Çünki, muny Erkine Aýlarhanyň agasynyň hut özi aýdypdyr.

Ýene bir gezegem Erkiniň şähere golaý etraplaryň birinde işläp ýören dost-ýarlary kömek etmek üçin: «Maşgalaňy bir ýere jaý süpüriji edip işe sal, aňyrsy bir ýyldan jaý alar ýaly edeli» diýdiler. Şol üýşmeleňde menem bardym, Erkin ikimizem guş bolup uçup gaýtdyk. Gelip hoş habary biri-birimizden öň buşlamak üçin duşakly düýe ýaly Aýlarhanyň öňünde «paýtanaklaşyp» durşumyzam şu günki ýaly ýadymda. Ol welin begenmekden, geçen, gaýtam iki gözünem dym-ak edip Erkiniň çat maňlaýyna dikdi-de diýseň yzgytsyzlyk bilen: «Men iliň aýagynyň aşagyny süpürmen» diýdi. Erkin görgüli şonda ýüregini tutup: «Ahow, bu ýeke saňa ýa maňa gerek däl, çagalara gerek, onsoňam beýle mümkinçilik her wagt, her kime ýetdiribem duranok» diýdi. Aýlarhanyň welin ony diňläsem gelmedi, «hyňk» etdi-de, syrtyny öwürdi ötägitdi.

Bu zatlaryň barysy Erkini öz maşgalasyndanam, öýündenem sowaşdyrýardy. Aýlarhan welin ony ýeke bir özünden ýa öýünden däl, hatda çagalaryndanam sowatdyrmaga olaryň öňünde özüni biçäre, ärini bolsa barypýatan sütemkär edip görkezmäge çalyşýardy. Şonuň üçinem ýok zat üçin bahana tapyp, giňželäp, äriniň gaharyny getirýärdi-de, şolaryň gözleriniň öňünde urduryp-sögdürmek üçin ur-tut çagalarynyň arasyna ylgaýardy. Mahlasy, Erkiniň adyna çirk ýetjegini bilse, özüni ikirjiňlenmän dördünji gatdan oklamaga-da taýýardy. Iň ýamany, soňabaka ärine basdaşlygam edip başlady. It ýandakdan böken ýaly edip iki sany kel goşgy goşan boldy-da, oturan-turan ýerinde: «Maňa bahylçylyk edýä, öz goşgularyny çykardýa, meňkileri çykardanok» diýip, äriniň gürrüňini etdi ýördi. Erkiniň bir goşgusy çyksa gynandy, kitaby çyksa, ýas tutdy.

Hatda Erkiniň hakyky hossarçylykly hereketlerindenem nogsan gözledi. Betgümançylyk etdi. Äriniň özi üçin edýän islendik elmaýyşlyklaryny özüne ýamanlyk diýip düşündi.

Ýekeje mysal. Bir gezek Aýlarhan syrkawlady. Tutgaý tapyndy. Erkin ikimiziň ony eltmedik syrkawhanamyz, görkezmedik hekimimiz galmady. Hiç ýerde-de kemçilik tapmadylar. Ýürek sag, damarlary gowy. Gan basyşy kadaly. Ahyram ulurak hekimleriň biri onuň keminiň beýnide bolmagynyň ahmaldygyny aýtdy we ruhy keselleri bejerýän hassahana eltip barlatmaklygy maslahat berdi. Emma Erkin muňa göwnemedi. «Bir gün ýatyp çyksa-da, barlag üçin ýatyp çyksa-da, dälihana girip çykypdyr diýen ada galar, gelşiksiz bolar» diýdi. Aýlarhanyň özüne bolsa hiç zat aýtmady. Ýöne tutgaý wagty bilen galmansoň men Erkine her niçik hem bolsa, şol aýdylan ýere eltip görkez, soň sen özüň günäkär bolaýma diýdim. O-da ýaýdana-ýaýdana Aýlarhana ýagdaýy ýaňzytdy. Ol bolsa: «Dat, dostlarynyň üsti bilen dälihana dykyp aýalym däli diýip hat aljak bolýa, başga birine öýlenjek bolýa» diýip şeýle bir nadarlyk etdi welin, şondan soň men telim wagtlap şolaryňka salama-da baryp bilmedim. Ýene bir zady aýtman durup biljek däl. Ýagny, Erkiniň oguljygy on ýaşlaryndaka tüýnükden ýykylyp çep elini goşaryndan döwdürdi-de, ylaýyk kyrk günläp hassahanada ýatdy. Ýekeje gezegem öýüne goýbermediler. Ine, şol kyrk günüň içinde Aýlarhan ýekeje gezegem oglunyň yzyndan barmady. Asla ýagdaýy nähili diýip soramadam.

Soňam bir gezek Erkin çagasynyň raýatlyk hukugyny goramak üçin etrapdan başlap tä ministrliklere çenli gidişmeli boldy. Göreş üç ýarym ýyla çekdi. Ahyram Erkin arzyny bir ýol bilen Prezidentiň hut özüne ýetirip ýeňiji bolup çykdy.

Ine, şu üç ýarym ýylyň içinde-de Aýlarhan ýekeje gezek hem ärinden: "Nähili, işler düzelişýämi, ugrukýamy, hiý, hakykata göz galdyrýan bamy" diýip soramady. Gaýtam şol göreşden Erkiniň ýeňiji bolup däl-de, ýeňlip çykmagyny isledi. Ýeňenini bilip gynandy. Işiň dowamynda-da hemişe Erkiniň däl-de onuň garşydaşlarynyň tarapynda durdy. "Aýaly gowy, gepe düşýä, äri ýaman" diýdirjek boldy.

Ikisem öz ogluna degişli bolan şu wakalarda Aýlarhanyň özüni näme üçin şeýle alyp barandygyna Erkin ikimiz şol wagtlaram düşünmeýärdik, men-ä heniz-henizlerem düşünip bilemok. Özümiň

“psihoanalitik” hünärmenlik tejribämde şeýle häsiýetli adama men henize çenli duş gelemok.

Erkiniň öz maşgalasyndan ymykly sowaşmagy üçin şol zatlaram bir sepgit bolup hyzmat etdi. Göwün gutarnykly döwüldi. Arabanyň tigriniň sypmagyna az wagt galdy. Erkin indi ol öýde diňe çagalarynyň hatyrasyna ýaşaýardy. «Çagajyklarym ýetişse bolýa, şojagazlarym ýetim galmasa bolýa, şolary öý-işik eden günümem giderin, ýekeje ýylam bolsa, özüm üçin emin-erkin ýaşaryn» diýip ýygy-ýygydan zeýrenýärdi. Muny ol Aýlarhanyň özüne-de aýdýardy, düşündirjek bolup, düşünişjek bolup özelenipler çykýardy, bäş gün ýalançyny oňşukly ýaşamaklyga çagyrýardy. Mahlasy, onuň ýüregi henizem söýgi küýseýärdi. Ýaşlykda boş geçen söýginiň boş duran ornuny bir zat bilen doldurasy gelýärdi.

Wagt bolsa geçip durdy. Ol haýallyk bilen gündogardan günbatara tarap akýardy. Erkin ikimiz onuň sesinem eşidýärdik, sudurynam görýärdik, hatda reňkinem saýgardyk. Kimdir birine garaşýan ýaly, oňa seredip, Erkini käte sagatlap oturan wagtlaram bolýardy.

Şeýle ýagdaýda on iki ýyl geçdi. Köp garaşdyran jaý nobatymyz ahyry gelip ýetdi. Oňa çenli iş ýagdaýlarymyzam gowulaşyberipdi. Men nerwologiýa ugrundan kandidatlyk dissertasiýamy gorap, doktorantura girmäge taýýarlyk görüp ýördüm. Erkiniň çykaran kitaplarynyň sany bäşe golaýlapdy. Bu şol döwrüň ölçegi bilen alanyňda az däldi. Çünki, ol wagt golýazmalar kitap bolup çykýança neşirýata tabşyrylandan soňam telim ýyllap ýatýardy. Bu wagtky ýaly işjeňlik, elektron ýazgylar, çalt usullar ýokdy.

Jaý alanymyzdan soň güzeranymyz hasam gowulaşdy. Giňden-giň howaly jaýlarda oturyp öndümli işlemekligimize mümkinçilik döredi.

Erkiniň maşgala ýagdaýy welin üýtgemedi. Içeriniň dartgynlylygy gowşamady. Aradan ýyllar geçse-de, Aýlarhan ýadamady. Gylyjyny gynyna salmady. Iki çagaly gelinden elini üzmedi.

Ozaldanam söýgüden kem paý galan ýarym göwün ýigidi bu ýagdaý halys egbarlatdy. Ýadatdy. Öýünden, işinden elini sowatdy. Aýrylyşyp dynmak hakynda çynlakaý pikir edip ugrady. Ýöne, çagajyklaryna bolan köne yhlasy her gezek ony bu pälinden el çekmäge mejbur etdi. Käte ol uludan demini alardy-da: «Iki-üç gezek aýrylyşyp,

çagalaryny dyr-pytrak edişip ýören adamlaryň ýürekleri nahilikä? Biz-ä şonuň bir gezegine-de döz gelip bilmän, özümize zor salyp ýörüs» diýerdi.

Şol zatlar bilen bagly bolsa gerek, Erkin ýene-de ýygy-ýygydan Güljemaly ýatlap başlady. Maşgalasyndan tapmadyk mährini bir ýerlerden tapasy geldi. Maksadyna ýetmedik, şowsuz hem lal söýgi barada täze-täze, goşgular ýazdy. Bu onuň döredijilik ýolunyň belli bir tapgyryny emele getirdi.

Şeýdip barşymyza kyrka ser uranymyzam bilmän galdyk.

Birdenem döwlet başyna SSSR-iň taryhynda ilkinji bolup demokratiýa ýol açan Mihail Sergeýewiç Gorbaçýowyň geçmegi bilen ýurtda «üýtgedip gurmak» döwri başlandy. Aç-açanlyk, köp pikirlilik yglan edildi. Soýuzyň düzümine girýän respublikalaryň hersi öz agyrýan ýerini tutup, «aglap» başlady. Öňi bilenem özbaşdaklyk, dil, taryha dogruçyl garamak öz ýerüsti we ýerasty baýlyklaryňa eýe bolmak meselesi öňe çykdy. Gyzgalaňly göreş başlandy.

Erkin hem şol göreşe goşulanlaryň biri boldy. Gazet-žurnallara döwrebap makalalar ýazdy. Telewizorda, radioda, käte bolsa halkyň öňünde edilýän çykyşlara gatnaşdy. Ol esasanam türkmen diline döwlet dili hukugynyň berilmegi üçin köp yhlas etdi.

Ýöne, bu ýagdaý uzaga çekmedi. SSSR-iň ilkinji hem iň soňky Prezidenti Gorbaçýow öz beren demokratiýasynyň pidasy boldy. SSSR ilk-ä yraň atdy, soňam ýykyldy. Öz beren demokratiýasyny öz garşysyna ulanmak bilen Gorbaçýowy işden aýyrdylar. Ýetmiş ýyllap SSSR-iň düzüminde duran döwletler özbaşdaklyklaryny yglan edip başladylar. Şol bagt Türkmenistana-da miýesser etdi. Özbaşdak boldy. Türkmen diline döwlet dili hukugy berildi. Göreş döwri Erkin ýaly öňe çykan ogullaryň aýdanlary boldy. Ýöne, garaşsyzlyk olaryň özlerine hiç zat bermedi. Gaýtam, öňküje ygtyýarlarynam elinden aldy. Öz wagtynda Türkmenistanyň özbaşdak bolmagyna-da, türkmen diliniň döwlet dili bolmagyna-da, garşy çykan şol wagtky döwlet ýolbaşçysy şondan soň garaşsyzlygy özüniň alyp beren adam hökmünde mahabatlandyrylmagyny isledi. Şoňa goşulmadyklary özüne duşman saýdy. Ýalan öwgini gysganmaýanlary bagryna basdy, ýaňaklaryndan ogşady. Ordendir-medallar, sylaglar, atlar, baýraklar berdi. «Üýtgedip gurmak» döwri gara başyny orta goýup, il-günüň bähbidi üçin göreşenler bolsa gara sanawa düşdüler. Howply adam hökmünde

metbugatdanam, neşirýatlardanam, radiodyr-telewideniýedenem gyrakladyldylar. Iň ýamany olara işem berilmedi. Öň işläp ýören bolsa-da, şol döwür ýoň bolan kesele görä: «Iş ýeriniň kemeldilýändigi» sebäpli diýen bahana bilen çykaryldylar. Erkinem şol güne düşdi.

Bu ýagdaý olaryň lapyny keç etdi. Bütinleý ruhdan düşenlerem, ýürek agyrysyna, gan basma kesellerine ýolugyp ýurduny täzelänlerem boldy. Käbirleri özleriniň uzakdaky obalaryna, käbirleri bolsa ugruny tapyp daşary ýurtlara emigrasiýa gitdiler. Erkin ýaly hiç ýere gitmän, «ajap eýýamyň» gelerine garaşyp, döredijiliklerini öýlerinde dowam etdiriberenlerem az bolmady. Öýleneli bäri dowam edip gelýän maşgala külpetleriniň üstesine ol indi işsizlik, harjysyzlyk derdinem çekmeli boldy.

Hut şol döwrem onuň ogluny öýermeli, gyzyny çykarmaly wagtyna gabat geldi. Bu bolsa onuň ömürboýy edip gelen arzuwydy. Öň ýüreginde besleýşi ýaly, şol aladalaryndan dynandan soň, özüni erkana durmuşyň gujagyna oklajakdy, asuda durmuşyň hözirini görjekdi. Bar ünsüni döredijiligine berjekdi. Göwrümli eserler ýazjakdy. Dawa-jenjeller zerarly boş geçen pursatlarynyň öwezini doljakdy.

Her-hal ol bassyr bäş-üç ýylyň dowamynda öňden ýygnap goýanja harjysy bilen kän bir karz-kowalam alman ogluny öýerdi, gyzyny çykardy.

Şondan soň Erkin daşary ýurtlaryň birine uzak möhlet bilen işe giden tanşynyň birinji gatda ýerleşýän, iki otagly jaýyny – suw, tok, telefon we öý töleglerini tölemek hem-de, içine-daşyna seretmek şerti bilen ýaşamaga aldy.

Ýöne, bu onuň öýünden ymykly gitdigi däldi. Gündiz şol jaýda işlese-de, agşamlaryna köplenç öýüne gelip ýatýardy. Halys gelibilmese, jaň edýärdi. Pylany şu ýaşdan soň öýüne gelmän, ýazy ýatyp ýör diýen ada galmajak bolýardy.

Işsiz kösenýärdi. Aýlab-a däl, hatda ýyllabam işsiz harjysyz oturýan wagtlary bolýardy. Hatda garawulçylyga girenini bilselerem, degişli edaralaryň adamlary onuň «aladasyny» edýärdiler we derrew işden çykardýardylar.

Iki müňünji ýylyň aýaklary bolsa gerek, ahyrsoňy men ony tanyşlarymyň üsti bilen ulurak edaralaryň birine terjimeçilik wezipesine işe ýerleşdirdim. Aýyrýançalar bir işle, soňunam görübiris diýdim. Ol şol edaranyň hat-peteklerini rusçadan türkmençä terjime edip berýärdi.

Çünki, türkmen diline döwlet dili hukugy berlenem bolsa, entek edaralardaky ähli hat-petekler, hatda buýruklara çenli orsça ýöredilýärdi we soňundan terjime edilip, bir bukja çatylyp goýulýardy.

Wagtyny alýandygyna garamazdan, bu iş Erkiniň öz gününi özüniň dolamagy, iýip-içmegi, eşik edinmegi, ýazar ýaly kagyz-galam satyn almagy, ýazan zatlaryny kompýuterde çap etdirmegi üçin iňňän zerur we amatly bolup durýardy. Öý bolsa öz günamasyny özi aýlaýardy. Aýlarhan işleýärdi. Uluja ogly Derkar bolsa okaýardy hem-de stipendiýa alýardy.

Şeýlelikde ol uly hyruç bilen işläp başlady.

Biz edil öňkimiz ýaly ýygy-ýygydan duşuşýardyk. Kä ol meniňkä gelýärdi, kä men onuň ýanyna barýardym. Şonda biz onuň ýazan we indiki ýazjak zatlary barada maslahatlaşýardyk. Ol zatlaryň haçan kitap bolup çykjakdygy welin, hiç birimizem bilmeýärdik. Esasy zat pursady goldan bermän işlemek! Döretmek! Aňryňa bir zat taşlamak. Iru-giç çykjakdygyna bolsa söz ýok. Şeýle ýagdaý edebiýat taryhynda öňem az bolmandy. Ýekeje kitap hem halka gowuşman galmandy. Iň bärkisi sowet söwründe gadagançylyga düşen, hatda daşary ýurtlara emigrasiýa giden sowet ýazyjylarynyň kitaplaram «üýtgedip gurmak» döwründe çap edilipdi.

Şeýle ýagdaýda wagt geçip durdy. Birdenem, ol ýanyma gelmesinem, çagyrmasynam seýrekledip başlady.

Men munam gowulyga ýordum. Işe has gyzyşandyr, göwrümliräk bir işe başlandyr, öýtdüm. Şonuň üçinem, başardygymdan oňa päsgel bermezlige çalyşdym. Juda göresim ýa gepleşesim gelen wagtam jaň edip oňaýdym.

Erkin ikimiziň oglanlykdan bäri gyşarnyksyz ýöredip gelýän bir edähetjagazymyz bardy. Şoňa görä, gaty bir uzakda bolmasak, iň bolmanda aýak üstünden biz hökman biri-birimiziň doglan günümize barýardyk. Gutlaýardyk. Şol günlerem men elli dört ýaşymyň dolaryna garaşýardym. Men iň bolmanda şoňa-ha geler-dä, näme üçin gelmesini seýrekledendiginiň sebäbinem şonda aýdar-da, diýip garaşdym. Çünki ikimiziň doglan ýylymyz bir bolsa-da, aý hasaby boýunça men ondan uly. Meniň doglan günüm onuňkydan öň gelýär.

Ine, şol günem gelip ýetdi. Agşam sagat ýedi boldam welin, gapy kakyldy. Aýalym gapyny açdy. Onuň saglyk-amanlyk soraşyşyndan geleniň Erkindigini aňdym. Oňa çenlem eli kepgirli aýalym meniň

oturan otagyma boýnuny uzatdy-da, oduň başynda köp durandygy zerarly çym gyzyl bolan ýüzündäki burçak-burçak derleri el süpürgiji bilen syryp durşuna «haş-haş» edip:

– Erkin geldi... – diýdi.

Ol çykdam welin gapyda Erkiniň ilki ýüzi , soňam tutuş göwresi göründi. Salam berdi. Ellerini owkalap durşuna doglan günüm bilen gutlady. Getiren sowgadyny elime tutdurdy.

Men ony töre geçirdim. Ýagdaýlaryny soradym. Oňa çenlem çagalarym saçagyň üstüni dürli-dümen tagamlardan doldurdylar.

– Görünmediň welin, näme, köp işleýäňmi? Ýazýaňmy? – diýip, men iýip-içip başlanymyzdan soň oňa sorag berdim.

Çemçesindäki çorbany «üfläp» oturşyna ol gyssanmaç jogap berdi.

– Onsuz-a bolanok... Işleýän. Ýöne...

– Hä, ýönäň näme?

Ol uludan demini aldy. Çalarak ýylgyryp, aşak bakdy.

– Bilýäňmi näme, Nepes... Men muny saňa öňräk aýtmakçydym, emma aýtmalymy ýa aýtmaly dälmi diýen meseläni wagtynda çözübilmedim. Sebäbi bu ynanar ýaly zat däl. Şeýle-de bolsa, aýtmaly diýen netijä geldim. Çünki şu çaka çenli senden gizlin syrym bolmandy, indem bolmaz. Ine, men häzir hut şonuň üçin seniň gaşyňda otyryn.

– Näme hakda aýdasyň gelse, çekinme-de aýdyber, Erkin, men seni diňleýän.

Ol gözlerini tegeläp, ýüzüme seretdi.

– Men ýöne ýere garaşman ekenim. Ol ahyry geldi.

– Kim geldi?

– Güljemal.

– Güljemal?..

– Howwa, Güljemal.

– Haýsy Güljemal?

– Meniň ömrümde näme, telim Güljemal bolupmydy?

– Ýok, seniň ömrüňde bir Güljemal bolupdy... Ýöne...

– Howwa, ol dünýede ýok, emma geň galsaňam men hut şol Güljemala sataşdym. Ynanar ýaly däl diýýänimem şoň üçin.

Men dogrusy, ol birazajyk üýtgändir öýtdüm. Çaga wagtlary hiç kime goşulman, düňderilip ýörşem şu zatlaryň başy eken-ow diýip, içimi gepletdim. Ol meniň bu pikirimi ýüzümden okan ýaly ajymtyk ýylgyrdy.

– Ýok, dost! Men aklymdan azaşamok. Huşumam ýitiremok. Şol gelni gözüň bilen görseň, özüňem şeý diýersiň. Ikisi edil bir almany iki bölen ýaly. Ne görkünde, ne durkunda, hüý-häsiýetinde hiç hili tapawut ýok. Bir üýtgeşik ýeri, munuň ady Güljemal däl-de, Jemal...

Meniň agzyma gelenem şu boldy.

– Diýmek, onda saňa onuň «düblikaty» düşüpdir-dä?

Erkin göwünli-göwünsiz ýylgyranda edişi ýaly gaşlaryny gerip, aşaky ernini bir gyra çekdi.

– Şeý diýseňem boljak.

– Sen oňa nirede duşup ýörsüň?

– Seniň işe ýerleşdiren edaraňda.

– Haçanrak?

– Baran badyma. Şol edaranyň içinde on dört sany dolandyryş bar. Her dolandyryşdanam biri maňa terjime edilmeli hat-petekleri getirip berýär, soňam alyp gidýär. Jemalam şolaryň biri.

– Ýaşmy?

Erkiniň ýüzi ýagtylyp gitdi.

– Ýaş. Gaty ýaş. Menden ýigrimi dört ýaş kiçi.

– Daş keşbi nähili?

– Aýtdym-a ýaňy Güljemal bilen bir almany iki bölen ýaly, diýip. Bir gözüniň süzgekligem edil şoňky. Hatda ýokarky dodagynyň çep tarapyndaky haljagazam, saçlarynyň depesinde boglup, ujunyňam edil horazyň guýrugy ýaly ýaý berip, gerdenine dökülip durşam şoňky. Sözleri mylaýym. Ýüzi mähirli. Birinji gezek görenimden «zöwwe» ýerimden galanymam bilmän galdym. «Eý, Huda-aý! Beýle-de bir meňzeşlik bor ekeni-ow» diýip içimi gepletdim. Meniň bolup durşymy görüp o-da birhili boldy. Ýüzi gyzardy. Aljyrajak ýaly etdi. Terjime etdirmek üçin getiren kagyzlaryny berjek bolanda elinden gaçyrdy. Çöpläp durka ýygralyk bilen ýylgyryp ýüzüme bakdy welin tas özümden gidipdim. Men oňa kagyzlary ýygnamaga kömek etdim. Gapdalymdaky oturgyjy öňüne süýşürdim. Oturtdym. Çaý berdim. Assa-ýuwaş gürleşdik. Tanyşdyk. Adynyň Jemaldygyny aýdanda men tasdanam: «Näme üçin Jemal? Sen Güljemal ahyry» diýip gygyrypdym. Ol bolsa uzak wagtlap ýüzüme seredip oturdy-da: “Men sizi öňem bir ýerde gören ýaly, ýöne, hiç hakydama getirip bilemok-da”... diýdi.

Şondan bäri ol her gezek terjime getirende beýlekiler ýaly aýak üstünden taşlap gidibermän, ýanymda oturýar, bileje çaý içýär,

gürleşýär. Men kabinetde ýeke özüm bolamsoň bize gürleşmek amatly. Päsgel berýän ýok. Iki-ýeke gelýänlerem hat-peteklerini goýýarlar-da, uzak eglenmän, çykyp gidýärler. Her gezegem ol meni nirede görendigini ýadyna saljak bolup kösenýär, ýöne salybilenok.

– Gürleşip bir bilýäňmi – diýip, men Erkiniň sözüni böldüm. – Sen gaty ýygradyň-la...

– Dogry. Ýygradym. Ýöne, öň ýygradym. Indi beýle däl. Güljemal bilen mazar başynda sözleşenimden soň ýygralyk menden arany açdy.

– Diýmek, onda sen ýene-de aşyk bolupsyň-da?

– «Bolupsyňdaň» näme? «Ýenedäň» näme? Men oňa ozaldan aşyk ahyry. Sebäbi ol: «Men Jemal» diýse-de, meniň üçin Güljemal.

– Özüne-de aýtdyňmy şeý diýip?

– Näme diýip?

– Sen Güljemala meňzeş diýip.

– Ýok, aýdamok. Entek aýdara maýam bolanok. Onsoňam özünden-ä sorap göremok welin, daş gulakdan eşidişime görä, onuň äri barmyşyn. Meniň içki ynanjym boýunça bolsa ärli aýala gyýa göz bilen bakmak bolanok. Bu babatda men bilşiň ýaly Magtymgulynyň: «...Gel eliňi köze goý, eger döze bilseň kylgyl bu işi» diýen ýörelgesine eýerýän. – Erkin elini salgap goýberdi. – Ýöne, o zatlar hiç, maňa ony diňe daşyndan görüp, guwanyp ýörmekligiň özem ýeterlik. Şahyrdygymy bilib-ä ol hasam begendi. «Men goşgy okamany gowy görýärin», diýdi. Sorap alyp kitaplarymy okady. Şolaryň käbirlerini öň okandygyny, meniň bilen ýakyndan tanyşandygyna şatdygyny aýtdy. Bir günem günortanara çaý içişip otyrkak gözlerini tegeläp, ýüzüme seretdi-de: «Hä-ä, ýadyma düşdi, men sizi telewizorda gören ekenim...» diýip, şadyýan seslendi.

Şol gezek men ondan maşgala durmuşy barada gürrüň bermegini haýyş etdim. Ol hakykatdan-da äriniň bardygyny, ýöne erbet kesele uçrap, esli wagt bäri agyr ýatandygyny, şeýle hem basdaş çagasynyň bardygyny, ikisiniňem gyzjagazdygyny aýtdy. Men gepiň gerdişine diýen ýaly: «Iki çaga, bir hassa bilen ýeke özüňize kyn bolanokmy” diýip soradym. «Elbetde kyn bolýa. Aýlygym hasaply. Dermanlar gymmat. Çagalaram iýjek, geýjek. Özlerem tüweleme, gün-günden ösüp barýalar. Bu günki alan eşikleriň, köwüşleriň ertir ýa kelte, ýa dar bolýa. Ulyňkyn-a kiçä geýdirseň bolýa welin, kiçiniňkini nätjegiňi bilip bolanok. Dogan-garyndaşlaryňam hersiniň öz aladasy özüne ýetik. Adamymda-ha asylam ilen-çalan ýok. Bolaýanda-da haçana çenli olara

bil baglap ýörjek» diýip, birhili zeýrenjek ýaly etdi. Şol wagt mende: “Şuňa maddy kömek gerek bolaýmasyn” diýen pikir döredi. Ýöne özüň bilýäň, mende-hä artyk-süýşük zat ýok, öz günümi özüm zordan aýlap ýörün, şeýle-de bolsa, o sözlerinden soň men oňa öz kömegimi hödürlemän durup bilmedim. Ýöne ol: «Ýok, ýok! Aýdýanyňyz näme, hiý, menem bir sizden pul alarynmy? Siziň öz öýüňiz, çagalaryňyz bar ahyry – diýip, agzymy açaryma mähetdel maňa tarap aýalaryny gerip, arkan gaýyşdy. – Asla men siziň ýanyňyzda o zatlar barada agzamalam däldim welin, halys öwrenişenimden soň özüme golaý saýyp aýdaýypdyryn-da... agzymdan sypdyraýypdyryn-da...» Ony oňaýsyz ýagdaýdan alyp çykmak üçin: «Men karz kömegi barada aýdýan, Jemal! Adamçylykdyr, birden zerurlyk ýüze çyksa maňa bil baglap bilersiň. Karz bermek, karz almak aýp däl...» diýdim. Ol uzak wagtlap uzyn hem inçe ökjeli, daşyndan seretseň ýaýbaň dabanly, injikleri dykyz, owadan aýagyna diýseň dar görünýän, ýalpyldawuk gara köwşüniň inçe burnuna seredip oturdy-da: «Eýle bolsa, bolýa, gerek wagty aýdaýaryn, karz soraýaryn. Basymjagam gaýtaryp bererin» diýdi.

Elbetde, ol menden pul sorabam durmady, ýöne şondan soň biz hasam öwrenişdik. Işden bile çykyp, esli ýere çenli egin deňläp gidýän gezeklerimizem bolýar. Bir gezeg-ä awtobusa-da mündürip goýberdim. Soň bir gün awtobusly bile gidip, öýleriniň deňine çenli ugratdym. Ýöne ol muny kän halamady. «Goňşy-golamlar görseler gürrüň ederler» diýdi. – Erkin uludan demini aldy-da, “ýyrş” edip ýüzüme seretdi: – Ine dost, ýagdaýlar-a şeýle. Soňunyň nähili gutarjagyny bilemok, ýöne men özümi şu wagt edil ýaşlygyma dolanyp gelen ýaly, ýitiren bagtymy tapan ýaly özümi iňňän bagtyýar duýýan...

Men şol gezek Erkine näme maslahat berjegimi bilmedim. Aslynda ol maslahat üçin gelipmi ýa Güljemala sataşandygyny buşlamak, begenjini paýlaşmak üçin gelipmi, onam bilip bilmedim.

Biler ýalam bolmady. Güljemally gürrüň menem serpmeden gaýdan ýaly etdi. Beýle zadyň bolup biljekdigine, dogrusy, ynanyp bilmedim. Bu bir şahyr adamyň şahyrana ýüreginiň küýsegi bilen dörän ham hyýaldyr, megerem, gözüne şeýle bolup görünendir öýtdüm.

Şonuň üçinem ertir bir bahana bilen Erkiniň iş ýerine baryp, daşyndanam bolsa Jemaly gözüm bilen görüp gaýtmaklygy ýüregime düwdim.

Şeýle hem etdim. Ýöne ony görüp meniň haýran galyşym Erkiniň dagy çeni-çaky bolmady. Ol dogrudan-da Güljemala meňzeşdi. Hatda sesem, gepleýiş äheňem, ýöreýşem şonuňkydy. O zatlar hiç diýseň Erkiniň ýanjap-ýanjap aýdyşy ýaly, çep gözem edil Güljemalyňky ýaly süzülip dur. Ýokarky dodagynyň sag tarapyndaky meňjagaz-ha meni hasam haýran etdi.

– Gördüň gerek? Meňzeş gerek?... – diýip, daş çykyp ýola düşenimizden soň ýegşerilip, egni bilen egnime kakyp gelşine Erkin howlukmaç seslendi.

– Howwa. Meňzeş. Onda-da juda meňzeş. Dogrymy aýtsam, görýänçäm ynanmadym.

Şondan soň biz esli ýer çenli ýuwaşja ýöräp gitdik. Hiç birimizden ses-üýn çykanok. Her kim öz pikirine gümra. «Wazyrdaşyp» geçýän ýeňil maşynlaryň, iňleşip barýan trolleýbuslaryň zenzelesinden ýaňa gep alşar ýalam däl. Kiçijik bir «welomotoryň» göwresine gelişmeýän «jyrlawuk» çirkin sesi bolsa durup elimiz bilen gulagymyzy tutmaga mejbur etdi.

Şol zatlardan daşlaşmak üçin henizem egni bilen itip gelýän Erkin meni ýodadan çykardy. Çünki, ýoluň şol tarapynda täze açylan, giň meýdanly, daşy nagyşlanyp ekilen her dürli owadan güljagazlardan doly ullakan suw çüwdürimi bolup, onuň daş-töweregem haşamlanan, uzyn, tagta oturgyçlardan doly. Biz barşymyz ýaly şolaryň birine çökdük. Ýene-de Güljemal we Jemal barada gürrüň gozgaldy. Ikimizem haýran galdyran bu täsinlik barada dürli pikirler aýdyldy. Belli bir netijä gelibilmänem hoşlaşdyk.

Öýe gelýärkäm men bu barada özbaşdagam pikir öwürdim. Daşyndan guwanyp ýörsem bolýa diýse-de, meniň pikirimçe, Erkin o diýenini edip bilmez. Jemalyň adamsy bolsa-da, edip bilmez, bolmasa-da, edip bilmez. Özi etjek bolsa-da, ýüregi etdirtmez. Ýöne, ýaşka-da ýeňil bolmadyk ol ýüküň indi bu ýaşdan soň oňa hasam agyr düşmegi mümkin.

Şol pursat göz öňümde gaýmalap ýören Erkiniň çal başynyň üstünde goýazy, bozgunç, çal duman göründi. Göwnüme bolmasa, ol duman gitdigiçe goýalýardy, ulalýardy we äpet uly halka bolup başyna bürelýärdi, edil ýüpek pilesi ýaly daşyna çolanýardy. Erkiniň özi bolsa, kem-kemden şol dumana duwlanyp, ýitip barýandygyndan bütinleý bihabardy. Ol asla şol dumany görmeýärdi, duýmaýardy.

Men ony şol agyr dumanyň içinden alyp çykmaklygyň, asla şoňa golaýlaşdyrmazlygyň alajyny agtaryp başladym.

Şol güner Täze ýyl baýramçylygynyň öň ýanlarydy. Baýramçylyk geçdem welin, Erkin meniň ýanyma geldi. Öň biri-birimizi jaň üsti bilen gutlanam bolsak, Täze ýylym bilen ýene bir gezek gutlady. Menem gutladym. Entek doly ýygnalybam ýetişmedik toý saçagynyň başyna geçirdim. Baýramçylygy nähili geçirendigini soradym.

– Edarada geçirdik... – diýip, Erkin şähdaçyklyk bilen söze başlady. – Çaklaňrak ýygnak jaýynyň içini, jaýyň ortarasyndaky gök kürteli gelin ýaly sülmüräp oturan ýolkany, dürli reňkdäki çyrajyklar, şarjagazlar, garjagazlar bilen bezediler. Işden soň hemmämiz şol ýere üýşdük. Jemal gyzjagazlarynam alyp geldi. Olary meniň ilkinji gezek görşüm. Biri bäş, biri üç ýaşlary towar-towar, kiçisi bolsa saryýagyz, gözjagazlary gök, saçjagazlary mele. Ýüpek ýaly ýumşak. Edil zer suwy berlen ýaly tyllaýy öwsüp dur. Gulpajyklarynyň ujuna akja bantik dakylyp depesine berkidilen. Ýöne ikisiniňem ýüzjagazlary tegelek. Ikisem edeplije. Käbir çagalar ýaly süwümsiz jedirdeşip, göze-başa düşüp baranoklar. Özlerini edil uly adam ýaly alyp barýarlar. Beren zadyňy alanlaryndan soň minnetdarlyk bildirýärler-de, seniň bilen gürrüň gutardy, diýen manyda ýüzlerini bir gapdala sowup, töwerek-daşlaryna syn etmek bilen boluberýärler.

Gaty bir üýtgeşik tomaşa görkezmeselem, agşam diýseň gyzykly geçdi. Onda menem bir goşgujyk okadym. Lotereýa oýnunda bolsa, edil öňünden hasaplanyp goýlan ýaly, iki gap gymmatbahaly şokolad utdum. Jemalyň çagalarynyň hersine biri «Hany meniň üçinem bir zatjagaz ut-da» diýip, Jemal şadyýan güldi. El çarpdy. Emma hernäçe jan çeksem-de, şondan soň utan zadym bolmady. Şonuň üçinem, çykyşymyz ýaly golaýdaky hususy dükanjyklaryň birine baryp, iň gowy «Şampan» çakyrlaryndan birini aldym. Ýüzüne owadan gyzyň suraty çekilen, ýalpyldawuk, gyzyl pakede saldym. Eltibem Jemalyň eline tutdurdym.

– Ine, bu-da saňa!.. Hamala utdugym ekeni-dä...

Şol meniň Jemala eden ilkinji sowgadym. Dogry, başda almaz öýdüp gorkdum. Ýöne almasyna-ha aldy welin, pakediň içine seredip bir enaýy ýylgyryp durşuna: «Weý, men şampan içemok ahyry...» – diýdi. «Onda näme içýäň?» diýdim. Ol çalarak ýylgyrdy-da: «Spraýt» diýdi. Men ylgap gitdim-de, bir «Spraýt», iki sanam «Koko-kola» alyp geldim. Olaram Jemalyň pakediniň içine saldym: «Şampany bolsa öýüňe

myhman gelende öňüne goýarsyň» diýdim. Ol azajyk ykyrganyp durdy-da: «Ýeri, bolýa-da» diýdi.

Hernäçe gaýra gaýyşsa-da, men ony bu gezegem öýüne çenli ugratjakdygymy aýtdym. Ol ýene-de kynlyk bilen razy boldy.

Ep-esli ýere çenli ondan-mundan gürrüň edip pyýada gitdik. Men çepde, Jemal sagda. Çagalar ortada. Olar biri-biriniň eljagazlaryndan tutup gybyrdyklaşypjyk barýarlar. Jemal ikimizem herimiz olaryň biriniň elinden tutup iki gapdallaryndan barýas. Daşymyzdan seretseň bir maşgala ýaly.

Meniň bilen beýdip, deň gadam basyp barşyna ejap edýän-ä däldir-dä diýip, gabak astyndan Jemala tarap göz aýlaýaryn. Emma onuň ýüzünde olar ýaly ynjalyksyzlyk alamatlary görnenok. Arkaýyn ýöräp barýar. Umuman, ol daşyndan seretseň arkaýyn, äwmezek, uly bir maşgalanyň agzyny birikdirip oturan giň göwrümli, parasatly, döwletli maşgala meňzeýär.

Howwa, biz arkaýyn ýöräp barýarys. Howa sergin. Gyş gijesidigine garamazdan sowuk däl. Tutuş şäher baýramçylyk lybasynda. Köçelerdäki öçüp-ýanyp duran dürli öwüşgindäki yşykly reklamalar, täze ýyl gutlaglary ýazylan şygarlar, ösüp oturan ýerinde her hili oýnawaçjyklar, içege şekilli her dürli reňkdäki ýylan çyrajyklar bilen bezelen arça agaçlary, aýna gapylaryna we witrinalaryna ak guaş bilen Aýaz babanyň, Garpamygyň, dürli görnüşdäki gar tozgajyklarynyň şekilleri çekilen dükanlar, ähli diwarlary, çat maňlay hünji ýaly düzüm-düzüm, bolup duran her dürli reňkdäki ownuk çyrajyklar bilen bezelendigi sebäpli käbiri äpet uly göwher daşyna, käbiri zümerrete meňzäp duran edara binalary, döwlet jaýlary, çar tarapdan eşidilýän göçgünli sazlar, eýýämhaçan keýpini kökläp köçä sygman barýan käbir ötegçileriň kä üzlem-saplam hem kelte, kä zowwam hem uzyn çykýan çakyr sesleri şäheriň baýramçylyk dabarasyna hasam şowhun berýär. Hersi bir ýana howlugyşyp barýan adamlaryň ýüzleri açyk. Şadyýan. Kim gijiräk hem bolsa çagalaryny begendirmek üçin eli kiçiräjik ýolkaly ýegdekläp barýan bolsa, kimler ikibir-üçbir bolup, taksi tutmak üçin köçäniň gyrasynda gaýkyjaklaşyp durlar. Şolar ýalynyň biri, megerem ors adamsy bolsa gerek, duralganyň golaýynda hallan atyp durşuna tanasa-tanamasa, aýal-erkek diýmän, öteni-geçeni saklap Täze ýyl baýramçylygy bilen gutlaýar, Täze ýylda olara jan saglyk, bagt, işleriniň rowaç bolmagyny arzuw edýär. Egerde gürrüňdeşi aýal adam bolmasa,

boýnundan gujaklap ogşaýar, aglamjyrap durşuna gaýnynyň bardygyny ýa ýokdugyny soraýar. «Ýok» diýlen jogaby eşidendenem: «Gör, sen nähili bagtly adam, dogan jan» diýip, hamsygýar. «Bar» diýseler welin gaýra gaýşyp, gürrüňdeşiniň iki gözüniň içine çiňerilýär, ýüzünem erbet bir çytýar-da agzyndan ak köpük saçyp: «Hudaý jan seni Täze ýylyň ilkinji günleriniň birinde şo beladan dyndarsyn-da, hernä» diýýär. Soň öz gaýynlarynyň üstünden düşýär. Sögünýär. Gargynýar. Birdenem, elindäki içi zatdan doly pakedini duralgadaky uzyn oturgyjyň boş duran çünkünde goýýar-da, ellerini hereketlerndirip tans etmäge, aýdym aýtmaga başlaýar. Şeýdip ýörşüne ol boýnundan syrygyp ýere gaçan gyzyl-ala şarfyna çolaşyp ýykyldy. Men oňa ýerinden galmaga kömek etdim. Oturgyçda oturtdym. Gaýnym barada sorag bermäne ýetişmänkäde daşlaşmak bilen boldum.

Onuň bolup ýörşüne seredip, Jemalyň çagalary «jykyr-jykyr» gülüşdiler. Bizem gülüşdik. Töwerek-daşdakylaram gülüşdiler. Umuman, hemmamiziň keýpimiz gowy. Hemmeleriňkem gowy. Şu gije dünýede keýpi çag däl adam ýok bolsa gerek diýen oý biygtyýar kelläňe gelýär. Ýürek joşýar. Ýaňky serhoş adamyňky ýaly öňüňden çykany bagryňa basaýasyň gelip dur.

Öýlerine ýetmäge bir köçe galanda Jemal aýak çekdi. Aşak bakyp durşuna şol bir aýdýan sözüni gaýtalady: «Şu ýerde hoşlaşaýalyň. Goňşy-golam, tanyş-biliş görmese gowy. – Soň ol çagalaryna ýüzlendi. – Bizi bir daýy ugratdy diýip kakaňyzyň ýanynda gürläýmäň. Bomy?»

Jemal ol sözi çagalaryna men yzyma dolananymdan soňam aýdyp bilerdi. Emma näme üçindir beýtmedi maňa eşitdirip aýtdy. Çagalar welin «boram» diýmediler, «ýogam» diýmediler-de, aşak bakyp ýygrylyşypjyk duruşlaryna ejeleriniň ýüzüne-de seretmän çalajadan başlaryny atdylar oňaýdylar. Men Jemaldan:

– Aýdarlarmyka – diýip, soradym. Ol aşak bakyp, köwşüniň burny bilen asfaltyň ýüzüni dyrmalap durşuna ýuwaş, emma ynamly gepledi:

– Aýtmazlar.

– Aýtmaň, diýmedik bolsaňyz aýdarlarmydy?

– Aý, näme, çaga-da, dillerinden sypdyrmaklary ahmal-da.

– Aýtsalar adamyňyz goh galdyrarmy?

– Öňki-öňkülik bolsa galdyrardy. Bu wagt galdyrmaz. Sebäbi onda mejal ýok. Şonuň üçinem men onuň nähak ýere öz janyny gynamagyny islemeýärin.

– Öňki-öňkülik bolsa diýdiňiz welin näme, öňem şular ýaly ýagdaý bolýamydy – diýip, men birhili ýerliksizräk sorag berdim. Jemal näme eýýäm gabanyp başladyňmy, diýen terzde ýüzüme birgeňsi seretdi-de, gaşlaryny gerip süýjümtik ýylgyrdy.

– Gabanjaň adam üçin «ýagdaý» hökman däl. «Ýagdaýy» onuň özi oýlap tapýa. Ýöne, meniň adamym gabanjaň däl. Öz aýalyny kimdir birinden gabanmaklygy ol özüne kiçilik bilýä. Namys edýä. Şeýle-de bolsa gulagyna ýakmajak gürrüňi är aýalyndanam, çagalaryndanam eşitmese gowy. Indi bolsa baryň, gaýdyň, ugradanyňyz üçin Taňryýalkasyn.

Gaýtdym. Ýolboýam ol hakda pikir etdim. Oýlandygymsaýam özümi haýsydyr bir hyýaly dünýä tarap barýan ýaly duýdum. Ýöne nirä? Haýsy dünýä?..

Men Erkine köpden bäri beresimiň gelýän soragyny berdim.

– Sen ol gelin bilen gatnaşygyň öte geçerinden gorkaňokmy?

– Ýok, gorkamok. Sebäbi, birinjiden-ä men oňa seredip öňki Güljemaly görýän. Şony söýýän. Şonuň üçinem, ol ikimiziň aramyzdaky gatnaşygy hyýaly gatnaşyk hasap edýän. Ikinjidenem, arada aýdyşym ýaly, men özüme ýakmajak işi kesekä rowa görmen. Özüme ötjek ody kesekä basman... Ol günä iş. Şonuň üçinem şu wagt meniň Jemala hyrydar göz bilen garamaga, bir goç ýigidiň namysyna el uzatmaga, onuň il içinde ýüzüniň gyzarmagyna sebäp bolmaga hakym ýok. Jemalyň özüniňem şeýle pikirdedigine men ynanýan. Bagynyň bagbany bar gelin özge bagban istemez, bakjasyna bigänäni goýbermez, güllerinden ýoldurmaz. Her gezek öýüne bir çatryk galanda hoşlaşyp ýörşem şonuň üçin. Özüni gözden-dilden, gep-gürrüňden, adamsyny agyr apatdan goramak üçin. – Erkin birhili suslanan ýaly etdi-de, gurak-gurak ýuwdundy. Uludan dem aldy. – Jemalyň aýtmagyna görä, doktorlar bäş-on günlükde: «Ol indi uzak ýaşamaz. Göwnüne degmäň, küýsän zadyny iýdiriň, içiriň» diýipdirler...

Gijäniň ýary boluberende Erkin gürrüňini tamamlap ýerinden turdy. Menem onuň bilen bile turdum. Egnime ýyly eşik atyp daş çykdym. Duralga çenli ugratdym. Gelip durmagyny, jaň etmegini sorabam hoşlaşdym.

Şondan soň dürli sebäplere görä, men üç aýlap Erkin bilen duşuşybam, habarlaşybam bilmedim. Ahyram Nowruz baýramçylygynda işden iki gün rugsat berildi-de, baýramçylygy bilen

gutlamak üçin ýanyna bardym. Turuwbaşdanam işi, hususan-da döredijiligi bilen gyzyklandym. Soň Jemal barada soradym.

– Seň bilen geçen gezekki gürrüňçiligimizden soň biz seýregrägem bolsa ýörite-de duşuşyp başladyk. Ýöne gep öňki. Hijimizde-de hiç hili üýtgeşik pikir, niýet ýok. Kän göze düşmeli däldigigimizem bilýäs. Şonuň üçinem duşuşyklarymyz şäheriň çeträk, çolarak ýerlerinde ýerleşýän kafelere baryp kofejik, çaýjagaz ýa şerbet içmekden, doňdurma ýa tortjagaz iýmekden, gürrüňçiligimiz bolsa gün-güzeran, durmuş baradaky mesaýy söhbetdeşlikden aňry geçenok.

Onsoňam biz ol ýere ýeke gidemizok. Jemalyň gyzjagazlarynam alyp gidýäs. Ojagazlar o ýerlerde-de ony iýjek, muny içjek diýşip, göze-başa düşüp baranoklar. Aşak bakyşyp, äberenjäňe kaýyl bolşup, ýuwaşjadan kümşüldeşipjik otyrlar. Käte-de etmesiz bir iş edäýýän-ä däldiris-dä hernä, diýýän ýaly ejelerine tarap çekinjeňlik bilen seredişýärler.

Üýşüp gurjak teatryna gidýän gezeklerimizem bolýar. Ine, şonda welin, çagajyklar «bag-bag» bolşup açylyşýarlar. Oýnuň gülküliräk ýerlerine gelende el çarpyşyp gülüşýärler. Teatrdan çykanymyzdan soňam ýolboýy, jedirdeşip, gören oýunlary barada biri-birlerine gezek bermän gürleýärler. Aýrylyşýan çatrygymyza golaýladygymyzsaýam sesleri kem-kemden, pesendeläp başlaýar.

Bir gezek olar ejelerinden: «Näme üçin ol daýy hemişe biziň bilen tirkeşip ýör», diýip sorapdyrlar. Jemalam: «Ol bize kömek edýär, sizi gowy görýär», – diýipdir. – Sizem gowy görýäňizmi şo daýyny» diýende welin seslerini çykarmandyrlar-da, çalaja ýylgyrypdyrlar. Ýöne näme üçindir ikijiginiňem gözlerine çyg çaýylypdyr.

Howwa, dost, biziň gatnaşygymyz şeýleräk. Ýöne öňki aýdyşym ýaly, maňa şu gatnaşygymyzyň özem ýeterlik. Onuň Güljemala meňzäp duran berdaşly göwresini, mähir dökülip duran ýüzüni görüp dursam, sesini eşitsem, käte oturyp iç döküşsem, gürleşsem şeýdip sähelçejik hem bolsa ýaşlykda gapyllyk bilen duşumdan geçiren söýgimiň öwezini dolsam başga hiç zat gerek däl. Galan zatlar bolsa bireýýäm meniň duşumdan geçip gitdi.

Ýöne Jemal ikimiziňem biri-birimize golaýlaşmak üçin, hassa ýatan garyp ýigidiň ýekeje gezegem ölümini dilemändigimize, şol pikiriň hatda hyýalymyza-da gelmändigine Alla şaýatdyr. Biz ikimizem her sözümizde onuň sag-aman gutulyp gitmegini dileýärdik... Oňa gerek

bolsa däri-dermanlary bileje gözleýärdik. Käte bilelikde pul gözleýän wagtlarymyzam bolýardy.

– Syrkaw öýünde ýatyrmy ýa hassahanada – diýip, men sözüne dyngy bererine mähetdel Erkinden soradym.

– Esasan öýünde. Ýöne has egbarlan wagty Jemal ony hassahana ýerleşdirýär. Ol şu wagtam şol ýerde. Men onuň yzyndan Jemal bilen deňine gatnaýan. Ýekeje gezegem ýeke goýberemok. Sebäbi ol adamsynyň yzyndan köplenç işden soň gitmeli bolýar. Şonuň üçinem, gaýdyşyn garaňka galýar. Hassahana bolsa şäheriň çetinde. Awtobusdan düşensoňam ep-esli aralygy çola, garaňky ýerlerden geçmeli. Köne haýatlaryň gyrasy bilen gitmeli, üstesine entäp ýören it-guşlaram duşman duranok. Umuman, gorkuly.

Birbada ikirjiňlenen hem bolsa, Jemal indi meniň maddy kömeklerimdenem gaty bir ýüz öwrüp duranok. Sebäbi ol şu wagt şoňa mätäç. Däri-derman üçin edýän çykdajylary agyr. Ol şu wagt ruhy goldawa-da mätäç. Ony bolsa oňa diňe men berip biljek. Men oňa käte syrkawyň wraçlarynam görüp berýän. Gürleşýän. Has yhlasly seretmeklerini haýyş edýän. Ýöne şo zatlaryň barysyny ýaşyryn, syrkawyň nämesidigimi bildirmän etmeli bolýaryn. – Erkin şondan soň bir käse çaý içdi. Esli mahal gözlerini jaýyň petigine dikip oturdy. Soň ýene-de öňki gürrüňine dolanyp geldi. – Jemal ikimiziň hassahana günde iki gezek gidýän gezeklerimizem bolýar. Günortanyň öň ýany we agşam. Günortan köplenç dynç ýa baýramçylyk günleri ýa-da Jemalyň işden pugsat alan günleri gidýäs. Galan günleri diňe agşamlyk gidýäs. Men tä, ol adamsyny naharlap, gap-gaçlaryny ýuwuşdyryp çykýança daşarda garaşyp durýan. Bu wagt-a az-kem maýlady welin, gyş aýlary sowuk, ýer doň, Jemalam wagty bilen çykanok, çaltrak çykaweri diýibem aýdyp bolanok, günem ir ýaşýar, garaňky ir düşýär, erbet üşeýän, gyzyşmak üçin eýläk-beýläk gezmeleýän, ylgaşlaýan, duran ýerimde «diriň-diriň» bökjekleýän, emma bolanok. Peýdasy ýok. Köwşümiň aşagy ýuka bolansoň aýaz dabanymdan geçip depäme ornaýar. Üstesine hiç kime görünmezlik üçin bukydan-buky, garaňkydan – garaňky ýerlerde durmaly bolýan. Şol durşuma-da, Jemaly duşumdan geçiräýmezlik üçin gözlerimi hassahananyň gapysyndan aýramok. Garaňkyda tanamak kyn bolansoň, käte şol gapydan çykan, şoňa meňzeşräk, başga bir aýalyň yzyna düşüp ýan tazysy ýaly gapdaly bilen seňkildäp esli ýere çenli gidýän gezeklerimem bolýar. Sähelçe ýagtyrak

ýere bardygymyzam Jemal däldigini bilip yzyma dönýän. Öňküje ýerime gelip ýene-de gapa gözümi dikip durýan. Oturma ýok. Sebäbi, oturara ýer ýok. Oturgyjyň bar ýerinde bolsa maňa oturmak bolanok. Hiç kimiň yzyndan gelmeýän adamyň günüň-gününe hassahananyň agzyndaky oturgyçlaryň üstünde, onda-da bimahal çagy oturşyny, bir gelin çykdygam «loňkuldap» yzyna düşüp gaýdyşyny gören adamlaryň näme diýjeklerini özüň pikir edip gör. Meniň Jemala juda kän garaşýan pursatlarymam bolýar. Şonda duşumdan geçip giden bolaýmasyn diýen ünji bilen alahasyrdy bolup şäher ýola tarap eňýärin, tä trolleýbusyň duralgasyna çenli ylgaşlap gidýärin, birdenem ol çykyp meni tapman duran bolaýmasyn diýip, yzyma tarap haýdap ugraýaryn. Barybam Jemalyň adamsynyň ýatýan korpusynyň daşyndan aýlanyp başlaýaryn. Palatasynyň deňine ýetiberenimden ädimimi haýýaladýaryn we usullyk bilen äpişgesinden jyklaýaryn. Şonda äpişgäniň tutusy ýapyk däl bolsa, meniň üçin gowy. Onda men Jemalyň şol ýerde bardygyny ýa ýokdugyny arkaýyn görüp bilýärin. Hatda näme iş edip oturandygynam, adamsy bilenmi ýa onuň ýoldaşlarynyň biri bilenmi, gürleşip oturanynam görýän. Şondan soň ynjalýaryn we ýene-de buky ýerime baryp garaşmagymy dowam etdirýärin. Tuty ýapyk bolsa welin, günüm kynlaşýar. Äpişgäniň bir golaýyna baryp, bir yzyma gaýdyp göz-görüm bolýan. Iki-ýeke girýänler, çykýanlar maňa tarap şübhe bilen garaýarlar. Men diňe Jemalyň sesi ýa gülküsi eşidilenden soň ynjalyp yzyma gaýdýaryn.

Aý ýagty bolsa ýene ýagşy. Onda meniň ýagdaýym az-kem ýeňilleşýär. Hassahananyň howlusynda welin ýekeje çyra-da ýok. Bar, ýöne ýananok. Diňe palatalaryň äpişgelerinden düşýän ýagty bilen oňmaly.

Bir ýana gyşarylyp ýatan, köne, düýbi mazaly köwlen palçyk haýat bilen ugurdaş gidýän çarkandakly ýoluň aýlanyp-öwrülip şäher ýoluna birigýän ýerinde bir söwda budkajygy bar. Men käte bir ýerde durup ýadan wagtym hassahana bilen şol budka aralygy eýläk-beýläk telim gezek dagy ädimme-ädim geçýän. Her gezek täzeden ugranymda-da şu gezek dolanyp gelýänçäm-ä Jemal çykaýsa gerek diýip, yrym edýän. Ýöne, şol yrymymy meniň bir gije-de tas, on gezek dagy gaýtalaýan wagtymam bolýa. Her gelenimde-de, budkaçy oglandan çilim alyp çekýän çekesim gelip çekemok-da, bu ýaşuly näme biderek iki ýana gatnap ýör diýdirmejek bolup çekýän. Satyjy ýigit bilen gürleşýän.

Ýagdaýlaryny soraşýan. Göwnüne zat getirmezligi üçin, birine garaşýandygymy aýdybam gidýän. Soň ol oglan maňa öwrenişdi. Günde öňünden eýläk-beýläk geçip durandygymyz üçin kim bilen gelip gidýänimem, kime garaşyp iki ýana elewräp ýörenimem aňdy. Ýöne, hiç zat soramady. Ol indi şäherde gabat gelse-de, duşumdan salamsyz geçenok.

Howwa, bu meniň Jemal entek hassahananyň içindekä, ondan çykýança görýänje külpetlerim. Ýöne onuň gelýänini görenimden soňam ýaňky aýdyşym ýaly maňa bukymdan zompa çykaga-da, alkymyna dykylybermek bolanok.

Hassahanadan mazaly saýlanýançak, iň bolmanda şojagaz budka çenli garaba-gara yzyna düşüp gitmeli. Awtobusa bile münmek bolýar, hatda bir oturgyçda-da oturyp bolýar, düşende welin, edil pyýada ugradanymdaky ýaly Jemallardan bir duralga bärde düşmeli. Taksili gitsegem şeýle. Bazara ýa dükana gitsegem birimiz öňden, birimiz yzyrakdan ýöremeli. Bile ýöremek gadagan. Sebäbi onuň äri bar. Ejesi, kakasy, dogan-garyndaşlary, tanyş-bilişleri bar. Biri görmese, biriniň görmegi, her hili ýakymsyz gürrüňleriň ýaýramagy mümkin. Ýöne Jemal ikimiziň günüň-gününe, aýyň-aýyna şeýdip, kelte tirkelen ýaly bolup ýörşümiz barybir hassahanadakylaryňam, ol ýere gelip-gidýänleriňem, Jemalyň goňşy-golamlarynyňam meniň tanyş-bilişlerimiňem nazarlaryndan sypan däl bolsa gerek.

Düýn men hassahananyň howlusyndaky bukymda hemişekilerimdenem has köp garaşmaly boldum. Budka bilen aralykda ýörelen ýoluň, çekilen çilimiň hasaby ýitdi. Howanyň nähili üýtgändigini bolsa özüň bilýäň. Ýazyň aýydygyna garamazdan, çapgyn şemal «şuwlap» damagyňy çalyp barýar. Aýagymda-da şol bir aşagy ýuka köwşüm. Jorabymam ýalaňgat bolansoň barmaklarymyň ujy syzlap alyp barýar. Şonuň üçin hatda bökjeklemäge-de ýagdaýym bolmady. Sähelçe seresapsyzlyk etdigim aýagym tyýpyp diň arkan gaýdaýjak ýaly bolup durun. Oturyp-turup maşk edeýin diýsem dyzlarymam epilenok. Başym ýalaňaç bolansoň maňlaýymam şatlap, kelleçanagymy ýaraýjak bolýar.

Dogry, aslyýetinde mende galyň eşik ýa ýyly ädik, başgap ýok däl, bar, ony özüňem bilýäň, ýöne ir bilen howa maýyldy-da, agşamyň düşmegi bilen sowaýdy. Meniň digdenekläp duran wagtym bolsa gijäniň bir wagtlarydy.

Ahyram Jemal çykdy. «Tyrk-tyrk» edip duşumdan geçip gitdi. Men bukuda duran ýerimden onuň aýak basyşynyň öňküliginiň ýokdugyny, ýüzüniň salykdygynam aňdym. Diýmek, syrkawyň ýagdaýy gowy däl. Sessiz-üýnsiz yzyna düşdüm. O-da on ädim öňümde başyny aşak salyp barýar. Birdenem hemişeki däbimizi bozdy-da, sakga saklandy. Bärsine öwrüldi. Deňine barýançam garaşdy. Ýöne, ýüzüme seredenok. «Ýagdaýy gowy däl – diýende, gözlerinden syzylyp çykýan ýaş kirpikleriniň ujundan syrygyp ýaňaklarynyň üstüne döküldi. – Çalt-çaltdan huşuny ýitirýär. Meni tanamajak bolýar. Samraýar. Birdenem özüne gelýär-de: «Garpyz iýesim gelýär, armyt iýesim gelýär» diýip, çaga ýaly aglamjyraýar. Bu gün-ä giç indi, eger-de bazarda bar bolsa...» «Bardyr-la hiý, bazarda-da bir zat bolmazmy, juda bolmasa men özüm bir ýerden tapyp beräýerin ertir, gaýgy etme – diýdim.

Şondan soň biz öňki düzgünimizi indi bir sagadyň içinde ikinji gezek bozup esli ýere çenli egin deňläp gitdik. Ol ýolboýy aglady. Men oňa göwünlik berdim. «Çykmadyk janda umyt bar» diýipdirler, Jemal, aglama... Belki... «Ýok, ýok, Erkin, umyt ýok. Öň bardy, indi ýok. Gutardy. Ol eýýäm ýolda. Ýaňam üç gezek dagy gözlerini petredip ýüzüme seretdi-de: «Jemal, meniň daşym şeýtanlardan doly, sen olary kow, ýogsam, olar meni alyp giderler» diýdi...» – diýip, Jemal zaryn hem kesgin gürledi. Men näme jogap berjegimi bilmedim-de, ýuwdundym oňaýdym. Ýagdaý entegem üýtgänok. Bu gün agşam nähili boljak, ertir näme boljak waka näme bilen gutarjak, men ony bilemok...

Soň maňa gürrüň bermegine görä, Erkin ertesi irden bazara barypdyr-da, bir garpyz bilen bir kilojyk armyt alypdyr. Eltip Jemala beripdir. Şol zatlary hassa iýdirmek üçin Jemal haýal etmän hassahana gidipdir. Erkin welin işine baransoňam biynjalyk bolup oňly işläp bilmändir. Sagat on bire on minut galanda-da jaň gelipdir. Aňyrdan Jemalyň: «Erkin, bu men... – diýen sesi zordan eşidilipdir. Soňam esli wagtlap hiç zat eşidilmändir. Erkin onuň aglaýandygyny aňypdyr. Birdenem Jemal: – Gutardy-y-y!.. Gutardy-y!.. Şu wagtjyk jan berdi-i!... Gujagymdajyk gitdi-i... Getiren garpyzymam, armydymam iýdirip ýetişmedim» – diýip, ulyili ilen gygyrypdyr. Erkiniň: «Garaş, häzir barýan» diýen sözlerine bolsa: «Ýok, ýok, gelme! Gelseň göze düşersiň. «Bu kimkä» diýdirersiň. Doganlaryma habar etdim, häzir gelerler... – diýip, howlukmaç jogap beripdir.

Erkine ylalaşaýmakdan başga alaç galmandyr.

## 3

...Şondan soň bir ýyllap Jemally gürrüň galdy diýen ýaly.

Ol äriniň ýasyny tutdy. Gara lybas geýindi. Toýa-tomga gitmedi. Hatda öz işleýän edarasynda geçirilýän baýramçylyk dabaralaryna-da gatnaşmady. Kyrkyna çenli her juma gijesi aýat okatdy. Ýylyna çenli her aýda ýogalan gününi belledi. Kuran çykartdy. Garaz, musulmançylyk däbine görä, ähli tertip düzgünleri berjaý etdi. Bir ýyllap Erkin bilen tirkeşmedi. Duşuşmady. Diňe işde görüşenleri bilen oňdular. Söhbetdeşliklerem saglyk-amanlyk soraşmakdan aňry geçmedi. Erkin hiç ýere çykman, ünsüni başga zada sowman işledi. Özem gowy işledi.

Bendäniň ýyly geçenden soň welin, olar assa-ýuwaş ýene-de tirkeşip ugradylar. Ýöne indi olaryň ikisiniňem biri-birine bolan garaýşy başgaça-dy. Güljemala meňzeşdigi sebäpli Erkin-ä ozaldan bäri Jemalyň aşygydy, Jemal bolsa indi başy boş maşgalady. Biri ýanyp duran ot, beýlekisi däridi. Ot bilen däriniň tutaşman, ýarylman bir ýerde uzak ýatmagy bolsa mümkin däl. Ol hökman göçäýmeli. Erkiniň gürrüňlerine görä, olaryň öz barýan ugurlaram hut şol tarapa. Oduň därä golaýlaşmagyna, däriniň «gümpüldäp» göçmegine az wagt galypdy. Bu hut şeýle hem bolaýmalydy, şeýle hem boldy.

... Bir gün Erkin agşamaralar jaň etdi-de:

– Ýaryldym-m... Eşidýäňmi, Nepes, men ýaryldym-m!.. – diýip, sesiniň ýetdiginden gygyrdy.

Nämäniň nämedigine bada-bad düşünenem bolsam, bilgeşländen düşünmezlige saldym.

Näme, ýarylar ýaly bir ýakmaz zat iýdiňmi?.. «Tiz kömek» çagyrmalymy?

-Seň ýadyňa oýun düşýä, men bolsam düýbünden başga zat barada...

Görýän welin, ikimiz bu wagt telefonda düşünişip biljek däl öýdýän, hany, gowusy sen öýe gel-de, bar zady dilden düşündirsene.

«Hä» diýmän ol meniň gapymda häzir boldy. Özüniňem erni bir ýere gelenok. Iç işikde duran ýerinden ellerini hereketlendirip bir zatlar diýjek bolýar. Men onuň egninden tutup töre geçirdim. Öňden taýynlap goýan düşekçämiň üstünde oturtdym.

– Ine, indi näme diýjek bolsaň, howlukma-da aýdyber.

– Şu gün kafe gitdik. Ikiçäk oturdyk. Boljak gürrüňi öňünden duýan ýaly ol gyzjagazlarynam ejelerine iberipdir... – diýip, Erkin demi-demine ýetmän gürläp başlady. – Men onuň bilen çynlakaý gürrüň etdim. Seni öň bir gezek ýitirdim, soňam köp gözledim, örän köp gözledim, ömürboýy gözledim, ine indem otuz ýyldan soň täzeden tapdym diýdim...

– Kime diýdiň bu sözleri sen, Erkin, sen kim bilen kafe gitdiň, kim bilen gürleşdiň? – diýip, men ony gižželemek üçin düşünmediksiräp ýene-de keçje sorag berdim.

Erkin bady alnan çaga ýaly ýüzüme nägile seretdi-de, öňküsine görä birneme köşeşibräk gürledi.

– Ýa, senem-aý, kime bor öýdýäň, Jemala diýdim. Şoň bilen kafe gitdim... – Şondan soň ol ýene-de howlukmaç gürläp başlady. – Men diýdim, seni görenimden gowy gördüm diýdim. Sebäbi sen Güljemal diýdim. Ol meniň näme üçin beý diýýändigime düşünmän: «Ýok, men Güljemal däl, Jemal» diýdi. Jemalam bolsaň meniň üçin Güljemal, diýdim...

– Güljemal kim – diýip soramadymy?

– Sorady.

– Näme diýdiň?

– Bar zady bolşy ýaly gürrüň berdim.

– Näme diýdi?

-Gynandy. Nebsi agyrdy.

-Kime nebsi agyrdy? Saňamy ýa Güljemalamy?

– Ikimize-de. «Bolmandyr, ykbalyňyz keç bolupdyr, täleýiňiz ters gelipdir» diýdi. Meni gowşaklykda aýyplady. «Söýgiň üçin göreşip bilmänsiň, bu gowy däl» diýdi.

– Dogry aýdypdyr.

– Menem şeý diýdim. Dogry aýdýaň diýdim. Bu meselede diňe men günäkär diýdim. Ýöne sen şoňa şeýle bir meňzeş, hiç aýdyp diýer ýaly däl diýdim. Şondan soň ol az-kem oýurganyp oturdy-da, aşaklyk bilen ýüzüme garap bir geňsi ýylgyrdy. Gaşlaryny gerip gözlerini güldürdi. «Sen meni diňe şoňa meňeşligim üçin gowy görýän bolaýma» diýende ýüregimiň üsti süýjäp, süňňüm gowşap gitdi. Ýok, diňe onuň üçin däl, bu bir sebäp. Onsoňam ikä böler ýaly ol ikiňiziň araňyzda hiç hili tapawut ýog-a, ol-a edil sen, senem ylaýyk şol diýdim. Ýeke bir daş keşbiň däl, sesiňem, hatda dem alşyňam, aýak basyşyňam şoňky, tanyş,

mähirli, mylaýym, ine, hut şonuň üçinem sen Güljemal, birwagtky elimden gideren Güljemalym. Men indi seni ikinji gezek golumdan giderip biljek däl diýdim. Bu sözleri saňa başda-da aýdybilerdim, ýöne adamyň bolansoň aýtmadym, neresse sag-aman aýak üstüne galyp giden bolsa, men bu sözleri entegem aýtmazdym, hiç haçanam aýtmazdym. Ýöne nätjek, neressäň täleýi şeýle boldy. Indi men muny aýtman durup biljek däl, sebäbi muny saňa men aýtmasam başga biri aýdar, başy boş maşgala göz gyzdyranam, lak atanam tapylar, indem söz senden, diýdim. Ol uzak wagtlap dymdy. Menem howlukdyrmadym. Goý, pikirlensin, ölçersin, döksün diýdim. Şol wagt ol: «Maňa oýlanar ýaly birküç aý möhlet ber» diýenem bolsa ylalaşardym. Ýöne ol meni uzak garaşdyrmady. Kükregini ýelden dolduryp uludan demini aldy-da: «Ýeri, bolýa-da, goý, Güljemal bolsam, Güljemal bolaýyn» diýdi. Hatda şundan şuýana öz aramyzda öz adyny Güljemal diýip tutmagyma-da rugsat berdi.

Şondan soň men oňa ýene bir zady aýtman durup bilmedim, ýagny, Jemal, seniň başyň ýaş, aratapawudymyz uly, sende täzeden durmuş gurmaga mümkinçilik bar. Eger-de, heran-haçan güzeranyňa garaşyk eder ýaly göwün diýen adamyňa duşup, onuň bilen öý-işik bolaryn, diýseň, men päsgel bermerin diýdim. Şolar ýaly niýet şolar ýaly adam meýliňde şu wagt bar bolsa, onda onam aýt, men gaýdyp şu gürrüňi seniň ýanyňda gaýtalamaýyn, bar zat öňküligine galar, dostlarça gatnaşybereris, men şoňa-da kaýyl diýdim. Jemal ýene-de oýa batdy. Çalaja ýylgyrjak ýaly etdi, soňam çynlakaý sypata girdi-de: «Şu wagt-a göz öňünde tutýanym ýok, asla ýaňadan durmuşa çykmak niýetimem ýok. Ärim bilen ýaşaşan dokuz ýylym meni bijaý ýadatdy. Indiden soň özümi ýene-de şolar ýaly gowga salyp biljek däl. Men indi erkin ýaşajak. Guwanar ýaly iki çagam bar, şol maňa bes. Dogry bir oguljygam göwnüm küýsemän duranok, ýöne nätjek, Allanyň bermedik zadyny el bilen düzedip bolýamy... – diýdi. Gülgün reňk çaýylan kümüşsow, uzyn, ýiti dyrnaklarynyň ujy bilen öňündäki içi kofeli gyzylala gülli akja çaşkanyň gyrasyny dyrmalap otursyna uludan demini aldy. – Galyberse-de: «Başkym ýazgydym, soňkym görgüdim» diýipdirler. Indikiniň nähili boljadygyny görüp gelen barmy... Ýöne, gizläp oturmaýyn, ýeke-de ýaşap biljek däl. Maňa är ornunda durup hemaýat edibiljek hossar gerek. Şol adamyň ornuny tutup biljekdigiňi bolsa sen görkezdiň. Hiç bir tamakinçiliksiz şunça wagtlap kömek etdiň.

Şonuň üçinem men seniň bilen ýakyndan aragatnaşyk saklamana garşy däl. Menem seni hiç zada borçly etmen. Senem özüňi erkana duýup bilersiň. Islän wagtyň gidibem bilersiň... – Jemal ýüzüme gyýa garap syrly ýylgyrdy. – Ýaşyňam näme, o hiç. Ol meniň gözüme görnenok. Bildirenok. Men mähre, ruhy goldawa mätäç. Maňa söýgi gerek. Söýgüsiz durmuş adamy edil suwsuz agaç ýaly guradýan ekeni. – Ol arkan gaýyşdy-da, birinji gezek görýän ýaly ýüzüme üýtgeşik bir hyrydar duýgy bilen garady. – Umuman, sen öz ýaşyňdan ýaş görünýäň. Güýjüň, kuwwatyň ýerindedigem görnüp dur». Men aýamy onuň ýumşajyk, ap-akja eliniň üstüne goýup, Jemal, men seni öňem gowy görýädim, häzirem gowy görýän, mundan buýana-da gowy görerin, hiç tarapdan nägile-de etmen, sebäbi meniňem söýesim, söýlesim gelýär, menem şu ömrümi söýgüsiz geçirdim, bir maşgala bilen baş goşup, bir ýassykda başlaşanyň, öý-işik, çaga-çuga bolanyň bilen söýgi bolmaýar ekeni, söýgi düýbünden başga zat ekeni diýdim. «Menem şol pikirde - diýip, Jemal nazaryny näbelli bir nokada dikip oturşyna aýtdy – Menem edil seniňki ýaly söýgüsiz durmuşy başdan geçirdim. Şonuň üçinem, indi äre çykasymam gelenok... – Ol birdenkä çynlakaý sypata girdi. Gözlerime dikan garady. – Ýöne bir haýyşym bar, o-da men zerarly maşgalaňy taşlama. Öýüňi, durmuşyňy bozma. Çagalaryň gözünden düşme. Başarsaň bildirmejek bol... Şondan soň men oňa maşgala durmuşym barada gysgajyk gürrüň berdim – diýip, Erkin sözüni dowam etdirdi. – Menem öz durmuşymdan ýadadym diýdim. Dogry, bu ýaşdan soň aýrylyşyp, bozluşyp ýörmek niýetimde ýok, şunça çydan bolsam ýene-de çydaryn, ýöne galan ömrümi söýüp, söýülip ýaşasym gelýär. Maňa-da mähir, söýgi gerek. Dogrusy men söýgimi bireýýämler duşumdan geçirendirin öýdüp ýördüm, gaýdyp oňa sataşarynam öýdemokdym. Emma şunça ýyllardan soň sen meniň öňki söýgüm bolup gaýdyp geldiň, kalbymdaky köräp duran ody oýardyň, täzeden ýakdyň, tutaşdyrdyň diýdim. «Menem öň bir gezek saňa sulh berip, sulh alan ýaly bolup durun – diýip, Jemal meniň sözümi alyp göterdi. – Özüňi alyp barşyňdan gepiň, sözüňden gowy görýändigiňi men başda-da aňdym. Daşymdan syr bildirmesemem, her gün işe gidenmde baryp seni görjekdigime begenýärdim, howlukýardym. Hemişe sähelçe wagtyň içinde geçýän ýolum örän uzak bolup görünýärdi, ýöne syrymy pynhan saklamaly bolýardym. Başym boşamadyk bolsa menem bu sözleri saňa aýtmazdym. Ömürlik dost hökmünde, arassa gatnaşyk edip ýörmäne

menem ak ýürekden kaýyl bolardym...» Men ýerimden turdumda, Jemalyň goşaryndan tutdum, eglip ilki ýaňagyndan, soňam dodagyndan ogşadym. Ol Güljemalyňka meňzeş gözlerini süzdi-de, aşak bakdy. Ýylgyrdy. Men onuň bu hereketini gutarnykly suratda razylyk berendiginiň alamaty hökmünde kabul etdim...

Erkin şatlygyny paýlaşyp bolandan soňam gürleşip ep-esli oturdyk. Ýöne ol barybir Jemally gürrüňden gaty bir daşlaşyp bilmedi. Öwran-öwran şoňa dolandy durdy.

Şol gezek hoşlaşanymyzda gije ýarymdan agyberen ekeni.

Şondan soň Erkin Jemal bilen ýygy-ýygydan duşuşyp başlady. Hakyky söýgi başlandy. Wagtal-wagtal ýanyma gelip Jemal bilen geçirýän ýakymly pursatlary barada, özüniň diýseň bagtyýardygy barada Erkin maňa süýjüdip-süýjüdip gürrüň berýärdi. Özüni giç hem bolsa söýgä sataşdyrandygy üçin Biribardan müňde bir razydygyny aýdýardy.

Onuň iň gowy görýän tagamy çişlik – diýip, birnäçe gezek duşuşanlaryndan soň, ol bir gün maňa öýde otyrkak gürrüň berdi. – Özem doňzuňky, içgisem şo-ol, Täze ýyl gijesi aýdyşy ýaly «Spraýt». Humarly içgi içenok. Ol içmänsoň, menem içemok. Ikimiziň bar keýpimiz biri-birimize bolan söýgimiz. Mähirimiz. Şol dem biz bar zady unudýas. Ol pursatlaryň sapasyny men hiç zat bilen deňäp biljek däl. Men onuň hylwat jaýymyza seýkin basyp, tez jeren ýaly töweregine howatyrly garanjaklap gelşini penjireden synlamany gowy görýän. Gapydan girişi ýalam garbap alyp bagryma basýan welin, özümi edil ýedinji asmanyň üstünde ýaly duýýan... – Gürrüňiniň şu ýerine ýetende Erkin ýüzüme seredip süýjümtik ýylgyrdy. – Men şu wagt dünýäde iň bagtly adam, Nepes. Sebäbi men söýýän, söýülýän. Kimdir biri üçin men gerek. Jemal meniň juwanlyk söýgim bolup gaýdyp geldi. Maňa ruh berdi. Güýjüme güýç goşdy. Ýaşaýşa bolan höwesimi artdyrdy. Döredijiligimi ilerletdi. Men häzir özümi edil, ýigrimi bäş ýaşly jahyl ýaly duýýaryn, öňkimdenem has öndümli işleýärin. Jemalam şeýle. O-da meni gowy görýär. O-da mensiz oňup bilenok. Duşuşyga höwes bilen gelýär, gidende gyýylyp gidýär. «Ýanyňdan gidesim gelenok» diýip, bosaganyň agzynda oýurganyp kän durýar. Ikimiziňem biri-birimizi bir wagtyň özünde ýatlap, bir wagtyň özünde biri-birimize jaň edip ugraýan wagtlarymyzam az bolanok. Ah, dostum, Nepes, söýmek, söýülmek diýlen närsäniň şeýle süýji zatdygyny öň bilen bolsadym!.. Ine, hut

häzirem meniň oňa jaň edesim gelýär, diýmek, o-da meni küýsäp ugrandyr. Nirä gitdikä diýýändir, gözleýändir...

Edil aýdyşy ýaly boldy. Hut şol wagtyň özünde Erkiniň el telefonyna jaň geldi. Ekrana seredip, gülümjiräp oturşyna: «Ine, gördüňmi, men aýtdym-a, şol jaň edýä» diýen manyda ýüzüme şelaýyn bakdy. Jemal bilen gürleşdi. Meniň ýanymdadygyny basym menem bilen özi tanyşdyrjakdygyny aýtdy. Birnäçe süýji söz bagyşlady. Şolar ýaly sözleri özem eşiden bolsa gerek, iki ernem gulaklaryna ýetäýjek boldy. Dynç güni duşuşmagy wadalaşybam hoşlaşdy. Telefonyny jübüsine salansoň ýüzüme seredip ýylgyrdy.

Onuň şeýle bagtyýardygyny görüp menem begendim. Çünki, onuň uçursyz ýygralygy, içgussalygy, dymmalygy meni hemişe darykdyrýardy. Bolup ýörşüne daşyndan gynanmakdan ýaňa yzalar çekýärdim. Student döwürleri Güljemalyň ýanyna baryp bilmän, ýanyp-bişip ýörşi bilen deňeşdireniňde, bu wagtky bolup oturşy düýbünden başgaça. Men muny onuň özüne-de aýtdym. Şonda ol şeý diýdi.

– Howwa, men bagtyýar. Özem iki taraplaýyn bagtyýar. Olaryň biri Güljemal, beýlekisi döredijiligim. Häzir olaryň ikisem oňuşýar. Aslyýetinde welin, döredijilik gelin-gyzlardanam beter gabanjaň. Ol seni ähli zatlardan gabanýar. Ol diňe özüne üns berilmegini, seniň diňe iş stoluňa örklenip oturmagyňy isleýär. Ünsüňi sähelçejik gowşatdygyňam öýkeleýär. Daşlaşmak bilen bolýar. Şonuň şol öýkesini wagtynda duýup, yzyna gaýtarmasaň welin gidýär. Onda seniň döredijiligiňden ymykly aýra düşäýmegiňem mümkin. Indi-indiler seredip otyryn welin, meni ýaşlykda söýgüden sowanam, çagalykdan özümi ilden çeke tutup, düňle ýaly içimi hümledip ýörmegim sebäp bolanam şol bolmaly. Ol maňa: «Kalbyňda men bardyryn, başga hiç kimi, hiç zady ýanyma goýberäýme, diňe meniň bilen bol diýýän ekeni. Ýöne bir çetinde söýgem bolmasa, kalbyňda yşyk ýanmaýan ekeni, ýansa-da, köregräk ýanýan ekeni, çyragsyz öý ýaly garaňky bolýan ekeni. Men muny öňräk duýdum. Döredijiligime nämedir bir zadyň ýetmeýändigini, hut şonuňam setirlerimi agsadýandygyny, büdredýändigini aňdym. Şol ýetmezçiligiň söýgüdiginem tutuş süňňüm bilen syzdym. Söýgüsiz geçen ömrüme gynandym... Dogry, ýanmadyk adam şahyr bolmaz, diýýäler, ýöne ýanmak üçinem, söýgi, söýmek, söýülmek gerek ahyry...

Indi mende şol zat bar. Öň meniň döredijilik ganatym birdi. Men hatda ýerläbem uçup bilemokdym. Jemala sataşanymdan soň ol iki

boldy. Şol goşa ganat indi meni öňküdenem has galkyndyrýar, asmanda ganat ýaýdyrýar. Meni bagtyýar edýän zat ana, şol!

Sözüniň gury bolmazlygy üçin ol şonda maňa iň soňky ýazan goşgularyndan üç-dört sanysyny okap berdi. Goşgular dogrudanam gowudy, öňkülerinden göz-görtele tapawutlanýardy, döredijilik meýdanynda täze bir ugra gadam basandygy mesaňa mälim bildirip durdy.

Men muňa begendim.

Ýöne, bu ýagdaý uzaga çekermikä? Erkin bir elde iki garpyzy uzak saklap bilermikä? Çünki edebiýat ýaly söýgem özbaşyna bir sungat. Erkiniň öz aýdyşy ýaly o-da eýesini özünden başga ähli zatlardan gabanýar. Meni, ine, şu mesele iňkise goýdy. Eger-de, ol söýgä ýan basyp, döredijiliginden daşlaşsa, men gynanjak. Meniň pikirimçe, ol ýa söýgini, ýa döredijiligini pida bermelidi. Ikisinden birini saýlamalydy. Şony edip bilmedik ýagdaýynda ol ikisiniň biri beýlekisini alyp ýataýmalydy. Meniň pikirimçe, onuň öňki gelşi dogry ýalydy.

Her niçik hem bolsa, onam, özümem umytdan düşürmezligi ýüregime düwdüm. Çünki Erkini bagtyýar halda görmeklik meniň üçinem bagtdy.

Meni ýene bir ynjalykdan gaçyrýan zat: ol özüniň giç gelen söýgüsini maşgalasyndan ýaşyryn saklap bilermikä? «Temeni haltada gizläp bolmaz» diýlişi ýaly, bir gün o-da birwagtlarky, kimdigem belli bolmadyk iki çagaly gelniň dawasy kimin, Erkiniň başyndan täze bir apy-tupan bolup inäýermikä?

Bu bolup biläýjek zat. Çünki henize çenli söýginiň äşgär bolman galan ýeri ýok. Ol, gör, kimleri ryswa etmändi! Kimleri atadan-eneden jyda düşürmändi! Kimleri ilinden-gününden siwa etmändi! Eýsem-de bolsa Şaapbasyň altmyş ýaşdan soň aklyny çaşyryp: «Bir ýaman söwdaga düşüpdir başym» diýdiren yşk dälmidi! Şyh Sanana ahyr ýaşynda täji-tägtyny terk etdirip, şalygy gedalyga çalyşdyran, çöl-beýewanlara çykaryp, ormanda doňuz bakdyran yşk dälmidi! Aşyk Aýdyň piriň sary gaçan ýüregini heýjana getiren, ýetmiş ýaşly Şabendä «Gözelimi» goşduran, ýow güni ýagynyň öňünde ýaýaplamadyk serkerde şahyr Seýdä: «Siz görüp, siz sakgalymyň agyny, onuň üçin hapa boldum, gelinler» diýdiren, goja Keminäniň hassa göwnüni galkyndyran yşk dälmidi! Ömrüniň öýlän çaglary Şeýdaýa ýaş gelin söýdüren, gabanjaňlyk zerarly gepe gidip ony öýünden kowduran,

soňam eden işine puşman etdirdip öňünde dyzyna çökeren, sagatsaýy gözünden ýaş akdyryp: «Köne döwran yzlaşaly söwdügim» diýdirdip, magşugyna ýalbardan yşk dälmidi?

Yşkdy! Söýgidi! Dertdi! Ýanar otdy!

Ne ýer, ne gök, ne daglar, ne deryalar, hiç biri çekip bilmänden soň, Allatarapyn adamzadyň boýnuna atylan şol dert, ine, indi nijembir möwritdir seniň ýaşyňam bilenok, garryňam. Şahyňam bilenok, gedaňam. Baryňy bir uçdan öz oduna ýakyp, ýandyryp, eňter-pelegiňi öwrüp gidip barýar. Wezipäňe-de, käriňe-de ylmyňa-da, derejäňe-de parh goýanok... Hiç kimem ony gursagynda gizläp bilenok. Çünki ol ynsany düýpgöter üýtgedýär. Serhoş edýär. Däli edýär. Adatdaky ýagdaýyndan çykarýar. Iň bolmanda öýüne girip-çykyşyny, wagtynda gelip-gidişini, hatda gepini-sözüni, ýüzüni-gözünem özgerdýär. Çünki ol hiç kimden gizläp bolmajak agyr derde duçar bolýar. Guş kimin aglaýar, gurt kimin eňreýär. Ony öňi bilenem ýanýoldaşy duýýar. Käbiri muny öz söýgüsiniň pet edildigi, ömürboýy edip gelen hyzmatynyň, hezzetiniň, hatyrasynyň äri tarapyndan ýere çalyndygy hasap edýär we gazaba galýar, öz äri, öýi üçin göreşýär, özem adalatly göreşýär, hälem bolsa ärini aklyna aýlanmaga umytly ojagyny terk etmezlige öýüni dargatmazlyga, çagalaryny ýetim goýmazlyga çagyrýar. Şeýdibem ol öz ojagyny, maşgalasyny goraýar. Ojagyny ýykmajak, içiniň oduny söndürmejek bolýar.

Ine, şu babatda hem meniň bar zatdan beter gorkýan ýagdaýym boldy! Özüni hernäçe seresaply alyp baranam bolsa, Erkinem öz ýagdaýyny maşgalasyndan gizläp bilmedi. Ondaky emele gelen üýtgeşikligi Aýlarhan gaty basym aňdy. Haýsy ýol bilen nädip tapdy, ony Erkinem bilenok, maňa-da mälim däl, ýöne, megerem gije-gündiz, ir ertir giç agşam, ýadaman, ýaltanman eden gözlegleriniň, yzarlamalarynyň miwesi bolsa gerek, ol Jemalam tapdy, üstesine onuň öýünem tapdy, gyzyny ýanyna alyp üstüne-de bardy, gapysynda durup garpyşdy. «Meň ärimden başga är tapmadyňmy? Deň-duşuň gyryldymy?» – diýip, gygyrdy. Jemal bilen «saçýoldy» oýnaşardan gyzy ikisiniňem ejizdigi sebäp boldumy nämemi, hernä çaknyşygyň çägi şondan aňry geçmedi.

Ýöne Aýlarhan üçin şonuň özem ýeterlik. Ol ömürboýy edip gelen arzuwyna ýetdi, Erkiniň hiç haçanam düzüwli adam bolmandygyny, özüniň ýöne ýere ömürboýy müňkürlik edip gelmändigini ile-güne,

çagalaryna subut etdi. Şonuň üçinem bu ýagdaýa ol gynandy diýsek ýalňyş bolar. Tersine, begendi. Ol öz begenjini agşamlyk hemmeleriň öýe ýygnanan wagty çagalary bilenem paýlaşman durup bilmedi. «Sen öňem oň däldiň, häzirem oň däl. Öň oň bolan bolsaň bu ýaşdan soň beýdip, öz çagaň ýaly biri bilen çörňeşip, göze-başa düşüp ýörmezdiň» diýip, äriniň üstüne gygyrdy.

Soň ogly bilen gyzyna ýüzlendi: «Gördüňizmi? Bildiňizmi indi ata diýip ýören adamyňyzyň kimdigini? Ejeňiziň şu çaka çenli nägünleri başyndan geçirip gelendigini aňdyňyzmy? – O ýene-de dabara bilen ärine, hemle atdy. – Bar, indi, alyber şonyňy!.. Men etjegimi etdim! Perdäňi ýüzüňden syrdym!...»

Göwniň islegine görä, onuň şol sözlerinden soň ýeke bir çagalary-ha däl, hatda il-günem, tutuş şäher, ýurt Erkinden ýüz öwürmelidi. Goşgularyny çap etmeg-ä beýle-de dursun, metbugatda onuň ahlak taýdan azgyndygy barada ulydan-uly makalalar ýazylmalydy. Okyjylar ony şahyr hökmünde ret etmelidiler. Iş gozgap ýyl kesäýseler-ä temmi hasam ýerine düşjek. Günäsini geçip ärini jezadan ýulmalymy ýa ýok, ine, ol welin, Aýlarhanyň öz işi.

Ýöne, isleg-islegligine, arzuw-arzuwlygyna galýar. Hernäçe geň galsa-da, Aýlarhanyň o diýenleriniň birem bolmady. Hatda onuň oglundanam garaşýan tamasy çykmady. Ol edil uýasy ýaly ejesi bilen bir perdeden gopubermedi. Gaty bir unap barmasa-da, garaz, kakasynyň ýüzüne gelmekden saklandy.

Eden hereketleri garaşylan netijäni bermänden soň, Aýlarhan juda pes hereketlere ýüz urdy, gyzy bilen dil birikdirip, ärini çaýdan, çörekden kesmek arkaly jezalandyrmaklygy ýüregine düwdi. Agşamlyk gelende öňünde hiç zat goýmady. Gelnine-de: «Sen goşulaýma şu zatlara» diýip, sargady.

Başda Erkin muny saý-sebäp bilen bolan zatdyr, ýatlaryndan çykarandyrlar öýtdi. Tä ýatýançalar garaşdy, özi bireýýäm sowap galan nahardan guýunyp iýdi. Ertesi welin ol içi naharly gazany aşhanadan tapmady. Sowutgyçda-da ýok. Şonuň üçinem, saçakdan nan alyp suw bilen iýdi. Muny bilen Aýlarhan ertesi saçagam bukdy. Erkin diňe şondan soň bu zatlaryň ýörite edilýändigini aňdy. Özbaşyna getirip iýmäge ýa bişirinmäge bolsa çekindi. Çünki Aýlarhanyň: «Ärim öýüň naharyna kanagat edenok, özbaşyna dükandan getirip iýýär» diýip, gep ýaýratjakdygyna Erkiniň gözi ýetip dur.

Umuman, şol ýagdaýdan çykalga tapman Erkin kän kösendi. Ýanyma gelip maslahat sorady. «Kimem bolsam men olaryň atasy ahyry! Musurmançylyk kadasy boýunça-da täze düzgün boýunça-da meniň aýrylyşmaga-da, başga aýal almaga-da hakym bar, emma men ony edemog-a! Öýümden çykyp gidemog-a! Gidäýenimde-de, nirede bolaýanymda-da atalary hökmünde sylagym bolmaly ahyry. Ejede bar ýüregiň atada-da bardygyna olar düşünmeli ahyry...» diýip, çagalaryndan zeýrendi.

Şol gezegem men oňa näme maslahat berjegimi bilmän, kän kösendim. Aşak bakyp başymy ýaýkap oturmakdan başga edibilen zadym bolmady. Dogry, «Juda bolmasa agşamlyk meňkä çyk-da şu ýerden iýibersene» diýäýeýinem bir diýdim. Ýöne ol barybir Erkiniň etjek işi däldi. Onsoňam biz ol dört diwara nä günlik bilen ýetdik. Oňa nijembir höwes, yhlas siňdirdik. Nijembir ýyllap nobata garaşdyk. Gaty bir gyssanan wagtlarymyz nobatymyzyň süýşürilmegini sorap ýokarlardan-ýokarlaryk arzalar ýazypdyk. Nobatymyza garaşyp galyňdan-galyň, berkden-berk gapylaryň agzynda durupdyk. Ine, şolar ýaly görgi baryny görüp alan jaýynda indi Erkin artykmaçlyk edýär.

Her niçik hem bolsa, «saçakly» mesele Erkiniň oglunyň ara goşulmagy bilen düzeldi. Ol ejesine gaty-gaýrym aýdybilmese-de, gelnine: «Günde üç wagt nahar adam öldürip türmä düşene-de berilýä, bu bolsa biziň atamyz ahyry, haýal etmän kakama naharam beriň, çaýam beriň, eşiklerinem ýuwuň, beýdip ýörseňiz siz öýden gitmejegem gidererersiňiz» diýdi.

Bu zatlary men, biraz soňrak, biziň öýümizde çaý içip otyrkak Erkiniň öz agzyndan eşitdim. Şonda ol:

– Elbetde, men Aýlarhanyňam ýagdaýyna düşünýän. Onuň ýerine kimem bolsa şeýderdi. Ärini gowy görse-de ederdi, görmese-de ederdi. Ýöne, ine, seredip otyryn welin, şol iki çagaly gelni başda maňa tapyp berenem şonuň özi bolup çykýa – diýdi. – Şol ýa-da şolar! Şonuň hossarlary!

– O nahili? – diýip, men ör-gökden geldim.

– Nähilisi şol oň. Kimdigi näbelli, baryp-ha şo wagtlar üstüme howaýy, töhmet görnüşde atylan gelin şu bolmaly...

– Jemalmy?..

– Howwa...

– Dur entek, dur entek.. – diýip, men onuň başlan gürrüňini takyklamak üçin sözüni böldüm. – Sen näçe ýaşyňda öýlendiň?

– Ýigrimi dört ýaşymda.

– Öz-ä senden ýigrimi dört ýaş kiçi bolsa, senem ýigirimi dört ýaşyňda öýlenen bolsaň... O gelinli gürrüň bolsa sen öýlenmeziňdenem öň, ýaňy bir guda bolan döwürleriňiz çykdy...

– Howwa, Jemal o wagtlar entek dünýede-de ýok, ýöne, olaryň oňlap tapan gelinlerem şol wagt dünýede ýokdy ahyry. Ony hiç kim bilmese-de, ikimiz gowy bilýärdik. Ýöne görşüň ýaly şunça ýyldan soň bar zat şolaryň oýlap tapyşlary ýaly bolup çykdy. Çaga sanam, ýaşaýan ýerem edil şolaryň salgy berişleri ýaly. Olar munuň diňe adyny bilmändirler. – Erkin uludan demini aldy. – Göwnüme bolmasa şu meselede adatdan daşary bir syr bar ýaly bolup dur...

– Dogrudanam... Ilk-ä munuň Güljemala meňzeş bolup çykmagy.. Indem o-ol gelniň salgysyna laýyk gelmegi... Dogrudanam bu ýerde bir syr-a bar...

Erkin barmagyny dik ýokaryk çommaltdy:

– Has dogrusy gudrat bar. Gudrat bolmadyk bolsa munça ýyldan soň bu zatlaryň barysy beýle takyklyk bilen gaýtalanmazdy.

– Ol gudrat – Allanyň gudratydyr.– Menem şeýle pikir edýän. Ýöne nädip? Näme üçin? Nähilelik bilen? – Welilig-ä satyp biljek däl, welin meniň pikirimçe Biribaryň saňa birwagtky söýgüňi gaýdyp beresi, boş geçen ýaşlygyň öwezini dolasy gelipdir. Yhlasyň köýmesin, diýipdir. Jemalyň syratyna Güljemalyň keşbini, kalbyna ruhyny salyp zemine ýollapdyr, saňa duşurypdyr. Men muny başgaça düşündirip biljek däl.

– Onda bu ikara Aýlarhanyň näme dahly bar? Biribaryň gudraty bilen Aýlarhanyň garyndaşlarynyň maňa atan töhmetleriniň arasynda nähili arabaglanyşyk bar?

– Bilýäňmi näme – diýip, men barada öz pikirini aýtmak üçin howlukman söze başladym. – Türkmenlerde: «Öz ýakaň özüňe ýakyn» diýen bir söz bardyr.

– Howwa.

– Ana, şol söz birek-birege atylýan nähak töhmet, gargynç bilen baglanyşykly. Ýagşy bolsun ýaman bolsun, tapawudy ýok. Her bir söz agyzdan çykyşy ýaly ýyldyrym çaltlygynda uç-gyraksyz asman giňişligine tarap atylyp gidýär we şol ýerden öz obýektini gözleýär. Üstünde işleýär. Çünki, ýedi gat asmanyň her gatynda biziň her

birimiziň ykbalymyz barada maglumatlar hazynasy saklanýar. Birinde gazanan günälerimiz, beýlekisinde eden ýagşylyklarymyz, ýene birinde indiki etsem-goýsamlarymyz, ýagşu-ýaman niýetlerimiz, köýlerimiz, şol ýerden öz eýesini tapsa aýdylan söz tassyk bolsa, ol yzyna gaýdyp gelýär we göni salgy boýunça gargalan aýdylan adamyň başyndan towky bolup inýär. Egerde tassyk bolmasa töhmet bolup çyksa, onda ol söz gaýdyp gelýär-de şol sözi aýdan adamyň öz ýakasyndan ilýär. Netijede jezany gargynç edilen ýa töhmet atylan adam däl-de, gargynç edeniň, töhmet atanyň özi çekmeli bolýar. Bu zatlaryň barysy Allatarapyn bolup, egerde, ol kimdir birini şol jezadan halas etjek bolsa, onda onuň kimdir birine atan töhmedini hasyl edýär.

Şu nukdaý nazardan seretseň, seniň ýaňky aýdyşyň ýaly şu gelni saňa tapyp beren hakykatdan-da ilk-ä Aýlarhanyň garyndaşlary, soňam özi bolup çykýar. Egerde ol şol töhmeti atyp, seniň öňüňde kyýamat günäsini gazanmadyk bolsady, onda seniň öz Güljemalyňa munça ýyldan soň gowuşmazlygyňam mümkindi. Biribar özüniň geçirimliligi bilen Aýlarhanyň saňa atan nähak töhmetini hakykata öwrüp onuň özüni-hä agyr jezadan ýulupdyr, seni bolsa söýgüden näumyt geçmeklikden halas edipdir. Birmahalky ýitiren söýgüňi gaýdyp beripdir.

– Bu zatlaryň ylmy esasy barmy ýa bir ýerde okap eşiden zadyňy aýdyp otyrmyň?

– Bar. Ylmy esasy bar. Özem bu iňňän ir dörän taglymat. Gadymy hindi «wedalary» hut şuny öwredýär. Belli bir döwürde ünsden düşürilenem bolsa, adamzadyň ýüzi häzir şoňa tarap. Şol ylmy özleşdirmezden durmuşa düşünip bolmajakdygyna ol indi akyl ýetirdi. Ýeke bir ýer ýüzünde däl, külli jahanda sebäpsiz çöp başy gymyldamaýar. Älem-jahandaky barça zatlar biri-biri bilen bagly. Sada söz bilen aýtsak, şu ýerde bir büräniň aşgazany agyrsa, mundan millionlarça ýagtylyk tizligi uzaklykdaky galaktikalaryň janly-jandarlary, hatda ösümlikleri hem şol yzany duýýarlar. Güljemalyň ykbalam, Jemalyň ykbalam, Aýlarhan ikiňiziň ykbalyňyzam bir hatara düzülen zynjyr halkalary ýaly biri-biri bilen berk bagly.

Meniň şol sözlerimden soň Erkin uzak wagtlap aşak bakyp, oýa batyp oturdy. Soň arkan düşüp gözüni petige dikdi. Ýöne, uzak ýatmady. Dikeldi. Käsesindäki häliden bäri sowap duran çaýyny bir demde başyna çekibem ýerinden turdy. Hoşlaşdy. Gepleşip geçiren üç-dört

sagadymyzyň içinde, ol hatda Jemala jaňam etmedi. Ýöne, öýden çykyşy ýaly telefonyna ýapyşanyny welin gözüm bilen gördüm.

Howwa, her niçik hem bolsa, Erkin şol wagtlar bagtyýardy. Söýýändigi, söýülýändigi üçin bagtyýardy. Bagtyýardygyny ol soň-soňlaram her gezek sataşanymyzda tekrarlady ýördi. Şonda ol agzy-agzyna ýetişmän gürleýärdi. Mundan beýläk Jemalsyz ýekeje gün hem oňup bilmejekdigini, häzirem günde üç-dört gezek dagy görüp gaýdýandygyny aýdýardy.

Umuman, maşgalasynda bolup geçen şojagaz çaknyşygy hasap etmeseň ol bagtly. Bir wagtkysy bilen deňeşdireniňde düýbünden başga adam. Şähdaçyk. Ýüzi-gözi gülüp dur. Işläp bilýär. Şol wagtlar men onuň şeýle bagtyýar, döredijiliginiň şeýle öndümli çaglarynyň hiç haçan gutarmazlygyny isleýärdim. Ho-ol günki başynda görnen goňrumtyl hem bozgunç goýy dumanyň bolsa, howaýy alamat bolup çykmagyny, başyndan sowulmagyny dileýärdim.

## 4

Ýöne nätjek, hemme zat göwnüňe görä bolup durmy? Erkiniň özüniňem oglanlykdan bäri aýdyp gelýän: «Taýagyň iki ujy bardyr» diýen pelsepejigi bardy. Onuň şol pelsepesine görä, başlangyjy bolan islendik zadyň soňam bolaýmalydy.

Erkiniň bagtyýarlygy babatda hem hut şeýle boldy. Bir ýyl geçdimi, geçmedimi, onuň hoş günleri kem-kemden kiparlap başlady. Birdenkä, bar zat üýtgedi. Ýüzünde-gözünde ýene-de ir döwürlerindäki ýaly tutuklyk peýda boldy. Çagyrmasyny goýdy. Gelmesini kesdi. Geläýende-de geplemän, içini hümledip iki çigninden sowuk demini aldy oturdy. Bir zat diýmekçi bolýan ýaly çemelenip-çemelenip ahyrsoňam hiç zat diýibilmän, «zöwwe» ýerinden turup gidibermäni çykardy. Soňabaka bolsa ol meniň ýanyma gelmesini bütinleý bes etdi. «Näme görneňok, ýa ýaraňokmy» diýip edýän jaňlaryma-da, gepler tapyp sowalymdan birsyhly sowuldy ýördi.

Dogry, bir şäherde ýaşap ýörendigimiz üçin bütinleý gabat gelişmänem duramzokdyk. Toý bolýardy, ýas ýa sadaka bolýardy, garaz, seýregrägem bolsa obadaşlarymyzyňkyda, tanyş-bilişlerimiziňkide gabat

gelişýärdik. Şonda ol meniň gözüme uçursyz ýadaw, aladaly görünýärdi. Özem haçan görseň bir ýana gyssanýan ýaly howlukmaçdy howsalalydy. Tanyş-bilişlerinde gözi eglenmeýärdi. Hatda meniň bilenem baş atyşyp salamlaşýardy-da oňaýýardy. Juda pete-pet gabat geläýenimizde-de, gürrüňçiligimiz salam-helikden aňry geçmeýärdi. Içgin gürleşmeýärdik. Menden çaltrak daşlaşaýanyny kem görmeýäne meňzeýärdi. Bir zadyny ýitiren ýaly daş-töweregine garanjaklaýardy. Ýersiz ýere jübülerini, goltuklaryny sermenýärdi. Ýygy-ýygydan sagadyna seredýärdi. Içerde oturan bolsa penjireden ýa açyk gapydan daşaryk seredýärdi. Öýkenine howa ýetmeýän ýaly «öwhüldäp» dem alýardy. Maý tapdygam çete çykyp jübi telefonyna ýapyşýardy, megerem Jemal bilen bolsa gerek, gürleşýärdi. Şonda onuň ýüzi käte-hä ýaz güni ýaly ýalpyldap açylýardy, ýylgyrýardy, gözleri şadyýan gülýärdi, käte-de boz-ýaz bolup, galyň bulutly gyş gijesi ýaly garalýardy.

Köplenj-ä men onuň märekä haçan gelip, nä wagt turup gidýäninem bilmän galýardym. Diýmek, ony söýgüdenem, döredijilikdenem başga haýsydyr bir alada gurşap alan bolmaly.

Dogabitdi häsiýetine görä, belli bir möhlete çenli ol hiç kime, hatda maňa-da içki syryny aýtmaz, içki dünýäsine aralaşdyrmaz, aralaşaýjak boluberseň-ä asla halamaz, tä, özünden-özi eçilýänçä agzyndan ýekeje sözem alyp bolmaz. Içki hasrady halys güýçlenip, daşyna çykara ýol gözläp ugraram welin, geler-de, bar zady bolşy-bolşy ýaly edip gürrüň berer. Derdini paýlaşar. Maslahat sorar.

Şonuň üçinem, islesem-islemesem men şol pursada garaşmaly boldum.

Ýöne, ol pursat iňňän uzaga çekdi. Çünki şol döwür garaşsyzlygyň beren mümkinçiliklerine görä, hünäriňi ýokarlandyrmak, okuw ýa telekeçilik işleri bilen daşary ýurtlara gitmeklige giň ýol açyldy. Şol wagt Aşgabadyň merkezi newrologiýa hassanahasynda işleýärdim-de, şol ýerde ýörite «psihoanalitik» kabinetini açypdym we her günde, her hili maslahat sorap gelýänleri kabul edýärdim. Gapdaly bilen doktorlyk dissertasiýamam ýazýardym-da, birdenkä, şol ugurdan Angliýa gitmeklik mümkinçiligi döredi. Üç ýyldanam dolanyp geldim. Gelşim ýalam Erkine jaň etdim.

Dogry, men oňa Angliýadanam jaň edýärdim. Ýöne, wagt möçberiniň azlygy sebäpli o jaňlarda saglyk-amanlykdan aňry geçip bolmaýardy.

Şunça ýyl hiç kim bilen derdinişip bilmän, syryny içinde saklap ýörmek özüniňem ýüregine düşen bolsa gerek, sesimi eşidenden:

– Hä-ä... Nepes bu senmi? Bärdenmi ýa aňyrdanmy? Bärdenmi? Geldiňmi? Bä-ä.. ol-a gowy bolaýypdyr. Men häzir barýan. Ikimiz-e gepleşmek gerek. Ýa özüň geljekmi – diýip, çaga ýaly «jedir-jedir» etdi.

– Ýok, ýok, sen gel. Özüňem çalt gel. Gelnejeň nahar-şor taýýarlap ýör. – diýenimdenem «şakyr-şukur» trubkany goýdy. Köp garaşdyrmanam geldi. Ellerimi silkeläp gadyrly görüşdi.

Çaý başynda men onuň döredijiligi, şeýle hem Jemal barada soradym. Ol döredijiligi barada agzamadam-da, turuwbaşdan Jemally gürrüňe geçdi. Men ol öňküsi ýaly bagtyýar söýgüden söz açar, meniň bilen şatlyk we begenç duýgularyny paýlaşar öýtdüm. Ol welin meni geňler galdyryp, agzyndan ot saçyp başlady.

– Bar zat üýtgedi, Nepes. Bar zat gutardy. Ählisi tersine bolup çykdy. Soňky üç ýylyň içinde çalt-çaltdan uruşdyk, sögüşdik, tersleşdik, öýkeleşdik. Ençeme wagtlap gepleşmän gezmäni çykardyk. Soň ýene ýaraşdyk, garaz, öňkülik galmady... – diýdi. – Ahyram iň soňky pellä ýetdik. Ol menden ýüz öwürdi. Men ony ýene-de ýitirdim. Ýene-de Güljemalsyz galdym. Ol gaýdyp meň bilen ýaraşmajakdygyny çürt-kesik aýtdy. Maňa indi o tarapa ýol ýok. Onsuz bolsa men ýaşabilemok. Şol bolmasa maňa bu dünýe dar. Men şu wagt iki jahan owarasy...

Onuň birdenkä beýle agyr hala düşüp oturşyna men geň galdym. Özem ol nalyş çekdigisaýy gözüme ejiz, nalajedeýin görünýärdi, göwresi kiçelýärdi, ýüzi könelýärdi, gözleriniň nury pesendeleýärdi. Şonuň üçinem, başga-da bir aýdara zat tapman, maslahata derek sorag bermeli boldum.

– Bu nähili beýle bolýar, Erkin? Mundan üç ýyl öňem sen bagtlydyň. Söýgini goşa ganatyň biri, döredijilik çeşmäň gözbaşy hasap edip ýördiň. Ine, indem beý diýip otyrsyň. Hany, açygrak aýt, saňa näme boldy? Araňyza düşen tükeniksiz dawalaryňyzyň sebäbi näme? Bu döwrüň içinde başyňdan nämeler geçdi? Hany, gürrüň ber!

– Gürrüň bersem, Nepes, seniň o-ol, diýýän döwürleriň men dogrudanam bagtlydym – diýip, Erkin indi birneme köşeşen äheňde söze başlady. – Şol wagt yşk maňa hakykatdan-da ylham berýärdi. Ýüregimi

joşdurýardy. Güýjümi, kuwwatymy artdyrýardy. Özümi edil, ýigrimi bäş ýaşlaryndaky jahyl ýaly duýýardym. Hernäçe işlesem-de ýadamaýardym. Göwräm ýeňil, beýnim dury, pikirlerim aýdyňdy. Zehinim bulaşmaýardy. Çagalygymdan bäri söýginiň öňüni bekläp duran demir penjeli gara güýç ýom-ýok bolupdy. Ýadyňa düşýän bolsa öň: Jemaly günde üç gezek dagy baryp görýän, diýipdim. Soňabaka welin ondan asla bir pursadam aýrylasym gelmedi. Ýöne, meniň kanagatym onuň bilenem çäklenmedi. Söýgülimi iki, aňry gitse dört sagat görmesem ýüregim üzülere geliberdi. Şol sagatlaryň arasynda näçe gezek jaň edýändigimi bolsa Hudaň bilsin! Işdeş ýoldaşlary dagy meniň jaňlarymdan ýaňa bizar boldular. Bu meselede Jemalyň özem menden kem oturmady. Käte meniň bilen çendenaşa köp hem uzak gepleşip, işdeşlerinden, ýolbaşçylaryndan duýduryş alýan gezeklerem bolýardy. Bir gezeg-ä özara ýygnanşyklarynda telefon arkaly azrak gepleşmek barada mesele hem goýlupdyr. Muny maňa Jemal günübirin habar berdi. «Indi kän jaň etme, menem uzak gepleşmejek bolaryn», diýdi. Emma, ikimizem sözümizde durup bilmedik. Işgärlerem: «Aý, ýok, bulara çäre boljak däl», diýşipdirler-de, ýylgyryşyp oňaýypdyrlar.

Şol wagtlar men her gün ir bilen öýüne baryp, Jemaly taksili işine alyp gaýdýardym, agşamlyk bolsa işinden öýüne äkidýärdim. Şol iki aralykda-da günortan yzyndan barýardym we golaýdaky kafeleriň birinde ýagdaýymyza görä garbanýardyk. Ýöne, bir sagatlyk arakesme şeýle bir çalt geçýärdi welin, göwnüme bolmasa kimdir biri maňa ýamanlyk etmek üçin ühli wagty bir gysym edäge-de, jübüsine salaýan ýaly. Şol ýerden çykyp, men ony ýene-de işine eltýärdim we agşama çenli hoşlaşyp öz bolýan jaýyma gaýdýardym.

Ol wagtlar men Jemalyň işleýän edarasyndan iş ýeriniň kemeldilmegi sebäpli çykypdym we bilşiň ýaly ýene-de işsiz gezip ýördüm. Şol döwrem sen Angliýa gitdiň. – Erkin guraksy ýuwdundy-da, aşaklyk bilen ýüzüme seretdi – Ýadyňa düşýän bolsa, men saňa gitmeziň öň ýany jaň edip, Jemalyň özüniň-ä Döwlet sirkiniň ýanyndaky açylan, alty aýlyk «türk dilini öwreniş» kursuna ýazylandygyny, uluja gyzy Zübeýdany bolsa mekdebe çenli ýaşdaky çagalar üçin dördilen bir ýyllyk «Estetiki merkeze» okuwa salandygyny aýdypdym.

– Howwa, şeý diýeniň ýadyma düşýä.

– Şondan soň meniň gün içinde edýän hereketlerimiň ugry hasam çylşyrymlaşdy. – Ir bilen, öýümden çykýardym-da, Jemallara tarap

ýegdeneklap ugraýardym. Baryp, onuň öýüniň deňinde, ýol ugrunda garaşyp durýardym. Oňa çenli Jemal gyzlaryny öýleriniň golaýynda ýerleşýän çagalar bagyna tabşyryp gelýärdi. Göze düşmezlik üçin sessiz-üýnsiz duşumdan geçip gidýärdi-de, on-on bäş ädim beýle ýanymda saklanýardy. Men maşyn tutýardym-da, onuň deňine ýetiberenimizde sürüjä: Şu gelnem alaly-la, diýýärdim. Ony işine taşlabam bolýan kwartirama gidýärdim. Günortana çenli işläp ýene Jemalyň işine barýardym. Ýöne, indi öňki ýaly garbanmaga gidemizokdyk-da, bakja gidýärdik. Şol ýerden Zübeýdany alyp şäheriň günorta çetindäki «Parahat» mähellesinde ýerleşýän «Estetiki merkeze» gidýärdik. Oňa çenli arakesme tamam bolýardy we men ýüzugra Jemaly işine taşlap ýene-de kwartirama gidýärdim. Şol ýerde az-owlak işläbem agşam altynyň ýarynda ýene-de Jemayň yzyndan barýardym. Çünki, Zübeýdany Merkezden altynyň ýarynda alýandygy üçin, ol rugsat alyp işinden öňkülerine görä ýarym sagat ir çykýardy. Zübeýdany alyp gelenimizden soň men Jemaly öýüniň deňinde düşürýärdim we ertir irdenki durýan ýerimde, ýagny ýoluň ugrunda oňa garaşyp başlaýardym. Sebäbi, ol kiçi gyzy Jereni bakjadan alansoň gyzlarynyň ikisinem öýüne eltmeli, naharlamaly, daşlaryndan gulplabam, indi özüniň sagat ýedide başlaýan «türk dili» kursuna ýetişmeli bolýardy.

Ol şol hysyrdylaryndan dynyp gelýänçä men azyndan ýarym sagat, käte bolsa bir sagada golaý köçede garaşmaly bolýardym. Ony «Sirke» düşürenimden soňam tä okuwyny tamamlap çykýança, bir ýarym sagatlap şol töwereklerde «köw-söw» edýärdim. Çykmaly wagty golaýlaberendenem onuň joralary bilen hümerlenişip gapydan çykyşyny synlamak üçin «Sirke» gaýdyp gelýärdim we bir bukurak ýere çekilip, gözlerimi onuň çykjak gapysyna dikip durýardym.

Men şonda ony köp sanly gyz-gelinleriň arasyndan aňsatlyk bilen saýgarýardym. Depesinden ýaý berip, ýeňsesine dökülip duran saçyny selkildedip çykanda ýüregim gobsunyp gidýärdi. Diňe şu pursady synlamaklygyň özem şunça wagt garaşanyma degýär-ä, diýip, öz-özüme göwünlik berýärdim.

Asylam men onuň ýoluna garaşmagy gowy görýärdim. Duşuşyga-da tez maral ýaly töweregine howatyrly garanjaklap gelşini penjireden synlamak, ana, şol owadan gelin meniňki, ol şu wagt meniň ýanyma gelýär, meniň üçin gelýär, diýip içimi gepletmek maňa juda ýakymlydy. Şonuň üçinem, gelmeli wagty men penjiräniň öňüne barýardym-da,

tutyny bir tarapa syryp, tä ol gara berýänçä ýola garap durýardym. Onuň ýol tarapdan gelip, penjirämiň öňünden geçjekdigine bolsa söz ýok. Çünki, meniň aýnadan ýoluna garap durşumy görüp o-da begençli duýguny başyndan geçirýän bolmaly. Çünki, maňa gözi düşenden bir enaýy ýylgyrýardy, çalaragam gyzarýardy. Diliniň uçjagazyny çykaryp maňa tarap «jort» atýardy. Golaýda adam – gara bar bolsa welin ol ojagaz hereketlerini edibilenokdy. Aşak bakyp, çym-gyzyl bolup geçip gidiberýärdi.

Umuman, men şol «sirk», «merkez» hem Jemalyň öýi aralygyndaky üçburçlygyň içinde gatnap geçiren günlerimi ömrümiň iň bir gülşenli, iň bir ýakymly çaglary hasaplaýan. Ol günleri, aýlary men hiç haçan ýadymdan çykarman. Çykaraýyn diýsemem çykmaz. Ol günleriň has lezzetli pursatlary bolsa, Jemalyň öýüniň golaýdygy sebäpli biz «sirkden» soň köplenç edil on sekiz ýaşly juwanlar kimin köçäniň çyrasyz ýerlerini peýläp, egin-egne deňläp ýörite pyýada gaýdýardyk. Howlugýan ýerimiz ýok. Garynjyklary doýan çagajyklar daşyndan gulplanan öýüň içinde tä, ejeleri barýança akyllyja bolup, telewizora serederler oturarlar. Ýöne biz gol tutuşamyzokdyk. Beýtmeklik biziň gatnaşygymyzyň pynhanlyk düzgünine ters gelýärdi. Çünki, daşymyzdan seredip hiç kim biziň aşyk-magşuklardygymyzy aňmaly däldi. Ýöreýän köçämiziň sowalygy bize kän kömek etdi. Üstesine-de demir ýoluň gyrasy. Sag egnimiz birsydyrgyn oturan birmeňzeş hojalyk jaýlary. Awtomobil gatnawy az. Käte çep tarapymyzdan eýläk ýa beýläk, alaşakyrdy bolup otly geçýär. Olaryň arasynda ýolagçy gatnadýanlaram, ýük daşaýanlaram gidere ugur tapmaýan ykmanda ýaly ýeke özi o ýan, buýan alakjap ýören «kellelerem» bar. Ötegçi pyýadalar-a asla ýok diýen ýaly. Bolaýanlarynyňam öz aladalary özlerine ýetik şekilde ýüzümize-de seretmän, höküdikleşip geçip gidýärler.

Uçargähe gidýän ýoluň ötügine ýetiberenimizden soň, ötügiň üstündäki sansyz ulgamlardan ybarat demir ýollardan ätmerläp, gündogar tarapyna geçýärdik we Jemallara eltýän ýodajyga düşýärdik. Ol ýodajyk ötügiň kem-kemden ýokary galyp gidýän diwarynyň daş ýüzüni esli ýere çenli ýakalap gidýär-de, gyýalap baryp, ötükden çykýan köp gatnawly ýola goşulýar. Şondan aňryk çep tarapyň-a ýol, sag egniň bolsa köne haýat bolup gidýär. Şol haýaty syryp barşymyza, meniň hemişeki Jemal bilen hoşlaşyp yzyma dönýän ýerime ýetmänkäk, bir adam sygar ýaly gädik çykýar. Şol gädikden girseň, iki adam egin

deňläp ýöräýer ýaly giňlikde, daş-töweregi gür gara baglyga bürenip oturan geçelgejik bar. Şol geçelge bilen ýigrimi-otuz ädim ýöreseň, baryp giň meýdança direýär. Meýdançada çagalar üçin hiňňildik, demir typançak, oturar ýaly tagta oturgyçlar bar. Käte biz şol gädikden girip meýdança sowulýardyk we garaňkylykdan peýdalanyp şol ýerde on-on bäş minut oturýardyk. Edil ýaş juwanlar kimin gujaklaşýardyk, ogşaşýardyk. Şonda biz özümizi has-da bagtyýar saýýardyk, iňňän ýakymly duýgulary başdan geçirýärdik.

Bu, biziň ikimiziňem öň söýüp hem söýlüp, duşuşyklara gatnap görmändigimiziň alamaty. Şeýtmek bilen ikimizem, geçmişde eýesiz galan söýgümize eýe çykýandyrys, duşumyzdan duýdansyz geçen gülşenli çaglarymyza dolanýandyrys öýdýärdik.

Şu ýerde meniň «sirkden» gaýdyşyn, ötüge ýetmezimizden öň, ýoluň sag ýüzüni ýakalap oturan hojalyk jaýlarynyň birindäki it bilen dostlaşandygymyzam aýdasym gelýär... – Erkin göz-görtele üýtgedi. Ýüzünde begenç alamatlary peýda boldy. – Goňur derwezeli şol jaýyň deňine gelenimizden, ilki-ilkiler boýny zynjyrly bir ullakan it ömründe adam görmedik ýaly bize tarap towsup, özüni o ýan, bu ýan zyňyp bolubilenini bolýardy. Käte derwezäniň dört barmak giňligindäki gözenekleriniň aralygyndan, käte aşagyndan burnuny sokup, ýer dyrnaçaklap, ýabjynyp-ýabjynyp üýrýärdi. Tä garamyz ýitýänçä köşeşmeýärdi. Ýöne, şol ýerden günüň-gününe geçip durandygymyz üçin bolsa gerek, soňabaka ol biziň bilen öwrenişdi. Üýrmesini goýdy. Garamyzy görenden ýalym-ýulum edip, guýrugyny bulaýlap, gulaklaryny gypyryp, mähirli garşylady. Öň temegini uzadyp üýrýän ýerlerinden dostlarça ysyrgandy. Daşlaşdygymyzça-da göwni galan naçar ýaly naýynjar çyňsady.

Şol gyş men syrkawlap bir aýa golaý hassahanada ýatdym we Jemalyň yzyndan baryp bilmedim. Gutulyp gelenimden soň ýene gatnap ugradyk welin, birinji gün ol it bizi tanamajak boldy. Edil başdakysy ýaly urnup, ýabjynyp göze-başa düşübermese-de garaz, birbada garaçyny bilen topuldy, üýrdi, ikinji gün biraz köşeşdi, üçünji gün üýrmesini goýdy. Ondan soňky günler bolsa ýene-de öňküleri ýaly ýalym-ýulum bilen, köne tanyşlarça garşy aldy, galanda gyýlyp galdy. – Erkin başyny galdyrdy-da, uludam demini aldy. Soňam: – Dogrumy aýtsam, Jemalyň jemalyny görmek höwesi meni şol gezek hassahanada ýatyrkamam erkime goýmady, – diýip, süýjümtik ýylgyrdy. – Bir gün

agşamaralar gözümi petige dikip ýatyrdym. Aljak ukollarymy alypdym, içjek dermanlarymy içipdim. Näme üçindigini bilemok, birdenkä Jemaly göresim geldi. Erbet küýsedim. Ýogsam şol gün günortanky arakesmede onuň özi gelibem gidipdi. Oňa garmazdan gidesim gelip ölüp barýan. Edil, kimdir biri goltugymdan tutup gapa tarap itekleýän ýaly. Baranym bilenem öýüne girmek barada-ha gürrüňem ýok, welin, gapysyny kakyp, adyny tutup, gygyrybilmejegimem çyn. Bir umyt bar, o-da tötänden dükana ýa içi zibilli setilini dökmäge çykaýsa dagy daşyndan görüp galmak. – Erkin başyny ýaýkap, edil bigünä çaga ýaly birgeňsi ýylgyrdy. – Yşgyň höwesi ýaly ýeňles hem hatarly zat bolmaz ekeni, Nepes. Tarsa turanymam, nobatçy hekime, şepagatçy gyzlara duýdurmak barada dagy pikirem etmän, wagtyň giçdigine, paslyň gyşdygyna eşiklerimiň ýukadygyna garamazdan hassahananyň ters tarapky penjiresinden böküp çykanymam, Jemallara tarap tutduryberenimem bilmän galypdyryn.

Bir görsem köp adamly ullakan köçäniň ýanýodasy bilen uçargähiň ötügine tarap haýdap barýan. Maşynlaryň zenzelesinden ýaňa daş-töweregim ala gopgun. Adamlaram «ibirtde-zibirt». Käte garşymdan gelýän maşynlaryň çyrasy gözüme düşýär. Bu maňa ýakanok. Ýöremäne päsgel berýär. Şeýle-de bolsa elimi gözlerime penalap ýolumy dowam etdirýärin.

Men Jemallaryň jaýynyň girelgesine bardym-da, agzyny aldym duruberdim. Dört gatly şol jaýyň girelgesiniň her gatynda üç hojalyk ýaşaýar. Jemal birinji gatda. Ýokarda ýene üç gatyň bardygyny hasaba alsaň her girelgede on iki hojalyk bolmaly. Şonuň üçin girim-çykym azam däl. Şolaryň islendiginiň meni ýat görüp: «Saňa kim gerek? Näme gerek? Näme işläp dursuň» diýmäge, ýeňsämden südenekledip kowmaga-da haky bar. Hern-ä alagaraňkylyk bir gowy zat, ýogsam üsti-başyma gözi düşen ilkinji adamda şübhe döretjekdigime şek ýok.

Jemalyň eýwan tarapynda-da girip-çykýan gapysy, uly bolmadyk howlujygy, Jemalyň öz aýdyşy ýaly, «tomusky rezidensiýasy» hatda derwezejigem bar. Ýöne, ol tarapky gapy diňe tomus aýlary açýar. Tötänden ýa haýsam bolsa bir iş bilen çykaýmasa, Jemal meniň duran ýerimdäki gapysyndanam çykmaz. Sebäbi giç. Ýöne, şeýle bahananyň hökman tapyljakdygyna, bir sebäp bilen  Jemalyň daş çykjakdygyna bolan ynam meni garaşmaga mejbur etdi. Sebäbi, şondan şuňa enäp-tenäp gelenime görä men ony daşyndanam bolsa bir gezek hökman

göräýmelidim. Maňa şol besdi! Onuň bilen gürleşmek, ýa oturyp ogşaşmak niýetim ýok. Ol wagt maňa onuň didary gerek. Şol höwes bilenem şol ýere bardym. Indem gapysynda imtilip durun. Görmän gitsem uzyn gije ýatyp bilmejegime aklym ýetip dur. Ýöne, görmän gitmejegime welin aklym ondanam beter ýetýär.

Daşarynyň garaňkylygy edil girelgäniňkä garanyňda el-halrak. Birneme ýagty. Çünki, gapdaldaky dükanyň ýaşyl, gyzyl, aksowult reňkler bilen yşyklandyrylan ýazgylary daş-töwerege dürli öwüşginli ýagtylyk saçýar. Ýagşyň çisňäp durandygy sebäpli şol yşyklar köçelerdäki, ýan ýodalardaky oýmur-oýmur bolup ýatan kölçelere-de düşýär. Netije-de ýagty saçýan yşyklaryň sany artýar. Asyl ýer-gök durşuna al-ýaşyl bolup dur.

Belki, ýaşymdan çen tutup, göwünlerine zat getiren däldirler-dä, her niçik hem bolsa ýaşaýjylaryň maňa: «Kim how sen, näme işläp ýörsüň bu ýerde gijäniň bir mahaly» diýip, abyr-zabyr edeni-hä bolmady.

Garaz, az durdum, köp durdum, megerem, Alla jan yhlasyma görä berendir-dä, gije ýarymdan agyberende Jemallaryň jaýynyň çat maňlaýynda, uly ýoluň ugrunda «jy-y-yk» etdirip bir gyzyl «Žiguly» saklandy. Içindenem syrdam boýly, başy gyzyl ýüň ýaglykly, gara plaşly bir gelin çykdy. Gapyny çep eliniň tersi bilen «gürpüldedip» ýapdy. Egilip, açyk aýnadan sürüjä bir zatlar diýibem batly gadamlar bilen bäriligine tarap gaýtdy. Men bir gyra çekildim. «Tyrk-tyrk» edip duşumdan geçiberende men ony tanadym. Ol Jemalyň jorasydy. Elbetde, zerur iş bilen ýörite gelendir-dä, ýogsam onuň ýaşaýan ýeri şäheriň o çetindedi. Ony getiren maşynyň henizem öňki ýerinde durandygam onuň howlukmaçdygyndan basym çykjakdygyndan habar berýär. Ol çyksa Jemalam hökman ony ugratmaga çykaýmaly.

Jemalyň şol jorasyny dogrusy men halamokdym. Resmi taýdan durmuşa çykmadyk hem bolsa onuň eýýäm telim äre barandygyny, Jemalyň gürrüňleri arkaly bilýärdim. Ýaşlykda ýetim galyp, oba ýerinde dogan-garyndaşlarynyň elinde önüp-ösenmişin, soňam okuwa diýip Aşgabada gaýdanmyşynda hiç ýere-de girip bilmänmişin. Indem kim baýrak bolsa şony är tutunyp näçe wagtlygam bolsa şony ýaşaşyberýärmişin. Iki-üç ýerden dagy girdeji edýändigini aýdyp hatda Jemal dagynyň ýanynda öwnüberýäremmişin. Ine, hut şol häsiýetleri üçinem men ony halamaýardym. Has dogrusy ýigrenýärdim. Garasynyň Jemala-da ýokaýmagyndan, abraýyna şikes ýetäýmeginden gorkýardym.

Gepden-gürrüňden gorajak bolýardym. Bu pikirimi Jemala-da duýdurýardym. Ýöne Jemal onuň bilen köpden bäri joradygynyň, ykbalynyň şeýle ýowuz bolandygy üçin oňa nebsiniň agyrýandygyny, özem ýüz öwüräýse dagy onuň bütinleý hossarsyz galjakdygyny, hasam kyn güne düşjekdigini, şonuň üçinem, gatnaşygyny kesmejekdigini çürt-kesik aýdýardy.

Ýöne, ol biraz soňrak, belli bir sebäbe görä, barybir onuň bilen arasyny kesmeli boldy. Şondan soň ol meniň bilen ylalaşdy. «Dogry aýdan ekeniň, gazana golaýlaşmaly däl ekenim» diýdi.

Şol gyş gijesi, ýukajyk balagyň, ýukajyk kürtekçäniň içinde digdenekläp, Jemalyň didaryna zar bolup durkam gelendigi üçin welin, şol ýigrenýän gelnim meniň gözüme behişdiň perişdelerindenem ak bolup göründi.

Ýarym sagatdan soň Jemal hakykatdan-da jorasyny ugratmak üçin daş çykdy. Meni görüp tisgindi. Geň galdy. Duşumdan geçip barşyna: sen näme işläp dursuň bu ýerde, diýen manyda aşaklyk bilen ýüzüme mölerildi. Şeýdibem geçip gitdi. Eglenmänem öwrülip geldi. Ýöne, duşumda aýak çekmäge durup gürleşmäge ejap eden bolsa gerek, haýaljakdan ýöräp duşumdan geçip barşyna ýüzüme seretmän, diňe men eşider ýaly edip: «Ertir arakesmede ýanyňa bararyn, bar, özüňem beýdip durma, git, ýogsam üşärsiň» diýdi.

Men indi onsuzam yzyma gaýtmakçydym. Çünki, maksadyma ýetipdim. Söýgülimi daşyndan görmeg-ä dä, eýsem onuň iki agyz sözünem eşidipdim. Şonuň üçinem yzyma gaýdanymda aýaklarym gelenimdäkiden kän ýeňil gopdy.

Ertesi söz berşi ýaly günortanaralar Jemal hassahana geldi. Agşamky kelleýeňilligim üçin käýedi. «Beýdip ýörseň hiç haçanam gutulmarsyň, men bolsam seniň basymrak gutulyp çykmagyňy isleýän. Men seni küýseýän, her agşam «kursdan» çykanymda, hemişe sirkiň maňlaýyndaky dükanyň yşykly ýazgysynyň ýagtysyna gara sudur bolup görünýän keşbiňi gözleýän. Göwnüme sen bir ýerden çykaýjak ýaly daş-töweregime garanjaklap ep-esli durýan. Ilki günler bileje ýöreýän şol, çolaja ýolumyz bilen ýeke özüm gitdim. Şeýtsem, ýüregim karar tapar öýtdüm. Emma tersine boldy. Bozuldym. Goňur derwezäniň deňine ýetenimde bolsa şol tanyş it ilkä: hany ýoldaşyň, diýýän ýaly gulaklaryny üşerdip ýüzüme çiňerildi, soňam tä, garam ýitýänçä bikararlyk bilen çyňsady durdy. Şonuň üçinem, men indi o ýoldan

geçemok. Gyzlar bilen köçä çykýan-da, awtobusly gaýdýan...» diýdi. Men oňa: «Bor, Jemal, men hökman gutulyp çykaryn, şondan soň ikimiz ýene-de şol, öňküje ýol bilen bileje gatnap ugrarys, diýdim.

Hut şeýle hem boldy. Men gutulyp çykdym. Şol bir hereket ugrumyz boýunça ýene-de gatnap ugradyk.

Şeýlekin süýji günleriň lezzetine gark bolup ýörşümize biz alty aýlyk «kurs-a» beýlede dursun, tutuş bir ýylyň geçeninem bilmän galypdyrys.

Indiki tomus çagalarynam alyp Jemal bilen deňze gitdik. Şol ýerde geçen günlerimizi ýatlanymda men özümi hyýaly bir dünýede ýaşap gelen adam hökmünde duýýaryn. Bary-ýogy bäş gün. Hiç zat ýaly. Käte ömrüň bäş hepdesi, bäş aýy, hatda bäş ýyly duşuňdan duýdansyz geçip gidýär. Soň şol döwrüň ýekeje pursadynam ýada salyp bolanok. Emma biziň deňizde geçiren bäş günümiziň welin, hemmesi jikme-jik gözlerimiň öňünde dur.

Özüň bilýäň, Awazadan jaý tapmak kyn. Tapaýanyňda-da hiç hili şerti bolmadyk, ötlem-ötlem tünekleriň hersinde bir maşgala bolup ýaşamaly. Bahasy bolsa gymmat. Köpüsem dollar talap edýär. Biziňki welin şowuna boldy. Uçardan düşüşimiz ýaly student döwürlerimiz bile okan kursdaş ýoldaşlarymyzyň biri Şirjan gabat geldi. Onuň özi şol ýerlidi we welaýat gazetinde bölüm müdiri bolup işleýärdi. Köpden bäri gabat gelişmedigem bolsak, meni görenden tanady. «Birini garşylamaga çykdym welin, näme üçindir gelmedi» diýip, meni gujaklap durşuna aýtdy. Maşyny bar ekeni, eltip şoňa mündürdi. Ýanyňdakylar kimler, diýip soramady. Ýöne, dynç almaga gelendigimizi bilenden, göni Awaza tarap sürdi we eltip daş-töweregi bag-bakjaly kiçeňräk bir jaýyň gabadynda düşürdi. Derwezesini açyp, howla saldy. «Ine, şu meniň aramgähim, isledigiňizçe boluberiň, bir köpügem gerek däl» diýdi. Habar tutup durjakdygyny aýdybam gitdi.

Hemme aramgählerem deňze golaý welin, Şirjanyňky hasam golaý. Gapydan çykan ýeriň. Penjireden deňziň ak köpürjikli tolkunlary görnüp dur. Mahal-mahal şol tolkunlaryň owunjak syçrantgylary jybarlap gelip ýüzüňe urýar. Salkynladýar. Bu janyňa joş ýakýar. Howly giň. Jaýy ötlem-ötlemräk üç-dört otagdan ybarat. Işiginde üzüm dalbary, dalbaryň aşagy agaç seki. Aşhana, hammam, tok, gaz, gap-çanak, ähli zat üpjün.

Biz ikindinaralar barypdyk. Az-kem dynç alýançak, çaý-suw içýänçäk Gün ýaşdy. Garaňky düşdi. Kenaryň welin adamy entegem

egsilenok. Gaýtam topar-topar bolşup indiden soň barýanlaryňam hetdi-hasaby ýok. Bizem gitdik. Deňziň güwwüldisem, tolkunlaryň owsunam gündizkisine görä birneme köşeşipdir. Garaňky asmanyň ýüzündäki ýyldyzlar edil gara mahmalyň ýüzüne sepilen ak hünjiler ýaly buldurapjyk dur. Deňziň o kenaryndan dogan ýaşmakly gelne meňzeş ýarym Aý ýüzüňe ýylgyryp bakýar. O ýerde, bu ýerde çadyr gurup, ot ýaýşyp oturanlar göze ilýär. Gapdallarynda ulaglary bar. Radionyňmy, magnitofonyňmy göçgünli sesi deňiz tolkunlarynyň üstünden aşyp allowarralarda ýitip gidýär. Aýdym-sazyň sesi aramgähler tarapdanam eşidilip dur. Çünki ol ýeri dürli harytlar satylýan ownukly-irili şahsy dükanjyklardan, meýhanalardan, kafelerden doly. Köpüsem dört taýak dikipdir-de, ýokarsyna mata büräpdir, aşagyna-da ýonulmadyk tagtalardan howul-hara ýasalan stol goýupdyrlar. Özlerem ep-esli ululykdaky gara daşyň üstünde gaýşarylyşyp otyrlar. Ýüzlerem burçak-burçak der. Biz olary kenara aýlanyp bolanymyzdan soň baryp gördük.

Şondan soň biziň gün tertibimiz şundan ybarat boldy: Ir bilen kenara barýas-da, şol ýerde oturyp arassa howadan dem alýas. Gün guşluga galyberende suwa düşýäs. Ýöne, köp düşemzok. Aňry gitse, ýarym sagat. Soň gelip ertirlik edinýäs. Günortan ýene-de kenara gidýäs. Bu gezek biz ol ýerde köpräk bolýas. Çäge gyzansoň oňa bagryňy oýkap ýa üstünde serlip ýatmak juda lezzetli. Günüň nury endamyňy ýumşadýar. Meýmiredýär. Şol wagt suwam ýylaýar. Jemal çagalaryny deňze goýberenok. Kenardan aýry ýatan kölçelerde düşürýär. Dogry, kenaryň ýakasynda, ýalpajyk ýerlerde suwa düşüp ýören çagalaram köp, ýöne, Jemalyň töwekgelçilik edesi gelenok. «Gözümize güýgüşip aňyrrak gidäýmekleri mümkin» diýýär. Onuň bu pikirine menem goşulýan.

Kiçi gyzy Jerenjigiň-ä dogrusy suw bilen kän höwesem ýok. Ol köp wagtyny deňziň gyrasyndaky öl çägäniň üstünde oturyp öýjagazlaryňmy, giden bir şäheriňmi ýa her dürli haýwanjagazlaryňmy, şekillerini ýasamak bilen meşgul bolup geçirýär. Ýöne, deňiz tolkunlarynyň owsuny güýçlenen wagty onuň ýasan şekiljikleriniň barysy deňziň şor suwuna garylyp, eräp gidýär. Kenaryň gyrasy bilen diň-göklerine garaşyp barýan gözleri gara äýnekli, kelte balakly pyýadalaryň aýak astynda galyp «heläkçilige» uçraýanlaram bolýar. Jerenjik welin o zatlara kän bir gynanybam duranok. «Bu nätdigiňiz boldy» diýen manyda yzlaryndan garap durýar-durýar-da, oturyp

täzesini ýasamaga başlaýar. Şeýle-de ol her dürli owadanja balykgulakjagazlary çöplemäni gowy görýär. Gaýdýançak şolardan ep-esli ýygnady. Umuman onda döredijilik üşüginiň bardygy bildirýär. Onuň bilen gürleşmegem ýeňil. Alçak. Aýtjak zadyny çekinmän aýdyp bilýär.

Zübeýda welin beýle däl. Agras. Edil uly adam ýaly. Dymma. Her sözi agzyndan çekip almaly. Haçan görseň kenarda uzaklara seredip otyr. Ejesini bir pursat gözden salanok. Öýdekä-de Jemal sähelçe eglense ýa wagtynda jaň etmese howsala düşip, gözlerine ýaş aýlaberýär.

Howwa, günortany biz şeýdip geçirýäs. Ondan soň ýene-de aramgähe gidip naharlanýas. Dynç alýas. Uklap turýas. Agşamlyk ýatar wagtyna çenli şol ýerde bolýas. Gelip çalarak garbanýasam welin çagalaryň gözleri süzülip başlaýar. Olary kiçeňräk jaýlaryň birinde ýatyranyndan soň Jemal meniň bolýan otagyma gelýär. Şondan soň tutuş gije biziňki. Deňiz tarapky penjiräni açyp, içerini tämiz howadan dolduranymyzdan soň düşege geçýäs. Söýgüniň melul ediji humary deňziň birsydyrgyn eşidilýän kümüşsow «güwwüldisine» goşulyp, bizi hyýaly bir dünýä alyp gidýär.

Kä gün ulag tutup şähere gidýäs. Aýlanýas. Bazara barýas. Iýer-içer ýaly zat, esasanam balyk satyn alýas. Dogrusy, tä gaýdýançak balykdan başga zat iýmedik diýen ýaly. Ol balyklary şäheriň doň balyklary bilen deňär ýaly däl. Täze. Süýji. Agzyňa ýakymly.

Şeýdip ýörşümize bäş günüň nädip geçeninem bilmän galypdyrys.

Biz indi gaýtmalydyk. Men işsiz bolsamam Jemalyň zähmet rugsady dolupdy. Çagalaryň kanikullaram tamam bolup barýardy.

Deňizde geçen şol süýji günleri gaýtalamak üçin biz şol ýylyň güýzünde dynç alyş günlerine gabatlap bir gezek Çülüdäki, ýene bir gezegem Pöwrizedäki dynç alyş öýlerine hem gitdik.

Gysga wagtlyk hem bolsa biz ol ýerde-de gowy dynç aldyk. Wagtymyzy hoş geçirdik. Biri-birimiziň elimizden tutup baglara aýlandyk, daglara dyrmaşdyk, soň aşak düşdük, çeşmeleriň «şirrildisine», demsaýyn sapagyndan tänip zemin sary rowana bolýan, tyllaýy ýapraklaryň «şygyrdysyna» gulak asdyk säherler turup guşlaryň seslerini diňledik, ýöne, näme üçindir ikimizem barybir deňzi küýsedik durduk. Geljek ýylam deňze gitmekligi wadalaşybam yzymyza gaýtdyk.

Ýöne Alla ugruna etmese öz diýeniň bolup baraýanok. Arly ýyl arzuw edip gelendigimize garamazdan, indiki ýyl deňze gitmek meselämizem şonuň ýaly boldy. Has takygy men galmaly boldum. Onuň sebäbi uzaga çeken işsizlikden soň men ýaňy bir işe durupdym-da, birinjiden-ä, deňze gitmek üçin men maddy taýdan taýyn däldim, karz alara bolsa adam ýokdy, sen bolsaň Angliýadadyň, ikinjidenem edara rugsat bererlikli däldi, üçünjidenem Jemal geçen ýyl deňzi şeýle bir taryplapdyr welin, bu ýyl onuň bilen özünden kiçi uýasam, institutda bile okan joralarynyň birem çagalary bilen oňa goşulmakçy bolupdyrlar. Şonuň üçinem men-ä galaýanyma gaty bir gynanybam durmadym welin, Jemal boýnuny burup durşuna: «Bir ýerden karz-kowal tapyp senem äkidäýsem gow-a bordy welin, ýöne hem-ä seni olara görkezmekden çekinýän, hemem olaryň ýanynda barybir  mazamyz bolmaz...» diýdi. Men: «Ýok, ýok, hiý menem bir seň hasabyňa deňze giderinmi! Onsoňam gyýylma, ýanyňda uýaň bolsa, joraň bolsa içiň gysmaz, işalla indiki ýyla çenli pul toplaryn welin, şonda ýene-de öňküjämiz ýaly bileje gidäýeris, diýdim.

Ugramaly wagtlary golaýladam welin, bir gün Jemalam işime geldi-de: «Olaryň-a ikisem galarman boldular, senem gidibilmejek bolsaň... Ýa menem biledimi yzyna tabşyraýsammykam» diýdi. Ýok, ýok, tabşyrma, ýoluňdan galma, gidiber. Men Şirjana jaň ederin, ol seni garşylaram, öten ýylky ýaly öz aramgähine ýerleşdirerem diýdim.

Şeýdibem ol şol ýyl deňze mensiz gitdi. Ýöne birhili nägile ýaly bolup gitdi.

Eger-de häzirki ýagdaýymda bolan bolsadym, onda men orulardym, çapylardym pul tapardym, işsizlik görmedik zadym däl, gerek bolsa işdenem çykardym, ýöne ony ol ýere ýeke goýbermezdim. Özüň pikir edip gör, ir ertir, giç agşam öýünden işine, işinden öýüne, agşamky okuwyna, «merkeze» äkidip, getirip ýekeje pursat gözünden sypdyrsa jany çykyp barýan adamam bir hiý, göwni bir ýaly söýgülisini uzak ýola ýeke goýberermi? Häzirki ýagdaýymdan misil tutsaň bu bolup bilmejek zat. Emma ol wagt men entek ondan arkaýyndym. Göwrümim giňdi. Göwnümde garalyk ýokdy. Jemaly hiç kimden gabanmaýardym. Asla gabanjaňlyk diýlen zadyň nämediginem bilmeýärdim. Özümi Şeýtana oýnatmaýardym. Jemalyň maňa ikilik etmejekdigine ynanýardym. Ýanyndan aýrylşasymyň gelmeýändigi her günde telim gezek görmesem oňup bilmeýändigim bolsa diňe ony gowy görýändigim, söýýändigim

üçindi. Meniň ynanajyma görä, kimdir biri gyýa bakaýanda-da, Jemal onuň petigulysyny beräýmelidi, on günlik golaýyna-da getirmeli däldi.

Bir keçje ýeri, men Şirjan bilen habarlaşyp bilmedim. Ol uzak wagtlyk bir ýere iş saparyna giden ekeni. Şeýdibem Jemalyň ykbaly nesibesine bagly bolup galdy.

Ol bary-ýogy bäş günden soň deňizden gaýdyp geldi. Gelşi ýalam maňa jaň etdi. Salam-heligini tamam ederine mähetdel, özüniň deňiz ýakasyndaky başdan geçirmelerini gürrüň bermäge başlady. Hususanam men deň-duşrak bir barly adamyň tä gaýdýança özüni özgelerden gorandygy, çagalaryna-da, özüne-de hossarçylyk edendigi, nämeler iýdirip, nämeler içirendigi, ýörite maşyn tutup, geçen gezekki biziň bilelikde gidişimiz ýaly, şähere gezelenje alyp gidendigi barada näme üçindir ýanjap-ýanjap gürrüň berdi.

Şol gürrüňini ol ertesi iş ýerime gelende-de gaýtalady. Özem telefondakysyndanam has giňeldip, süýjedip-süýjedip aýtdy. Edýän gürrüleriniň täsirini ýüzümden aňmakçy bolýan ýaly, arasynda sözüni kesip, gözlerimiň içine jüýjerilip-jüýjerilip garady, ýüzüme gyşarylyp-gyşarylyp bakdy.

Başda kän bir üns bermedigem bolsam soňabaka onuň ol gürrüňleri degnama degip ugrady. Janyma ýakmady. Şeýle-de bolsa, syr bildirmezlige çalyşdym. Gaty-gaýrym söz aýtmadym. Onsoňam eger-de, ol iki arada haýsydyr bir hapalyk bar bolan bolsady, onda o barada Jemal meniň ýanymda dil ýarmanam bilerdi. Şonuň üçinem men Jemalyň şol gürrüňlerini basymrak ýadymdan çykaraýanymy kem görmedim.

Ol welin bilgeşleýin meni gyjyklamakçy bolýan ýaly, şol deňizli wakany soň-soňlaram, aram-aram, gerek bolsa-bolmasa gozgady ýördi.

Bu bolsa kem-kemden meniň kalbymda gabanjaňlyk duýgusyny oýardy. Ol duýgy ilki çalarak köz bolup köredi, soň ýylpyldady, birdenem tutaşdy-da, ullakan ýalyna öwrüldi.

Bar zat, ana, şondan soň başlandy. Ol wagt sen bardyň, ýöne aýdyp bilmeýärdim. Ýalňyşýan bolaýmaýyn diýip, gorkýardym. Şonuň üçinem özümi başardygymdan çeke tutmaga, gözüňe görünmezlige çalyşýardym.

Ýöne oduň gerimi welin onuň bilenem çäklenmedi. Ony dünýe-älemi ýakyp, ýandyryp barýan uly ýangyna öwren alaw düýbünden başga tarapdan gopdy.

Deňizli wakalaryna kän bir pitiwa etmeýändigim janyna ýakmadymy, nämemi, bir günem Jemal aýak üstünden iş ýerime geldi-de, iki elini arkasyna tutup, synasyny iki ýana yrap, ýylgyrjaklap durşuna: «Geçip barýadym welin sowulaýdym» diýip, köwüşjagazlarynyň burnuny yzly-yzyna «tyrpyldatdy». Ýoly meniň soňky iş ýerimiň üstünden geçýändigi üçin onuň öňem şular ýaly sowulaýmasy bardy. Şonuň üçinem men göwnüme zat getirmän: «Gowy edipsiň, gel, geç, otur» diýdim. Içip oturan çaýymdan hödürledim. Ol welin meniň sözlerime pitiwa-da berenok. Söýünji habar bilen gelip, indem buşlugyna garaşyp duran çaga ýaly gaýtam dylym-dylym edýär. Böwreginiň bökýändigi, içiniň byjyklaýandygy bildirýär. Iki gözem penjirede. Arasynda şo tarapa eglip-eglip seredýär. Ahyram gözlerini güldürdi-de, aşaky dodagyny titredip: «Bilýäňmi, men kim bilen geldim» diýdi. Süňňüm erbet bir ýakymsyz zady syzan ýaly sesimi sandyradyp gepledim: «Kim bilen?» Ol penjirä has golaý bardy. «Ho-ol, maşyny görýäňmi?» Men onuň salgy beren tarapyna seretdim. Ol ýerde duran maşyn bir ýa iki däldi. Şonuň üçinem soragy men onuň özüne bermeli boldum. «Haýsy maşyny?» «Hon-ha, dur-a bir ak maşyn, gyzylyň yz ýanynda». «Kim ol?» «Araky gürrüň berenim-dä şol. Bir oglan haýyr-sahawat üçin taksiçilik edýän ekeni diýdim-ä».

Dogrudanam deňze gitmeziniň öň ýany ol maňa şolar ýaly bir zat aýdypdy.

Ol wagt meniň ýaňy bir soňky işime ýerleşen döwürlerimdi we düzgüni juda berkdi. Işden ýekeje minudam gijä galmak ýa ir gitmek bolanok. Arasynda-ha asylam sypdyranoklar. Ertirem, agşamam işgärler bölüminiň başlygy eli kagyz-galamly gapynyň agzyny alyp durandyr. Asla men deňizdenem şol ýagdaý sebäpli galypdym ahyry. Jemal bolsa bilşiň ýaly, gyzynyň yzyndan altynyň ýarynda gidýär. Şonuň üçinem men iň bolmanda wagtlaýynça onuň ýeke özüniň mensiz gatnamagyny haýyş edipdim. Soň ýadyma salyp görsem, edil deňize ýeke goýberenimi kyn görşi kimin, ol meniň şol teklibimem birhili gaty gören ýaly bolupdy we sesini cykarman, aşak bakyp, dodagyny dişläp sus gidipdi. Soňam bir gün duşuşyk wagtymyz çaý içip otyrkak gyzy bilen agşamara merkezden gaýdyp gelýärkäler tötänden bir ýaş ýigidiň maşynyna münendigini, onuňam münen, düşen ýerini belläp ertesi irden yzyndan gelendigini, özüniňem taksiçiligi mätäç adamlara sogap üçin edýän ekendigini aýdypdy. Nämemişin gyzy bilen eden «gümür-

ýamyrlaryndan» ol ýigit Jemalyň hossarsyz, ýeke maşgaladygyny aňanmyşyn we ony şol kategoriýa degişli hasap edenmişin.

Içimi it ýyrtyp barýanam bolsa men şol gezegem özümi sowukganly alyp barmaga çalyşypdym. «Aý, ilçilikdir, Jemal her hili adam bardyr, ýöne, «...bir emmasy bolmasa, guýruk munda ne ýatyr» diýlen bir pähimem bardyr, onsoňam sen edil sadaka mätäç adamam däl-ä, özüňi beýle pese gaçyrman: «Ýok, dogan, taňryýalkasyn, men öz günümi özüm görerin, siz mendenem mätäçleri tapyň-da, şolara kömek ediberiň» diýäýmeli ekeniň-dä diýipdim. Şeýdibem o mesele galypdy. Iň bolmanda men galandyr öýdüpdim. Ýöne, ine, şol gürrüňlerden soňam ol ýene-de: «Gör, men kim bilen geldim» diýip, ony maňa güjeňleýä. Şu oýlara gümra bolup, ind-ä ýarylaýsam gerek diýip, otyrkamam: «Ýene-de yzymdan geläýipdir-dä... Nädeýin-dä... Kak-to ne udobno... možet tanyşarsyňyz... öz-ä seň bilen pikirdeş ýaly...» diýen sesi gulagyma geldi.

Ine, şunda welin saklanyp bilmedim. Edil gyrasyndan içýan çakan ýaly ýüregim erbet sançdy. Kalbym gobsundy. Ýüregim ýerinden gozgandy. Beýnimiň içi sarsyp gitdi. Gaharym joş urdy. Zehinim bulaşdy. Şeýle-de bolsa, aýaklarym bilen ýer depip, uly ilim bilen gygyrybermekden zordan saklandym-da: «Bu barada biz öň gepleşipdig-ä, Jemal! Nokat goýupdyg-a! Indikiň näme! Yzyňdan geleni bilen münübermeli bormy her öňýeteniň maşynyna» diýdim. «Münmeziňe goýanog-a, eýläme bir geçip, beýläme bir geçip, signal berip ile masgara edip barýar-a...» diýip, gaýtam öňküsindenem beter içýakgyç gürrüň tapdy. «Munyň-a bolanok, Jemal, barybir münmeli däl ekeniň» diýdim. «Münende näm-ä-ä... Näme eder öýtýäň-ä...» diýende bolsa ýüregim eýýäm soňky on minudyň içinde ikinji gezek sançdy. Şonda men bütin göwräme agram salyp: «Erkek adam aýal maşgalany näme edýän bolsa senem şeýder» diýdim. Bu meniň Jemala ilkinji gezek gaty söz aýdyşymdy. Şonuň üçinem ol muny juda ýokuş görer, aglar, eňrär, ýat ýerde maňa bir iş bolar öýtdüm. Onuň welin terzem üýtgemedi. Şol bir köpmanyly ýylgyryp durşuna: «Pyşgyrýança bir müneýin, dil açan günem özüm jogabyny bererin, sebäbi bu gatnaw bilen maňa ulagsyz kyn bolýa» diýdi.

Şol pursat men Jemaly tanamadym. Çünki şo çaka çenli men ony aňly, düşünjeli, akylly-başly, parasatly agras bir gelin hasap edip ýördüm. Şol wagt welin ol meniň gözüme ýeňles, özünem, golaýynam

sylamaýan, diňe öz göwnüni görýän, sähelçe bähbit üçin iň bir ýakyn adamsynyňam ýüzüne gelip, synasyny orta goýup biljek ýakymsyz gelin bolup göründi. Şol wagt men oňa ýa-ha iň soňky sözümi aýtmalydym, ýa-da binamyslyga salyp oturybermelidim. Çünki men ony resmi ýagdaýda bolmasa-da, öz maşgalam hasap edýärdim. Şonuň üçinem: «Olar ýaly bolsa bolýa, bar, ýoluň açyk. Kimiň maşynyna münseň, şoňka mün. Ýöne meni ýatdan çykar. Maňa seniň ýaly herdemhyýal gelin gerek-gä. Men ýalňyşypdyryn. Daşyň meňzese-de, içiň meňzänok. Sen Güljemal däl» diýdim. Menden beýle kesgitli gaýtawula garaşmadyk bolsa gerek, ol boz-ýaz bolup durşuna: «Göreş meýdanyny gaty basym taşlaýaň-la...» diýdi. Men indi gaharsyz, asuda gürledim. «Özüňi göreş meýdany hasap edýän bolsaň, ol meýdanda men ýok. Men beýle söweşiň esgeri däl. Wepaly ýar üçin başymy goýmalam bolsa goýaryn, biwepa üçin welin...» Jemal erbet aljyrady. Düýbünden başga sypata girdi. «Men saňa biwepalyk edemok, Erkin... Men... Men ýöne... – diýip, bir gapa, birem penjirä tarap owsun atyp durşuna howlukmaç gürledi. – Men häziriň özünde bararyn-da oňa git, gaýdybam garaňy salma, diýerin... Maňa seniň söýgüňden başga zat gerekgä. Gödek hereket edenim üçin bolsa bagyşla...» Men azajyk oýlanyp durdum-da: «Bolýa, oňa men razy, şony ugrat-da, özüň şu ýerden işiňe pyýada ýa awtobusly git» diýdim. Aýdyşym ýalam etdi. Ak maşyny ugradyp, özi pyýada gitdi. Ýöne, men barybir ynjalyp bilmedim. Ertesi irden baryp, şol maşyna ýene münýämi ýa ýok, barlap görmeli, diýen netijä geldim. Ine, şo-da meniň şondan soňky başlanjak we ömürboýy dowam etjek gabanjaňly hereketlerimiň başy boldy. Ol duýgynyň ýaňy bir gübürdäp ugran ody has-da tutaşyp, aýylganç bir apata öwrüldi. Et bilen deriniň arasynda ençeme wagt bäri meýmiräp, maýyna garaşyp ýatan «Was-was» gylyjyny syryp daş çykdy. Ur-tut meni eýerledi. Üstüme mündi. Şondan soň ol meni islendik tarapyna bakan haýdatdy ýördi.

...Şol gije ýagyş ýagdy. Ertesi ir bilen bolsa öňküsindenem güýçlendi. Şeýle-de bolsa, niýetimi amala aşyrmak üçin Jemallara tarap ýola düşdüm. Egnimde ýagyş geçirmeýän, reňki gara, kapşonkaly balon kürtekçe. Başymda gaýyş papak. Golaýlaberenimde özümi tanatmazlyk üçin kapşonkany çümre geýdim, ýakamy galdyrdym.

Gatbar-gatbar gara bulutlaryň galyňlygyndan ýaňa daş-töwerek tüm garaňky. Asmandan «alaşapyrdy» bolup inýän galapisint damjalardan ýaňa öňüňde edil başy asmana ýetip duran kümüş diwar bar ýaly. Çen

bilen ýöräýmeseň, başyňy galdyrmaga, gözüňi açmaga maý ýok. Asfalt köçäniň troturayň üsti, gyralary «lasyrdap» duran äpet gazany ýatladýar. Aram-aram çykýan elhenç hem dowamly «gümmürdi» kalbyňa wehim salýar. Ol süýr depäňde başlanyp, demir tigirli araba ýaly «takyrdap» gidýär-de baryp gözýetimde ýitýär. Ýyldyrym çakan wagty bolsa asman çat açana dönýär. Hatda onuň çat açan ýerleriniň otly çyzyklaryna çenli görmek bolýar. Bu zatlaryň barysy birigip, ozaldanam garalyp duran dünýäni hasam gorkunç görnüşe salýar. Ýagşyň arasyna käte bir böwşeňlik düşen ýaly bolýar, ýöne ol uzaga çekenok. Täze güýç bilen şaglap bir inýär welin, edil deňziň äpet gomlarynyň aşagynda galan ýaly bolýarsyň. Meniň elimde ýagyş saýawany bar, ýöne ondan peýda ýok, gaýtam zyýan edýär. Ýagyş gatyşykly sowuk ýel aşagyndan garbap alyp dik ýokary göterýär-de, paraşýut ýaly öz ugruna tarap süýrekläp ugraýar welin, menem ony elimden sypdyrmajak bolup esli ýere çenli yzyndan ýelkildäp gitmeli bolýaryn. Juda bolmasa ýel ony eliňden kakyp alýar-da, çepbesine çöwrüp ýere taşlaýar. Şonuň üçinem men öýden çykyşym ýaly ony ýygnap goltugyma saldym-da ötügiň üstündäki terslin-oňlyn, çatlym-çatlym bolup ýatan demir ýoljagazlaryň üsti bilen bökejekläp diýen ýaly geçdim we «sirkden» soň Jemal bilen bileje gidýän ýodajygymyza düşdüm. Ýagşyň güýçlüliginden we gürlüginden ýaňa men barýan ýolumy çen bilen bilýän. Görgi baryny görüp sagadyma seredýän. Dokuza ýigrimi minut bar. Ýene bäş minutdan Jemal öýünden çykmaly. Sähelçe eglensem ýa ol çykmaly wagtyndan bäş minut öň çyksa ýetişmezligim mümkin. Ýöne ol hiç haçan wagtyndan öň çykmaýar.

Çat maňlaýymdan inýän çabganyň garşysyna ýapyrylyp barşyma «Marlboro» ýazgyly dükanjykdan çen tutup, Jemallaryň deňine ýetendigimi aňdym. Bir görsem o-da köçäniň aňry ýüzünde iki tarapyna alakjap dur. Bärik geçmekçi bolýar. Ine-de ol gomlaryň garşysyna ýüzýän gämi ýaly asmandan inýän çabgany özüniň giň maňlaýy, gaba göwüsleri bilen süsňäp bäriligine tarap ugrady.

Men bardygymy bildirmezlik üçin bir gyra çekildim. Aşaklyk bilen daş-töweregime seretdim. Onuň gelip durjak ýerinde maşyn ýok. Men nähak ýere müňkürlik edip ýören bolaýmaýyn diýip, öz-özümden utanýaryn hemem çenimiň çyn bolup çykmandygy üçin begenýärin. Ýöne ol ýoluň bäri ýüzüne geçdem welin, düýnki ak maşyn edil, ýerden çykan ýaly bolup geldi-de, deňinde saklandy duruberdi. Jemalam edil,

nika köşgüniň gapysyny ilkinji gezek açýan ýaş gelin ýaly seýkin basyp bardy-da, çalarak eglip elini gapynyň tutawajyna ýetirdi. Eda bilen çekdi. Açdy. Ululy-kiçili kümüşsow damjalaryň arasy bilen sülmüräp maşynyň içine girdi.

Girenden soň ol sürüji oglan bilen baş atyp salamlaşdymy ýa ýylgyryp şelaýyn gepleşdimi, ony men bilemok, asla bilesimem gelenok, ýöne ýüregimiň suw ýaly eräp, şor gatyşykly süýjümtik yzanyň endamjanyma ýaýrap gidenini, gözümiň öňüniň ümezläp erbet bir entänimi welin bilýän. Şol dem ertirden bäri süňňümi lagşara getiren sowuk damjalaryň her biriniň başymdan gyzgyn gülle bolup ineninem bilýän. Erbet ynjamakdan, kemsinmekden, örtenmekden ýaňa şol wagt men Jemala duşalym bäri ilkinji gezek, söýgi diýlen nägehana nälet okadym. Çünki şo günki ýaly weýran ediji zarbany men entek görmändimem, eşitmändimem. Dili bir zat, göwni bir zat diýýän, beren wadasy bilen edýän hereketleri biri-birine düýbünden ters gelýän nämähremiň ýeňsämden gelip uran urgusy meni erbet entetdi. Ýüregimden bugaryp çykýan gyzgyn söýgimi şeýdip, dört tigirli araba çalyşjakdygyny bilen bolsam, men onuň golaýyna bir bararmydym? Kalbymyň töründen ýer berermidim? Ýok, ol dogrudan-da Güljemal däl. Ol Jemal. Onda-da erbet Jemal.

Aram-aram aýalym bilen bolýan sene-meneleri hasap etmeseň, han ýaly günüm bardy, öz peýwagtyma işlärdim, ýazardym, ýatan wagtym ýatyp, turasym gelen wagty turardym. Söýgüsiz geçip barýanam bolsam dünýäde menden dertsiz adam ýokdy. Ýüregim öz ýerindedi, beýnim öz maýdalyna işläp durdy. Şol beýniniň, şol ýüregiň içindäki inçejik gandamarjykdan syzyp ýagşu-ýaman, eser yzyna eser döräp durdy. Zähmetini men çeksemem rehnetini il-gün görýärdi. Şol günki waka çenlem elim işläp durdy, söýgi bolsa goltgy berýärdi, ýöne şondan soň meniň öňümde söýginiň başga bir ejirli tarapy açyldy. Özem duýdansyz açyldy. Jemalyň hut özi sebäpli açyldy. Şondan soň heserden başga ne eser, ne ogul, ne gyz, ne öý, hiç kim, hiç zat gözüme görünmedi. Men bir gezip ýören dälä, diwana öwrüldim. Sergezdan boldum. Barja baýlygyny elinden aldyran täjire döndüm. Gedaý galdym. Iň ýamanam bir başyňy sokanyňdan soň, ol bazardan çykyp bolmaýan ekeni. Özüň çyksaňam göwnüň çykmaýan ekeni. Ýene bir bilen zadym o-da, aýalgyz diýleni öz magşugynyň duýgularyny oýnamakdan lezzet alýan ekeni. Özi zerarly seniň hasrat çekişiňe begenýän ekeni. Şol sebäpli ol o

zatlary käte keýpine-de gurnaýan ekeni. Bu zatlara men hut şol gün, ýagşyň agyr damjalarynyň aşagynda ýegşerilip gelýärkäm göz ýetirdim. Süýeklerimi süýräp gelşime men şonda: «Eý, Barhudaý-a! Eý, Perwerdigär-ä! Al bu beren derdiňi menden! Başymdan sow! Azat et! Gutar! Öňki erkinligimi gaýdyp ber! Men kyn güne galdym! Waweýla! Wa-hasrat-a! Wa-daryg-a! Bu beren yşgyň meni köýdürdi!» Ýöne ne gökde, ne ýerde, sesimi eşiden bolmady. Derdim ýeňlemedi. Dep bolmady. Gaýtam güýjerledi.

Men şol ýerden göni öýe gitmelidim. Eşiklerimi çalyşmalydym. Ýöne, aýaklarymyň nädip eltenini bilemok, bir görsem işleýän edaramyň gapysynda durun.

Ýüzümi-gözümi erbet gördülermi ýa süllümmaý bolup durşumdan haýykdylarmy, maňa gözleri düşenden işdeş ýoldaşlarym: «Näme boldy-da, näme boldy» diýşip daşymdan aýlanyşdylar. Öýe gidip eşiklerimi çalşyp gelmegimi maslahat berdiler. Ýöne beýder ýaly birinjiden-ä mende ol wagt gurbat ýokdy, ikinjidenem çaltrak jaň et-de, Jemala iň soňky sözüňi aýt diýip, ýüregim agzymdan çykara gelip barýardy. Hatda aýtjak sözlerime çenli beýnimde aýlanyp dur. Has degerli, tüýs baryp ýüregine çümäýjek, degnasyna degäýjek sözleri gözleýän. Iň bolmanda: «Ah, biwepa! Indi bes! Bary gutardy! Men seni öz günäň üstünde tutdum! Gaýdyp meň ýanyma geläýme! Jaň edäýme!» diýerin diýip, içimi gepledýän. Dişlerimi gyjaýan. Soň onam ýumşagrak görýän-de, başga-başga, has tikenekliräk söz agtaryp ugraýan. Ahyram bir netijä gelýän-de, telefony öňüme çekýän, trubkany göterýän, beletje belgilerimi aýlaýan. Öňler şol belgileri uly höwes, uly hyjuw bilen aýlaýardym. Aňyrdan Jemalyň şelaýyn sesiniň eşdilerine sabyrsyzlyk bilen garaşýardym. Bu gezek welin telefonyň çarhy elimde pelegiň çarhyndanam agyr göçýär. Trubka çoýundan ýasalan ýaly goluma agram salyp gaçyp barýar. Ýüregimiň gürsüldisi kükregime at dependenem beter batly degýär. «Ine, trubkany alar welin, ýaňky sözleriň arasyna hapa sözlerdenem goşaýyn» diýip, gus-gury dodaklarymy ondanam beter guran dilim bilen ýalamaga synanyşýan. Soňam: «Aý, ýok, her hal sypaýyçylygy saklamak gerek» diýip, ýene-de özüme basalyk berýän. Ýöne näme üçindir trubkany hiç kim alanok. Bent. Azyrak takat edip ýene-de aýlaýan. Ýene-de bent. Şeýdip tä günortana çenli aýladym oturdym. Emma netije bolmady. Şol çaka çenli şeýle bolan wagty ýokdy, şol gezek welin şeýle boldy. Soňabaka bilgeşleýin alýan däldir,

görenimi görendir-de, ýakymsyz bir zat diýerimden gorkýandyr diýen pikir kelläme gelip hasam darygyp başladym. Ýa üstüne gidäýsemmikäm diýip, ýerimden gobsunan gezeklerimem boldy. Ýöne başarmadym. Beýniň ýadawlygy bir ýana diýsem, ýagşyň ezginçiligi bilen sowugam etjegini edipdir-de, süňňim gowşap, halys ýere siňip barýan. Ýanyma kim gelýä, kim gidýä, kimiň nämesini terjime edip berýän, onam bilemok. Bolup oturyşymdan ýagdaýymy aňandyrlar-da, soňabaka-ha ýanyma hiç kim gelmedem. Geläýenlerem edil dumanyň içinde ýaly gözüme bulaşyk göründi. Göwreleri eýläk-beýläk sozulyp, büzülip dur.

Başlygyň sürüjisi, Jejew atly uzyn, hortap, burunlak, goýnuň kellesine meňzeş, durşuna tüý bolup duran hüýt-gara goturaky ýüzli, pyýada hemişe boş wagtlary ýanyma gelerdi, ýazanyňda gerek bor diýip, geň-enaýy gürrüňjagazlar aýdyp bererdi. Ol şol günem geldi. Gapdalymdaky oturgyçda oturyp bir zatlary gürrüň berdi. Ýöne men onuňam agzynyň gymyldysyny görýän diýäýmesem näme diýýänini aňşyramok. Gulagyma hiç zat eşidilenok. Asyl-ha men şol wagt gapdalymda kimdir biriniň oturmagyny islämok. Sebäbi derdim başga. Iki gözüm-ä telefonda, aňymda bolsa Jemalyň agyr hem sowuk damjalaryň arasy bilen ýat bir maşynyň gapysyndan girip barşy dublýaž edilýän halkaly kino lentasy ýaly birsydyrgyn aýlanyp dur. Jejew welin ol zatlardan bihabar ýüzüni iki baka sypajakladyp, her sözüniň birinde «kikir-kikir» gülüp otyr. Arasynda-da: «Aý, sen-ä meni diňläňogamlaý» diýip, ýalandan öýkelän bolýar, turup gidýär-de, soň ýene-de gelýär. «Ýa bir zat bolýamy how, saňa? Ýaraňokmy? Üstüňem-ä ölmyžžyk. Suwa dagy ýykyldyňmy diýip, hasam ýürege düşýär. Ýüzüme çiňerilip-çiňerilip durýar-da, ýene-de çykyp gidýär.

Günortan boluberende sabyr-kararym halys gutardy. Jemalyň telefonynyň bolsa şol bent bolup durşy. Birdenem: Aý, gel-aý, şoň üstüne gideýin-le, baryp bellisini edeýin-le diýip, ýerimden galdymam, welin, haýsydyr bir güýç egnimden basan ýaly «lampa» aşak oturdym.

Ol gün şeýdip geçdi. Ertesi günortanaralar Jemal meniň gapymda peýda boldy. Ýüzünde welin müýn ýok. Gaýtam ýylgyrýar. «Telefonymyz işlänok, habar tutaýaýyn diýip gaýtdym» diýende dagy gözleriniň jikgelerinden uçgun syçraýa. «Eý, Huda-aý! Beýle-de bir ýüzi göläň hamyndanam gaty, utançsyz maşgala bor ekeni-ow! Gan aglap, aýagyma ýykylmaly, ötünç soramaly halyna gaýtam şelaýynsyran

bolýaň-la how, sen. Asla nä ýüzüňe geldiň sen bu ýere» diýen sözleri ilk-ä içimden, soňam daşymdan aýtdym. – Git! Senlik iş gutardy. Sen sözüňde tapylmadyň! Meni aldadyň! Düýn-öňňinlikde beren wadaňy eýýäm bozduň!» diýen sözleri üstüne goşubam, jaýdan çykyp gitmek üçin uly dabara bilen ýerimden turdum. Ol welin: «Näme edipdirin men beýle agramly sözler aýdaryň ýaly – diýip, şondan soňam mönsürejek bolýa. Iki gözümiň içine seredip: – Bol, aýt, näme edenem bolsam» diýýä. «Aýtsam ýene mündüň sen şol maşyna» diýip, ulyilim bilen gygyrdym. Onuň sesi gyryljak hem ýasama çykdy. «Münemo-ok!» «Mündüň-ň! Onda-da öz aýagyň bilen baryp, gapyny öz eliň açyp keýpihon mündüň. Ol saňa signalam bermedi, düýnki aýdyşyň ýaly öňüňe yzyňa geçip ile masgara-da etmedi. Men öz gözüm bilen gördüm! Edil iki ädim bäri ýanyňda durup seretdim. Şundan soňam «münemok» diýip, ýalan sözlemäne neneň diliň barýa», diýdim.

Şondan soň onuň ýüzi üýtgedi. Ýaňaklary bir gyzardy, bir agardy. Utulanyny boýnuna alaýmakdan başga alajynyň galmandygyna göz ýetirdi. Aşak bakyp durşuna: «Dogry. Mündüm. Ýöne, indi münmen. Şol iň soňky gezek münşüm bolar...» diýdi. «Sen öňňinem şeý diýdiň» diýip, men indi gaharyma bäs gelmek üçin pessaýrak seslendim. «Howwa, şeý diýdim. Ýöne düýn ýagyş ýagdy. Onda-da nähili ýagdy. Gözüňi açar ýaly bolmady. Üstesine sowugam janyňy alyp barýa. Görsem öňümde dur. Öňi-soňy maşyn tutmaly, haýsy bolanda näme diýdim-de, münäýdim. – Jemal halys aljyrady. – Onsoňam näbileýin men seň seredip duranyňy...» Men oňa ýüregimden syzdyryp: «Sen menden gorkma, Hudaýdan gork! Meni aldadygyň şony aldadygyňdyr. Ol bar zady görýändir, bar zady eşidýändir. Belki ertir gar ýa jöwenek ýagar, asmandan buz gaçar, gyzyl ýel ýa harasat gopar, sen onsoň ýene-de münäýjekmi şo maşyna? Söz beren adam asmandan pyşbaga ýagsa-da, kyýamat gopsa-da sözünde durmalydyr. Söz beren adamsy hemişe garap duran ýaly bolmalydyr» diýdim. – Erkin tisgine-tisgine sowuk demini aldy. – Özüň bilýäň, Nepes, maňa ilk-ä geplemek kyn, gepläp başlanymdan soňam saklanmak kyn. Otuz ýaşly gelni otuz minudyň içinde terbielemekçi bolýan ýaly takal okap ýüregine düşdüm. Şonuň üçinem Jemal täzeden tijendi-de: «Köne pikir bolmasana, Erkin, giňräk bolsana, Dünýä birneme giňräk göz aýlasana», diýip, edil başdakysy ýaly batyr bolmasa-da garaz, dogumly gepledi.

Eger-de Jemalyň aýdyşy ýaly, men hakykatdan-da köne pikir bolan bolsadym, onda şol ýeriň özünde onuň özüni gylyçdan geçirerdim. Ýöne keçje ýeri men köne pikirem däl, elimde gylyjymam ýok. Aý, meniň nikalym däl, nätse şeýtsin, maňa namysy düşenok diýip, binamyslyga salyp oturybermäge bolsa ynsabym çatanok. Şonuň üçinem men ýüregimden syzdyryp: «Men seni mähribanym hasaplap ýördüm, öz halalym saýyp, ýiten bagtymyň dolanyp geldigi diýip ýördüm. Emma gör, sen nähili zalym, zulumkeş, doň ýürek ekeniň. Men seniň düýnki gün ir bilen şo maşyna müneniňe bir ölübilmän otyryn, sen bolsaň indi münmen, diýip şu iki günüň içinde gör, näçenji gezek söz berýäň. Näçenji gezek ýüregime pyçak urýaň. Seň bu oýnuňa men mundan artyk çydap biljek däl. Hoş! Sen menden boş» – diýdim-de, gapa tarap ýöneldim. Jemal ýene-de öňümi kesdi. Boýnuny burup gözlerine ýaş aýlady. Bigünä çaganyňky ýaly naýynjar bir owaz bilen: «Ýene bir gezek synap göräý, ertirden aňry men şol maşyna münmen...» diýdi. Meniň welin ony diňläsimem gelmedi. «Münseň mün, münmeseň münme, ol seniň öz işiň. Gara başymy gowgaýa salan özüm, özümem alyp çykaryn.» – diýdim-de, gapyny zarp bilen açdym. Daş çykdym. Çykyşym ýalam ýeňsämden Jemalyň: «Erkin, dur! Gitme! Saklan! Meni diňle...» – diýen sesi geldi. Emma men saklanmadym. Asla ol wagt meni saklap biljek güýjem ýokdy. Men ol wagt ýaýdan sypan peýkamdym, atylan okdum.

Köçä çykyşym ýaly ýüzüme salkyn şemal urdy. Süňňümem ýeňlän ýaly boldy. Iki gün bäri egnimden basyp duran agyr labyr aýryldy.

Men tä, garaňky düşýänçä şäherde aýlandym. Öýlän işe-de barmadym. Köçelerde ykdym ýördüm. Arakdan bir doýaýyn-la diýip, telim naharhananyň gapysyndan bardym. Hiç birine girmänem yzyma döndüm. Aňrym almady. Içesim gelmedi. Çünki arak diýlen närse keýpihonlygyň içgisi. Gaharly wagtyň ol bolmaýar. Köşeşdirmeýär. Gaýtam öjükdirýär.

Ýatar wagta golaýlaberende öýe geldim. Gelşim ýalam ýerime geçdim. Ýatdym. Ýöne uklap bilmedim. Jemal baradaky gümürtik hem garyşyk pikirler rahatlyk bermedi. Gaharym gaçyşdygyça-da ony küýsäp başladym. Nähak azar beren bolaýmaýyn, aralarynda üýtgeşik zat bolan däl bolaýmasyn diýen pikirem öňe çykyp ugrady. Daňdanara çalarak ymyzganypdyryn, ýöne men eýýäm turmalydym, bir käse çaý içibem işe ugramalydym.

...Her gün irden işe gelip penjiräni açyp içerini ýelejiretmek, köçäni synlamak endigim bar. Üstesine Jemalam her gün ir bilen şo köçeden taksili işine geçip gidýär. Men ony köplenç görýärdim we el bulap galýardym. O-da oturan ýerinden maňa tarap aýalaryny gerýär, birenaýy ýylgyrýar. Işine barşy ýalam jaň edip, ýap-ýaňyja meni görendigini buşlaýar. Egerde bir sebäp bilen ol eglense, onda men özüm oňa jaň edip ýap-ýaňyja ony görendigimi buşlaýan.

Düýn iň soňky sözümi aýdyp hemişelik hoşlaşanam bolsam, barybir ýene-de açyk penjireden köçä seredip durun. Şol ýerde Jemaly görmek üçin däl-de, köçäni synlamak üçin durandygyma öz-özümi ynandyrjak bolýan. Düýnki sözlerimden soň indi onuň nämeli geçende-de özüme dahylynyň ýokdugyna garamazdan, bardy-geldi, ol ýene-de şu ýerden geçäýende-de düýnki ak maşyn bilen-ä geçmez, öňküleri ýaly adaty taksili geçer diýip, umyt edýän. Sebäbi ol her niçigem bolsa, näçenji gezegem bolsa söz beripdi ahyry...

...Emma ýene-de bolmady. Ol ýene-de şol, meni otlara salan ak maşynda geçdi. Yzky oturgyçda otyr. Penjiräniň deňine gelendenem bärisine bakdy. Ýöne: «Erkin, sen meni bagyşla, men şundan aýrylybilemok, meni şunuň bilen baglanyşdyrýan zat sende ýok» diýýän ýaly diýseň, naýynjar bakdy. Deňimden geçensoňam menden gözüni aýrybilmän, gaňryla-gaňryla, yzyna garaý-garaý gitdi. Ýüzi-gözem öňküsi ýaly dabaraly däl. Sus. Reňki öçük. Ölügsi. Ýene-de erbet boldum. Ynjadym. Ýene-de ýüregim sançdy. Hälem bolsa: «Seň ne işiň. Düýn özüň rugsadyny berdiň, kimiňkä münseň şonuňka mün, sen indi menden boş, diýdiň, ahyry, diýen pikir kelläme geldi-de, kalbymdaky howsalany az-kem köşeşdiräýdi. Ýüregimem giňän ýaly boldy. Penjiräniň agzyndan aýrylyp ýerime geçdim. Jemal yzly-yzyna jaň etdi. Jogap bermedim. Trubkany taşladym durdum. Ol agşamlyk öýe barşym ýaly, bolýan kwartirama hem jaň etdi. Trubkany taşlamazlygymy, özüni diňlemekligimi haýyş etdi. Men jogap bermän köp durdum. Aýdýan sözleriniň tüýs ýüreginden çykýandygyna ynansamam yzly-yzyna uran urgularyny birbada bagyşlap bilmedim. Şonuň üçinem sesimi çykarmadym. Ol bolsa: «Erkin! Men bilýän! Şu gün irden ýene şol maşynda geçenimi göreniňi bilýän. Ýöne diňle! Trubkany goýma, diňle-de, soň nätseň şeýt. Şu gün men şol maşyna iň soňky sözümi aýtmak üçin, hasaplaşmak üçin mündim. Maňa muny şeýtmek gerekdi. Men muny saňa görmedik bolsaňam aýtjakdym... galanynam özüň bil. Men

seniň öňüňde päk. Şol oglan bilen aramyzda hiç zat bolanok... Kelle ýeňillik edendigim üçin bagyşla» diýip, yzly-yzyna suňşurdy.

Könekі, yşgy dessanlardaky ýa nusgawy edebiýatlardaky: «Aşygyň bolmazmyş namysy-ary...», «...Namysdan – ardan aýryldym...» diýen ýaly goşgulara men baryp-ha ýaşlyk döwürlerimden bäri geň galýardym, hiý, arsyz, namyssyzam bir aşyklyk bormy, beýle-de bir söýgi bormy, namysdan, ardan aýyrjak bolsa ol kime gerek, nämä gerek diýip, oýlanýardym. Emma şol çyn ekeni. Magşugy özüni hernäçe ynjytsa-da, sähelçe wagtdan soň aşyk ony bagyşlara bahana, günäsini ötere delil gözläp başlaýan ekeni. Sebäbi şolar ýaly dartgynly ýagdaý adamyň beýnisini erbet ýadadýar, magşugy özünden ýüz döndermese, köňül mülküni bütünleý taşlap gitmese, galan azaplaryna kaýyl bolýar ekeni.

Men muňa öz mysalymda göz ýetirdim.

Şonuň üçinem ysgynsyz ses bilen: «Bolýa» – diýdim-de, trubkany goýdum. Şolar ýaly çylşyrymly wakanyň, gazaply tersleşigiň oňyn tarapa ugur alandygy üçin begendim.

Soň-soňlar, özüniň ak ýürekden boýun almagyna görä, deňizli gürrüňem, «ak maşynly» wakanam Jemal özi bilen deňze gitmändigim, täze işe girenimden soň «merkeze» gyzynyň yzyndan bile gatnamamy goýandygym sebäpli meni jezalandyrmak üçin, gabandyrmak üçin bilgeşleýin ara sokupdyr. Hamala şol gezek deňizli gürrüňi eşidip men ot kimin tutaşmaly, onuň bilen bile gitmändigime puşman etmeli, örtenmeli, köýmeli, dagy-duwara ýeke goýbermejekdigime ant içip awy ýalamaly ekenim. Emma men oňa kän pitiwa etmändirin we ýene bir wakanyň «ak maşynly» dawanyň ýüze çykmagyna sebäp bolupdyryn. Ana, şonda welin onuň pikiriçe diňe bir deňizde däl, şäheriň içinde-de bir pursat aýrylmaklygyň iňňän howply ýagdaýlaryň üstünden eltip biljekdigine ymykly göz ýetirmeli ekenim. Üstesine-de onuň düşünişine görä erkek adam aýal maşgalany näçe köp gabansa şonça-da oňa bolan söýgüsi güýçlenýärmişin, öňküsindenem has gowy görýärmişin, has ysnyşýarmyşyn, has golaýlaşýarmyşyn.

Ýöne onuň ol pelsepesi ýalňyş bolup çykdy. Adam gabansa, söýgüsi artanok ekeni-de, derdi artýan ekeni. Derdinişere adam bolmasa welin, ol hasam kyn ýagdaýa düşýän ekeni.

Meniňkem şeýle boldy. Çünki ol wagt sen eýýäm ýokduň. Angliýa gidipdiň. Telefonda bolsa o zatlary aýdyp bilmeýärdim.

Her niçik hem bolsa biz, şol gezeg-ä ylalaşdyk. Düşünişdik. Ýaraşdyk. Ýene-de öňkümiz ýaly ir ertir, giç agşam işden öýe, öýdenem işe bileje gatnap başladyk... Ýöne, men indi onuň bilen öňküm ýaly diňe ony gowy görýändigim üçin däl-de, gabanýandygym üçin bile gatnaýardym. Meniň indi ony ýekeje minudam gözümden sypdyrasym gelmeýärdi.

– Nätdi, Jemal şondan soň bir sözünde durdumy? Şol ak maşyna münmesini goýdumy? – diýip, men Erkinden soradym.

– Howwa, sözünde durdy, münmesini goýdy – diýip, ol meniň şol sowalyma birneme begenýän ýaly, gollaryny galkyjakladyp göçgünli gürledi. – Ýöne, men welin täze tapynan keselimden aýňalyp bilmedim. Şeýtan barybir meni günüme goýmady. Göwnümiň gümany aýrylmady. Şondan soň meni: Ol indi şol maşyna menden ogrynça münýän bolaýmasyn. Hylwat bir ýerde duşuşýan bolaýmasyn, deňizde duşan gurpluja ýigidem aram-aram Aşgabada gelip duşuşyp gidýän bolaýmasyn diýen ýaly iňkislerem biynjalyk edip ugrady. Beýläme öwrüldigim biri elimden alyp gidäýjek ýaly boldy durdy. Kem-kemdenem gümanym güýçlenip, terslin-oňlyn teýeneler bilen Jemala azar berip başladym. Ynjytdym. Hususan-da jaň eden wagtym Jemal iş ýerinde ýa öýünde tapylmasa, «şolaryň» biri bilen gidendir diýen «was-wasa» düşýärdim-de, ylgap köçä çykýardym we iki ýana hars urup başlaýardym, geçäýjek ýerlerini hatda geçmejek çatryklaryna çenli garawullaýardym, ötýän-geçýän maşynlaryň içine, esasanam belgilerine içgin-içgin seredýärdim. Şol ak maşynyň beýnimde möhür bolup galan belgilerini gözleýärin. Soňabaka maşynlaryň belgileri kelläme sygman, gulaklarymyň, burunlarymyň deşikleriniň içinden çoguşyp çykýardylar-da paýraşyp dökülýärdiler. Gägirsem agzymdan maşynlaryň belgileri terslin-oňlyn çykýardylar. Gözlerimiň öňüni bolsa ümezden ýaňa çal perde gaplap alýardy. Maşynlar seýregräk geçse-hä ne ýagşy, onda men olardan baş çykaryp bilýärdim, hümerlenişip gelseler welin ünsümem, hasabymam bozulýar, asla şol ýerde näme üçin näme işläp durandygymam unudýan. Şonuň üçinem, sähelçe aýňalan wagtym, maşynlaryň birinem sypdyrmazlyk üçin köçäniň ortarasyna girip gidýärdim we ýol hereketini kellämiň içindäki bulaşyk pikirlerdenem beter bulaşdyrýardym. Kimdir biri golumdan çekip bir gyra çykarýança ümüriň içinde galan ýaly ellerimi öňe serip aňalyp durýardym. Käte emgegi ýerine düşýärdi. Ýagny, men ony nätanyş biriniň ulagynda

görýärdim. Ine, şunda welin Jemalyň başyndan kyýamat gopýardy. Maşyn eýesiniň kimdigini bilmesem-ä asylam mazam bolmazdy. Şonuň üçinem, men her gezek onuň münen maşynynyň belgisini hut şol ýeriň özünde ýazyp alýardym. Ýanymda ýazara zadym bolmasa çöpjagaz, sim ýa gyýçak daşyň ujy bilen asfaltyň ýüzüne, trotuara ýazýardym. Golaýda jaý bolup, äpişgesem çaňjaryp duran bolsa-ha hasam gowy. Onda baraga-da tozanyň üstünden barmagyňy ýöredäýmeli.

Şeýtmesem ýadymdan çykaraýmagym mümkin. Şol bir belgili maşyna ikinji gezek münenini gördügimem hut dälireýän. Gaýtalanýan belgiler köplenç onuň kursdaşy, mekdepdeşi, tanşy ýa garyndaşy, käte bolsa tötänden ikinji gezek duşýan kireýkeş bolup çykýar. Şolar ýalyda Jemal gör, indi näçenji gezekdir halys janyndan syzdyryp: «Sen meni yzarlamaňy goýjakmy ýa ýok? Beýdip ýöreriň ýaly men näme jelepmi? Ynanmaýan bolsaň bar, git, gelme ýanyma! » diýip gygyrýardy. Şonda men azajyk haýykýardym. Bolup ýörşümiň hakykatdan-da sag adamyň etjek hereketleri däldiginem duýýardym, ýöne, barybir endigimden el çekip bilmeýärdim. Her gezek şowsuz tamamlanýan hem bolsa, men özümiň şolar ýaly «aňtawçylyk» kärimi dowam etdirýärdim. Jemalyň nirededigini, nirä gidendigini bilmek üçin dürli usullar ulanýardym, dürli tärler agtarýardym, dürli emelleri oýlap tapýardym. Muny soňabaka Jemalyň özem aňdy we maňa: «Jenap aňtawçy» diýip, at goýdy. Has soňrak bolsa «Däli» diýen ady dakdy. Onuň ilkinji dakan adyny men has ýerlikli we hakykata has golaý hasap edýärin. Çünki men islendik wagty onuň oslanmadyk ýerinden çykýardym. Soňabaka gabanjaňlyk meni şeýle bir eýerläp mündi welin, ýeke bir duýdurman däl, eýsem duýduryp giden gezeklerem oňa betgümanlyk edýärdim we sözüniň çyndygyny ýa ýalandygyny ýerinde barlamak üçin şo-ol, ýagyşly gün edişim ýaly iki ýana urnup başlaýardym garaba-gara yzyna düşüp gidýän gezeklerim bolýardy. Şeýdip ýörşüme birdenem aýňalýardym-da, bolup ýörşümden utanyp yzyma öwrülýärdim. Ýöne barybir ynjalyp bilmeýärdim we ýene-de öňki ugruma bakan haýdap başlaýardym. Säginip ýitiren wagtymyň öwezini dolmak üçin ylgaşlaýardym. Tapmasam, nirä, näme iş bilen, kim bilen gidendigini anyklamasam kararym ýetmeýärdi. Bukdaklap ýörkäm Jemalyň üstüme gelýän wagtlaram bolýardy. Şonda ol: «Hä-ä, tapdyňmy? Tutduňmy? Biri bilen çörňeşip ýatan ekenimmi? – diýip, gyjalat berýärdi. Yzyndanam: – Erkin, beýdip ýörme, menden ýaňa arkaýyn bol, aýal adam niýetini ýamana dikse hiç kim saklap

bilmez, ýöne beýtme, menem gynama, özüňem gynama, men seni gowy gördüm, şonuň üçinem köňlümi berdim, eger-de, islän bolsam saňa görä has ýaşragyny, has gurpluragynam tapyp bilerdim, emma men şol zatlary etmedim-ä... Iň bolmanda oturyp şu zatlar barada bir oýlanmaly ekeniň-ä...» diýip, garaçyny bilen zeýrenýärdi. Şolar ýalyda meniň oňa nebsim agyrýardy. Şeýlekin namart hem ejiz hereketlerim bilen bir naçar görgülini şonça ezýetlere sezewar edýändigim üçin öz-özümi ýigrenýärdim. Başga-da kän zatlaryň üstünde kelle döwýärdim. Gaýdyp şolar ýaly esassyz gümanlar bilen Jemalyň göwnüne degmezligi özüme pent edýärdim. Emma barybir bolanokdy. Sähelçe wagt geçensoň men ýene-de oňa betgümanlyk edip başlaýardym. Soňabaka-ha ol endik meniň dogabitdi häsiýetime öwrüldi. Ömürýoldaş boldy. Gel, gowusy men şo zatlary saňa birin-birin gürrüň bereýin-le... Içimi egiseýin-le...– Erkin ýörite turup gidip sowutgyçdan sowuk suw içip geldi-de, gürrüňini dowam etdirdi. – Mysal üçin, bir gezek ol jaň edip öz jorasy, edaranyň işgärler bölüminiň başlygy Döndiniň doglan gününi bellemek üçin günortanky arakesme wagty gyzlar bilen «Aşgabat» kafesine gidýändiklerini aýtdy. Näçede gelersiňiz, diýsem: «Üçlere dagy geleris» diýdi. Arakesme bolsa ikide gutarýar. Bar, bir sagady az görüp, ýene bir sagat rugsat alandyrlar diýeli, ýöne jaň edýän welin, ol dördüň ýarynda-da ýerine gelmedi. Ine, oda-köze düşüp, ýerimden «hüwläp» galybermek üçin maňa şonuň özi ýeterlik. Dessine aňymda «ak maşyn» sport eşikli ýigidiň keşbi, haýsydyr bir hylwat jaýy, ýumşak düşek, ýalaňaç göwreler gaýmalaklaşyp başlady. Ganym gaýnady. Baryp beýnime urdy. Ýürek bolsa gürsüldäp agzymdan çykyp barýar. Şol kadda ýetenimden soň hiç kim meni saklap bilmeýä. Şol pursat men hökman Jemalyň gözlegine çykaýmaly. Tapsamam çykaýmaly, tapmasamam çykaýmaly. Tapmajakdygyma gözüm ýetip duranam bolsa çykaýmaly. Başga alaç ýok. Çykmasam ýüregim ýarylyp janymyň «takga» çykaýmagy mümkin. Onsoňam ak maşynly ýigit däl-de, deňizde hossar çykan, Jemalyň özüniň agzyny suwjardyp aýdyşy ýaly, gözi asman ýaly göm-gök ýigidiň gelen bolaýmagam mümkin.

Eger-de ol barjak ýerlerini dogry salgy beren bolsa, onda o zatlaryň magadyna ýetmek meniň üçin müşgül däl. «Aşgabat» seýilgähi alys ýa meniň tapman duran ýerimem däl. Çykaga-da maşyn tutsam aňyrsy on minutdan men şol ýerde bolýan.

Ýöne şoňa gidendikleri çyn bolup, özem bir söý bilen gabat geläýse welin, Jemal menden erbet gaty görer. Öýkelär. Her gezek şolar ýalyda bolşy ýaly özümem oňaýsyz ýagdaýa düşerin. Şonuň üçinem gitmeli däl-de, jaň edip Döndiniňem ýerindedigini ýa däldigini bilmeli. Eger-de o-da ýerinde ýok bolsa, onda Jemalyň hakykatdan-da şolar bilen gidendigi çyn bolýa. Ýerinde bolsa welin, aldapsyň diýip, Jemalyň ýakasyndan alaýmaly. Şol edarada işläp gaýdandygym üçin, işgärler bölüminiň başlygy Döndiniň telefon belgisini bolsa ýatdanam bilýän.

Birinji jaňymy hiç kim almady. Diýmek, Döndi ýerinde ýok. Muňa meniň ýüregim az-kem köşeşdi. Süňňüme rahatlyk aralaşdy. Ara salym bermän Jemala-da jaň etdim. O-da ýok. Ikisem ýok. Diýmek, Jemalyňky dogry bolmaly. Ýöne entek gutarnykly ynjalara esas ýok. Döndiniň belgisini üçünji gezek aýlanymda trubkany bir aýal maşgala aldy. Ýöne sesinden Döndi däldigini aňdym. Şonuň üçinem: Bölümiň başlygy ýokmuka, diýip soran boldum. «Ýok, ol-a ýok», diýen jogaby eşidenimdenem gepiň gerdişine görä diýen ýaly, haçan gelerkä diýdim. «Bilmedim-dä. Gelmeli öz-ä basym...» diýdiler. Ýene-de Jemala jaň etdim. Onuňam işdeş ýoldaşlary: «Ýok, ýöne basym gelmeli» diýip jogap berdiler. Dek oturmaga welin kararym ýetenok. Şo-ol, gezekleşdirip jaň edip gidip otyryn. Ahyram bizar bolandyrlar-da: «Siz kim? Işgärler bölüminiň başlygy size näme üçin gerek, belki biz bitirip bereris şonluk işiňiz bolsa» diýdiler. «Ýok, ýok, maňa onuň özi gerekdi, özem howlukmajrak gerekdi-dä... Soňrak ýene habar tutaýaryn, bimaza edendigim üçin bagyşlaweriň» diýdim. Soňky gezek jaň edenimde Döndiniň özi aldy. «Sizmi meni gözleýän» diýdi. Men sesimi çykarmadym-da, trubkany goýdum. Ur-tutam Jemala jaň etdim. Aldy! Ýerinde! Gelipdir! O-da gelipdir, bu-da gelipdir! Diýmek, ol meni aldamandyr. Men nähak ýere betgümanlyk edipdirin. Gowuja oturandyrlar-da, Jemalyň sesi hem çasly, hem şadyýan çykdy: «Nädip bildiň gelenimi? Ýa antennaň bamy? Hä...?» «Aý, ýok, joralarym bilen gidýän diýeňsoň arkaýyn otyryn men-ä..» diýdim. Hernäçe arkaýynsyrasamam içki howsalamy sesimden aňan bor-a çemeli, «Bilýän men seň nähili oturanyňy» diýip, jykyr-jykyr güldi.

Şeýdip, şol günki harasat sag-aman sowuldy. Ýöne şolar ýaly waka soňam bir gezek bolup geçdi.

Baýramçylykmydy ýa ýene biriniň doglan günümidi, garaz, Jemal şol gezegem arakesme wagty işdeş joralary bilen şäher kafeleriniň birine

oturmaga gitdi. Haýsy kafede oturjakdyklarynam aýtdy. Ýöne bu gezek aralarynda Döndi ýok. Öňki usuly ulanyp boljak däl. Gelenini gelmänini diňe öz iş ýerine jaň edip bilmek mümkin. El telefony diýlen zat bolsa, ol wagt ýokdy. Bolsa-da, iki-ýeke edara başlyklarynda bolaýmagy ahmal.

Şol gezek men ony sagat dört bolandan soňam jaň edip ýerinde tapyp bilmedim.

Ýene-de howsala basmarlap başlady. Girip-çykyp, oturyp-turup kararym ýetmedi. Ahyram işden ýarym sagat rugsat aldym-da, maşyn tutup eňdim, Jemalyň salgy beren kafesine tarap. O-da gaty bir daş ýer däl, bäş minutda bardym. Girdim. Eý, Huda-aý! Biri: «Ine, kafe şü...» diýäýmese onuň kafediginem biler ýaly däl. Asyl, hiç zat görnenok. Tüm garaňky. Gözüm öwrenişýänçä esli wagt geçdi. Oňa çenlem akja fartukly, goňur eşikli hyzmatçy gyzlaryň biri gelip edepli salamlaşdy-da, sen-men ýok, golumdan tutup töre tarap alyp ugrady. «Siz ýekemi? Ýa ýene biri gelmelimi? Eýle bolsa men sizi pynhanrak ýerde oturdaýyn...» diýýän sözleri gulagyma gelýär. «Munyňyz näme üçin beýle garaňky» diýip soraýaryn. «Garaňkylyk aşyk-magşuklar üçin. Esasanam del gözden güýdüşýänler üçin». Hyzmatkär gyzyň bu sözi maňa edil jazaýrynyň oky ýaly bolup eşidilýär. Sebäbi, meniň beýnimde eýýäm: «Ähä, diýmek Jemalam bu ýere göze güýdüşip, magşugy bilen gelen bolmaly» diýen pikir at salýar. Çünki daş-töwerekde oturşygyň şowhuny ýok. Her kim bir burçda biri-biriniň goltugyna gysylşyp oturan bolmaly. Jemalyňam meniň beýdip, garaňkynyň içinde süssenekläp ýörşümi garaňkylyga çümen çünkleriň birinden synlap üstümden gülüp oturan bolmagam, meniň öňümde-de, ýanyndakynyň öňünde-de syrynyň açylaryndan gorkup, özüni aklara ýalan söz agtaryp aljyrap oturan bolmagam ahmal. Meniň eşidişime görä, özüni oňarýan gelinler bu wagt bir oýnaş bilen oňmaýarmyşynlar, azyndan üç kişini dagy barmaklarynyň ujunda pyrlaýarmyşynlar. Şeýtmek olar üçin has amatly hem düşewüntlimişin. Birine bir gymmat bahaly sowgat aldyryp, beýlekilere-de: şuny özüm satyn aldym, çykdajymy çekiş diýip, mugt ýerden üç esse dagy peýda gazanýarlarmyşyn. Hatda birinden göwreli bolup aýyrtmak üçin üçüsine-de ekledip ýa pul töledip ýörenlerem barmyşyn. Meni sada saýyp ýa has söýýänligimden peýdalanyp Jemalam şeýdip ýören bolaýmasyn? Şu hili oý-pikirlere gümra bolup ýörşüme zalyň içini telim gezek dagy ters aýlandym. Hyzmatkär gyzam

amatlyrak ýer gözleýändirin öýdüp gapdalymdan aýrylanok. Bir zatlar diýýär, ýöne indi meniň gulagyma ses ilenok.

Her niçik hem bolsa, men öňürti janymy barlap görmelidim. Şonuň üçinem: «Dogrudanam bu ýere diňe aşyk-magşuklar gelýämi, köpçülik bolup gelýän, oturşyk gurnaýanlar ýokmy» diýip, hyzmatkär gyzdan soradym. «Näme üçin ýok. Bar – diýip, hyzmatkär gyz ilgezik jogap berdi. – Ine ýap-ýaňyja-da on-onki sany gyz-gelin oturyp gitdi.» Ol şeý diýenden dünýäm giňän ýaly boldy. Indi maňa diňe şolaryň Jemal dagydygyny ýa däldigini anyklamak galypdy. Ýöne, men gyssanjyma: Olar kimlerdiler, niräniň gyz-gelinleridi, diýmäne derek haçan gitdiler diýip, sorapdyryn. Hyzmatkär gyz diňe şondan soň meniň aljyraňňylygymy aňan ýaly ýüzüme üşerilip seretdi-de: «Ýaňyja. Gidenlerine bolsa on bäş-ýigrimi minut bolandyr. Honha, entek oturan ýerlerinem doly ýygnap ýetişenoklar» diýdi. Oňa çenli gözümem garaňka biraz öwrenişdi. Hyzmatkär gyzyň salgy beren tarapynda hakykatdanam iki sany ýaş gyz biri-birine ýanalyp hatara goýlan üç-dört sany stoluň üstüni ýygnaşdyryp ýördiler. Bu näme sorag baryny ýagdyryp dur, diýip iňkise gitmezi ýaly men hyzmatkär gyzyň golundan tutdum-da, hoşamaýlyk bilen: «Siz meni bagyşlaň şolar pylan edaraň işgärlermidi – diýip soradym. – «Howwa» diýen jogaby eşidenimden soňam» – Men ýörite şolary gözläp geldim. Çünki birden ýetmäýse dagy yzymyzdan pul elteweri diýip, menden haýyş edipdiler. Menem ýalňyşyp, başga kafelere baryp eglenäýipdirin. Men olar bilen bile işleýän – diýdim. Soňam: – Ýogsa-da olar bergidar bolup gidäýen-ä däldirler?» diýip, jübülerimi sermeleşdirip başladym. «Ýok, ýok, bergidar bolanoklar, doly hasaplaşdylar» diýip, hyzmatkär gyz howlukmaç gepledi.

Men uludan demimi aldym-da, ol gyz bilen hoşlaşdym. Ýene bir gezek ötünç soradym. Ony gujaklap bagryma basaýmakdan zordan saklanybam daş çykdym.

Indi maňa ot-elek bolup gözländigimi Jemala bildirmezlik galypdy. Şonuň üçinem dessine maşyn tutdum-da, işime bardym. Ýöne ýetişmedim. Men barýançam Jemal eýýäm üç gezek dagy jaň edip meni soran ekeni. Şunça boýun almajagam bolsam ol özüni yzarlandygymy aňdy. «Beýdip ýörme, däli! Aňtawçy! Ynanaý...» diýip, zarynlady. Bor diýdim. Ýöne gabanjaňlyk juda erjel kesel ekeni. Bir ýapyşansoň aňsat

aýrylmaýan ekeni. Muňa men şondan soň bir aý geçip geçmänkä ýene bir gezek göz ýetirdim.

Şol gün ol joralary bilen arakesme wagty oturmanamy ýa bir zat almanamy şäheriň iň uly söwda merkezleriniň biri bolan «Ýimpaşa» gidýändiklerini aýtdy. Ýene-de göwnümde güman döredi. Şol ýere diýip başga bir ýere gidýän bolaýmasyn diýen iňkis ýene-de meni günüme goýmady. Şeýtan: «Bar, bar, barla, anygyna ýet, ýüregiňe sowuk suw ursaň gowy bor» diýip, böwrüme dürtdi durdy. Özem öňkülerim ýaly soňuna-da garaşmadym-da, hakykatdanam şol ýere gidýälermi ýa ýok, göz ýetirmek üçin olardan öňürti baryp «Yimpaşyň» gapysyny garawullamaga durdum. Diýen wagty boldam welin, Jemal joralary bilen şol ýerde peýda boldy. Men ýoluň o ýüzünde durdum. Özümem görünmezlik üçin ownukly-irili agaçlara, duralgalaryň sütünlerine, öten-geçenlere bukulýaryn. Aldamandygyna gözüm ýetenden soň-a öz-özümden utanmakdan ýaňa girere deşik tapmadym. Elewräp ýörşüme bir saga gidýän, bir çepe, bir öňe ýöreýän, bir yza. Ahyram «Yimpaşyň» çat maňlaýyndaky duralga bardym-da, çem gelen awtobusa münüp yzyma gaýtdym.

Ýöne hernäçe sap atsamam men Jemalyň synçy nazaryndan sypyp bilmändirin. Nädip gördi, nirede gördi, bilemok, ýöne görüpdir. Özem iki gezek görüpdir. Bir-ä taksili gidip barýanymy, birem ýoluň o ýüzünde iki ýana okkesdirme geçýänimi görüpdir. Ol munam maňa edil öňki gezekkisi ýaly, öýlänara jaň edip aýtdy. «Bes edäý indi senem şo gylygyňy. «Was-waslygyňy» goýaý. Hernäçe ylgasaňam hiç zat tapmarsyň. Sebäbi seň gözleýän zadyň ýok» diýdi. Men welin barybir köşeşip bilmedim. «Münmesin-ä münýänsiň welin, ýöne şol öňküje ak maşynamy ýa başga bir «inomarkamy» men ana, şony bilmeli» diýip, içimi gepletdim.

Şonuň üçinem bir gün agşamaralar ötügiň agzyny alyp oturmaly, diýen netijä geldim. Çünki öň bir gezek gorkan adam indi öňküsi ýaly zompa çykaga-da, öýüniň deňinde münmezem, o töwereklerde düşmezem. Ol ep-esli geçibem ýa esli aralyk ýetmänem düşüp biler. Ýöne, nirede düşse-de, nireden münse-de hökman şol ötügiň aşagyndan geçäýmeli. Geçerlerem welin, ötügiň üsti bilen ylgaşlap gidäge-de, yzlaryndan baraýmaly. Jemal nirede düşse-de «şapladyp» tutaýmaly. Ötükden çykan ýeriňdäki çatrygy sazlaýjy çyra şol wagt gyzyl ýansa-ha Hudaýyň berdigi. Ine, şeýdip Jemalyň ýene şol ak maşynda geçendigini

görsem, alasarmyk pikirlerimi öz-özüme aýdyňlaşdyryp bersem, ony nähak ýere gabanmaýandygymy, hiç zat ýok ýerden beýdip oda-köze düşüp ýörmeýändigimi, bir zadyň bardygyny hakykatdan-da süňňümiň syzandygyy onuň hakykatdan-da biwepadygyny subut edip bersem bolany!

Ine, hut şu hili oý-pikirler bilenem men bir gün agşam sagat alty boluberende çykdym-da, ötügiň biz tarapky agzyna baryp oturdym. Ondan ötýän sansyz maşynlaryň hususan-da ak maşynlaryň belgilerine seredip başladym. Bir wagt çatrykda bolşy ýaly bu-da meni basym ýadatdy. Ilki iki gözüm, soň beýnim ýadady. Göwräme gowuşgynsyzlyk aralaşdy. Ýöne öz ornumy taşlap gitmek barada welin, pikirem edemok. Çünki iňňän uzaga çeken we bizar-peteňimi çykaran alasarmyk pikirleriň soňuna hut şol gün nokat goýmalydym. Günüň ýaşmagy, iňrik garalmagy bilen ýagdaýym hasam kynlaşdy. Maşynlaryň çyralarynyň başga reňkini, ne kysmyny saýgarmak mümkin bolmady. Diňe yzky belgisini görüp galýaryn. Onuňam birine ýetişsem bäşisine ýetişemok. Bir sekunt ünsümi sowsam görmän galaýjak ýaly alakjap durun. Birdenem: Jemalyň indi ol «ak maşyna» däl-de, başga bir maşyna münýän bolmagam, aýnalarynyň bolsa garaňkyradylan ýa tutuly bolmagam ahmal ahyry diýen oý kelläme geldi. Eger-de şeýle bolsa onda o ýerde ömrüm ötýänçä oturanymdanam peýda bolmajakdygy görnüp dur.

Soňabaka ünsümem, göreçlerimem halys durdy. Beýnim doňdy. Aňym küteldi. Aklym işlemejek boldy. Şolar ýalyda meni diňe maşynlaryň gürrüldisi, signal sesleri gapdalymdan eýläk-beýläk geçýän pyýadalaryň gohlary, galmagallary özüme getirýär. Sähelçe aýňaldygymam küýümi köçä berip, synymy dowam etdirýän. Ýa duşumdan geçiräýdimmikäm diýen howsala hasam howumy basýar. Gözleýänime meňzeş maşyn gözüme kaklyşdygam beýnim sarsyp gidýär. Zöwwe ýerimden turýan-da, boýnumy süýndürip eýýämhaçan ötügiň içine girip barýan maşynyň yzyndan aňalyp galýan.

Şeýdip otyrkam ýeňsämden: «Erkin!..» diýen aýal sesi, eşidildi. Öwrülip seretsem Jemal! Zübeýdanyň elinden tutup, ýylgyryp dur. Maňa nebsiagyryjylykly äheňde seredip başyny ýaýkaýar. «Däli diýseň, däli-laý sen... – diýende birhili gözlerine çyg çaýylan ýaly boldy. Birdenem gülüp goýberdi. – Şu ýerdedigiňi bildim-ä men. Ho-ol, duralgada

awtobusa müneli diýip durkak göräýdim. Onsoň hem seni göreris, hemem pyaýada ýöräp aýagymyzy ýazarys diýip, gaýdyberdik».

Ilk-ä men öňümde duranyň dogrudan-da Jemaldygyna ynanmajak boldum. Birdenem başymdan tupan sowlan ýaly uludan demimi aldym. Gümanymyň ýalan çykandygy üçin begenmekden ýaňa beýnimiň içi ýagtylyp gitdi. Kalbymdaky kebir baglap duran kir-kimirleriň barysy birden aýryldy. Betgümanlyk edip goý, men günä gazanan bolaýyn, o dünýedemi ýa bu dünýedemi goý, men jeza çekeýin, esasy zat, şonuň düýbünde esas bolmazlygy, Jemalyň bigünä bolup çykmagy, onuň dowzahdan ýulunmagy.

Bir zatdan erbetlige garaşyp otyrkaň netijesi gowy bolup çyksa adam pahyr özüni edil, alty aýyň hassaçylygyndan halas bolan dek ýeňil duýýan ekeni. Şol dem şeýle bir begendim, şeýle bir şatlykly duýgulary başdan geçirdim welin, men ony saňa söz bilen beýan edip biljek däl, Nepes. Hamala ýap-ýaňyja-da ýanar oduň içinde ekenim-de indem gülgüzarlygyň arasynda duran ýaly. Dowzahdan alnyp behişde oklanan ýaly diýsemem gelişmän durmaz. Gurşun ýaly agyr, gurşup duran bedenim bir demde ýumşady. Ýüregim joşup, kalbym heýjana geldi. Şol wagt dünýede menden bagtly adam ýokdur diýsem ýalançy bolman. Ajy hem goňras, goýy tüsseden ýaňa ala-burugsy bolup duran kalbyma ýagtylyk çaýyldy. Beýnim ýüpek ýaglyk bilen arassalanan tylla käse deý tämizlendi.

Men olary ugratdym. Ötügiň üstündäki çatlym-çatlym bolup ýatan demir ýol şahalaryndan ötdük we Jemal bilen «sirkden» gaýdyşyn ýöreýän ýolumyza düşdük. Içine girip ogşaşýan gädigimiziň deňinden geçdik. Hemişekije hoşlaşýan ýerimize gelenimizdenem, häliden bäri meniň «was-waslygymyň» üstünden gülüp gelýän Jemal aýak çekdi-de, ýuwaşlyk bilen: «Sen indi galaý, däli» – diýdi. Soňam birenaýy ýylgyrdy. – Aý, ýok, sen düzeljek däl. – Birdenem uludan demini alyp ahmyrly seslendi. – Baryna özüm günäkär. Barysy meniň öz kelesaňlygymdan. Ýöne indi ynanarça wagt boldy ahyry... Telim ýyl geçdi ahyry...»

Şeýdip, ol gitdi. Men galdym. Ýöne yzyma dönmedim. Yzlaryndan garap durdum. Jemal iki tarapam bag bilen bürelgi garaňky ýanýoda bilen gyzjagazynyň elinden tutup barýar. Ýanýodanyň aňrybaşy ýagty bolansoň olar aňyrsynda yşyk görünýän ullakan turbanyň içi bilen ýöräp barýan ýaly. Şol yşyk olaryň ikisinem gara siluet edip görkezýär.

Daşlaşdyklarysaýy siluetleriň ikisem kiçelýär. Baglar şemalyň ugruna şahalaryny ýaýan wagty trotuaryň ýüzi edil, kümüş apbasy sepilen ýaly tegelek ýagty tegmillerden dolýar. Ýöne, gara asfalt özüniň ol baýlygyny uzak saklap bilenok. Indiki öwsen ýel olary «şowurdadyp» syryp alýar-da äkidip ho-ol aňyrlarda bir ýere «şagyrdadyp» dökýär.

Ine-de, Jemalyň berdaşly göwresi kiçele-kiçele sapagyna ökde okuwçynyň ak kagyz üzre goýan ýüzlenme belgisine, Zübeýdanyňky bolsa kiçijik nokada öwrüldi. Şondan soň olar «turbadan» çykyp saga öwrüldiler. Şol ýerde Jemalyň öýi bar. Ýöne ol öýüne barmazdan öň, çörek we beýleki gerekli zatlaryny almak üçin çep tarapdaky azyk dükanyna sowlar. Soň baryp, bakjadan kiçi gyzyny alar.

Şondan soň menem yzyma dolandym. Şol bir bagtyýarlygym bilenem öýe geldim. Ýolboýy aýagym ýere degmedi. Göwräm edil guş ýaly ýeňil gopdy. Arasynda uçan bolaýmagymam ahmal. Ýöne, dördünji gata çykyp, gapynyň tutawajyna elimi ýetirdimem welin: «Ahow, onuň seni şol ýerden gördük diýýän duralgasyndan meniň ýaňky oturan ýerim görünmeli däl-ä... – diýen pikir bir ýerlerden ýel ýaly «şuwlap» gelip kelläme doldy. – Ol meniň oturan ýerime çenli kimdir biriniň maşynynda gelip, meni görendenem düşendir, maşynam yzyna ugradandyr... Ahmal... Ýöne muny barlap görmek gerek... aldan bolsa ertire-de goýman, häziriň özünde jaň edip ýalanyny ýüzüne basmak gerek...».

Aň ýene-de bulaşdy. «Şuwlap» gelen tupana öwrüldi. Kalbymy howsala gaplady. Ýürek urmasyny güýçlendirdi. Sançdy. Myjady. Dessine elimi tutawaçdan aýyrdym-da, ýapyrylyp aşak eňdim. Basgançaklar bilen ylgaşlap bir demde aşak düşdüm. Jemalyň diýýän duralgasyna bardym. Şol ýerden özümiň ýap-ýaňyja oturyp geçýän maşynlary synlan ýerime seretdim. Aý, ýok, görnenok! Hatda çala-çula-da görnenok! Düýbünden görnenok. Iň bärkisi ötügiň özem görnenok. Jemalyň sözüniň çyn bolup çykmagyny isläp, duralgadan ötüge çenli ep-esli süýşübem görýän. Barybir bolanok!.. Diýmek, aldapdyr. Ýalan sözläpdir. Bu gezegem menden ökdelik bilen sypypdyr...

Hernäçe çemelensemem, agşamlyk jaň edip bilmedim. Sebäbi men şol gün öýdedim. Goh edip çagalarymyň arasynda masgara bolarymdan çekindim. Bolýan kwartirama bolsa gidesim gelmedi. Uzynly gijäni gorsanyp geçirdim. Ertesi irden işe baranymdan soň işine jaň etdim. Agşamdan bäri göwnümde dykyn bolup duran gümany öňüne dökdüm.

Haýygar öýtdim. «Nädip, bildiň» – diýip, meniň bilgirligime haýran galar öýtdüm. Ol welin turuwbaşdan üstüme hüjüm edip başlady. «Iň, bolmanda özüňe haýpyň gelsin, Erkin! Goý, şo gylygyňy. Agşamky bolup durşuň hiç diýsem indikiň näme? Görünýä... Görnenok. Görünse görünsin, görünmese görünmän geçsin. Bar, aňyrdan görnenokmyşyn, üstüňe baransoň näme? Bar, men duralgadan gördük, diýenmişim-dä, diýemde näme? Hiý, beýle-de bir jikme-jik sözme-söz, ädimme-ädim yzarlap ýörmek bolarmy? – diýip, gygyrdy. Soňam azajyk dymdy-da, öňküsindenem beter azmly gepledi. – Beýdip ýörşüňe ahyr bir gün bir ýerde ölüp galarsyň...»

Bir zatlar diýjek boldum, ýöne sesim içimden çykmady. Çyksa-da sapagyny bişirmän gelendigi üçin mugallymynyň öňünde özüni aklamakçy bolýan okuwçynyňky ýaly naýynjar hem ynamsyz çykdy. Şonda men nalajedeýinligim üçin özümi ýene bir gezek ýigrendim. Has dözümliräk gepläýin-le, özüm hüjüm edeýin-le diýen niýet bilen sesime ýaňadandan bat berdim welin, öňküçe-de bolmady. Ertire çyksam bolýa, ýüregini ýararyn diýip, uzynly gijäni ýolbars ýaly arlap geçiren adam, ine, indi elim trubkaly ezilen towuk ýaly süllerip otyryn. Agzyma ýeke agyzam söz gelenok. Jemal bolsa henizem azgyrylyp gidip otyr: «Bir wagt bolan zady şeýdip, ömürlik baýdak edinjek ýörjekmi? Erkek diýeniň mert bolmazmy? Ýarynyň ýagşysyny ýaýyp, ýamanyny bukmazmy? Onsoňam men-ä bir ýaş maşgala tejribäm az, ýalňyşmaga-da, goýberen ýalňyşymy düzetmäge-de hakym bar. A sen näme? Sen ýaşyny alan adam ahyry. Durmuş tejribäňem meňkiden köp. Özüňem şahyr. Ile-güne akyl berip ýörsüň. Onsoňam bilip goý, başga biri bilen baş goşjak bolsam men ony senden bukulyp etmen, göni ederin. Gönem aýdaryn. Bu barada ikimiz başda gepleşipdik ahyry. Ýöne beýdip günüň-gününe yzarlap, hiç zat ýok ýerden iňirdäp bizar edip ýörjek bolsaň welin, men dogrudanam uzak çydaman...»

Şeý diýibem trubkany goýdy. Men aňalyp galdym. Hatda wagty bilen trubkany ýerinde goýmanam unudypdyryn. Üstüne küpürsemeli halyma gaýtam özümiň gep eşidendigimi hiç içime sygdyryp bilemok. Täzeden jaň edip, täze güýç bilen üstüne gygyrmaga bolsa gaýratym çatanok. Has takygy esas ýok. Tutaryk ýok. Düýbi boş salgym. Şonuň üçinem gürläbilemok. Agzyma söz gelenok. Dogrudanam, şol duralgadan ötük görnenok diýip ony ogry tutunmak akylly-başly adamyň etjek işi däl ahyry.

Edil şolar ýaly dara-direlige dirän wagty men dogrusy aklyma gelýänem. Bolup ýörşümiň telekdigine-de düşünýän. Tä täzeden ýaraşýançak mumly ýüplüge dönýän, ugruny tapjak bolup üzeňňisinden üç geçýän, niçikmi, ýaraşyp öňkimiz ýaly gatnaşyp ugraýasam welin, ýene-de bir ýerden şol, alasarmyk pikirler peýda bolýa-da, gidiberýän Şeýtanyň görkezen ugruna tarap.

Howa, şol gezegem öýkesini ýazýançam görgimi gördüm. Gaýdyp betgümanlyk etmejekdigime söz beribem ýaraşdym. Ýöne soň bir gün ýene-de Şeýtan üstün çykdy.

Dogry, men ony edil öňkim ýaly ertir, giç agşam ýa günüň-gününe bolmasa-da maý tapdygymdan «merkeze-de, işine-de, öýüne-de äkidip getirýärdim. Ýöne arasynda işden sypybilmän ýa başga bir sebäp bilen ugradyp bilmeýän waglarym welin, ynjalyp bilmeýärdim. Şolar ýalyda bir gün howsalam has artdy-da, işiň gutarmagyna ýarym sagat galanda, ýagny, Jemalyň gyzynyň yzyndan gidýän wagtyny peýläp, «merkeze» bakan eňdim. Barjagymy welin duýduramok. Sebäbi, men ony «güpbasdy» etmeli. Duýman durka üstüni basmaly. Tutmaly. Çünki, Şeýtanyň kalbyma salan howsalasyna görä, men ýok wagtym ony ýa-ha şo-ol, ak maşynly ýigit, ýa-da başga biri «merkeze» gatnadýan bolmalydy.

Gyş aýlary bolansoň, barýançam garaňky mazaly gatlyşdy. Men indi Jemal çagasyny alyp çykan wagty görmez ýaly bukyrak ýerde durmalydym. Çünki meni görse ol münýän maşynyna münmez. Ony bir yşarat bilen ugradar. Şonuň üçinem bukurak ýer gözläp başladym welin, haýsy ýerde dursam göwnüme Jemal göräýjek ýaly bolup dur. Şüý-ä garaňkyrak ýer ekeni-ow diýip barýaň welin, ýagtylýa gidiberýä. Ondan oňa ylgaşlap ýörşüme köpçüligiň gözüne düşerimdenem çekinýän. Sebäbi, «merkez» gelim-gidimli ýer. Özem dört gatly ýaşaýyş jaýynyň teýzemininde ýerleşensoň daş-töwerek durşuna göz. Üstesine üç-dört sany täjirçilik dükanjyklaram teýzeminiň girelgesiniň çat maňlaýynda ýerleşýär-de, gaýda-gaýmalaşygyň yzy üzülenok. Jaý günbatara bakyp dur. Uly köçe onuň arka ýüzünde.

Ata-eneler çagalaryny teýzeminden basgançaklar boýunça ýokaryk alyp çykýarlar-da, köplenç çepe sowulýarlar we jaýyň düýbi bilen gyrmyldaşyp, maşyn tutmak üçin gündogardan günbatara tarap uzap gidýän uly köçä çykýarlar. Çagalarynyň yzyndan öz ulaglary bilen gelýänlerem maşynlaryny şol ýerde goýýarlar. Çykyp saga sowulýan az.

Öň köp gatnandygym sebäpli bu zatlara men belet. Şonuň üçinem, ilki sag tarapda, «merkezli» jaýa ýanaşyk duran başga bir jaýyň burçunda durdum. Şeýtsem Jemal çykyşy ýaly çepe sowlar, menem garba-gara yzyna düşerin, şeýdibem tutaryn diýdim. Ýöne o duran ýerimem göwnüme jaý bolmady. Çünki basgançakdan çykyşy ýaly Jemalyň birdenkä saga seredäýmegem ahmal ahyry. Gabat garşysynda dursaňam... Onda-ha hökman görer. Çep tarapda durmak barada-ha pikirem etmeli däl. Mahlasy haýsy ýere barsam beýleki bir ýer has ähtibarlyrak ýaly bolup dur. Şeýdip, iki baka elewräp ýörkämem ata-eneler çykyşyp ugradylar. Muny görüp men hasam aljyradym. Olaryň käbirleriniň maňa tarap geňgalyjylykly nazar bilen seredýändiklerini bilýän. Käbirleri bolsa ep-esli ýere çenli maňa tarap gaňryla-gaňryla gidýär, ýanyndaka bir zatlar diýýär, soň o-da öwrülip maňa seredýär, birdenem olar çalt-çaltdan ýöräp başlaýarlar.

Başga biri bolsa «Bu nädip ýör» diýýän ýaly gorkuly nazaryny maňa dikip, üşerilip durýar. Birdenem bir zat ýadyna düşen ýaly o-da çagasynyň elinden tutup ýaňkylaryň yzy bilen ýola bakan haýdap başlaýar. Hä diýmän Jemalyňam çykmagy mümkin. Şonuň üçinem ylgaşlap gitdim-de, ata-eneleriň çykýan gapylarynyň gabat garşysyndaky çal reňkli demir garažyň aňyrsyna geçdim. Ol ýerde dursam, Jemal meni görmez, ýöne, menem ony görmen. Men bolsam ony görmeli, yzarlamaly, haýsy maşyna münýä, kimiň maşynyna münýä, bilmeli, soň subut eder ýaly maşynynyň nomerini, kysmyny reňkini belläp almaly. Şol sebäpden men islesem-islemesem ol ýerden çykmaly boldum. Ýöne çykaryma mähetdel bir jyrk sary, saçy-sakgaly ösgün, syh-syh murtlary agzynyň üstünden sallanyşyp duran orta ýaşlaryndaky ors adamsy ylgaşlap geldi-de: «Hä-ä... Ýene geldiňmi? Ýene bir zat gerek boldumy? Arak puluň gutardymy?..» diýip, tutdy ýakamdan. Südürledibem bukymdan çykardy. Meniň bolsa iki gözüm çykalgada. Jemal çykaýmasyn, göräýmesin, diýip, gara janym galanok. Emma içiňi ýakaýyn diýen ýaly ol edil şol wagt çykdam, meni gördem, tanadam. Gönem bize tarap gaýtdy. Gelşi ýalam ors adamsyndan azm bilen: «Dawaňyz näme?» – diýip, sorady. Soň nazaryny maňa dikdi. – Näme boldy?»

Görüp otursam, ýaňky adam garažyň eýesi ekeni. Dek-düýnüň özünde-de onuň garažyny açyp, içindäki gorluk şaýlaryny alyp gidipdirler. Ol menem şol niýet bilen «köw-söw» edip ýören ogrularyň

biridir öýdüpdir. Jemal oňa: «Bu siziň diýjek adamyňyz däl» – diýdi-de, elimden tutup idirdedip ugrady. Ýola çykyp maşyn tutýançak sesini çykarmady. Ýolboýam sesini çykarmady. Ötükden ötüp öýüne golaýlaberimizde welin, henizem nazaryny öňe dikip, ýüzüni aktam edip oturşyna sowuklaç, ýuwaş, ýöne, pert-pert gepledi. «Däli bolsaňam, sag bolsaňam, Ştirlis ýa doktor Zorge bolsaňam seniň bu tükeniksiz betgümançylyklaryňdan ýadadym – diýdi. – Mundan artyk çydap biljek däl. Bar, men bir gezek ýalňyşypdyryn, ters hereket edip seniň ýüregiňi çişiripdirin diýeli, ýöne o zatlar birmahallar duşdan geçdi ahyry. Onsoňam bagyşladyňmy – bagyşla! Bagyşlap bileňokmy – hoşlaş! Özüňem horlama, menem...»

Ýerden ses çykdy, menden çykmady. Hatda «bagyşla» diýmäne-de bognum ysmady, ýöne näçenji gezekdigini Hudaý bilsin, gaýdyp şular ýaly hereket etmäýin diýip, öz-özüme söz welin berdim.

Birnäçe wagtlap öz pendime wepaly bolup gezdimem. Ýöne nätjek, gün kän, aý kän, wagt geçip dur, Şeýtanam hernäçe kowsaňam ara-çola gelip senden habar tutup dur, kem-kemdenem beýniňe ymykly aralaşýa, kalbyňa howsala salýa, gümanyňy artdyrýa, özüne çekýä, ahyram alyp ýatýa. Şeýdibem, derdiňi täzeleýä. Aldap ýörenini bilýänimi bir bildireýin şuňa dünýeden bihabar salpygulakdyr öýtmesin, diýen pikirem meni golumdan tutup köçä çykarýa, tur, bar, barla, diýip, ýeňsämden itekleýä.

Şol gün men işine ony jaň edip ýerinden tapybilmedim. «Ýaraman öýüne gitdi» diýdiler. Ýöne beýle bolsa ol meni «was-wasdan» goramak üçin aňryujy ýagdaý bolsa nirä gitjegini aýdyp gider ahyry. Jaň edip öýüne gidýändigini duýdurardy ahyry. Göwnüme güman gelmez ýaly ederdi. Şeýle-de bolsa giňlige salyp öýüne jaň edýän. Hiç kim alanok. Öwran-öwran edýän. Ýok! Diýmek, öýünde-de ýok.

Birdenem şol bir lenç bolan pikir kelläme doldy-da, beýnimiň içi tozap gitdi. Damarlarda ganym at salyp başlady. Ýürek atygsap agzymdan çykara geldi. Aňymda bolsa edil kompýuteriň ekranyndaky ýaly aýdyň ýazgylar peýda boldy. «Gidendir. Biri bilen gidendir. Işdenem ýaramok bahanasy bilen rugsat alandyr-da gidendir. Özem ony şu gezek alyp giden «ak maşyn» däl-de, deňizdäki duşan adamydyr, ol Aşgabada komandorowka gelendir. Şu gezek men ony günäsiniň üstünde tutaryn we biwepalygyny subut ederin. Onuň üçinem öňürti öýüni barlamaly. Gapysyny kakmaly, goňşularyndan sorag-ideg etmeli.

Sebäbi, onuň biri bilen öýüne girip, gapynam içinden temmeläp oturan bolmagy, jaňlara jogap bermeýän bolmagy mümkin.

Gitdim. Öýüne barýançam içimi it ýyrtdy. Taksiçi näçe gaty sürse-de, tizligi gözüme az göründi. Öýüniň deňine baranymdanam maşyndan atylyp çykdym-da, eňdim gapylaryna tarap. Tomus aýlary bolansoň aşaky gatda ýaşaýanlaryň köpüsi daşarda, gapylarynyň agzyndaky agaç sekiniň üstünde çaý içişip otyrlar. Dynç alyp ýatanlaram bar. Görsem... Görsem Jemalam eýwandaky sekiniň üstünde birenaýy bolupjyk uklap ýatyr. Ýüzi maňa tarap. Maňlaýy burçak-burçak der. Egninde öýde geýýän ýaşyl halady. Ujy towarlanyp duran gara saçlary bir ýerlerden gelýän asuda şemalyň ýelginine kä ol ýaňagynyň kä bu ýaňagynyň üstünde towsaklaýar, oýun edýär, boýnuna çolaşýar, haladyň giň ýakasyndan girip, göwsüniň görünýänje ýerlerini gyjyklaýar, birdenem bir ýere çogdamlanýar-da, tutuş ýüzüne çaýylýar, ýukajyk gara perde bolup jemalyny örtýär, maňlaýyndaky dere ýelmeşýär.

Ýene-de meniňki gury güman bolup çykdy. Ýene-de begendim. Bir demde bar dertden aman boldum. Açylyşdym. Ýüregim joşup: «Wah, bolup ýatyşjygyňa döneýin, mähribanym, men bolsam sen hakda gör nämeler pikir edipdirin, bu ýerde ýatyşyňa içki jaýdaky telefonyň jaňyny eşitmersiň ahyry... Wah, men guraýyn...» diýip, pyşyrdanymam bilmän galypdyryn. Bir görsem biri gapdalymda somalyp dur. Bir zatlar diýýänem ýaly. Seretsem hälki münüp gelen maşynymyň sürüjisi. «Agam, bizem keýpine şeýdip ýöremzok, şojagaz arabaň üstünden gün görýäs... çaga ekleýäs... Daşyňyzdan seretseň-ä medeniýetli adam ýaly... Beýdip gaçyp ýörşüňiz bolsa...» diýýändigini dodaklarynyň gymyldysyndan aňdym. Diýmek, men onuň bilen hasaplaşman gaýdypdyryn. Näçedigini bilemok, jübümden çykaryp pul berdim. Ötünjem soradym. Puly bermelisinden artygrak beren bolsam gerek, sürüji görgüli esli ýere barýança götinjekläp, alkyş aýdyp gitdi. Ol gidenden soň alnymda ýatanyň hakykatdan-da şoldugyna ýene bir gezek göz ýetirmek üçin Jemalyň ýüzüne seretdim. Özem köp seretdim. Doýmanlar, ganmanlar seretdim. Seretdigimçe-de seredesim geldi. Men entegem oňa seretjek durjakdym, ýöne töwerek-daşdan çekindim. Onsoňam tebigatyň kanunyna laýyklykda, ýüzüne seredip köp dursaň uklap ýatan adam nazaryňy duýýar we oýanýar. Munuň şeýledigine özümem birnäçe gezek göz ýetirdim. Şoňa görä şol wagt Jemalyňam ýalpa gözüni açaga-da: «Wiý, bu senmidiň?» diýip, ýerinden turmagy,

meniň o ýerde näme işläp ýörenimi soramagy ahmaldy. Şeýle bolsa men ýene-de kyn ýagdaýa düşerdim we aljyrardym. Jemal meniň ýene-de özüni aňtap gelenimi aňardy, gaharlanardy. Iň bolmanda gaty görerdi. Öýkelärdi.

Ýöne bagtyma ol oýanmady. Netijede men käýinçden gutuldym. Ýöne şol günüň agşamy telefon arkaly gürleşenimizde ol: «Şu gün, düýşümde biri uzak wagtlap ýüzüme seredip durdy. Menem: «Näme beýdip jiňkerilip dursuň, bar, ýok bol, git!» diýýän welin, piňine-de däl. Öz-ä tanyş ýüze-de meňzeýän ýaly. Golaýda bir ýerde senem-ä bar ýalydyň...» diýdi. Soňam ýaraman gaýdanyny duýdurmandygy üçin ötünç sorady. Aýtmagyna görä, günortandan soň onuň birdenkä gan basyşy galypdyr. Ýüregi bulanypdyr, ýüzi aktam bolup ysgyndan gaçypdyr. Işdeş ýoldaşlary «Tiz kömegi» çagyraly diýseler etmändir. «Öýe bir baraýyn, onsoň görübirin» diýipdir-de, rugsat alyp göni öýüne gaýdypdyr. Derman içibem ýatypdyr. Maňa habar edere dagy ýagdaýam bolmandyr.

Elbetde, şol hereketim üçin men şol gezegem öz ýanymdan erbet utandym. Jemalyň oýanmanyna, barlamaga baranymy bilmänine müňde bir şükür etdim. Gel, şundan soň bir goýaýyn şu häsiýetimi diýip, gör indi näçenji gezekdir, öz-özüme söz berdim. Ýöne ikimi ýa üç hepde geçenden soň, ýene bir gezek şolar ýaly güne düşdüm.

Şol günem çäş wagtlary jaň etdi-de, garyndaşlarynyň biriniň hudaýýoly edýändigini, arakesme-de şoňa baryp gaýtmaly boljakdygyny aýtdy. Men: «Bolýa, olar ýaly bolsa göni birde ýola çyk, men maşyn tutup bararynam, äkiderinem, getirerinem diýdim. Ol: «Ýok, ýok, gerek däl» – diýip,  kes-kelläm garşy çykdy. – Men uýam bilen gidýän. Ol adamsynyň gulluk maşyny bilen yzymdan gelýä...» Men howsala düşüp başladym: «Haçan gelersiň?» «Üçüň ýaryna» diýip, ol birhili sesini pessaýladyp, ynamsyzrak jogap berdi. Bu meniň howsalamy hasam artdyrdy. Ýöne razylaşaýmakdan başga alaç galmady. Üçüň ýary bolandanam jaň edip ugradym. Ýok. Gelenok. Tä dördüň ýaryna çenli aýladym oturdym. Onda-da ýok. Şondan soň ýene-de kellämde: «Biri bilen duşuşyga gidendir, özem ol haýsydyr bir ötermen, howlukmaç adam bolmaly, özem myhmanhanadan otag alandyr-da, Jemalam şol ýere äkidendir».

Şu oýlara gümra bolup oturşyma dörde golaýladam welin, özi jaň edäýdi. Sesi dury. Şadyýan. Badyhowa. «Hä-ä awuň oňan bolaýsa

gerek» diýip, içimden gyjynýan. Onuň ýap-ýaňyja-da arassa otagyň içinde arassa düşekleriň üstünde kimdir biri bilen dalaş gurandygy gara zülplerini onuň ýüzüne dökendigi, döşüne gysmyljyrandygy, süýjüden-süýji sözler aýdyşandygy göz öňüme gelende namysdan ýaňa ýarylyp öläýjek bolýan. Ýöne gepläp bilemok. Näme diýjegimi, haýsy sözi gepbaşy etjegimi, nämäni tutaryk edinjegimi bilmän kösenýän. Ol bolsa meniň içki harasadymdan bihabar yzyny üzmän gürläp dur. Hudaýýola ejesiniňem barandygyny, şonuň üçinem köpräk oturmaly bolandygyny, eger-de telefon erkek adamlaryň oturan jaýynda bolmadyk bolsady, onda jaň edip, eglenmeli boljakdygyny maňa hökman duýdurjak ekendigini, gaýdyşyn ejesi bilen taksili gaýdandygyny, puly ejesiniň töländigini, şeýlelikde, iki ýüzüne-de mugt gidip gelendigini uly joşgun bilen gürrüň berýär.

Göwnünde güman bolup, onam aýdybilmese, üstesine-de aýdara tutarygy, subutnamasy bolmasa, adam pahyr gaty kyn güne galar ekeni. «Barmagymyň ujunda aýlap ýörin welin, syrtam duýanok» diýmesin, iň bolmanda aýdyp bir galaýyn, näme edip ýörenini bilýänimi bir bilsin, diýen şo-ol köne düşünje-de bir tarapdan böwrümi gyjyklap dur.

Umuman, şol günem şol düşünje alyp ýatdy. Ökde çykdy. Gümanymy aýtdym. Eşitjek geplerimi eşitdim. Ol telim günläp gepleşmän gezdi. Soňam garagym akan ýaly özüm ýaraşmaly boldum. Şol gezek onuň hakykatdanam hudaýýola gidendigine meni aldamandygyna bolsa men bir ýol bilen, biraz soňrak göz ýetirdim... – Erkin sözüne dyngy berdi-de, uludan demini aldy. – Munça bolanyna görä, men saňa Jemal bilen aramyzda bolan çaknyşyklaryň ýene birini aýdyp bereýin, Nepes. Şonuň bilenem boldum edeýin. Ýogsam senem ýadatdym.

– Ýok, ýok, men asla ýadamok. Aýdyber. Aýtsaň derdiň ýeňlär – diýip, men howlukmaç gepledim. Çünki men hakykatdan-da ýadamandym. Gürrüň bolsa gyzyklydy. Täsirlidi.

– Aýtsam... şol çaknyşyk ähli çaknyşyklaryň iň ulusymyka diýýän... – diýip, Erkin gözlerini süzgekledip oturşyna sözüni dowam etdirdi. Günlerde bir gün Jemal jaýyny remont etdirmekçidigini aýtdy. Hem ökde, hem arzanrak ussa tapyp bermegimi haýyş etdi. Bir kärine ökde tanyş ussam bardy. Şoňa diýdim, o-da iki sanysyny tapdy, şeýdibem üç bolup işläp bşladylar. Olar meniň çakymdanam has amatly, oýlap tapyjy

bolup çykdylar. Öň Jemalyň iki gapysy bardy. Biri içki, umumy girelge tarapda, beýlekisi eýwan tarapda.

Ussalar umumy girelge tarapdaky gapyny aýyrdylarda, ýerine kerpiç ördüler. Ýapdylar. Ortarada somalyp duran hajathanan-a ýapylan gapynyň ýerine aşhananam eýwana geçirdiler welin, bir otagly jaý gözümiziň öňünde iki otagly jaýa öwrüldi duruberdi. Üstesine hersi ýüz dollarlyk iki sany demir gapylaryňam birini satyn almasyz boldy. Muňa Jemal diýseň begendi, mendenem, ussalardanam köp-köp hoşal boldy.

Iş şeýdip, öz maýdalyna gidip barýardy. Birdenem ýoldaşlary bilen sözi azaşdymy, ýa başga bir zada kejirligi tutudumy, meniň tanşym dik duran ýerinden gurallaryny ýere taşlady-da, eşiklerini çalşyp zut gitdi. Meniň «höre-köşäme dagy gulagam asmady. Galan iki ussa ertesi oňa derek başga birini tapyp getirdiler. Ony men turuwbaşdan halamadym. Ýaşlygyna garamazdan ýüzi-gözi arakhora, neşekeşe meňzeýärdi. Goturaky, pis açan ýerlerem bardy. Irden içmän, işe başlap bilmeýärdi. Iň ýamanam köp zadyny öňküdenem has arzan etdirmek üçin, Jemal göwnüme bolmasa onuň bilen süwümsiz sözleşýän, ýeňles hereketler edip daşynda pyrlanýan ýaly göründi. Her sözüniň birinde-de: «Dogoworimsýa da? Dogoworimsýa da?..» diýip, ýüzüne ýyljyraklap bakdy. Ussa-da aşak seredip, uýaljyrap durşuna: «Da, da, dogoworimsýa...» diýip, oňaýsyz gürledi. Çym-gyzyl bolup, Jemal näme diýse, garşylyk görkezmedi. Islendik nyrhy bilen razylaşdy.

Gepiň gysgasy Jemal ony şeýle bir «eýledi» welin, meniň pikirimçe şol wagt sen şu jaýy mugt remont etmeli diýse-de ol ýigidiň ýok», diýmäge gurbaty çatmaly däldi.

Soňabaka-ha ol jadylanan dek Jemal näme diýse-de iýmçi ýaby ýaly aşak bakyp durdy. Onuň bu bolşy Jemalyň hoşuna geldi. Guşy uçdy. Her sözüniň birinde jak-jak edip güldi, ussany aýasyna alandygyna begendi. Men bolsam onuň şeýdip, ömründe ilkinji gezek görýän adamsy bilen «hikirdeşip» durşuna bir ölübilemok. Gyjalat berýän ýaly käte bir maňa tarap gözüniň gytagyny aýlap goýberende dagy baraga-da, ýüzi kessir ýelmäýesim gelýär. Ýöne, edibilýän alajym ýok. Aýtmasyz bir zat aýdaýmaýyn diýip, dilimi dişläp durun. Bir günem günortan arakesmä gelip şol ussa bilen kilçildeşip duran wagty Jemaldan juda gaty gördüm-de, sessiz-üýnsiz çykyp gitdim. Ýolboýam gaýdyp şuň gapysyndan garamaýyn diýip, öz-özüme pent etdim. Öýe barşym ýaly: «Şundan şu ýana göreniň-eşideniň şol gotur ussa bolar, gaýdyp meni görmersiň,

sesimi eşitmersiň» diýip, jaň etmekligi ýüregime düwdüm. Ýöne öýe golaýlaşdygymsaýy badym gaçyşdy, diýjek sözlerim aňymdan uçdy. Has beterem onuň ýene-de: «Näme, meniň arzan gürleşenim saňa ýakmadymy? Onda özüň gürleşäýmeli ekeniň-dä!» – diýip, sesiniň ýetdiginden gygyrybererinden çekindim. Çünki ussalary tapyp beren men bolsamam hakyny töleýän onuň özüdi. «Ýa ýene gabanyp başladyňmy? Ýa meni jelepdir öýdýäňmi, öňýeten bilen çörňeşiberer ýaly? Ýa öýüm küntühanadyr öýdýäňmi? Özüň bilen ýatyp-tursam hemmeler bilenem şeýdýändir öýdýäňmi?» – diýäýse dagy bar gitdi! Şol zatlar göz öňüme gelende hasam haýykdym. Garaz, öýe barýançam mazaly sowaşdym. Diwanyň üstünde arkan düşüp didelerimi haşamlanan petige dikip ýatyşyma öz bolup ýörşümi ýene bir gezek aňymdan geçirdim. Tizgaharlygym, müňkürligim üçin özümi ýigrenip başladym. Pikirlerim saýhallanyp, gaharym gaýtgyn berip ugrandanam ýerimden turdum-da, eşiklerimi geýip, Jemallara tarap ýola düşdüm. Hä diýmänem mundan ýarym sagat dagy-duwwara garamy salman diýip gaýdan gapymyň agzynda häzir boldum.

Barsam, Jemal ýok. Ussalary naharlapdyr-da, işe gidipdir. Ussalar işleşip ýörler. Jemal gelýänçä girdim, çykdym, kölegede oturdym, emma janyma jaý tapmadym. Göwnüme ussalaram birhili özara «hikirdeşip» üstümden gülýän ýaly. «Bu adam näme gije-gündiz bu ýerde köwejekläp ýörkä» diýen sözlerin-ä magat eşidäýdimem öýdýän. Ahyram Jemal geldi, meni görüp begendi. Ýöne begenjini bildizmezlik üçin ýüzüni-gözüni zoraýakdan gamaşdyran boldy-da: «Nirä gitdiň ýaňy aýtman, diýmän» – diýip, ýuwaşja seslendi. Men onuň özündenem pessaý gepledim: «Aý, azajyk işim bardy-da, öýe baryp gaýtdym». Aýak üstünde böwrüni diňläp, ussalaryň işini synlap durşuna Jemal kinaýaly ýylgyrdy: «Seň işiň azajyg-a bolmaly däl. Gije-gündiz işläniňde-de gutarmaly däl. Sebäbi, sen döredijilik adamy. Şahyr.» Men entegem onuň aýlawyna düşünmän gönümel jogap berdim: «Şeý diýseňem boljak, ýöne birazrak haýalrak gidýä-de, kän önenok». «Haýal gitse basarak oturyp işlärler. Önmeýän bolsa öndümliräk işlärler. Wagtyňy biderek geçirmezler». Men onuň bu sözüne: «Beýdip meni yzarlap, görenden gabanyp, guýruktutdy oýnap ýörýänçäň-ä öz işiň bilen bol. Ussalar bilenem özüm oňşaryn. Bu ýerde senlik iş ýok» diýdigi diýip düşündim. Baryndan beterem ol muny ussalaryň ýanynda, şolara eşitdirip aýtdy. Olaram hekdir-palçyk çyrşalan ýüzlerini çaňjardyşyp,

ýuwaşlyk bilen «mys-mys» edişdiler, biri-birlerine syrly bakyşdylar welin, şol sözi Jemal özi üçin meni hiç kimdigimi, asla äsgermeýändigini olaryň öňünde ýörite nygtadygydyr diýip düşündim. Dessine-de bir ýerden pukara girrikligim peýda boldy-da: «Bor, gaýdyp gelmäýerin, öýden çykman oturybererin, sen mensiz oňsaň menem sensiz oňaryn» diýmäge hyýallandym. Emma bolmady. Aýtjak sözlerim bokurdagyma tegek boldy duruberdi. Şonuň üçinem aşak bakyp tossarylyp durdum-durdum-da Jemala sag bolam diýmän çaşyşyp ýatan akyr-ukurlaryň arasy bilen gapa tarap süssenekläp ugradym. Çykjak wagtym bosaga büdräp ýüzün ýykyldym. Jemal-a bilemok, ýöne ussalar gülüşdiler. Muňa hasam erbet boldum. Hern-ä bagtyma içi sementli hekmi, gipsmi haltalaryň üstüne gaýtdym-da, hiç zat bolmady. Emedekläp baryp derwezäni açjak wagtym Jemalyň «Aý, oglan, bir ýeriňi agyrdaýan-a dälsiň» diýen sesi eşidildi. Ýöne men oňa üns bermedim. Ýola düşüşim ýalam edil öňküleri dek beýnimde gapma-garşylykly pikirler at salyp başladylar. Bir göwnüm: «Özüňi biderek horlama, beýniňe agram salma barybir ýene iki sagatdan gelersiň, iň bolmanda jaň edersiň» diýse, beýleki göwnüm: «Besdir indi! Terk et, sen şol gapyny! Öňi bilenem özüni terk et! Ondan saňa jepadan başga zat ýok» diýýärdi. Özüm welin olaryň haýsysynyň pendini alyp haýsyny ret etjegimi bilemok. Haýsyna gulak assam, şonuňky dogry ýaly bolup dur. Ýap-ýaňyja-da: gaýdyp gelmen diýen gapyma gelendigim üçin öler ýaly ökünýän. «Aý, ýok, ind-ä barman şundan soň-a şoň ýüzüni görmen, şu gezeg-ä sözümden dänmen» diýip ýene-de içimden öz-özüme söz berýän. Gazabym hetdinden aşyp, ýigrenjim halys içime sygmadyk wagtam dişlerimi gyjap: «Biwepa! Binamys! Biar! Jelep!» diýip, gygyrýan. Ýöne içimden gygyrýan. Ötüge ýetiberenimde welin hamala Jemal: «Men jelep däl» diýip, öňümde özüni aklap duran ýaly säginipdirin-de öňümden salgym atyp gelýän gara tarap barmagymy çommaldyp: «Jelep! Sen jelep! Howwa, jelep!» diýip, daşymdan gygyrypdyryn. Derrewem özüme geldim. Daş töweregime göz aýladym. Görsem bir ötegçi maňa tarap geň galyjylyk bilen seredip dur. Başga-da bir zatlar diýen bolsam gerek, ol durup-durup ýüzüme üşerildi-de, başyny ýaýkap zut gitdi. Çat maňlaýymda duran ýüzi ýygyrt-ýygyrt garaýagyz garryja aýal bolsa kellesini saňňyldadyp durşuna: «Kime diýdiň sen ýaňky sözi? Maňamy? Hä? Bilýaňmi men kim?» – diýip çep elindäki hasasynyň ujuny gözüme sokaýjak boldy. Sag eliniň aýasy bilen

döşündäki çapraz-çaňňa meňzäp duran ordendir-medallaryň üstüne patladyp-patladyp urdy. Oňa näme jogap berenimi bilemok, ýöne bir görsem, ýene-de agyr oý-aladalar astynda ýolumy dowam etdirip barýaryn. Ötügiň üstündäki demir ýoldan geçjek mahalym tas iki ýana gatnap ýören parowozyň aşagyna düşen ekenim. Hälem maşinist uzyn-uzyn signal beräýdi. Zorruk, güýçli sese tisginip gitdim. Başymy galdyrdym. Hytaýdan täze getirilen böwrüne uly harplar bilen „Türkmenistan“ diýlip, ýazylan çal reňkli owadan parowoz burnumy sydyrdyryp geçip gitdi. Maşinist ýumrugyny çenäp bir zatlar diýdi. Geçip gidenden soňam esli ýere barýança kabinadan boýnuny uzadyp haýbat atdy... Meniň welin piňime-de däl. Gözlerimiň öňünde diňe Jemalyň keşbi. Göwnüme bolmasa, ol henizem men barada ýakmaz sözler aýdyp ussalaryň ýanynda gabarylyp duran ýaly. Şol wagtam hälki parowozyň giden tarapyndan, ýöne, beýleki bir liniýadan yzyna onlarça sisternalar tirkelen uzyn eşelon peýda boldy. Hernä men ony wagtynda gördüm. Saklandym. Ol «alaşakyrdy» bolup geldi we esli wagtlap gözlerimiň öňünden «zybyrt-zybyrt» edip geçdi durdy. Iň soňky sisterna geçdem welin başymdan tupan sowlan ýaly boldy. Şondan soň yraň-daraň edip demir ýoldan geçdi. Öýe barýan ýola düşdüm. Beýnimde bolsa henizem uruş gidip dur. Şol bir sahna, şol bir gahrymanlar. Režissýory, tomaşaçysy welin ýeke özüm. Soňabaka beýnim çat açan plastinka ýaly şol bir hereketleri, şol bir sözleri üznüksiz gaýtalap başlady. Ol ýagdaý meni erbet ýadatdy. Göwrämi lagşatdy. Aýakalrymyň ysgynyny aldy.

Özümi zordan öýe atdym. Barşym ýalam eşigim zadym bilen diwana geçdim. Gyşardym. Emma uklap bilmedim. Eýläk bir agdarynýan, beýläk bir agdarynýan, kä arkan ýatýan, kä ýüzün düşýän, barybir ynjalyp bilemok. Uklamak hakda-ha gürrüňem ýok. Dogry, ukym gelýä, ýöne uklap bilemok. Gözüm ýumlanok. Ýumuldygam elleri laý bedreli ussalar gözlerimiň öňünde gaýmalaklaşyp ýörler. Gulagyma gelýänem Jemalyň şol bir bizar-peteňimi çykaran çylkasyz sözleri. Haýsydyr bir güýç bolsa goltugymdan tutup telefona tarap itekleýär. «Tur, bar-da Jemala jaň et» diýýär. Asyl özümiňem gollarymyň şol tarapa uzaýasy gelip dur.

Şeýdip, gije sagat on bire golaýlady. On ikiden işläp ugrady. Birdenem özümden biygtyýar ýerimden turdum-da, entirekläp telefona tarap ýöneldim. Diýmek, ýa-ha pikir ede-ede ýene-de özümiňkini ters

tapypdyryn, ýa-da Jemalsyz oňup bilmejekdigimi gutarnykly boýnuma alypdyryn. Jaň edip, Jemal bilen iki agyz gürleşibildigim süňňümiň ýeňläp, göwrümimiň bir demde giňäp gitjekdigine bolsa söz ýok.

Kwartiramda bolsam men Jemal bilen islendik wagt gürleşip bilýän. Ýöne öýde beýle däl. Onda Aýlarhanyň ynjamagy, çagalaryň gaty görmegi mümkin. Şonuň üçinem pişik basyşyny edip, telefonyň asylgy duran ýerine – girelgä bardym-da, assyrynlyk bilen töweregime göz aýladym. Oglum-a ortaky jaýda çagalary bilen çanak antenna arkaly telewizorda haýsydyr bir daşary ýurt kinosyny görüp otyr. Aýlarhan balkonly jaýda özi üçin ýörite satyn alan telewizorynda ýerli gepleşiklere seredip otyr. Gapysam çalaja açyk. Menem ony göremok, o-da meni görenok. Diýmek, Jemal bilen gürleşmäge mümkinçilik bar. Şeýle-de bolsa, ätiýajy elden bermezlik üçin gerek belgilerimi usullyk bilen aýladym. Iki gezek inçeden uzyn ses gitdi. Yzyndanam «şykyrt-şykyrt» boldy-da, «Alýo-o-o...» diýip, erkek adamynyň zorruk sesi eşidildi. Eý, Huda-aý! Jemalyň öýünde erkek adam? Gije sagat on birden soň? Üstesine eýemsiräp telefonam özi alýa. Men bolsam günuzyn pikir ede-ede ony aklap özümi günäkär saýyp otyryn. Diýmek, öňki pikirim dogry ekeni-dä! Asyl hiç haçanam ýalňyşman ekenim-dä! Onuň düzüw maşgala däldigi dogry ekeni-dä! Şeýle bolmasa, hiý, gije sagat on ikiden işläp ýörkä-de bir dul gelniň öýünden erkek adamynyň sesi eşidilermi? Bu akyla sygjak zat däl ahyry. Ýene-de beýnim gaýnap, ýüregim atygsap başlady. Eýsem, ol kim bolup bilerkä? Kim bor öýdýäň, şoldur! Şol gotur ussadyr! Jemal onuň bilen ýöne ýere «jirkildeşen» däldir. Häziriň özünde şo tarapa eňmek gerek. Ony günäsiniň üstünde tutmak, aýbyny «bazyrdadyp» ýüzüne basmak gerek. Ine, şondan soň welin Jemalyň meniň öňümde gepläre ýüzi bolmaz. Özüni aklap ýa üstüme hüjüm edip bilmez. Ömürlik lal açar. «Doňzy batgada bas» diýipdirler. Nikasyzam bolsa, baş goşan maşgalamy öz aýalym hökmünde görýändigimi, özgäniň eli degen güni el çekmäne gaýratymyň çatýandygyny goý, ol şu gün bilsin!...» Eger-de bile ýatan bolsalar ikisinem bilelikde öldürmek maksady bilen aşhana girdim-de, Aýlarhanyň aş kesýän ullakan pyçagyny aldym. Gazete dolap goltugyma saldym. Tüwdürilip daş çykdym. Oglum yzymdan garap galdy. Basgançaklaryň ýarysyny geçenimden soň gapydan boýnuny uzadyp: «Indiden soň nirä, kaka!..» diýip, gygyrdy. Men oňa jogap bermedim. Diňe ötügiň üstündäki demir ýoluň aşagyna goýlan garaýagly agaç

şpallarynyň üstünden ätmerläp barýan wagtym: «Öldürmäge-e... Janyny jähenneme ibermäge-e» diýip pyşyrdadym.

Wagt giç bolansoň töwerekde adam-gara görnenok. «Depo» tarapdan parawozyň «guguldysy», çalşyrylýan wagonlaryň polat tigirleriniň «şakyr-şukury», «jalkyldysy» eşidilýär. Uzyn kerwene birikdirilen kelläniň zogy bolsa gögüň gübürdisi ýaly meniň üstümden aşyp, allaowaralara ýaýrap gidýär. Üçargäh tarapdan uçmaga hyýýallanýan uçaryň dyzmaç «gürrüldisi» gelýär. Hä diýmänem onuň ýerden göterilip şäher üzre alyslara tarap «güzürdäp» barýandygy görünýär. Birdenem bir ýerden toklynyňky ýaly towarlanyp duran tüýleri ösgün, gulaklary uzyn gara gürji gybyrdyklap geldi-de, tanajak bolýan ýaly ýüzüme çiňerildi. Hamala tanşy däl bolup çykanyma gynanýan ýaly, «Beh» diýip, başyny ýaýkady, soňam çalarak hyňranjyrady-da, tor gurmakçy bolýan ýaly telim gezek daşymdan aýlandy. Özüne düýbünden üns bermeýänimi aňansoňam ýoluň gyrasyndaky ullakan agajyň düýbüne bardy-da, artky sag aýagyny galdyryp gasygyny ýeňletdi. Ýüzüme çiňerilip ýene bir gezek «beh» diýibem, öýkeli halda ýüzüni kese sowup gelen ugruna tarap ýorgalap ugrady.

Ine-de, men Jemalyň gapysynda durun. Daşyna tikenekli gyrymsy agaç ekilen kiçijik howlynyň hemişe onlardan soň ýapylýan gözenekli derwezesi henizem gulplanmandyr. Ony itermek üçin elimi uzatdymam welin, Jemalyň üç-dört metr aňyrda, bir metr ýalam ýerden beýiklikde, tagtçanyň üstünde ýerleşýän daşky gapysy «jarkyldap» açyldy-da, eli kiçijik paketli gotur ussa entirekläp çykdy. Howlyny gulplamak üçin bolsa gerek, onuň yzy bilen eli bir düzüm açarly Jemalam çykdy. Ussa hamala meni görmeýän ýaly eýwanda duran ýerinden gözleriniň agyny köpeldip, uly ýola tarap seretdi. Soň aýaklanmadyk köşek ýaly «patanaklap» basgançakdan düşdi. Ýaňy gözi düşen bolsa gerek, entirekläp duşuma gelende çalarak kürtdürdi-de: «Oh» diýip, bulançak gözleri bilen ýüzüme seretdi. Ýöne, dikan garap bilmedi. Gözleri açylmady. Aragyň agyr ysy bolsa beýnime urup ýüregimi bulady. Salamlaşdymy ýa sagbollaşdymy, bilemok, bir zatlar diýip, «madyrdady», soňam näme üçindir boş elini däl-de, paketli elini galgatdy-da, gatnawly ýola tarap ýegdekläp ugrady. Barýança iki gezek dagy büdräp ýykyldy. Turup, ýoluň aňry ýüzüne geçdi. Yraň atyp durşuna geçýän maşynlara goluny galgatdy. Bolup durşundan heder

eden bolsalar gerek, köp maşyn ony alman geçdi. Ahyram bir köneje «Moskwiç» «uly arryldy» bolup geldi-de, ussany gujagyna gysyp günbatar sary «watyrdap» ugrady.

Men bolsam henizem howlynyň ortarasynda aňalyp durun. Öz ýanymdam bar zady düşnükli hasap edip, sessiz-üýnsiz öwrülip gidiberjegimem bilemok, Jemala iň soňky sözümi aýdyp, içimi sowadyp gitjegimem bilemok. Goltugymda bolsa gazete dolangy aş pyçak. Ýöne, men näme üçin ýaňy ony goturyň gursagyndan sokmandyryn? Men ondan hatda: näme işläp ýörsüň bu ýerde gijäň bir wagty, diýibem-ä soraýmandyryn. Ýa men şeýle gorkakmykam? Söýgi meni şeýle binamys edäýdimikä? Ýa parasatlylyk etdimikäm? Her niçik hem bolsa bar zat düşnükli. Jemaly hemişelik terk edip gitmäge esas bar. Ol inkär edip bolmajak hakykatyň öňünde dur. Ol jelep! Ýöne muny hökman aýdyp gitmek gerek. Ýüzüne basmak gerek. Şu çaka çenli onuň öz öýünde gotur ussa bilen näme edendigini bilýänimi bir bildirmegim gerek.

Jemal bolsa henizem elindäki açarlaryny oýnap, synlaýjy nazary bilen birsyhly ýüzüme seredip dur. Gaharlananogam, gülenogam. Edil: ine, men-ä etjegimi etdim, senem indi nätseň şeýt, diýýän ýaly. Ýüzünden-gözünden ýeňijiniň içki dabarasyny duýmak bolýar. Iň ýamanam müýni ýok. Ogry diýeniň bir utanmasa-da, garaz, üsti basylandan soň aljyrar, gaçara ýer gözlär, özüni aklajak bor, onuň welin piňine-de däl. Göwni bir ýaly. Men dişimi gyjap durşuma ony gözlerimiň gazap oklary bilen yzly-yzyna tüpeňleýärin. Emma peýdasy ýok. Hatda sarsanogam. Şol bir durşy. Indi dilime bat beräýmesem başga alaç ýok. Men hut şeýle hem etdim. «Näme işledi ol seň öýüňde şu wagta çenli» diýip, gijäniň ümsümligini bozmazlyk üçin gowuşgynsyzrak gygyrdym. Jemalyň jogaby nagt boldy: «Işledi» «O nähili işledi?» «Işledi-dä. Men özüm işletdim. Gal, işle, kiçi jaýy gutarman gitme, meň goşlarymy goýara, ýatara-turara ýerim ýok diýdim..» «Hany çagalaryň?» «Çagalar ejemlerde.» «Näme üçin?» «Aýtdym-a ýatara ýer ýok, diýdim-ä. Ine, indi kiçi jaý boldy, ertir olaram getirin.» «A hany beýleki ussalar?» «Özüň bilýäň-ä, olar kafel goýýalar. Diwar bilen işleri ýok. Şonuň üçinem diwarçy ussany gije işletmeli boldum. Kafel bir gün öň boldy, soň boldy meň üçin tapawudy ýok». Men aýlawly gürläp başladym. «Bir özi işledimi ýa bile işlediňizmi? «O näme diýdigiň boldy?» «Näme diýjek bolýanymy özüň

gowy bilýänsiň». Jemalyň sesi ynjyly çykdy. «Men-ä düşünemok, ýöne sen nähili düşünseň şonuň ýaly düşün. Men indi seň öňüňde hasabat bermekden, özümi aklamakdan ýadadym. Aslynda näme hakyň bar seň menden hasap soramaga?.. Kim sen? Ärimmi? Eýämmi? Ýa kömegiň degýämi? Bitirip beren zadyň bamy? Aýal halyma içeriniň bar keşigi ýeke özüm çekip ýörün. Elimden tartyp alyp özüň etmäge derek, gaýtam maňa päsgel berýäň. Zyýan edýäň. Bolgusyz müňkürlikleriň bilen ýüregime düşýäň. Mertebämi kemsidýäň. Aýagyma çolaşýaň? Özüňde ynam bolmasa, men barybir saňa gep düşündirip bilmen. Asla sen maňa är ýapmasaň oňup bileňok. Günüň geçenok. Iki aýaklyň erkek göbeklisiniň barysy gözüňe ot bolup görünýä. Iň ýamanam öz oýlap tapan zadyňa özüň ynanýaň. Kelebiň ujy eliňe düşdügi bes, sen ony çöşlejek bolup bulam-bujar edýäň. Şeýdibem bulaşýaň. Özüňem bulaşýaň, menem bulaşdyrýaň. Asla bar zady bulaşdyrýaň...»

Ýene-de meňki bolmady. Ýene-de sussum basyldy. Ýene-de lal açdym. Çünki göwnüme onuň diýýänleri dogry ýaly bolup duýuldy. Ýöne, basylanymy welin bildiresim gelmedi. «Şüý-ä maňa ynanýar-ow diýip, sen näme, şeýdibermelimi?» diýenimde sesim ysgynsyz çykdy. Jemal welin sesine bat berip ugrady. «Näme edipdirin men?» «Başy boş gelin bir ýaş ýigidi gijäň ýaryna çenlli öýünde saklap-da, näme edip biler? Özem lül. Şo ýagdaýda şoň işlemedig-ä belli». «Sag wagty barmy oň?» «Onda kow-da». «Gaýratyň bolsa özüň kow». «Seň gaýrat diýýäniň pul. O-da mende ýok». «Onda işiň bolmasyn. Hakyna tutan işgärimi men islesem gündiz işletjek, islesem gije. Arzanrak düşer öýtsem pula derek arak berip işletjek. Ýaňam özüm berdim şoňa aragy...» Men iň soňky güýjümi jemläp hüjüme geçmekçi boldum. «Sen maňa sypjyk jogap berme, takyk jogap ber...» Jemalyň sesi meniňkä görä has dogumly, has kesgitli çykdy. «Men saňa ýene-de aýdýan: seň öňüňde jogap bermäge men borçly däl... Meniň bir ýalňyşan ýerim o-da seni başda gowy görüpdirin. Edil beýlesiň öýtmändirin. Parasatly, akylly-başly adamsyň öýdüpdirin. Tanamandyryn. Sen meniň ynamymy ödemediň. Söýgüme mynasyp bolup bilmediň. – Ol gaşlaryny ynjyly çytyp ýüzüme seretdi. – Bolup ýörşüňden utansaň bolmadymy? – Şeý diýdi-de, ol howlynyň demir gözenekli ýaşyl gapysyny ýapdy. Içinden gulplady. Men daşarda galdym. Gözüm garaňkyrap, asmandaky ýyldyzlar «alaşakyrdy» bolşup başladylar. Ýer hopandyr, menem güwläp aşak gaýdandyryn öýtdüm. Hatda burnuma ýeriň aşaky

gatlaklaryndaky yzgar gumlaryň, çägedir-çagyllaryň sowuklaç ysam gelen ýaly boldy. Özümi dürsänimdenem ussanyň goturaky ýüzi, pis açan alabeder elleri göz öňümde peýda boldy. Syrtaryldy. Ine-de, ol Jemalyň kyrk çilläniň gary ýaly gaba göwüsleriniň üstünde omadaklap ýör. Sag elimi çep goltugymdaky gazete dolangy pyçaga tarap uzadanymam bilmän galypdyryn. Ýöne ujy aýama çümenden beýnimde ýyldyrym çakan ýaly boldy. Bir ujy bolsa ýalbyrap gözlerimden çykdy. Elimi yzyna çekdim. Pyçak ýere gaçdy. Aýamdan gan akyp başlady. Bolup durşuma gözi düşenden Jemal: «Haý, işigaýdan diýsänim» – diýdi-de, öýüne girip ýod bilen bint alyp çykdy. Gözenegiň aňyrsynda duran ýerinden ýarama em etdi. Daňdy. Soňam gözenekli derwezäniň düýbünde ýatan pyçagy emaý bilen ýerden göterdi. Eýlesin-beýlesine seretdi. Ýylgyrdy. – Me, munyňy ýygna. Basymrak eltip ber, ýogsam aýalyň aş kesjek bolup gözläp ýörendir. Gaýdybam göterme bular ýaly zady. Sen adam öldürip bilmersiň. Adam öldürmek üçin ýüregiň gaty bolmaly. Zalym bolmaly. Sen bolsaň şahyr. Ýüregiň ýumşak. Ol ýürek söýgi üçin ýaradylypdyr, ýöne sen şu wagt Şeýtanyň alyna gidip oňa ejir berip ýörsüň. Emma ony aýamak gerek. – Jemal uludan demini aldy. Özüňem bilip goý: men bolsamam senden has artyk, has sypaýy, akylly, asylly, has görmegeý, galyberse-de has barly adam bilen bolaryn. Senden pes adam bilen bolman. Sen şoňa düşün. Özüňi kemsitme. Maňa senden başga hiç kim gerek däl. Bar, özüňem git. Meniň abraýyma çapýanyň çynyň bolsa gijäniň bir wagty gapymda beýdip durma».

Şondan soň ol meniň bilen hoşlaşjagam bolmady-da, öwrüldi ötägitdi. Öýüne girdi. Gapysynam «şark-şurk» içinden ýapdy. Men bolsam ýeke özüm daşarda aňalyp durun. Ne aýtjak sözlerimi soňuna çenli aýdyp bildim, ne-de içimi sowadyp bildim. Bagryma ujy awuly ok bolup sanjylan sözüniň çyndygyny ýa öz aýdyşy ýaly oýundygynam anyklap bilmedim. Şonuň üçinem, gürrüňi gutarylmadyk hasap etdim-de, ertesi işiň soňunda Jemalyň iş ýerine bardym. Edarasynyň agzynda durup çykaryna garaşdym. Maňa gözi düşenden oň gaşlary çytyldy. Elwan reňkli dodaklaryny çalaja gymyldadyp: «Näme gerek» diýdi. «Gürleşmek gerek» diýdim. Jemal sesini çykarmady-da, golaýdaky duralga tarap ýöräberdi. Menem egin deňläp ugrybir ýöräberdim. Ep-esli ýere çenli dymyşyp gitdik. Ahyry onuň özi dillendi: «Aýdyber». «Men düýnki waka hakda...» «Düýn näme waka bolupdyr?» Özüň gowy bilýäň». «Aýt-da onda». «Aňyrsynda hiç zat zat ýogam bolsa şony gije

çenli saklamagyň ýalňyş, Jemal». «Nämesi ýalňyşmyşyn oň?» «Iň bolmanda iliň gepinden gaçmak üçin beýtmeli däl ekeniň». «Il meniň jaýymy bejerip berenok». «Diýmek, onda ýalňyş iş edendigiňi boýnuňa aljak däl-dä...» Jemal çalaja säginde-de, çigni bilen maňa tarap çalaja öwrüldi. Boýnuny gyşardyp ýüzüme seretdi. Çep gözüniň gyýgyny güldürdi. «Şumy bar aýtjak zadyň ýa başga-da bamy?»

Oňa çenlem duralga ýetdik. Awtobus geldi. Mündük. Göz aýlaýan welin boş ýer ýok. «Geçiň, oturyň» diýýänem ýok. Ikimizem tutawaçdan ýapyşyp dik durus. Bir görsem Jemalyň gözlerinden ýaş akýar. Şonda meniň oňa nebsim agyrdy. Aýal halyna bir öýüň keşigini ýeke özi çekip ýör. Erkek adamyň etmeli işlerininem özi edýä. Jaý bejermek hakda-ha gürrüňem ýok welin, kran döwülse-de, tok öçse-de, rozetka çalyşmalam bolsa özi ylgap ýör. Men bolsam kömek edenden geçen, gaýtam, gabanjaňlygym zerarly oňa görgi baryny görkezýän. Jepa berýän. Agyr-agyr günäleri ýapýan. Başga biri bolan bolsa meni birwagtlar taşlap giderdi. Ol welin gör näçe çydady. Şu wagtam çydap ýör. Häzirem gaty-gaýrym  aýtmajak bolup dişini gysyp dur. Maňa häzir ony köşeşdirmek gerek. Derdini ýeňletmek gerek. Ötünç soramak gerek. Şol niýet bilen men assa-ýuwaş oňa tarap süýşdüm. Bir zatlar diýmäge synanyşdym, bokurdagymy arçamak üçin ardynjyradym, hamala ilkinji gezek görýän ýaly, ilkinji gezek söz gatmakçy bolýan ýaly börtülip duran agyr gabaklarymy zordan galdyryp ýüzüne çekinjeňlik bilen, ogryn-ogryn, gyýa-gyýa seretdim. Emma gepläp bilmedim. Geplemegiň geregem ýokdy. Çünki ol wagt o meni barybir diňlemezdi. Sözüme jogap bermezdi. Öýe baryp jaň etsemem sessiz-üýnsiz trubkany goýjagyna güman ýok. Onuň täzeden dil açmagy üçin azyndan bir hepde gerek. Şol aralykda ol mendenem, meniň iňirdilerimdenem dynç almaly.  Gahary sowaşmaly. Köşeşmeli. Meni göresi gelmeli. Küýsemeli. Bar zat ana, şondan soň ýene-de täzeden başlanmaly. Agzymyzyň ajaşan gezekleriniň hemmesinde-de şeýle bolupdy. Şol gezegem şeýle bolaýmalydy. Şonuň üçinem hoşlaşman aýrylyşmalydyk we ol-a öz öýüne, menem öz öýüme bakan sessiz-üýnsiz gidiberdik.  Emma awtobusdan düşüşimiz ýaly ol meni geňler galdyryp: «Ýör, Erkin, öýe baraly, men saňa çaý-nahar bereýin, meniň saňa aýtjak sözlerim bar, ýöne, bu gezek sesiňi çykarman diňlemeli borsuň» – diýdi.

Ussa tapyp beren adam hem-de Jemalyň il gözüne aýdyşy ýaly, olaryň «brigadirleri»  hökmünde jaý bejerilýän döwri bolaýmasa men

entek onuň öýüne giribem göremokdym diýen ýaly. Onsoňam ol çagyrmag-a däl, öýüniň golaýyna eltmäge-de goňşy-golamlaryndan çekinip, meni hemişe bir duralga bärde düşürýärdi ahyry. Pyýada barýanam bolsak şol ýerden yzyma gaýtarýardy. Şonuň üçinem onuň bu söz meni juda geňirgendirdi.

Elbetde, öýkelemän öýüne çagyrmagy gowy zat. Gowy täzelik. Ýöne kesgitli gürleýşi welin gorkunç. Bir zat aýtjak, diýmesi hasam elhenç.

Her niçik hem bolsa, sessiz-üýnsiz yzyna düşübermekden başga alaç galmady.

...Ine-de, biz onuň öýünde. Ussalar ýok. Bejergi dogrudan-da gyssagly suratda tamamlanypdyr. Täze çalnan hekiň, reňkiň sowuklaç turşumtyk ysy burnuňy gijedýär, gözüňi ýaşardýar. Çagalaram ýok. Kanikul döwri bolansoň, olar mamalarynyňka gidipdirler.

Jemal meni diwanyň üstünde oturtdy. Öňüme kiçijik, eplenýän stol goýdy. Çaý getirdi. Soň palaw bişirdi. Orta saçak ýazdy. Bu zatlaryň barysyny ol sessiz-üýnsiz etdi. Diňe bir tabak palawy ýanynyň agy-gögi bilen getirip ortada goýandan soň: «Geç, Erkin» diýip, saçaga elini uzatdy. Özem geçdi. Edil bir maşgala ýaly bir tabakdan nahar iýip otyrys. Ýöne ýumşajyk palawy iýýänmi ýa ýöne çeýnäp otyrynmy, bilip bilemok. Sebäbi bar küýüm onuň maňa näme diýip biljeginde. Ýöne onuň bolup oturşyndan ýakymly zat aýtmajagyny welin aňýan.

Diýşim ýalam boldy. Nahardan bolup töwir galdyrdygam welin, Jemal ýüzüni aktam etdi-de: «Indi bolsa maňa gulak as, Erkin... – diýdi. – Gel, gowusy hoşlaşaly. Her ýerde bolsaňam sag bol, aman gez. Ýöne menden gaty görme. Görseňem özüňden gör. Men seniň bu sütemleriňe mundan artyk çydap biljek äl. Elbetde, saňa aňsat düşmez, ýöne başga alaç ýok. Men seneden ýadadym. Gowusy, şu güzapdan senem dyn menem dynaýyn...»

Onuň şu gürrüňi gozgaryndan dogrusy, men hemişe-de gorkýardym. Häliden bärem hut şu meseläni orta ataryndan gorkup otyrdym. Çünki soňky döwürlerde ol menden hakykatdan-da ýadapdy. Eger-de şeýle ýagdaý mundan bu ýana-da dowam etjek bolsa, onda men ondan hakykatdan-da el çekmelidim. Ýöne ýaman dert gabanjaňlygymy-ha goýup bilemokdym, aýrylyşmaga bolsa gaýratym çatanokdy. Hernäçe tersleşsemem, sögüşsemem galan ömrümi Jemalsyz göz öňüne getirip bilmeýärdim. Edýän hereketlerimiň barysyny ony özüme has

golaýlaşdyrmak üçin, özümiňki hasap edýändigim üçin, eýemsiräp edýärdim. Gabansamam gowy görýändigim üçin, elden gidermezlik üçin, hiç kime bermezlik üçin gabanýardym. Haçanam bolsa bir gün aýrylyşmaly bolarys diýen düşünje dagy kelläme-de gelenokdy. Emma barysy tersine bolup çykdy. Ol iki gözümiň içine seredäge-de: «Gel, Erkin aýrylyşaly» diýdi oturyberdi. Özem şol sözi bir zatlary kalbynda uzak wagt saklap ahyrsoňam halys degnasyna degip, aýtmaga mejbur bolan dişgysdy adamyň çydamlylygy bilen şeýle bir mert, şeýle bir ýürekden aýtdy welin, bir demde ysgyn-mydardan aýryldym oturyberdim. Beýle agyr urguny men ondan öňem, soňam çekip göremok. Şol pursat janymyň agzymdan çykyp gidibermändigine heniz-henizlerem geň galýan. Jemal welin ojagaz urgusy bilenem çäklenmedi. «...Kömek edenden-ä geçen, gaýtam bir işiň başyny tutdugym elime kakýaň. Aýagyma çolaşýaň. Günüň-gününe yzarlap ýörmekden başga bitirýän goşuň ýok. Gabançdan başga pişäňem ýok. Nämemişin, gowy görýärmişiň. Söýýänmişiň. Beýtjek bolsaň gowy görmän geç! Söýmän geç! Indiden soň meniň Leýli ýa Zöhre bolup dessana girjek aladam ýok. Maňa aşyklyk däl-de, güzeran, goltgy, hossarçylyk gerek. Eýe gerek. Goý, ol meni söýmesin, goý, üstüme ýene ikisi, üçüsi bilen gezsin, agzy gyşyk ýa ýüzüniň üstünde burny ýok bolsun, ýöne hiç zada mätäç etmesin...» diýibem gürrüňi gutardy hasap edip saçagyny ýygnaşdyrmaga başlady.

Kynlyk bilen ýerimden turdum. «Bor Jemal, sag bol» diýdim. Onuň dodaklary çalaja gymyldady. «Sag bol» «Gaty-gaýrym aýdyşan bolsak razy bol». Jemalyň gözlerinde ýaş göründi. «Senem razy bol». «Habarlaşyp duraly». «Ýok, habarlaşsak ýene-de durup bilmeris. Ýene-de öňki güzaply günlerimize gaýdyp geleris». «Belki...» «Ýok. Men özümi gowy tanaýan. Sesiňi eşitsem durup bilmen». «Eýle bolsa, haçan kömegim gerek bolsa aýdaý». «Öňki eden kömekleriňem ýeterlik».

Men usullyk bilen gapa tarap ýöneldim. Hernäçe agyr düşse-de, ýalbarmaga, öňünde dyza çökmäge, ýaş dökmäge erkeklik namysym ýol bermedi. Jemalyň meni derwezeden çykarjak bolup, gulpy açybilmän durşy gözümiň öňünde. Elinden açary alyp özüm açjak bolýan. Emma hanasyna eltip bilemok. Ellerim sandyrap dur. Soň ýene-de Jemalyň özi synanyşýar. Ýene-de bolanok. Ahyrsoňunda kimiň açandygy hakydamda ýok, ýöne telim ýola gezekleşenimizden soň gulp açyldy. Çykjak wagtym men ony ogşajak boldum. Ogşatmady. «Iň soňky gezek

ogşaýyn» diýdim. Onda-da etmedi. Alagarañkynyň içinde salgym ýaly hallan atyp, gaýra gaýyşdy durdy. Gapyny megerem men açan bolsam gerek. Bir görsem elimde açar bar. Men ony oňa uzatdym. Aljak wagtam elinden tutdum-da: «Sag bol ezizim! Mähribanym...» diýdim.

Ol sesini çykarmady. Ýüzi welin ak mermer ýaly hem berk, hem sowuk göründi. Bokurdagy dolan bolmagy mümkin, gepläp bilmedi.

Men uzak eglenmedim. Derwezeden daşlaşdygymsaýam ýüregimiň howsalasy artyp başlady. Kürkregime agy doldy. Dyňzady. Ötügiň üstündäki demir ýola çenli zordan çydadym. Birdenem böwet böwsüldi. Agy yňdy. Demirýoluň ugruny syryp öýe tarap däl-de, ters ugra tarap ýegşerilip barşyma kä dik durup, kä oturyp, käte çök düşüp käte içimi, käte bykynymy tutup agladym. Kellämde bolsa şol, iň soňky sözlerim gaýtalandy durdy: «Sag bol, ezizim! Mähribanym...»

Kä durup, kä ýöräp, çaýkanyp barşyma özümi ha saga urýan, ha sola. Bilip edýänmi ýa bilmän edýänmi, haýsy tarapa dönsemem öňümden Jemal bilen ýörän, ugradan, garşylan köçelerimiň, çatryklarymyň üstünden barýan. Hersem Jemaly ýadyma salýar, ýüregimi gozgaýar, beýnimi sarsdyrýar, süňňimi lagşadýar. Iň ýamanam, hemişe şolar ýalyda bolşy ýaly, göz öňüme Jemalyň iň gowy taraplary gelýär. Ýadyma diňe mähribançylykly hereketleri süýjülikli sözleri düşýär. Agyrdan, ynjydan pursatlary aňyma gelenok. Şol dem gabanjaňlygymam zym-zyýat boldy-da, kalbymy ökünç gaplap aldy. Nähak ýere azar berip, garalyk ýapyp, birsyhly mertebesini kemsidip gelendigim üçin puşman edýän. Yza ýol gözleýän. Ýaşyl derwezäniň özüm üçin ömürlik ýapylandygyna welin hiç ynanyp bilemok. Entäp ýörşüme Jemal bilen «sirkden» bile gaýdýan ýolumyza düşüpdirin. Bir görsem şo-ol, tanyş itli derwezäniň deňinde durun. It janawer meni görenden «has-has» edip, çyňsap, tanapyna towsup başlady. Bir wagtkysy ýaly gözenekleriň arasyndan, derwezäniň aşagyndan temmegini uzadyp ysyrgandy. Guýrugyny bulaýlady. Meniň ýagdaýyma düşünen ýaly özem ur-tut gamgyn hala geçdi. «Hany, ýanyňdaky gelin nirede» diýýän ýaly eýläme, beýläme seretdi. Gulaklaryny üşerdip ýüzüme çiňerildi. Soň iki art aýaklarynyň üstüne galyp, böküp, eginlerimiň üstaşyry köçä seretdi.

Men onuň bilen sus hoşlaşdym. Göwnüme bolmasa, ol temegini alynky aýaklarynyň arasyna sokup hamsygan ýalam boldy. Yzyma garamasamam, ep-esli ýere çenli onuň gyzgyn nazaryny duýdum.

Ine-de men şol günler edil ýaş juwanlar ýaly içine girip Jemal bilen ogşaşýan, gujaklaşyp oturýan ýerimize alyp barýan gädigiň agzynda. Gädikden giripdirinmi ýa girmändirinmi, tanyş oturgyçlaryň üstünde oturypdyrynmy ýa oturmandyrynmy bilemok, özüme gelip daş-töweregime seretsem demir ýoluň üsti bilen öz öýümize tarap mytdyldap barýan. Her ädimimde-de,şol bir sözler gaýtalanyp dur: «Sag bol, ezizim. Mähribanym...» Halys ýadan bor-a çemeli birden-kä bütinleý tapdan düşdüm duruberdim. Aýaklarymyň ygsyny gaçdy. Beýnim doňdy. Köçäniň gyrasynda gyşaraga-da, tä, kyýamat ahyr bolýança oýanman, magşar gününe çenli gymyldaman ýatasym geldi.

Her hal beýtmedim. Daş asylan ýaly agyr göçýän ädimlerimi zordan ädip, jaýymyzyň girelgesine bardym. Garaňky basgançaklar bilen «dähedem-dessemläp» dördünji gata çykdym. Özümi özüme ömürýoldaş bolan melemtil, gyralary gyryk, üpürjik-üpürjik bolup duran mähriban diwanymyň üstüne atdym. Kellämiň içindäki şol bir gaýtalanyp duran hoşlaşyk sözlerine diň salyp ýatyşyma-da uka gitdim. – Erkin sözüne dyngy berdi-de, aşaklyk bilen ýüzüme seretdi.

– Howwa, ýadymda. Men seni ondan öňem, soňam şolar ýaly ýagdaýda göremok.

Şol günüň ertesi welin, haýsydyr bir göze görünmeýän güýç: «Tur, çyk-da, Jemalyň ýanyna git. Ýaraş!» diýip, goltugymdan çekdi durdy. Ýüregimem şonuň tarapyny tutdy. «Dogry aýdýa, bar, git, ýaraş» diýip, birsyhly «bükgüldedi» durdy. Şonuň üçinem, turşum ýaly Jemalyňka tarap tutdurdym. – Huşuny dörjelemek üçin Erkin gözlerini depesine dikdi. – Ýalňyşmaýan bolsam şol wagt öýlän aralardy. Özem güýzüň ýaňy bir başlanandygyna garamazdan güýçli ýagyş ýagýardy. Edil, Jemalyň «ak maşyna» münüşini garawullan günümdäki ýaly damjalary iri, ýöne olar ýaly sowuklaç däl-de, ýylymsy ýagyş. Egnimde-de şol günki gara balon kurtka. Onuň ýukajyk kapşonkasam edil şol günki ýaly kelläme bürelgi. Dogry, «Gitme, mertebäňi peseltme» diýen duýgam böwrüme dürtüp bir gapdalymdan galanok. Ýöne olar ýalyda öz duýgyň bir şaýa-da degenok ekeni. Ýüregim duýgy bilen hemişe bir hörpden gopmaýan ekeni. Ähli agram bolsa beýnim bilen aýaklaryma düşýär.

Her biri gola ýaly çabgalaryň arasy bilen yrgyldap barýaryn.

Baranymdan soň näme boljak, daş işikden gykylyklap kowjakmy sypaýyçylyk bilen ugratjakmy, ýa: «Wah, geleniň gowy bolaýdy,

kowanyma puşman edip otyrdym» diýip, mähirli garşylajakmy, ony bilemok, ýöne, şonuňka tarap gidip barýaryn.

Ine-de, men Jemalyň iri gözenekli ýaşyl derwezesiniň agzynda durun. Derweze gulply. Howlynyň içinde adam-gara görnenok. Ondamunda çaşyşyp ýatan döwük-ýenjik çotgalar, poslan şpateller, diwara çalynýan emulsiýadan boşap, soňam içine çägedir-palçyk, betondyr-suw salnyp ulanylan sim tutawaçly, ak, plasmas setiller, sementden ýa ownuk çagyldan boşan sargylt, iki gat kagyzdan ýasalan haltalar bu ýerde düýn-öňňinjik gurluşyk işleriniň gidendiginden habar berýär.

Gapylarynda suw satylýan budkajyk bardy. Ol Jemalyň daşkyrak garyndaşlarynyň biriniňkidi. Gelim gidimli ýer diýip, tomsuň başlarynda goýupdy. Bir tarapy ýol we ullakan döwlet dükany bolansoň arly tomus ol budkanyň adamsy egsilmändi. Azyk almak üçin dükana barýanlaram işe barýanlar ýa işden gelýänlerem şol ýerden geçýärdiler. Üstesine, Jemalyň garyndaşy suwuny beýlekilere görä arzanam satýardy-da, tä gije sagat, on birlere budkajygyň öňünde çagalaryň gohy asmana göterilýärdi we Jemalyň gapysy hemişe toýhana meňzeýärdi. Elinjek sowuk suw öz wagtynda ussalara-da hezil beripdi. Budkada kireýine işleýän gelin suwuň daşyndan azyk harytlaryndanam ony-muny getirip satýardy-da, gyssanan wagtlary ussalar ondan atlaryna, ýazdyryp, nahar-şor üçin nesýe-nowgan huruşlygam alyp bilýärdiler. Işiginde budka goýandygy üçin Jemal garyndaşyndan paç almaýardy. Ýöne özüniň we çagalarynyň islän wagtlary islendik mukdarda suw alyp içmäge haklary bardy.

Bu gün welin, ine, şol budka-da ýapyk. Düýbünden ýapylypmy ýa ýagyşly güni hiç kim gelmez diýen niýet bilen özleri ýapdylarmy, belli däl, ýöne düýn-öňňinem gyzan bazar ýaly ala-ýaz bolup duran howlynyň gum-guk bolup durşy meniň gussamy hasam artdyrdy.

Şol günüň iş günüdigi Jemalyňam işde bolmalydygy diňe, esli wagt töweregime garanjaklap, delmuryp duranymdan soň ýadyma düşdi.

Golaý ýerde kiçiräk aragatnaşyk bölümi bolup, ondaky telefon awtomatlardan beýleki şäherlere, žeton bilen bolsa şäher içine jaň edip bolýardy. Jogap bermejekdigine gözüm ýetip duranam bolsa, şoňa bardym-da: iň bolmanda sesini-hä eşidip galaryn-da diýen umyt bilen Jemalyň işine jaň etdim. Onsoňam ol wagt meniň üçin esasy zat Jemal bilen gürleşmegem däl-de, onuň ýerindedigini ýa däldigini bilmek. Işläp otyrmyka ýa: «Aňtawçydan-a dyndym, indi bir arkaýyn gezeýin» diýip,

nirädir bir ýana jünäberdimikä? Eger-de şeýle bolsa, onda islendik ýol bilen onuň nirä, kimiň ýanyna, näme üçin gidendigini anyklamaly. Elbetde, sende: «Siz aýrylyşdyňyz ahyry. Ondan soň ol nirä gidende, kimiň ýanyna gidende nä işiň» diýen soragyň döremegi mümkin. Dogry, şol soragy şol wagt men özüme özümem berip gördüm. Şonda özüm maňa: «Ýok, ýok! Beýle däl! Bil! Hökman bil! Bilem, ýüzüne-de bas! Eger-de öň düzüw gezen bolsa bir günde bozulybilmezdi. Dost tutunyp ýetişmezdi. Gidipmi, diýmek, öňden bäri gatnaşyp ýöreni bar bolmaly» diýdi. Men özüm bilen ylalaşdym. Şonuň üçinem, jaň etdim. Göwnüme getirişim ýalam boldy. Ol ýerinde ýok ekeni. «Ýok» sözüni eşidenimden kalbyma ot düşdi. Ýaram täzelendi. Derdimiň üstüne dert goşuldy.

Beýnim öňküdenem beter bulaşdy. Telefonyň aňry ujundaky, sesi diýseň yzgytsyz çykýan aýaldan bir zatlar soramaga hyýallandym, ýöne ýetişmedim. Gepleşik kesildi. Ol aýala täzeden jaň edip, şol bir zat barada ýene bir gezek sorag bermek gorkuly. Sebäbi ol öňem kän gezek: «Men siziň sorag-jogap tekjäňiz däl...» diýip, ýüzümi alypdy. Umuman, onuň edara boýunça iň yzgytsyz adam hasap edilýändigini Jemal maňa kän aýdypdy: Ýolbaşçylara şikaýat edip: «Telefonda köp gepleşmeli däl» – diýen düzgüni girizenem şoldy. Jemal onuň şeýle yzgytsyzlygyny ärsizligi bilen düşündirýärdi. «Öz betbagtlygyny ilden görýän ýaly» diýerdi.

Ýöne ol pursat mende başga çykalga ýokdy. Şol «aýal» gelip meni atýanam bolsa ýene bir gezek jaň edip Jemalyň nirä gidendigini ondan soraýmalydym. Şonuň üçinem ýüregimi bire bagladym-da, täzeden jaň etdim. «Da» diýen hökümli, ýakymsyz sese inim üýşenen hem bolsa, özümi derhal ele aldym-da, öňi bilen-ä ikinji gezek jaň edip bimaza edýändigim üçin ötünç soradym, soňam Jemala özümiň zerur bir zat aýtmalydygymy, eger-de aňryujy ýagdaý bolsa onuň nirä gidendigini aýtmagyny haýyş etdim. Halys ýürekden gepländirin-dä, ol az salym sesini çykarman duransoň öňkülerine düýbünden meňzemeýän ýumşaksy ses bilen: «Ol häzir seminarda» – diýdi.

Jemalyň bäş gün bäri seminara gatnap ýörendigi diňe şondan soň ýadyma düşdi.

Onuň işleýän edarasy arasy, daş bolmadyk baş binadan we ikinji binadan ybaratdy. Jemal ikinji binada oturýardy, seminar bolsa baş binada geçirilýärdi. Diýmek, ol häzir baş binada bolmaly. Ýöne ol şol ýerde barmy, ýokmy, gep ine, şunda! Seminar bahanasy bilen onuň

kimdir biri bilen duşuşyga gidiberen bolmagam ahmal ahyry. Şonuň üçinem, men şol pursadyň özünde baş bina baraýmalydym we Jemalyň şol ýerde bardygyny ýa ýokdugyny anyklaýmalydym.

Ine-de, men baş bina tarap gidip barýaryn. Ýagyş welin güýçlenmese, peseler ýaly däl. Içki howsalamam şonuň ýaly. Aýak basyşymam dürs däl. Sebäbi men ýadaw. Onda-da agyr ýadaw. Üstesine-de dertli. Köp gözýaş döken adam, ýüzümem ýelli. Gabaklarym pökgerip dur. Gözlerim zordan açylýar. Saçlarym öl, hem buýr-bulaşyk. Ýüzümiň ýarysyny kapşonkam ýapyp dur, arasynda-da entirekläbem gidýän. Düýnden bäri beýnimde berç bolan sözleri bolsa, indi her ädimde daşymdan gaýtalap barýaryn. «Sag bol ezizim, mähribanym... Sag bol, ezizim, mähribanym...»

Baş binanyň agzyna barýançam öňkimdenem beter ezildim. Seminar altynyň ýarynda gutarmaly. Şol wagt bolsa sagat bäş. Diýmek, ýene ýarym sagatdan seminarçylar çykmaly.

Ine, ol ýarym sagadam geçdi. Ýöne, hiç kim çykmady. Alty boldam welin işgärler çykyp başladylar. Jemal onda-da görünmedi. Indi edarada diňe bölüm müdirleri we dolandyryşlaryň başlyklary galan bomaly. Olaram ýediniň ýaryna, aňry gitse, ýedä çenli oturarlar-da gaýdarlar. Mahlasy, şol binanyň içinde Jemal ýok. Sebäbi çykmady.

Birdenem Jemal bile bir bölümde işleýän keltejik boýly, ýüzi tegelegräk, gyýadan gelen kiçijik gözleri galyň äýneginiň astyndan güberilip görünýän, aşgazandan azar çekýändigine garamazdan, içmäni gowy görýän Aman atly, orta ýaşlaryndaky kişi binanyň mähnet gapysyndan atylyp çykdy-da, basgançaklardan tüwdürilip aşak düşdi. Şol edarada işläp gaýdandygym üçin men ony gowy tanaýardym. Jemal bilen aramyň bardygyndan habary barmy ýa ýok, ony aýdyp biljek däl, ýöne gözüm kaklyşandan edil kakasyny gören çaga ýaly ýapyrylyp şoňa, tarap ýüwürdim, barybam hal-ahwal soraşara mähetdel, göwnüne zat getirerem öýtmedim-de, Jemalyň şu gün seminara gatnaşandygyny ýa gatnaşmandygyny, eger-de gatnaşan bolsa, näme üçin altyň ýarynda çykmandygyny soradym. O-da bu saňa nämä geregem diýmedi-de: «Altyň ýarynda hiç kimem çykan däldir, sebäbi bu gün iň soňky güni bolansoň seminar adatdakysyndan irräk gutardy, häzir bolsa hemmesi üýşüp, ho-ol, görünýän kafede nahar iýip otyrlar, menem şol ýere barýan, Jemalam şol ýerdedir» diýdi. Derrewem saýawanyny açdy-da damjalaryň arasy bilen görkezen kafesine tarap ýumlukdy. Asfaltyň

oýrak ýerlerinde oýmur-oýmur bolup ýatan ýagyn suwlarynyň arasy bilen bökejekläp barşyna basym ýoluň o ýüzüne geçdi we ýagynly ýeliň badyna şahalaryny «şabyrdadyp», iki ýana bulap duran gür gara baglygyň arasyna siňip gitdi. Birdenem galyň bulutlaryň, sil kimin guýýan ýagynyň arasy bilen asmanyň bir ýeri yş açdy-da, ýere günüň sarymtyl, solgun hem sowuklaç şöhlesi düşdi. Derrewem ýitdi. Yş bitdi. Howa ýene-de garaňkyrady.

Men uludan demimi aldym. Çünki işinde ýok diýdim, seminarda bolup çykdy, seminardan çykmady diýip oda-köze düşdüm, kafede bolup çykdy. Garaz, eden gümanlarymyň bary gury howsala bolup çykdy durdy. Şondan soň ynjalaýsamam, gaýdybersemem boljakdy. Ýöne: «A kafe barman başga bir ýere gidiberen bolsa näme» diýen pikir ýene-de bir ýerlerden kowsarlap gelip, kelläme urdy-da, öňki kaddyma getirdi duruberdi. Indi men kafeni barlamalydym. Şol ýerde ol seminarçylar bilen bile nahar iýip otyrmy ýa ýokmy ine, şuny bilmelidim.

Hut şol niýet bilenem, batyp-çümüp, Amanyň salgy beren kafesine tarap «çygşyldap» ugradym. Elbetde, o durşuma men kafe girip biljek däldim. Çünki üstüm-başym öl-myžžyk. Görnüşüm egbar. Ysgynsyz. Üstesine-de men-ä girsem, Jemalam şol ýerde bar bolup, menem görse, ol meni ömürem bagyşlamaz. Gaýdyp ýüzümem görmez, çünki düýn aýrylyşanda-da ol hut meniň şu häsiýetim üçin aýrylyşypdy ahyry. Şonuň üçinem, maňa bir bukurak ýerde gizlenäge-de, seminarçylaryň çykaryna garaşaýmak galýar.

Şol maksat bilen bardym-da, kafeniň çat maňlaýyndaky gür gara baglygyň aşagyna sümüldim. Çykanlaryny görmän galmazlyk üçin, gözlerimi depesine melewşe reňkli ýylançar yşyk bilen owadanlanyp ady ýazylan kafeniň  galyň, dub agajyndan ýasalan mis tutawaçly, goňur, ýalpyldawuk gapysyna dikdim. Kafeniň dürli reňkdäki ýazgylarynyň ýagyş suwuna düşýän ýalkymlary ýerdäki haýsydyr bir hudoşnigiň batyrgaýlyk bilen çeken owadan «abstraksiýasyna» meňzeýär. Dyngysyz ýagýan çabga bolsa, olary birsyhly çaýkap, sudurlaryny häli-şindi üýtgedip dur..

Hernäçe garaşsamam Jemal çykmady. Aman dagy çykandan soňam çykmady. Men hatda kafe ýapylyp, işgärleriň özleri gidenlerinde-de öz ornumda durdum.

Şular ýaly oýlary aňymda aýladygymsaýy beýnim bet bulaşdy. Aýaklarym göwrämi götermejek boldy. Öl eşikler, telim sagadyň hereketsizligi süňňümi saraňgaty etdi. Süýeklerim herekete gelmejek boldy. Ysgyndan gidip ýykylaýmakdan zordan saklandym. Oňa çenli kafeniň garawulam birki gezek dagy girdi, çykdy, hamala meni görýän ýaly duran ýerime tarap öwran-öwran, ýapyrylyp-ýapyrylyp çiňerildi, soň gelip edil öň ýanymda buşugyp gitdi.

Onda-munda elleri dubinkaly ýüzleri ýanan kartoşka ýaly garajürjenje girdenejik nobatçy poliseýlerem görnüp başlady.

Men usullyk bilen bagyň arka tarapyndan çykdym-da, ilki ýanýoda, soňam uly ýola düşdüm.

Şol wagt ýagyş öňküsindenem has güýçlendi. Ýel gatyşykly çabga «güwwüldäp» gelende başlaryny çar tarapa bulap oturan baglar köklerini sograga-da asman sary uçup gidibererli göründi. Köçede adam az. Maşynlaram juda seýrek geçýär. Bütin şäher ýatypdyr. Şolar ýalyda adam pahyr özüni edil, uç-gyraksyz umman içre galan ýelkensiz gäminiň ýolagçysy ýaly iňňän ýalňyz duýýan ekeni. Gorkýar, howalasy basylýar. Öýüni, onuň asuda hem ýyljak otaglaryny mähriban diwanyny küýseýär. Menem özümiň köräp duran alowly ojagyma tarap gyrmyldap barýaryn. Ahyram ýetdim. Gapdal söýesinden ýapyşyp, hersine aýak basanymda bir dem säginip, kyrk sekiz basganççagaň iň soňkusyna zordan çykdym. Içeri girişim ýaly özümi iň soňky gaçybatalgam bolan meleje diwanymyň üstüne goýberdim. Ýöne, öl geýimler ynjalyk bermedi. Endam-janym soka salnan ýaly owum-döwüm boldy durdy. Turmaly boldum. Çalşyryndym. Gury geýimler birhili göwräme gurp beren ýaly boldy. «Jemala jaň etmeli, öýündemi ýa giden ýerinden entek gelmänmi, anyklamaly. Eger-de bar bolsa, näme üçin seminardan soň kafe barmandyr sorap bilmeli» diýen pikir bolsa meni telefona tarap itekläp başlady. Ýöne jaň edip Jemal bilen gürleşmäge öýde mümkinçilik barmy, ýokmy, öňürti şony bilmeli. Şol maksat bilen girelgede durup otaglara ýekän-ýekän göz aýlaýaryn. Aýalym-a wanna giripdir. «Şapyr-şupury» eşidilip dur. Sesimem eşitmez. Gelin aşhanada gap-gaçlary ýuwup ýör. Oglum ikisem telewizoryň öňünde gyzykly bir gepleşige seredip otyr. Agtyklar bolsa enesiniň jaýyndaky telewizoryň öňünde ýüplük ýaly süýnüşip ýatyrlar. Diýmek, meniň kime telefon edenimi kim bilen gepleşenimi biljek, diňlejek ýok. Asyl meniň gelenimdenem hiç kimiň habary ýok bor-a çemeli.

Usullyk bilen telefona el ýetirdim. Trubkany galdyryp, gerek belgilerimi aýladym. Jaň gitdi. Trubka alyndy. Aňyrdan Jemalyň sesi eşidildi. «Alo-o...» «Jem...» Adynam doly aýdyp ýetişmedim. Trubka taşlandy. Men ýene-de aýladym. Ol ýene-de şol hereketini gaýtalady. Sogrup goýdumy, nämemi, soňky gezeklerde-hä ol asla trubkany galdyrmadam. Maňa ertire çenli garaşaýmakdan başga alaç galmady. Ýöne ne ertiri, ne birigüni, asyl bir hepdeläp Jemal bilen gürleşip bilmedim. Seminardan soň nirä gidendigini bilmezligimden ýaňa welin içimi it ýyrtyp barýar. Gapysyndan hut özi tarapyn kowlanymdan soňam şeýdip, üstüne çöwjäp ýörşüme käte namysam edýän. Utanýanam. Ýöne, ol uýatlarymyň menzili iki sagatdan aňry gidenok. Böwrümiň sanjysy güýçlenýär-de, telefonyň ýanyna baranymam, jaň edenimem bilmän galýan.

Gündizlerine kwartirama gidýän. Işlejek bolýan. Emma elim işe baranok. Gaýtam şol jaýda Jemal bilen geçiren pursatlarymy ýatlap, onuň eli degen gap-gaçlary, düşekleri görüp hapa bolýan-da, derrew yzyma gaýdýan.

Ikinji hepde aýaklaberende, gör indi näçenji gezekdir men ýene-de Jemala jaň etdim. Aldy. Men iki hepde bäri jaýryk-jaýryk bolup giden çakyr hem gurak sesim bilen çekine-çekine: «Jemal gurgunmysyň» – diýdim. Mendigimi bilse-de, ol bu gezek öňküleri ýaly trubkany taşlamady. Ýöne jogabam bermedi. Meniň näme hakdadygam näbelli, üzlem-saplam çykýan gürrüňlerimi esli wagt diňläp duranyndan soň öýke garyşykly tutuksy ses bilen: «Bolduňmy» – diýdi. Jogaba garaşmanam trubkany goýdy.

Bu onuň gaharynyň gaçyşyp, az-kem açylyşyp ugrandygynyň alamatydy.

Şol günüň ertesi men onuň işden çykýan wagtyna gabatlap edarasyna bardym. Ol aňyrdan ýüzüni sallabrak gelýänem bolsa, golaýyma geldigiçe açylyşdy. Hernäçe çytjak bolup dyrjaşsa-da, gaşlary diýenini etmedi. Birdenem gaýyp barýan garalawajyň ganatlary ýaly giňden gerildi. Gözleri güldi. Esasanam süzük gözi gowy güldi. Dodaklary Badhyzyň ir bişen pissesi ýaly çalaja çyzyldy. Saklanyp bilmänem ýylgyrdy. Ördek bakyşyny edibem «Nämä geldiň» diýdi. «Seni görmäge geldim» diýdim. «Biz näme aýrylyşmadykmy?» «Ýok. Biz aýrylyşsagam ýüreklerimiz aýrylyşmandy». «Däli diýsänim...» Bu onuň meni juda gowy gören wagty, özüni çyn ýürekden söýýändigime,

özi üçin her hili kynçylyklara döz gelip biljekdigime gözi ýeten wagty aýdýan sözüdi.

Ep-esli ýere çenli egin deňläp, ýuwaşjadan ýöräp gitdik. Hemişe şular ýalyda ol görer gözden çekinip: «Erkin, öňräkden ýöräýsene... Yzrakdan ýöräýsene...» diýerdi. Bu gezek welin beý diýmedi. Gaýtam, şeýdip, meniň bilen deň gadam urup barşyna buýsanýan ýaly, lezzet alýan ýaly başyny dik tutup ýöredi. Men welin şunça arzuw edip ýeten arzyly pursatymda näme diýjegimi bilmän, ýuwdunyp barýan. Agzymy açdygym: «Arada, ýagyşly gün seminardan soň nirä gitdiň diýäýermikäm» diýip gorkýan. Şonuň üçinem sesimi çykaramok. Dymyşlygy ýene-de Jemalyň özi bozdy: «Men-ä içimiň ýangyjyna diýdim o sözleri şo gezek, sen bolsaň ýeňsäňi tüňňertdiň-de, çykdyň gidiberdiň».

Emgegim ýerine düşdi. Bar zat täzeden başlandy. Dünýä gülgün öwüsdi. Daş-töwerek ýagtyldy. Giňedi. Ýagyş diňdi. Gök gürlemesini goýdy. Harasat ýatdy. Ýyldyrym çakmasyny bes etdi. Ýalpyldap Gün çykdy. Süňňüm ýeňledi. Göwrümime giňlik aralaşdy. Ýene-de şo-ol başdaky ýaly içi süýümtik pursatlardan doly ajaýyp günler başlandy. Ikimizem biri-birimiziň ýagdaýymyza görä bolmaklyga çalyşdyk. Jemal mümkingadar maňa ýakmajak hereketleri etmejek, ýakmaz sözleri aýtmajak bolýardy. Şonuň üçinem, men kem-kemden gabanjaňlyk keselimden aýňalyp başladym. Ýöne her niçik hem bolsa şol ýagyşly gün seminardan soň kafe barman, nirä gidendigini welin bilmesem hiç ynjalyp bilmedim. Ahyry bir gün maýyny tapyp soradym. Ol: «Öýdedim. Seminar gutarmanka rugsat alyp gaýtmaly boldum. Sebäbi ýaramadym. Senem-ä ejir çekensiň welin, aýralyk maňa hasam agyr düşdi – diýdi. – Gapa gelip gideniňem gördüm äpişgeden – diýip sözüniň üstüne goşdy. – Egniňde-de şo-ol, kapşonkaly meşhur gara balon kurtkaň bardy...»

Ynanmazçylyk edere ýer galmady.

Şondan soň meniň ýagdaýym hasam gowulaşdy. Ikimiziňkem gowulaşdy. Bir gowy düýşe meňzeş ajaýyp hem sapaly günleri başdan geçirýärdik. Men bu dynç gününden indiki dynç alyş gününe çenli sabyrsyzlyk bilen garaşýardym we bir wagtkylarym ýaly ony uly söýgi hem mähir bilen garşy alýardym. Ol ýene-de maňa ylham berýärdi, men işleýärdim, özem gowy işleýärdim. Hatda stolumyň üstünde ulurak işleriňem sudury peýda bolup başlapdy.

Ýazyň gelmegi bilen Jemal gapysyndaky suw satylýan budkajygy içiniň enjamlary bilen bilelikde arzan bahasyna garyndaşyndan satyn aldy. «Indi azajyk elim giňär» diýip, ol muňa bijaý begendi. Ýöne oňa ojagaz budkany işleder ýaly adam gerekdi. Özem Jemalyň öz aýdyşy ýaly erkek adam gerekdi. Çünki onuň fiziki güýji talap edýän ýerleri barmyşyn. Mysal üçin, çelegiň suwuny täzelemeli bolanda, gaz bilen gowy garyşary ýaly ruçkasyny ýüz gezekmi ýa ondanam köpmi towlamalymyşyn. Ony bolsa gyz-gelin başarmaýarmyşyn. Geçen ýylky işlän ýaş gelniň bolsa ýanynda adamsy bardy. Elbetde, kim bolanda-da, haýsydyr bir erkek adamyň gapysyndan girip-çykyp ýörşüni meniň halamajakdygymy Jemal bilen däldir diýib-ä biljek däl, ýöne näme üçindir ol şol işi alaga-da, meniň öňdenem halaman ýören bir adamyma tabşyrdy oturyberdi.

Ol adam dogrusy Jemalyň gapysynda baryp-ha adamsy ýogalan döwürlerinden bäri köw-söw edip ýördi. «Adamymyň garyndaşlarynyň arasynda gowy bir molla bar ekeni, ýogalan gününden başlap tä kyrkyna çenli bir köpük alman ähli sakytlaryny sowuşdy, jumalyklaryna-da gatnaşdy, Kuranam çykyp berdi», diýip, Jemal ony turuwbaşdan öwüp başlapdy. Soň onuň tä ýylyna çenli gatnandygyny aýtdy. «Ýylyna bolsa hakyt semiz bir goýny söwüş getirdi» diýip, bolubilenini bolupdy.

Şondan soň o babatda-da göwnüme müňkürlik gidip ugrapdy. Çünki adamsy agyr halda ýatan wagty Jemalyň töwereginde menden başga hossaram ýokdy, garyndaşam. Syrkaw üçin dürli haýyşlar bilen telim gezek Jemalyň öňüne düşüp bejereji wrajyň ýanyna girenem, Saglygy goraýyş ministrligine baranam, gyt dermanlary gözleşenem mendim. Agyr keselliligi üçin kömek puluny düzetjek bolup durmuş-üpjünçilik edaralaryna gatnanda-da, gapdalynda hossar hökmünde diňe men bardym. Ýöne ol döwür men entek Jemal bilen ysnyşykly gatnaşyga girmändim, gabanjaňlyk diýlen zadyň-a nämediginem bilemokdym. Ýöne mollanyň päliniň düzüw däldigini welin aňypdym. Şonuň üçinem Jemaly o wagtlar men gabanmaýardym-da, goraglaýardym.

Şol döwür onuň ömrüniň iň bir külpetli günleri, bolanlygynam diňe men bilýän. Çünki, men onuň ýanyndan aýrylmaýardym, hiç ýere ýeke goýbermeýärdim. Sebäbi, ol wagt onuň ýüki bir özi çekerden juda agyrdy, gerdenjigi bolsa ejizdi. Naçardy. Iň bolmanda ruhy goldawa mätäçdi.

Adamsynyň ugrunda çapalap ýörkä bir gezek çagalaram syrkawlady-da, Jemal her gününi hem iki üç hassahananyň, hem iş ýeriniň arasynda ylgaşlap geçirmeli boldy. Has kyn ýeri syrkawlaryň hersi üçin bir dürli nahar bişirmelidi, hersiniň gerekli dermanlaryny tapmalydy. Onuň üçinem pul tapmalydy, soňam birin-birin paýlap çykmalydy. Howa bolsa sowuk. Gara gyşyň örküji. Şonuň üçinem halys tapdan düşen naçar maşgala öýüne-de gitmän, ýagdaýy beýlekileriňkä görä, has agyrrak bolan Zübeýdanyň ýanynda ýatmaly boldy. Şol hassahanada işleýän jorasynyň üsti bilen, Jemal ony bir adamlyk, kiçijik otagda ýerleşdiripdi. Ondaky uly bolmadyk agaç krowatda Zübeýdany ýatyryp, özem tapsa-ha seteran goýlan üç-dört sany oturgyjyň üstünde, bolmasa-da aşagyna düşek oklap ýerde ýatýardy. Jaýyň içi sowuk bolansoň, şonda men oňa hem-ä özleri ýylynar ýaly, hemem nahar gyzdyryp çaý gaýnadarlary ýaly üsti açyk spirally tok plita eltip beripdim.

Şeýdip ýörşüne Jemalyň özem sowuklady-da, ýagdaý hasam kynlaşdy. Bir gün agşamaralar yzyndan barsam gyzynyň aýak ujunda çugutdyryp oturşyna boýnumdan aslyşdy-da: «Ne özümde, ne adamymda senden başga hossar ýok ekeni» – diýip, aglady. Ykbalyndan nalady. Soňam ýaşdan ýaňa gyzaran gözlerini gypyrjykladyp ýüzüme seretdi-de: «Erkin, eliňe pul düşse çişlikden bir doýaly-la» – diýdi.

Işe ýerleşenimden soň men onuň ol haýyşyny aňryýany bilen ýerine ýetirdim. Adamsynyň ýyly geçip, gatnaşyp ugranymyzdan soňam oňa maý tapsam çişlik alyp berdim, ýöne şol pursatky boýnuny burup, haçan iýiljegem näbelli çişligiň tagamyna gaýybanasyndan gultunyp, gurak-gurak ýuwdunyp oturşy göz öňüme gelende welin, heniz-henizlerem ýüregim gyýym-gyýym bolup gidýär.

Ine, şolar ýaly horlanyp ýören döwürleri hossar tapylmadyk Jemal, ine, dul galanyndan soň hossarly boldy oturyberdi. Men ol molla baradaky pikirimi Jemala ýene-de aýtdym. «Suwuňy şoňa berme, öňki hereketlerinem ol ýöne ýere edenok, seň synaňa göz gyzdyryp edýä» diýdim. Emma ol meniň bilen razylaşmady. Ýa-ha mollanyň şol hereketleri hakykatdan-da garyndaşlygy üçin edýändigine çyny bilen ynandy, ýa-da şo-ol bir wagtky «ak maşyn» barada aýdyşy ýaly: pyşgyrýança bir ulanaýyn, diýen niýet bilen duýmadyksyrady, ýa bolmasa-da, bir ýyl bäri edip gelen mugt hyzmatlary üçin göwnüne degmäge, ýüzüni almaga dözmedi. Belki-de, bogny ysmady. Garaz, şol

wagt ol meniň bilen ylalaşmandy. Hemme adam ikimiziň pikir edişimiz ýaly garaýürek däldir, Erkin, ol hakykatdan-da ärimiň garyndaşy bolansoň bize dözmän şeýdip ýör, gelende-gidende «jigijiklerim» diýip, çagalarymyň başyny sypalaýa, mähir berýä, ony-muny alyp berýä, özem namazly-täretli adam, oňa müňkürlik etmek gelşiksiz bor. Üstesine: «Arly tomus mugt işledip bereýin şonyňy, kör-köpügem gerek-gä diýýä» diýip, şol diýen ýerini tutdy oturdy. Ýöne, men barybir öz pikirimden dänmedim. Şeýdibem Jemal ony işe aldy. Has takygy öýüne saldy. Hemişe günaşa ýa başaşa gelýän adam şondan soň şol howla labyryny ymykly taşlady oturyberdi. Bu ýagdaý meni ýene-de howsala saldy. Men ýene-de şo-ol, gadymky kaddyma geldim. Oturyp-turup ynjalygym bolmady.

Dogry, suwa durýança men ol mollany görmändim, ýöne Jemalyň sözlerine görä, ol menden bäş-alty ýaş kiçi, üsti-başyndan elmydama kelle-aýagyňmy, täze soýlan etiňmi myrtar ysy aňkap duran pyýada bolmalydy. Bilgeşländen meni gyjamak üçinmi ýa özüniňem ony gaty bir halap barmaýandygyny nygtamak üçinmi, talaban hökmünde nalaç saklap ýörendigini terkarlamak üçinmi, Jemal käte mollanyň nahar-şorluk azyk önümlerinem getirýändigini, ýöne çüýrük bolansoň ol harytlarynyň ýarysyny zyňmaly bolýandygyny, galan ýarysyny bolsa onuň özüne iýdirmeli bolýandygyny, çünki getiren zadyndan bir zatjagaz bişirip öňünde goýmasaň wagty bilen ýerinden gozganmaýandyny öz-özi bilen gürleşýän ýaly edip, ýuwaşjadan gürrüň berýärdi. «Özem şeýle bir iýermen, şeýle bir horan bir oturyşyna üç gezek dagy jama nan dograp iýýä, çorbasyny bolsa göterip jamyň erňeginden içýä, yzyndanam sag eliniň süýem barmagyny jamyň gyralaryna, düýbüne süýkäp, «şapbyldadyp» bir ýalaýa welin, özüm utanyp gidýän» diýip, gybatynam edýärdi. Meniň bolsa o gürrüňleri eşitmediksirän bolup oturybermekden başga alajym ýokdy. Şol bir zady gaýtalap garşysyna gidip oturmakdan bolsa netije ýok. Agzaýdygyňam: «Sen-ä ýene-de köne heňiňe başladyň-ow» diýip, alpetiňden alýar. Men oňa: «Eger-de diňe hyzmaty üçin saklaýan bolsaň, onuň şol hyzmatlaryny men edeýin, ýöne, şony kow» diýibem gördüm. Onda-da etmedi. «Başarmajak zadyňy aýtma, Erkin, ol iň bir hapa işlerem irinmän edip ýör, sen bolsaň o zatlaryň gyrasyndanam barybilmersiň...» diýdi.

Şondan soň mende: «Görýän welin, şüý-ä menden geçjek welin şondan geçjek däl şekilli» diýen şübhe döredi. Gümanym artdy. Özümi kim-kimleriň öňünde kemsidilen hasap etdim. Jemaldan ýüz öwürmekligi, dolanybam yza dönmezligi ýüregime düwdüm. Ýöne her gezek şeýdip, öýkeläp gidenimden soň aňyrsy iki sagada ýetmän ýa-ha jaň edýärdim, ýa-da ýaňadandan ýaraşmak üçin ýüzümi ýerden asyp ýanyna gelýärdim.

Şeýle-de bolsa, eýýäm bar zadyň mazasy gaçyp ugrapdy. Dynç günündäki duşuşyklarymyzam öňki lezzetini ýitiripdi. Biz biri-birimiz bilen edil borçly ýaly sowuk-sala duşuşýardyk, ogşaşman aýrylyşýardyk, sessiz-üýnsiz hoşlaşýardyk. Gepimiz-sözümiz alyşmaýar diýen ýalydy. Gözýetimden süýşüp gelýän gara bulut «hä» diýmän asman gümmeziniň ýüzüni örtjege, güýçli harasada öwrüljege meňzeýärdi.

...Bir günem nebir günümi bulanmagyna sebäp bolan şol mollajygy gözüm bilen bir göreýin-le, diýen niýet bilen Jemalyň işde çagalarynyň bolsa mekdepde wagtyny peýläp öýüne gitdim. Bardym. Budkanyň agzyndan garadym. Görsem ýalpyldap duran hüýt-gara ýüzli, agy sallanyp duran gyýma gara balakly, köýneginiň ýagyrnysy derden ýaňa kebir şor, boýny gara-gäz, ullakan ala gözleri oýnaklap duran bir jortmajyk, elli bäş ýaşlaryndaky, gara garsak kimin kiçijik bir pyýada stakanlary çaýkaşdyryp, iki ýana yranjyrap: «Şasenemiň gapysynda gedaýam, maňa sen ýar gerek, özge gerekmez» diýip, öz-özünden hiňlenjiräp dur. Dogrymy aýtsam, gözüm düşenden inim üşendi. Derrewem Jemalyň: «Gözüň bilen görseň öz-özüňdenem gabanmaňy goýarsyň» – diýen sözleri ýadyma düşdi. Dogrudanam sähelçe özüňi sylaýan bolsaň ondan maşgala gabanar ýaly däl. Iň bolmanda daş keşb-ä şeýle. Gözleriniň şöhlesi sowuk. Gara ýüz üzre hasam akjaryp görünýän, hemmesi abat dişlerini syrtardyp ýylgyryşy nazaryndanam beter sowuk. Umuman, ýüzünde gözünde mähir ýok. Bokurja boýnuna kiçijik, kirlije ak ýaglyk orapdyr-da, iki ujunam alkymynyň aşagynda bir gezek çigipdir. Wagtal-wagtal ol şol çiginiň uçlaryny çekişdirip goýberýär. Megerem, kakasyndan galan bolsa gerek, tomsuň günüdigine garamazdan, egninde geçen asyryň ellinji ýyllarynda ýoň bolan, döşleri jübüli çal kitel. Ýeňse tarapy barmak sokaýmaly boş bolansoň, ýap-ýaňyja syrylan tagaşyksyz kellesine howul-hara taşlanan köneje tahýasy her gezek hereket edende o ýan, bu ýan hallan atyp, dur.

Ol iki elinem öňündäki agaç germewe diredi-de, ýüzüme gyşarylyp bakdy, ýylgyrdy, iki gözünden syzyp çykýan mähirsiz nazaryny çat maňlaýyma dikdi: «Haýsysyndan guýaýyn agam? Tarhunmy? Almamy? Üljemi ýa şetdalymy? Erikmi? Ýa çalmy? Men biri-birine ýelmeşen dodaklarymy zordan açyp: «Çal guýaý» – diýdim.

Guýdy. Içdim. Içişim ýalam der basdy. Elýaglygymy çykaryp ýüzümi, boýnumy süpürip durşuma ony gürletmek üçin bor-bolgusyzragam bolsa sorag berip başladym. Ol meniň çak edişimdenem beter geplemsek bolup çykdy. Soňabaka-ha sorag bermek geregem bolmady. Jemalyň adamsynyň garyndaşydygyny, her üç günden bir gezek, o-da diňe gijesine şäher çüwdürimleriniň birinde nobatçylyk edýändigini, şonuň üçinem bu ýerde islemekligiň esasy işine gaty bir päsgel berip barmaýandygyny bir demde aýtdy. Yzyndanam: «Aý, kömek edäýeýin diýdim. Garyndaşymyň ýetim galan çagalary hossarsyz ýaly syňsyraklaşyp ýörmesinler diýdim. Sähelçe kömegem goltgy bolup dur-da bulara şumat. Ýekeje buhanka çörek getirseňem begenýäler, görgüliler...» diýdi.

Molla Jemalyň öz aýdanlaryndan artyk söz aýtmady. Şonuň üçinem bu ýerde ony mugt işçi güýji hökmünde ulanmakdan başga bähbidiniň ýokdugyna, mollanyňam garaçyny bilen, garyndaşlygynyň hatyrasyna hyzmat edip ýörendigine tas ynandym diýen ýaly. Nähak ýere oda-köze düşüp ýörendigim üçin öz-özüme gaharymam geldi. Namazly-täretli adamyň günäsini göteren bolaýmagymyň ahmaldygy barada oýlananymda-ha dogrusy gorkmanam durmadym. Şonda mollanyň göwnüme bolmasa gara ýüzi az-kem agaran ýaly, ýüzüre bolsa mähir nury çaýylan ýaly boldy.

Gaýdyşyn agyr ýük astynda gelenem bolsam, gidenimde aýagym ýere degmedi. Gije-de hezil edip ýatdym. Ukymy aldym.

Ýöne barybir ynjalyp bilmedim. Ertesi irden turşum ýaly: «Eger-de ýanyna golaýlaşmaýan bolsa, Jemal onuň üstünden çig etiň ysynyň gelýändigini nädip bilýämişin...?» diýen pikir kelläme geldi-de, bir üýtgeşik sözjagazam eşidäýmegim ahmal diýen tama bilen ýene-de mollanyň ýanyna gitdim. Emma bu gezegem bilibilen zadym bolmady. Şonuň üçinem şol ýerde gymmatbahaly bir zadymy galdyryp gaýdýan ýaly telim günläp gün yrman gatnadym. Gitdigimçe-de öwrenişdim. Şu öýde özüniň eýýäm hojaýyn ornundadygyny, maňa göz üçin edip görkezmekçi bolýan ýaly gürrüňçiligiň arasynda hasyr-husur

budkajygyny ýapýardy-da, Jemalyň jaýynyň gapysyny zarp bilen açyp, arkaýyn içine girip gidýärdi. Wannasynda täret kylýardy, ondan soň ortaky jaýa geçýärdi-de ortarada durup, uly ili bilen zörledip namaz okaýardy. Entegräkdenem atylyp eýwana çykýardy-da, basgançaklardan abşanaklap aşak düşýärdi. Gybyrdyklap gelibem budka girýärdi. «Nätdim» diýen terzde ýüzüme seredip syrtarylýardy.

Käte men onuň tutuş howlyny suwlap, syryp-süpürip, aýna ýaly ýalpyldadyp ýörşüne gabat gelýärdim. Şol işleri ol uly höwes bilen edýärdi, lezzet alýardy. Jemal ýaly ýaş hem owadan gelniň howlusyndan emin-erkin girip çykyp ýörendigi üçin buýsanýardy, öz-özüne guwanýardy. Belki-de, eýýäm Jemaly öz tarapyma geçirdim hasap edip, açyk söwda geçiljek aýgytly pursadyň gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşýandyr? Özüni Jemalyň gujagyna oklajak şol arzyly pursadyň günsaýyn golaýlaşýandygyna ynanýandyr? Jemalyňam özüne göwünlidigine, özi tarapyndan ediljek teklibe onuň ikielläp razy boljakdygyna asla ikirjiňlenýänem däldir.

Men, elbetde, onuň ýanyna gatnaýandygymy, «aňtawçylyk» edýändigimi Jemala bildirmeýärdim, ýöne bir gezek ol Jemala: «Bir mugt iýýäniň bir-ä ýanyma gatnaýa» – diýipdir, şol günüň ertesi Jemal maňa: «Şol sen-ä dälsiň? «Was-wasyň» ugruna gidip sümsünip ýören-ä dälsiň-dä» – diýdi. «Ýok, men-ä däl» – diýdim. Şonuň bilenem ol gürrüň galdy. Şeýle-de bolsa, bu meselede özümiň iňňän seresap bolmalydygymy aňdym.

Dogrudanam öwrenişdimi ýa meniň «mugt iýýänlerden» däldigime göz ýetirdimi, soňabaka molla menden çekinmesini goýdy. Soňky gezek baranymda-ha hasam içginsiredi. Men soramaýanymda-da gürrüňi Jemally tarapa sowasy geldi durdy. Öň özi budkanyň içinde oturyp gürleşýän bolsa indi menem içine saldy. Müşderisi ýok wagty budkadan çykyp, bagyň kölegesinde setirläp goýaga-da, üstünde eňegini sag eliniň aýasyna diräp, gözlerini dik asmana dikip, ýanyn ýatýan oturgyçlarynyň birini öňüme süýşürdi. Suw diýsem suw, çaý diýsem çaý berdi. Arasynda ahwallarymam sorady. Men welin ara böwşeňlik düşdügi öňkülerim ýaly osmakladyp başladym. Suwuň eýesine ýeke bir garyndaş hökmünde däl-de, ýanýoldaş hökmünde-de hossar duraýsa kem bolmajakdygyny ýaňzytdym. Meniň ol sözlerim oňa iňňän güýçli täsir etdi. «Sen dogry aýdýaň, gardaş, ýüregiňdäkini aýdýaň. Men özümem şol pikirde, ýöne, how, men-ä şuň bergilerem halys çökerdi. Almankam

tozdurdy. Işläp berenim üçin-ä bir hak alamok, üstesine ol işimden alýan aýlygymam şuňa getirip berýän, bergileriňi üz diýip. Bergisi bolsa köpelýä welin azalaýanok... – Molla oturgyçda oturan ýerinde çep aýagyny öňe uzadyp arkan gaýyşdy. – Hudaýa şükür, kem zadym ýok, öýem hor edemok, munam... Hor etmenem... – Ol barmaklaryny büküp başaldy – Gelelim bäri ilki «tremo» äberdim, soň äpişgesine tutar ýaly gymmatbahaly tuty alyp berdim, ine, dek-düýn telewizor äberdim...»

Beýnimiň içine ýyldyrym çakan ýaly boldy. Ýüregimiň urgusy bada-bat güýçlendi. Bokurdagym gurady, agzym kepedi. Dilimiň öwrülmesi kynlaşdy. Süýeklerim syzlaşyp, aýaklarymdan ysgyn gaçdy. Bedenim lerzana geldi. Çünki onuň bu maglumatlaryna men ynanman biljek däldim. Şol sanalan zatlaryň barysyny Jemal golaýda hakykatdanam edinipdi. Ýöne maňa «özüm satyn aldym» diýipdi. Ine, indi bar zat äşgär boldy. Diýmek, ol meni aldapdyr. O zatlary oňa molla äberipdir. Şeýle-de bolsa men syr bildirmezlik üçin ýalandan gülen boldum: «Beh, olar ýaly bolsa goşuňyzy-ha birikdiriberenem ekeniňiz. Indi bir ýazlyşaýmaňyz galypdyr-da...» Molla edil «wawwasyna» basylan ýaly boldy. «Wah, onam diýýän welin, entek ýazlyşmana howlukmaly diýýä-dä... Şeýdip içimi ýakýa-da... Äriniň ýasy sowulansoňam, nämä garaşýa, men-ä haýran...» Men içimiň ýangynjyna: «Göwünli dämi özi saňa...» diýenimde bokurdagym dolup, gaňşyrawugym tütäp gitdi. Gözlerime çyg çaýyldy. «Göwünli bolman nirä gitsin-aý... – Molla «hikir-hikir» güldi. – Onsoňam ol öňi-soňy garamatyny biriniň boýnuna atjak bolsa özümiz eýe çyksak ýagşy...»

Maňa indi ol ýerde ondan artyk eglenmekligiň geregi ýokdy. Çünki telim gün bäri gatnap, eşidesimiň gelýän zadyny eşidipdim. Bilesimiň gelýän zadyny bilipdim. Turmaga synanyşdym. Emma başartmady. Molla bolsa henizem gürläp otyr. Maňa tarap eglibräge-de, iki gözümiňem içine seredip bir zatlar diýýä, ýöne, men indi hiç zat aňşyrmok. Onuň göwresem gözlerimiň öňünde salgyma öwrülip, howada eräp gidip barýar. Kellämiň içinde bolsa mollanyň: «Ýazlyşaly diýýän welin, howlukmaly diýýä» diýen ýakymsyz sesi Jemal bilen hoşlaşan günümiz: «Hoş gal ezizim, mähribanym...» diýen sözüň gaýtalanmana başlady.

Ümürde ýöreýän ýaly ellerim bilen howany sermeläp zordan turdum. Tutuş göwräm bilen yranyp budkadan çykdym. Molla welin, şindem egnini-egnime deňläp, bir zatlar diýip, gidip barýar. Ýöne, maňa

indi ol näme diýende-de parhy ýok. Çakym-çak, çenim-çen bolup çykdy, şonuň özi maňa bes. Sähelçe bähbit üçin özüni şeýle pese taşlamaga ukyplydygyny bilen bolsam, men aslynda onuň ýelesinden bir geçermidim? Golaýyndan bir bararmydym? Ol kim, ojagaz mollajyk kim? Şolar ýaly päkize, saçlarynyň her taryndan müşk ysy kükäp duran ýaş maşgala özüni üstünden çig etiň ysy gelip duran kirli birine rowa görüpdir, diýseň kim ynanar? Ynanmazlyga bolsa sebäp ýok. Bujagaz mollajyk bar zady ine, şumatjyk özüniň günde bäş wagtyna namaz okaýan diljagazy bilen aýdyp berdi. Onda-da edil çöp döwlen ýaly etdi. Çintgäp-çintgäp aýtdy. Alyp beren harytlaryna çenli ýeke-ýeke sanady. Özüniň etmedik zadyny ol bir ýat adamyň ýanynda etdim, diýip, aýdybilmez-ä! Jemalyň aýtmadyk zadyny «aýtdy» diýibilmez-ä!... Eger-de sähelçe gaýratym, namysym-arym bar bolan bolsa, onda men şol wagt göni Jemalyň ýanyna ylgamalydym. Barybam göreçleriniň içindäki garaçjyklaryna dikan garaga-da: «Maňa sen ýaly, iki dilli biwepa gerek däl! Men senden geçýän! Sen menden boş! Alan galaň özüňki!» diýip, birwagtkylarymdanam has gaty we yzgytsyz gygyrmalydym.

Hut şol niýetler bilenem, göni Jemalyň iş ýerine tarap ugradym. Barybam girelgeden jaň etdim. «Çyk, seniň bilen gürrüň bar» diýdim. Sesimden bir zatlar aňan bolsa gerek, aljyraňňy gürledi: «Ýene ýarym sagatdan arakesme bolýa, şonda çyksam bolmazmy?» «Bor, edaraňyzyň ýokary ýüzündäki bagjagazda garaşaryn...»

Mende bir häsiýet bar, juda gaharym gelse ýa erbet kejiksem, aýtjak sözümi öz wagtynda, esasanam jaýba-jaý aýdyp bilemok. Şonuň üçinem, Jemala kesgitli bir zat aýtmakçy bolsam hemişe hata ýazyp berýärdim. Soňabaka Jemal meniň bu häsiýetimden basylyp ugrady we elim kagyzly gördügi ýaýdanyberdi.

Men bu gezegem şeýtdim. Mollanyň äberdim, diýýän zatlarynyň barysyny bir kagyza sanaw görnüşinde ýazdym. Ýokarsyndan bolsa: «Ine, saňa «hossaryň» alyp beren zatlary, bular ýaly gymmatbahaly zatlar ýöne ýere äberilmeýär» diýip görkezdim.

Ine-de, Jemal maňa tarap moýmuldap gelýär. Egninde ýukajyk, gara-ala kofta, topugyna düşüp duran ýubkasam gara. Ýöne, ikisem tomus üçin galyňrak. Ol köpden bäri tomus geýer ýaly ýukajyk ýubkanyň arzuwyny edýärdi, ýöne, süýşürinip bilmeýärdi. Men bolsam telim aý bäri işsizdim we hiç-hili kömek edip bilmeýärdim. Ýöne göwnümde bardy. Şonuň üçinem tüp yssyda gara dere batyp, galyň

ýubkanyň içinde ýanyp-bişip gelşine nebsim agyrdy. Syn edýän welin özem ilkinji gören gezegimdäkä garanda birneme ýarsypdyr. Semräpdir. Ýörüşi haýallapdyr. Alys ýoldan ýadap gelýän bedewe meňzeýär. Golaýlaberende ýylgyrjak boldy, ýöne elim kagyzly duranymy görüp gyzardy. Aljyrady. Men bolsam ahyrsoňy günäsini subut edip, biwepalygyny ýüzüne basjakdygym, syryny äşgäre kylyp, zähresini ýarjakdygym üçin tolgunmakdan ýaňa süňňümi saklap bilmän, sandyraklap durun. Aýgytly pursat golaýlaşdygyça-da galpyldym artýar. Ýöne bir zat welin meni köşeşdirýär, o-da inkär edip bolmajak subutnamalaryň hemmesiniň elimdeligi. Öňki ýaly howaýy däldigi. Şol durşuma men: «Şu çaka çenli meni aldap, oýnap gezendigiňi, şeýtmek bilen çoh-çoh günäler gazanandygyny sen indi-hä hiç zat bilen inkär edip, batly-batly sözleriň bilen meni haýalçyradyp bilmeseň gerek. Sebäbi gerekli kartyň oýny meniň elimde. Şony görkezerin welin, ähli kartlaryň eliňden gaçar, utuş menlik bolar, bu zatlary meniň nädip, nireden bilip ýörendigime haýran galmakdan ýaňa çiňarkan gaýdyp çüwdäňi deşdiräýmegiňem ahmal, ýöne zyýany ýok, senem iň bolmanda bir gezejik bir awunyp gör, ýanyp-bişmekligiň örtenmekligiň nämedigini bil» diýip, içimi gepledýän. Dişimi gyjaýan. Howsalam welin artýar. Sebäbi her niçik hem bolsa, bu garpyşmanyň aňyrsynda uzak, belki-de, ömürlik aýralyk ýatyr.

Geldem welin, hatly kagyzy eline tutdurdym. Ol boz-ýaz bolup haty açdy. Okady. Menem synlap durun. Iki gözümem ýüzünde. Kagyza ýazylan hatyň täsirini biljek bolýan. «Näderkäň, ind-ä özüňi aklara bahana tapmasaň gerek» diýip, oýlanýan. Boz-ýaz bolup durşuna: «Bolýa, sen ahyry utduň, meni ogurlygyň üstünde tutduň, mende indi çykalga ýok, bar zady boýnuma alýan, şu zatlaryň bary çyn» diýerine, özüniň bagyşlanmagyny haýyş edip ýalbararyna, göz ýaş döküp eňrärine garaşýan. Onuň welin okadygydaýy ýüzi açylýa. Gyzarmasam galdy-da, öz reňkine geldi. Ýylgyrdy. Birdenem güldi-de, haty elime tutdurdy: «Me, ýygnap goý, soňam gerek bolmagy mümkin. – Ol aňyrsyna öwrülip gitjek ýalam etdi-de, iki ädimem ätmän saklandy. – Indi ikimiziňki hakykatdanam gutardy, Erkin, sebäbi, sen düzeljek adam däl. Özüňem gaýdyp meni gözleme, yzlama. Meniň çydam käsäm doldy. Hoş! Näme nägileçiligiň bolsa-da, özüňden gör...»

Şondan soňam onuň şeýdip gaýtam meni günäkärläp durşuna haýran galdym. «Eý, weý, eý weý, bujagazyň bolaýşyny-aý, beh, beh...»

diýip, kimdir biri beýnimiň içinde agyr ädikli aýaklary bilen iki ýana «düňk» ýasady. Şonuň üçinem, dodaklarymy ýalaşdyrdym-da, ysgynsyz ses bilen: «Näme... Sen näm... Ýa-da ýene ýalanmy...» diýip, sakawladym. Gitmäge hyýallanyp öňe-yza owsun atyp, durşuna Jemal ýüreginden syzdyryp şeý diýdi: «Men indi seň öňüňde özümi aklajak däl, Erkin, sebäbi oň peýdasy ýok. Ýöne, bir zady aýdaýyn: Sen garaňky jaýyň içinden gara pişik gözleýäň. Iň ýamanam seň gözleýän pişigiň şol jaýyň içinde ýok...» Men gyssanjyma kartymy açanymam bilmän galdym: Bu zatlary men onuň hut öz agzyndan eşitdim ahyry...» «Eşiden bolsaň gowy edipdiň. Ýene bar-da, diňle şony. Şeýtseň başga-da birnäçe zatlar eşidäýmegiň ahmal. Ýöne şol ýerden göni öýüňe git! Gaýdybam meniň ýanyma gelme. Jaňam etme. Menem, meniň telefon nomerimem unut. Hemişelik unut. Men senden öler ýaly ýadadym. Irdim. Basyldym. Seniň maňa hunaba ýuwutdyrmakdan başga peýdaň ýok. Özüňem mert bol! Ejizleme! Öňkiň ýaly aglap-eňräp görene masgara bolup ýörme. Öz derdiňi özüň çek!...» – diýdi-de, sag bolam diýmän aňyrsyna öwrüldi.

Ýene-de meniňki bolmady. Ýene-de kartym elimden gaçdy. Gylyjym ýene-de Jemalyň galkanynyň aşagyna düşdi. Ýene-de men utuldym. Iň ýanamam oňa hiç zat diýip bilmän, aýda-aýda içimi sowadybilmän galdym. Ol welin, eýýäm ho-onha, göwni bir ýaly arkaýyn ýöräp gidip barýar. Menem ýüzüne hökmi ýöremedik doga ýazylan kagyzy elimde aklap onuň yzyndan garap durun. Şol aralykda-da indi hiç haçan onuň galyň hem gara ýubkasyny täzelemäge kömek edip bilmejekdigimi ýatlap erbet gynanýan. Derrewem: «Zyýany ýok, ömürlik aýrylyşanam bolsak, işe durup aýlyk alan günüm oňa tomus geýer ýaly bir ýukajyk köýnek alyp bererin, çişligiň ahmyryndan çykyşym ýaly ýubkanyňam ahmyryndan çykaryn», diýen pikir gyssagara kelläme geldi-de az-kem köşeşdim.

Ýöne, ömürlik aýrylyşandygym, ony gaýdyp hiç-haçan görmejekdigim, hiç haçan duşuşmajakdygym, bir ýassyga baş goýup, bir düşekde dalaşmajakdygym barada oýlananymda welin ýüregime erbet bir howsala aralaşdy. Gözlerimiň öňi garaňkyrap, ýer-gök daşymdan degirmen deý aýlandy. Güýçli bir ruhy yzanyň garasar sürüsi ýaly üstüme sürünip gelýänini duýdum, hatda şol guşlaryň gara ganatlarynyň deňziň gomlaryna, tolkunlarynyň «güwwüldisine» meňzeş «şaggyldysyna» çenli eşitdim. Dünýe bolsa gitdigiçe daralsy. Gysdy. Gowurdy. Dumly-duşumy tukatlyk gaplap aldy. Şol pursat men özümi

hiç kime gerek däl hasap etdim. Giň jahan içre özümi ýalňyz duýdum. Dowla düşdüm. Ýaşaýyş, dünýedäki zatlaryň ählisi meniň üçin manysyny ýitirdi. Eger-de şol pursat Jemal bilen bütin dünýäni bir terezä taýlan bolsadylar, onda meniň üçin gürrüňsiz jamyň Jemally tarapy agyr gelerdi. Ýap-ýaňyja-da onuň «talagyny» berjek bolup, dolup-daşyp duran halyma, ine, indi özüm ejizläp durun. Meniň şol wagtky ýagdaýyma diňe şol hala düşüp gören adam düşüner, halymy diňe «mübtelalar» biler. Meniň şol pursatky çeken jebrimiň möçberini hiç zat bilen ölçäp bolmaz. Bokurdagymdan çykjak bolup dyňzap duran ajy agynyň joşgunyny daşgynly däli derýalaryň hiç biri bilen deňeşdirip bolmaz.

Ýaşdan ýaňa öňüne ýaşyl perde tutulan günäkär gözlerim bilen, henizem assa-ýuwaş ädimläp barýan Jemalyň yzyndan seredýärin. Ol hatda göwnüm üçinem yzyna gaňrylyp bakaýanok.

Şeýdip, men ýene-de öz gümanlarym bilen ikiçäk galdym. Şeýtmekligi hernäçe höwes etsem-de, mollanyň aýdanlaryny inkär etmäge hiç hili esas tapmadym. Jemal bolsa, o zatlaryň ýalandygyny subut etjegem bolmady.

...Ine Nepes, iň soňky aýrylyşyk şol. Ondan bäri köp wagt-a geçenok, ýöne senem bu ýerde bolmaňsoň özümi nirä urjagymy, kim bilen derdimi paýlaşjagymy bilmän ýördüm. Meniň öňümde häzir ajy aýralygyň çekip-çydap bolmajak güzaply günleri ýatyr. Ol maňa juda agyr, çekip-çydardan juda çökder görünýär – Erkiniň bokurdagy doldy. – Men ony ömürlik ýitirdim.

– Goýsana, Erkin, ýarym aý aňry gitse bir aý geçerem welin ýene-de ýaraşarsyňyz. Beren gürrüňleriňe görä, öňem telim gezek şeýle bolupdyr, bu gezegem şeýle bolar – diýip, ony agyr oýlardan aýňaldyrmak üçin men garaçynym bilen güldüm. – Siz muňa werziş bolupsyňyz ahyry...

– Ýok, ýok! Indi ýaraşyga ýol ýok. Bu gezek bar zat gutardy. Tamam... – diýende, Erkiniň agzyndan ot çykan ýaly boldy. Men hatda onuň howada çabranynam gördüm. Içerä ýanygyň ysam ýaýrady. – Indi men onuň özi ýaraşjak diýse-de ýaraşman. Ölýänem bolsam ýaraşman. Şolar ýaly pes hereketleri edenden soň men ony bagyşlap bilmen. Jaňam etmen.

– Sen şol mollanyň aýdanlarynyň çyndygyna ynanýaň-da onda?

– Howwa, ynanýan. Sebäbi, ynanmazlyga esas ýok.

– Belki, bu gezegem öňki gezeklerdäki ýaly bar zat ýalan bolup çykar? Gury güman bolup çykar.

– Eýle bolsa, ol o zatlaryň ýalandygyny subut ederdi ahyry.

– Aýdyşyňa görä, subut ede-ede o görgüli etmez bolupdyr ahyry... Sen ony ýadadypsyň. Ol senden özüniň günäkärligi üçin däl-de, seniň düzedip bolmajak derejedäki «was-waslygyň» üçin ýüz öwrüpdir. Agyry hemişelik dowam edip bilmeýär. Ol ýa-ha aýrylýar ýa-da alýar.

– Dost sözüň üçin sag bol, Nepes, ýöne Jemalyň özi boýnuna almasa-da, mollanyň o sözlerinden soň men özümi hakykatdan-da namysa galan, kemsidilen, äsgerilmedik hasap etdim. Şonuň üçinem hernäçe kyn düşse-de, göresim gelip, ýaraşasym gelip ýüregim üzülip barýan bolsa-da, özüme zor salaryn welin, çydaryn. Iň kyny eýýäm geçdi. O-da aýralygyň birinji hepdesi. Onuňam ilkinji güni. Ýöne, diýseň-diýmeseň, hemişekije jaň edýän wagtym golaýlaşýaram welin, ýerimden turaga-da, öýüň içinde iki baka zowzullaberenimi bilmän galýan. Iki gözümem telefonda. Almajagyna, gözüm ýetse-de ylgap baryp telefony galdyrasym, beýnimde berk ornaşan, alty sandan ybarat sanlary aýlaberesim gelip dur. Iň bolmanda sesini-hä eşidip galaryn-da, diýýän. Şeýle-de bolsa saklanýan, dönüp gelip özümi ýene-de köp ýyllaryň hyzmatyndan ýaňa ýagyrnysy çöküp giden meleje diwanymyň üstüne oklaýan. Arkan düşýän, eýläme-beýläme agdarylýan, soň ýene-de turup telefona topulýan. Ýene-de ýetmän yzyma dönýän. Azajyk oturýan-da, ýene-de şol ýere barýan. Saňňyldap duran elimi urubam bilmän, çekibem bilmän awuna gonjak guş ýaly aýalarymy telefonyň üstünde «pel-pelledip» ep-esli saklaýan. Ýöne, barybir ýene-de yza çekilýän. Iýmek, içmek dagy bütinleý ýatdan çykdy. Ýadyňa düşäýende-de aňrym hiç zat alanok. Işdäm ýok. Aşgazan kabul edenok. Özümi araga tutup gören gezeklerimem boldy. Ýöne o-da bolanok. Gaýtam öjükdirýär. Derdiňi güýçlendirýä. Agyňy tutdurýa.

Halys uwnup çydamamsoň men: «Mert durup ýalbarmaly, ýalňyşanymy boýnuma almaly-da, Aýlarhan bilen ýaraşmaly» diýen karara geldim. Şeýtsem, derdim ýeňlär gamdan gutularyn, öýtdüm. Bu hut şeýle bolmalydam, ýöne Aýlarhan maňa eglişik etmedi. Ýaraşmady. Şeýle ýagdaý ol ikimiziň aramyzda öňem bir gezek bolupdy. Şol gezegem men Jemal bilen bijaý tersleşipdim. Aýal bilen ýaraşmaly-da şuny bütinleý terk etmeli diýen netijä gelipdim. Her niçik hem bolsa şunça ýaşaşdyk, dözmez, meni gorpdan alyp çykar öýdüpdim. Ol welin

meni diňlemegem islemändi. Gaýtam, ejizläp, öňünde dyza çöküp oturşymy görüp begenipdi. Meni ýeňilen, özüni ýeňiji saýyp, ýanymdan dabaraly suratda başyny dik tutup turup gidipdi. Özüniň ahyrsoňunda ýeňiji bolup çykandygyny hossarlaryna buşlamak üçin ol şondan soň ýörite oba-da gidip gelipdi. Ol bu gezegem şeýtdi. – Erkin tisgine-tisgine sowuk demini aldy. – Maňa indi diňe wagta bil baglaýmak galýa. Bu dertden indi meni diňe şol halas edip biler. Şu derdi çekip gören çalarak tanşymyň aýtmayna görä, ony ýadyňdan çykarmak, aýňalmak üçin azyndan alty aý gerekmişin. Şonda ol sag eliniň süýem barmagynyň ujuny ýüreginiň üstüne diräpdi-de: «Ýöne, munyňdan-a ömürem çykmaz» diýipdi.

Göwnümi açaýyn, aýaklarymyň guruşgynyny ýazaýyn, diýip, käte köçä çykýan. Ýöne, o-da edil arak ýaly derdimi artdyraýmasa kemeldenok. Çünki şäheriň ähli ýeri, islendik köçäniň çatrygy seýilgäh ýa kafe, hatda şäheriň gyrak-bujaklaram maňa Jemaly ýatladyp dur. Görüp otursam ol ikimiziň dürli sebäplere görä şäheriň içinde aýak sekmedik ýerimiz galmandyr. Ana, ýar bilen gezilen şol tanyş ýerlere gözüm düşende göwnüm bozulýar, bokurdagym dolýar, gözlerime ýaş gelýär. Şonuň üçinem, men özümi derhal çet ýere çekmeli we hiç kim görmez ýaly bir pynhan ýer tapyp, tä, içimi egsip bolýançam bukulyp oturmaly bolýan. – Erkin agyr düýşden oýanan ýaly gözlerini tegeläp daş-töweregine seretdi. Meni birinji gezek görýän ýaly, ýüzüme çiňerildi. – Ine, men-ä şeýdip, janserek bolup ýörün, Nepes... Mahlasy, men indi öz erkimde däl. Özüme ygtyýarymam ýok. Onuň ikisinem yşk aldy. Men indi bimar. Hassa! Kellämi nirä sokjagymy, özümi nirä urjagymy bilemok. Öýdenem işlemek üçin däl-de, edil şonuň üçin gaýdan ýaly boldum. Bu derdi mundan artyk çekip-çydara rowgatym ýok. Gaýrat et-de maňa ýol salgy ber! Meni dertden gutar! Girdapdan alyp çyk. Halas et! Hut şonuň üçinem seniň ýanyňa geldim. Sen ýurda belli psihoanalitik. Hemmeler her gün ir bilen baryp seniň kabinetiňe nobata durýa. Bar diýseň menem şol ýere baraýyn. Nobata duraýyn. Ýöne, aýt, men näme etmeli? Onsuz-a oňup bilemok, ýüküni bolsa agyr görýän...

– Şeý diýsene... – diýip, men ol sözüne bererine mähetdel ýuwaşja seslendim. – Men-ä seni döredijilik ummanynda ýüzüp ýörensiň öýdüp, täze eserleriňe garaşyp ýördüm.

– Ýok! Söýgä sataşyp goşa ganatly boldum, men indi arşa uçaryn diýip ýalňyşan ekenim. Ol ýalan ekeni. Aldaw ekeni. Salgym ekeni. Söýgi meni öňküje ýeke ganatymdanam aýyrdy. Ýeleklerimi gyrdy. Perlerimi ütdi. Ine, indi ençeme wagtdyr, meniň goşan goşgymam, ýazan kyssamam şol. Ýaňky aýdyp beren gürrüňlerim. Mende başga baýlyk ýok. Men boş! – Erkin iki eli bilen kellesini penjeledi. – Nä derdim ekeni, jan dostum, bu ýaşdan soň munça belalara ulaşyp... Ýa men Allanyň öňünde uly günä edip, bu-da şonuň jezasymyka?

Men başardygymdan ony köşeşdirmäge çalyşdym.

– Bu ýerde geňläp oturasy zat ýok, Erkin. Aýdyşlaryna görä söýgem edil gyzamyk ýalymyşyn. O-da ömründe bir gezek her kime hökman sataşaýmalymyşyn. Ýaşlykda sataşmasa, orta ýaşda, onda sataşmasa gojalykda, onda-da sataşmasa göre gireninden soň gabrynda sataşmaly welin hökman sataşaýmalymyşyn...

– Kepenini galgadyp söýgülisi bilen duşuşyga barýan ölini gördüm diýsem-ä ýalançy, ýöne şonuň hakykatdan-da şeýledigine men-ä ynanýan, Nepes... Ol güýç ölünem direlder...

Eýtdiň, beýtdiň, söýgüniň jebrinden ýaşlykda sypdyň, emma aýlanyp-öwrülip şu ýaşdan soň şonuň toruna düşdüň. Sebäbi ýaňky aýdyşym ýaly ondan gutulma ýok. Ol ykbal. Ol owalebetde seň maňlaýyňa ýazylan. Durmuşdan söýgüsiz gitmek bolsa agyr jeza. Şonuň üçinem, ýüküni hernäçe agyr görseň-de sen indi o derdi çekmeli bolarsyň. Şunça çekipsiň, indem çekmeli bolarsyň. Ýaraşmalam borsuň. Ýaraşarsyňam. O-da gaýra gaýşyp durmaz. Gürrüňleriňden çak edişime görä, o-da seni juda gowy görýän bolmaly. Ýöne, gabanmaňy goý. Özüňi kiçeltme. Söýgüňi kemsitme. Mert bol. Diňe söý! Özüňem muňa Hudaýyň gazaby diýip däl-de, peşgeşi diýip düşün. Şol derdi kyýamata goýmandygyna şükür et. Ýene bir zat: döredijiligiňden sowama. Ol seniň üçin söýgüňdenem zerur. Çünki Allatagala ol üşügi saňa il-günüňe sarp et, diýip, beripdir. Söýgi döredijiligiňe zyýan bermesinde, peýda bersin. Ganatlaryňy gyrmasyn-da, başkyň ýaly goşalandyrsyn. Ylhamyňy joşdursyn.

Erkin etegine ot düşen ýaly oturan ýerinde elini çarpyp böküberdi.

– Ana, Ana! Ýaman ýerem şol-da! Bar zat tersine boldy-da! Söýgi zerarly şahyr Erkin öldi! Men indi ýok!

– Sen söýgi zerarly däl-de, gabanç zerarly şu güne düşdüň. Çünki, gabanç söýgi bilen bir gursaga sygýan däldir. Ol hökman söýgüni gysyp çykarýandyr.

– Ýok, men indi barybir yzyma dolanyp biljek däl. Hernäçe ejir çeksem-de çydajak. Ýöne, aýak üstüne galýançam, ony ýadymdan ymykly çykarýançam maňa goltgy gerek. Men häzir şoňa mätäç... Men şu wagt juda ejizledim... Ýöne, her niçik hem bolsa, bir ujy ýüregimiň töründen gaýdýan inçejik taryň entegem üzülmän, Jemalyň görküne bent bolup, nepis bir owaz bilen «tyrňyldap» durandygyny duýýaryn. Ana, şol hem meniň Jemala bolan yşgym. Ýürek owazym. Söýgi baradaky aýdymym. Mährim. Muhabbetim. Giç açylan gunçam. Şol tarjagazlar meni öňem her gezekki tersleşikden soň Jemala tarap çekýärdi. Ýaraşmaga mejbur edýärdi. Şu wagtam şeýle. Ýöne, bu gezek Jemal şol taryň özünden tarapyny öz eli bilen ýoldy. Onda-da hemişelik ýoldy. – Erkin aşak bakyp, uzak wagtlap içini «hümledip» oturdy. – Belki, bu gezegem men ýalňyşandyryn. Mümkin. Ýöne, nätjek, boljak iş boldy. Suw seňrikden agdy... – Ol başyny silkip galdyrdy-da, ýüzüme dikanlap garady. – Ine, söýgi meni şolar ýaly kyn güne saldy, Nepes. Şo-ol, baýaky, sähel wagtlyk dowam eden bagtyýar günlerimi hasap etmeseň, onuň maňa ezýetden başga beren zady ýok. Gaýtam ejizletdi. Lagşatdy. Usurgatdy. Has dogrusy maýyp etdi. Maýyrdy. Güýjümi, kuwwatymy kemeltdi. Sen dogry aýdýaň, kim gabanjaňlyk belasyny yşgyň hesreti bilen bir hatarda goýan bolsa ýalňyşýar. Yşk – bu arassa söýgi. Gabanjaňlyk bolsa söýgi daragtynyň içini köwýän gurçuk. Şeýtanyň pişesi. Men muňa düşünmän duramok, ýöne, meni gabanjaňlyga tarap görnetin iteklemek bilen, Jemal juda ýalňyşdy, özünem, menem agyr günlere saldy. Iň gowy görýän maşgalaň synasyny başga biriniň sypalap oturşyny göz öňüne getirip, alasarmyk pikirlere gümra bolup, gümanlar astynda ýegşerilip ýörmekden beter ejir ýok ekeni, Nepes... – Erkin şu ýere ýetende endik boýunçamy ýa küýüne bir zat geldimi, diwardan asylgy sagada seretdi. Soňam jübüsinden el telefonyny çykardy. Düwmelerini basyşdyrdy. Derrewem öçürdi. – Ýöne men müňkürlik edip näçe gezek ony yzarlan bolsam gözlege gidenimde hernäçe gazaply gidenem bolsam, ýolboýy Hudaýdan müňkürligimiň ýalan bolup çykaryny dileýärdim. Çünki gümanyň ýüki agyr. Çekip çydardan çökder. Güýjerlän wagty ol ýüregiňi agzyňdan sograýjak bolýar, dyzyňdan aşagyňy bolsa ýere sokýar. Diliň tutulýar, beýniň doňýar,

zehiniň kütelýär, aň saňa boýun egenok, Şeýtan eliňden tutup jenaýata, garamata tarap itekleýär. «Bar, şu wagt gitseň üstlerinden bararsyň, tut-da, ikisinem öldür» diýýär. Şol wagt ol seniň gözüňe gowy, adalatly, Hudaýdanam ýakyn bolup görünýär. Ana, şolar ýaly agyr halda barýan adamyň gümany ýalan bolup, şol ýükden bir pursadyň içinde ap-aňsatja saplanyp durubermeginiň ony näderejede bagtyýar etjekdigini özüň göz öňüne getiriber. Şolar ýaly-da men ýap-ýaňyja-da agyr ahwalatlaryň astynda demir ädikli ýaly aýaklarymy zordan süýräp geçen ýolumy yza gaýdyşyn hoşwagt halda, ýeňil ädimler bilen, edil şöwürden gelýän mes at ýaly uçganaklap geçýärdim. – Erkin meniň ýüzüme naýynjar seretdi. – Ýöne, men haçanam bolsa bir gün gümanymyň çyn bolup çykaga-da, ýüregimiň ýarylaryndan ýa-da beýnime agram düşmekden ýaňa «stress» alyp heläk bolmakdan gorkýardym.

«Stress» seni heläk etmez, Erkin – diýip, men onuň sözüni böldüm. – Sebäbi seniň şu çaka çenli çyn bolup çykmadyk gümanlaryň indiden soňam çyn bolup çykmaz. Sebäbi, Jemal beýle iş etmez. Gysga wagtlyk «stress» bolsa adam üçin peýdaly. Ýöne, seniň şu bolup ýörşüň, Jemaly welin hakykatdan-da heläk eder. Çünki, ol indi gör, nijembir ýyldyr, sen zerarly töhmet belasynyň tükeniksiz ýüküni çekip gelýär. Onuň düşen ýagdaýyny men häzir göz öňüme-de getirip bilemok.

Erkin uzak wagtlap içini hümledip oturdy.

– Dogry-y... – diýip, sogduryp goýberdi. – Wagt ähli zady özgerdýän ekeni, Nepes. Ol meni orta ýoldan geçemsoň, yşga sezewar etdi. Hiz zatdan bihabar, gamsyz başymy gamhana öwürdi. Erkimi elimden aldy. Döredijiligime käte ganat berdi, käte ondan daşlaşdyrdy. Elbetde, Aýlarhan ýaly döredijiligem göreşdi, ýöne, söýgi, has dogrusy gabanjaňlyk ahyrsoňy onam ýeňdi. Soňabaka islendik wagt edip oturan işimi taşlap, Jemalyň gözlegine çykyp başladym. Öňler bir gün görmesem kararym ýetmeýän  çagalyk dostum, ganybir garyndaşym bolan seni, çagalarymy, agtyklarymy görmän, olar barada pikir etmän oňup bildim, emma Jemaly görmän welin, ýekeje pursadam oňup bilmedim. Ol meni ähli zatdan, has beterem rahatlygymdan aýyrdy. Başymy gowga saldy. Şonuň üçinem indi käte oturyp oýlanýan-da: «Şoňa sataşmadyk bolsam, söýgi diýlen zadyň nämedigini bilmedik bolsam gör nähili gowy boljak ekeni, öňki pukaralygym, bigamlygym, terkidünýäligim, garasöýmezligim mundan köp-köp ýagşy ekeni, diýýän. Çünki söýgi – bu dert ekeni. Onda-da iňňän agyr dert ekeni.

Çekmesi Magtymgulynyň aýdyşyndanam beter agyr ýük ekeni. Men ondan ýöne ýere gorkmaýan ekenim. Ýaşlykda gyzlara hat ýazmakdan, söýgi bildirmekden saklanam seredip otursam başga hiç zat däl-de, hut şol gorky ekeni. Onuň nä gadar apatdygyny, gapysyndan garar ýaly dükan däldigini baryp-ha şol wagtlar süňňüm syzan ekeni. Duýgym goran ekeni. Hudaý jan başda meni şol beladan sowupdyr, oňa derek kalbyma ylham salypdyr, aşyklyk adamynyň ömrüni zaýalaýandyr, ganatyny gyrýandyr, sen ömrüňi söýgä sarp etme, ýoluna düşme, şahyr bol, diýipdir. Ýöne, ine, näme üçindir ol meni gel-gel, elli bäş ýaşdan soň dolap alyp şol derdiň girdabyna dykdy. Egerde, men doga diýlen zadyň bardygyna ynanýan bolsadym, onda Jemal meni dogalandyr, öýderdim. Ýöne, men doga-tumara ynanamok. Onsoňam Jemal nämäme gyzyp meni dogalasyn. Menden onuň azardan başga görýän zady ýog-a. Bar beribilen zadym söýgümdi, onam gabanç elimden aldy. Mahlasy meni dogalan özümden başga hiç kim däl. Soňabaka men ony taşlap ho-ol ýere-de gidip bilmez ýaly hala düşdüm. Toýa-tomga, sadaka ýa ýasa-da baryp bilmedim. Gidäýsemem oturyp ynjalygym bolmady. Küýümi-köçämi şoňa dikip gorsandym oturdym. Oba gitmek dogan-garyndaşlary, tanyş-bilişleri görüp gelmek barada-ha pikirem edibilmedim. Çünki o ýanlara gitseň iň bolmanda bir gije ýatyp gaýtmaly. Bu bolsa meniň üçin akla sygjak zat däl. Dogrymy aýtsam, iň soňky işimdenem men ähli wagtymy Jemala sarp etmek üçin çykypdym ahyry. Şondan soň ony islän wagtym isledigimçe garawullamaga, köçede durmaga, isledigimçe garaşmaga mende ýagdaý döredi! Elime düşenje pulumyň barysy ýola, taksä gitdi. Şol häsiýetim zerarly düşen günlerimi bolsa men saňa gürrüň berdim. Men indi o keselden hiç haçanam aýňalyp bilmen. Şonuň üçinem, gowusy ýaraşmazlyk. – Erkin «öwhüldäp» dem aldy. – Dogry söýgi meniň ýaşlykdan bäri kalbymyň bir burçundaky «haňlap» ýatan garaňky boşlugy doldurdy. Ýöne, näme üçin ol öz ornuny gabanja berdi? Men muny hemişe Jemalyň ýöntem pelsepesinden görýärdim. Ýöne, men özüm näme? Men ondan ýaşym boýunça kän uly ahyry. Durmuş tejribämem ep-esli bar. Şeýtanyň kimdigini tanaman duramok. – Erkin ýüzüni iki baka sypajaklatdy. Ýa güýçli söýgi gabançdan sowa geçmeýärmikä? Ýa-da ol obnuň hökmany şertleriniň birimikä? Tebigatyna mahsus zatmyka? Egerde şeýle bolsa, onda meniň düşünişime görä, ýa-ha aşyklygyň aňyrsynda gabanç ýatan bolmaly. Ýa-da gabanjyň aňyrsynda aşyklyk ýatan bolmaly. Ýa-da,

birek-biregiň tötänlikden ýüze çykýan her bir nätakyk hereketini biwepalyk hökmünde ýoýup görkezýän, gabanjaňlyk duýgusyny döredýän, üçünji bir güýç ýatan bolmaly. Ýöne ol güýç haýsy güýç? Men, ine, şony bilemok, Nepes...

– Ol güýjüň nämedigini özüň gowy bilýäň, Erkin. Ýaňy sözüň dowamynda sen ony özüňem telim gezek terkarladyň. Ine, ýap-ýaňyja-da aýtdyň..

– Näme diýdim?

– Şeýtanyň kimligini tanamanam-a duramok, diýdiň. Sen, ana, görebile-de şonuň toruna düşüpsiň, çoçgaryna çolaşypsyň. Kerebiň içine gaçypsyň... Ine, indem şol duzakdan çykybilmän kösenip ýörsüň. Ýöne, o zatlara seniň aklyň çatman duranok-da, özüňi şol şorlukdan  çekip çykarara göwräňde güýç tapaňok.

– Dogrusy, şol bolup ýörşümden indi özümem bizar boldum, Nepes. Iň ýamanam, şolar ýaly «was-wasa» düşen pursatlarym başga wagt ýadyma-oýuma düşmejek zatlar kelläme gelýär. Onuň nirä, kimiň ýanyna gidenini, näme işläp ýörenini bilmek, tapmak üçin ýaňky gürrüň beren hereketlerimden başga-da täze-täze tärleri, usullary, mümkinçilikleri agtarýan. Iň bärkisi haýsydyr bir aýal maşgaladan haýyş edip Jemalyň atasy öýüne, mamalaryna, agalaryna ýa uýalaryna jaň etdirýän. Şolaryňka gitjek diýip giden bolsa, hakykatdanam şol ýerde barmy ýa ýok, barlap görýän. Soň gidýän-de, şolaryň öýleriniň deňinde bukulyp, garawullap durýabn. Her gezegem gözlegim puç bolup çykýar. Şol bolup ýörşümi Jemalam aňýar we: durup-durup gülýär ýa-da gaharlanýar. Gülse gowy, gaharlansa welin, ýene-de öýkeli günler başlanýar... Häzirem hut, şol günler dowam edip dur...

## 5.

Men Erkiniň ýagdaýyna düşündim. Ol ýadapdyr. Şol wagt oňa aladalardan aýňalmak, bar zatdan ünsüni sowmak, dynç almak gerekdi. Munuň üçin bolsa men bir amatly ýagdaý döretmelidim.

Şol maksat bilen işimden bir hepdelik rugsat aldym-da, ony Amyderýanyň gyrasynda ýerleşýän obalaryň birinde ýaşaýan, birwagtlar bile okan, dostumyzyňka gezjelenje alyp gitdim.

Köne dostumyz bizi iňňän gowy garşylady. Baranymyza begendi. Tä gaýdýançak ýanymyzdan aýrylmady. Dostlaram, dogan-

garyndaşlaram gadyr edip bizi gezek-gezegine myhmançylyga çagyrdylar. Hezzet-hormat etdiler. Degişdiler, gülüşdiler, aýdym aýtdylar, saz çaldylar. Amyderýanyň boýuna oturmaga alyp gitdiler, balyk tutdylar. Jeňňellikde aw awlatdylar. Garaz, wagtymyzyň hoş geçmegi üçin ähli şertleri döretdiler.

Erkiniň welin, hiç zat bilen seri bolmady. Açylyşybermedi. Gijelerine dik oturyp çykdy. Ýatsa-da uklabilmedi. «Öwhüldäp» iki tarapyna agdaryldy. Idili iýmedi, içmedi. Onuň bu haly dostumyzyň gözünden sypmady. Ýeke o-da däl, asyl, haýsy ýere barsagam: «Bu ýigit näme beýle sus» diýip, soradylar. Men olara: «Azar bermäň, bu wagt onuň az-kem derdi bar, ine, indiki gezek gelenimizde welin tanamarsyňyzam» diýdim.

Bolsa-da, Erkin az-kem-ä gowulaşdy. Ony diňe men duýdum. Ýöne, Aşgabada dolanyp gelenimizden soň welin, onuň haly ýene-de agyrlaşdy. Darykdy. Bir günem ýanyma geldi-de:

– Nepes, ýüregim howlukýa, dünýä sygamok, her gün irden turşum ýaly Jemallara tarap jünäberesim gelip dur – diýdi.

Men oňa öňkülerime görä has dözümliräk daradym.

– Olar ýaly bolsa kim saklaýa seni. Bar! Git! Ýaraş! Emma ol seni kabul etjekmi ýa etmejekmi gep ine, şunda...

Ol oýurgandy. Sesini çykarman kän oturdy. Umuman, her näçe özüne zor salsa-da onuň bolup ýörşi Jemaldan ymykly el üzjege meňzemeýärdi. Ol ondan çekilere däl-de, ýaraşara delil gözleýärdi. Ýöne, ýaş döwürlerindäki endigine görä, ýüzüniň alynaryndan, kowularyndan gorkýardy. Haýsy tarapa ýykyljagyny bilmän kösenýärdi. Bir günem ol agşamaralar ýanyma geldi-de, salam-helik ýok:

– Çydamadym, dost. Bardym. Ahyry bardym. Işden çykaryna gabatlap edarasyna bardym – diýip, düýşünde samraýan ýaly «gübürdäp» başlady. – Işgärler ýeke-ýeke çykyşyp ugradylar. Jemalam çykdy. Taksi tutmak üçin ýoluň o ýüzüne geçdi. Edil iki ädim beýle ýanynda meniň galpyldap duranymdan welin habary ýok. Meniň bolsa henizem şol janserekligim. Barjagymam bilemok, barmajagymam. Haýsynyň gowy boljagynam bilemok. Ahyryam özüme zor salyp ýanyna bardym. «Jemal gurgunmysyň» diýdim. Ol: «Sen nireden çykdyň» diýen manyda ýüzüme geňirgenip seretdi. Gaşlaryny gerdi. Bar bolan zat şol. Hal-ahwal soraşmag-a däl, gaýdyp ýüzüme-de seretmedi. Oňa çenlem goňur reňkli «Furgon – žiguli» gelip durdy. Jemal äpişgä

tarap eglip barjak ýeriniň salgysyny aýtdy. Seýrek gara sakgally, murty gytyk, süýnmek ýüzli hor kişi agzynam açman, «münäý» diýen manyda başyny atdy. Jemal gapynyň tutawajyna elini uzadandan, «şark-şurk» yzky gapyny açdym-da, deňine diýen ýaly mündüm. Maşyn ugrady. Gidip barýas. Göräýmäge bar zat öňküsi ýaly. Ýöne öň bile oturýan bolsak, indi ol öňde, men yzda. Ýene bir üýtgeşik zat: ikimizdenem ses-üýn çykanok. Ol-a iki gözünem ýola dikip, dommarylyp otyr, men bolsam iki gözümi onuň çokullaryndan aýrybilmän, galpyldap otyryn. Birdenem Jemal oturşyny üýtgetmän sürüjä bir zat diýdi. Men onuň näme diýenini aňşyrmasamam sürüjiniň: «Saklanaýynmy?» diýenini eşidip, Jemal düşjek bolýandyr, öýtdüm. Şonuň üçinem: «Ýok, ýok, sen gidiber, men düşerin» – diýdim-de, maşynyň togtaryna mähetdel gapydan atylyp çykdym. Çünki Jemal düşüp galjak bolsa, o maşynyň içinde meniň işim ýok. Ýöne näçe wagt bäri zaryny çekip, şolar ýaly egbar ýagdaýda gezip ýören aşyk üçin, magşugy bilen şojagaz aralygy edil öňküleri ýaly bir maşynyň içinde oturyp bileje geçirmekligiň özem ullakan bagt ahyry. Onsoňam maňa gözi düşenden: «Güm bol! Görünme gözüme!» diýip gygyrybermändiginiň özem köp zatdan habar bermeýärmi näme. Men öz ýanymdan: Bu onuň özüniňem meniň bilen ýaraşyk meýliniň ýok däldiginden, ýöne aýal boýnuýogynlygynyň güýjüne bäs gelibilmän kösenýändiginden habar berýän bolaýmasyn, diýen netijä geldim we öýe barşym ýaly umyt bilen oňa jaň etdim. Gepleşmese-de ýaraşmaklygyň alamaty hökmünde iň bolmanda diňlär öýtdüm. Emma çakym çykmady. Sesimi eşidenden trubkany «jalkyldadyp» goýdy. Diýmek, meni umydym aldan ekeni. Onuň hälki sesini çykarman oturyşy ýaraşmaklygyň däl-de, entegem köşeşmedik gahar-gazabyň alamaty ekeni.

Ýaňy bir gutulyp barýan derdim ýene-de täzelendi. Ýaramyň kesmegi gopdy. Şunça çydam edip gezen günlerimiň azaby köýdi. Bar zat täzeden başlandy. Dogrymy aýtsam baranyma, ýaň edenime şeýle bir puşman etdim welin... – Erkin näme üçindir daş-töweregine garanjaklady-da, sözüni dowam etdirdi. – Ýöne şular ýalyda bir ýana gitseň, sähelçejigem bolsa derdiň ýeňleşýändigine men geçen gezek seniň bilen Amyderýa gidenimizde göz ýetirdim. Men indi obamyza gitjek. Senem azara goýup ýörjek däl-de, özüm gitjek. Göwnüme şo topraga gadam basdygym derdim ýeňläýjek ýaly bolup dur. Başda maňa

ganat berip, uçuryp goýberen şol toprak, maňa ýene-de kuwwat berer... Derdimden halas eder. Iň bolmanda ýeňleder.

Men onuň bu pikirini ikielläp goldadym. Umytdan düşmezligi maslahat berdim. Jemalyň hökman ýaraşjakdygyna ynandyrdym. Ýöne gahary ymykly gaçyşýança garaşmaly borsuň, diýdim.

Ol dogrudan-da oba gitdi. Gitmezden öň klasdaş dostlarymyzyň biri Ýegendurda jaň etdi. «Ertirki awtobusa münýän, günortanlar bararyn, garaş» –diýdi.

Ýegendurdam Lebaply dostumyz ýaly onuň baranyna diýseň begenipdir. Täze salan köşk ýaly kaşaň jaýynyň içi halylar bilen bezelen giň hem ýagty, ýörite myhman üçin niýetlenen otagyna salyp öňünde iýer-içer ýaly dürli-dümen tagamlar goýupdyr. Dost-ýaranlarymyzy çagyrypdyr. Hiç zat bilen seriniň ýokdugyna geň galypdyr. Myhmanlar dargansoň: «Näme boldy how saňa, öňküligiň ýok-la...» diýip, sorapdyr. Erkin oňa bar zady bolşy ýaly gürrüň beripdir. Ýegendurdy: «Olar ýaly bolsa şu ýerde bäş-on gün bol. Ýagşa-ýamana görün. Dogan-garyndaşlaryňka aýlan. Hökman göwnüň açylar» diýipdir.

– Ýegendurdy bilen gürleşip oturan ýerimde irkilipdirin... – diýip, Erkin Aşgabada gaýdyp gelenden soň maňa gürrüň berdi. – Düýşümde Jemaly gördüm. Şol öňküje duşuşýan jaýymyzdaky tagta sekiniň üstünde ýatyrys. Aşagymyzda-da şol bir düşejiklerimiz. Diýmek, biz ýaraşypdyrys. Ol meniň çep tarapymda golumy ýassanyp ýatyr. Ol maňa edil huşdaky ýaly şeýle bir aýdyň görünýär welin, hatda ýüzüniň reňkine, gan damarlaryna, nokatjyklaryna, ýokarky dodagynyň sag tarapyndaky meňjegazyna çenli mesaňa mälim bildirip dur. Ýaňaklary edil huşdaky ýaly al terje dodaklary bolsa gülgün öwsüp dur. Men hatda onuň ýylysynam, mährinem duýdum. Ýakymly ysynam aldym. Mahlasy, şol bolup ýatyşymyzyň düýşe meňzeýän ýeri ýok. Asyl men özümem ony düýşümdir öýdemok. Şonuň üçinem tirsegime çalaja galaga-da, ýüzüne siňňin seredip, uçursyz çäksiz söýgi hem hyruç bilen: «Jemal, ýene-de şeýdip bileje gujaklaşyp ýatarys diýip, dogrusy ýadyma-oýuma-da düşmeýärdi» diýýärin. Ol bolsa sesini çykarman ýüzüme bakyp, garaja gözlerini ýyldyradyp ýatyr. Oýananymdan soň Ýegendurda gören düýşümi aýdyp berdim. Ol: «Aý, kän pikirini etmejek bol. Göwrümiňi giň tut...» diýdi.

Elbetde, Ýegendurdynyň ýerinde kimem bolsa şeý diýerdi, ýöne diýmek başga, diýlene amal etmek başga. Ýatlaman, pikirini etmän bilýän bolsam men şol güne düşjekmi...

Men şol ýerde bolan döwrümiň içinde Ýegendurdynyň aýdyşy ýaly ähli dogan-baryndaşlarymyňka, tanyş-bilişlerimiňkä aýlandym.

Daşymdan gorkan bora çemeli, ýegenlermiň biri meni şol ýerdäki köne öwülýälere-de aýlady. Gowylaşan ýalam boldum. Ýöne Aşgabada golaýlaşdygymsaýy ýüregim atygsap başlady. Ýene-de bar zat öňki ýerine geldi.

Gelen günimiň ertesi ir bilen öýden çykdym. Näme üçin, nirä barýanymam bilemok, bir görsem Jemallaryň gabat garşysynda, köçäniň ugrunda, hemişekije garaşýan ýerimde durun.

Işe gitmek üçin öýden çykaýjak uçurlaryny peýläp gaýdan bolsam gerek, sagat dokuzyň ýary. On bäş minut galanda-da ol hökman öýden çykaýmaly.

Ine-de ol çykdy. Gaz ýörişini edip, gelşine ýoluň aňry çetinde saklandy. Iki tarapyna garanjaklady, soň bäri ýüzüne geçdi. Maşynlara el galdyryp başlady. Birdenem maňa gözi düşdi. Ýöne, görmediksiredi. Men bar güýjümi jemläp onuň ýanyna bardym. Hemişekilerim ýaly: «Jemal gurgunmysyň», diýdim. Ol sesini çykarmady. Şol aralykda-da kireýkeş maşynlaryň biri gelip onuň gapdalynda saklandy. Sürüjiniň ýany adamly ekeni. Jemal yzky oturgyja mündi-de gapynam «şark-şurp» ýapdy. Men «hasyr-husur» tutawaja ýapyşdym. Açdym. Emma münüp bilmedim. Sebäbi, Jemal aňry süýşmedi. Özem dert-azar, ýapjak bolup tutawajy çekýär. Men bolsam bärik çekýän. Sürüjem näme diýjegini bilmän aňalyp otyr. Ep-esli çekeleşenimizden soň Jemal gahar bilen: «Näme, meni masgara etjek bolýaňmy? Gal!...» – diýdi. Meniň barmaklarym gowşady. Tutawajy goýberdim. Jemal gapyny çekip aldy-da, «gürpüldedip» ýapdy.

Maşyn gitdi. Men ýüzüme urlan ýaly bolup galdym. Onsuzam-a öz öňümde özümi kemsitmek kemini goýmadym welin, mundan artyk onuň yzyndan ylgamazlygy diňe öz işim bilen gümra bolmaklygy ýüregime düwdim. Özem berk düwdim...

Şondan soň Erkin hakykatdan-da dünýäni unudyp işläp başlady. Jemaly ýatlamazlyga çalyşdy. Bu oňa gowy kömek etdi. Heserden açdy. Üç-dört aý geçensoň-a hasam gowulaşdy. Sekizinji aý diýlende ymykly

açylyşdy. Açylyşdygysaýam geçen günlerini ýatlap öz-özünden utandy. «Beh, şolar ýaly bolaýypdyryn-aý» diýip, başyny ýaýkady. Öňki gatnaşýan deň-duşlary, kärdeşleri bilen gatnaşyp başlady. Men indi ol Jemaldan ymykly arasyny açandyr öýtdüm. Ýöne bir gün ol meniň ýanyma geldi-de:

– Meniň bir endigim bardy, o-da gatnaşýan döwürlerimiz Jemalyň jaňyny sesinden tanaýardym. – diýip, öňünde demläp goýan çäýnegime ýapyşdy. – Has takygy ýüregim syzýardy. Bir gezek Jemal iki aýlyk, Moskwa seminara gitdi. Şonda erbet içim gysdy. Ylaýta-da birinji hepde. Tas yzyndan gidipdim. Pulum bolan bolsa giderdimem. Ýöne, olar ýaly mümkinçilik mende ýokdy. Işsiz otyrdym. Şonuň üçinem kaýyl bolmaly boldum.

Ine, şonda bir gün günortanaralar öýde ýazuw-pozuwa güýmenip otyrdym welin jaňyň sesi içerini ýaňlandyryp goýberdi. Ýüregim «jigläp» gitdi. Aşgabatda däldigini bilip duranam bolsam içimden: «Şu – Jemaldyr» diýdim. Bir bökende telefonyň ýanyna bardym. Trubkany göterdim. Edil pikir edişim ýaly. Şol! Ol ýerde onuň içi meňkidenem beter gysan bor-a çemeli: «Erkin-n! Bu senmi? Men jaň edýä-än!.. Göresim gelip ýüregime düşdüň-ň!...» – diýip, sesiniň ýetdiginden gygyrýa. Sesem şeýle bir dury eşidilýär welin, edil gapdalyňda duran ýaly. Şol wagt öýde aýalymam bardy, aşhanada nahar bişirip ýördi, hernä trubkany menden öň şol alaýmandyr. Meniň özi ýaly açyk gürläbilmeýänimdenmi ýa «hä» «howwadan» başga söz aýdybilmeýänimdenmi bir päsgelçiligiň bardygy aňdy-da, öňküsine görä bady gaçan sesi bilen: «Näme, gürläp bileňokmy? Ýanyňda adam barmy?» diýdi. «Howa» diýenimdenem uludan demini aldy-da, ahmyr bilen: «Bolýa-da onda. Sag bol, soň ýene jaň ederin» diýdi. – Erkin şondan soňky aýtjak sözlerine begenmekden ýaňa ýürek joşgunyna bäs gelibilmän çasly gygyrdy. – Ine, şolar ýaly jaň arada-da geldi.

– Ýene-de Moskwadanmy?

– Ýok-laý, şu ýerden. Ol şu wagt şu ýerde ahyry... Jaň edýäniň şoldugyna bolsa mende şek-şübhe ýok. Çünki, ol-a sekiz aý ekeni, ýene sekiz ýyl geçse-de, men onuň jaňynyň sesini ähli jaňlaryň içinden tanaryn. Sebäbi, ol jaň sim bilen howa arkaly gelse-de, aňyrsy ýürekden çykyp gaýdýar. Gelende-de ýürege gelýär. Iki ýüregi biri-birine bent edip duran şol ylahy duýgy tehniki ulgam bilen goşulyşyp gelýär, goşulybam gidýär. Şol jaň geldi. Men zöwwe ýerimden turdum.

Birdenem saklandym. Öňümde: «Alamalymy, almaly dälmi» diýen mesele keserdi. Başga galdyrjak bolsa ýok. Sebäbi, öýde ýeke özüm. Galdyrsam-a ýene-de şol, öňki günüme düşäýmegim ahmal. Galdyrmasamam... – Erkin meniň ýüzüme seredip garaçyny bilen ýylgyrdy. – Hiý, menem bir galdyrman bilerinmi? Aldym. Sebäbi, bir zerur aýtmaly zadynyň bar bolaýmagy mümkin ahyry diýen pikir kelläme geldi. «Al-ýo» – diýenimdenem: Jemalyň: «Erkin! Gowumy ýagdaýlaryň?» – diýen sesi eşidildi. Ýöne, Moskwadan jaň edendäkisi ýaly şelaýyn däl. Birhili aladalyrak. Men: «Saglyk bir bolaýbilsedir» diýip, içimi gepletdim. Jemal welin, düýbünden başga hörpden gopdy: «Ýaraşmak üçin jaň edýändir öýdäýme, ýok, agşam bir gorkunç düýş gördüm-de... Ynjalman...». «Men hakdamy» – diýdim. «Howwa, sen hakda. Çuň çukura gaçýamyşyň-da menem çykaryp bilemok. Elim ýetenok. Ili kömege çagyrýan. Hiç kim ýok. Daş-töwerek gum-gukluk. Öz sesime özüm oýanypdyryn. Gowulyk dämi özi?» «Hudaýa şükür» «Bolýa-la, saglyk bolsa... Içeriňizem gurgunçylykmy?» «Şükür, gurgunçylyk». «Aýalyň bilen ýaraşdyňmy?» «Ýok». «Näme üçin?». «Ýaraşmady». «Aý, bu gün ýaraşmasa-da ertir ýaraşar... Gitjek ýeri bolmaz...». Özüniň welin şol sözi eşidesiniň gelendigi görnüp dur. Ýaraşdym diýen bolsam heziliniň bolmajakdygy belli. Göwnüm üçin göwünlik berýä. Özüniň welin böwrejigi bökýä. Bir zatlar aýtjagam bolýar-da, aýdyp bilenok. Ikirjiňlenýär. Ykyrganýar. «...Biri her gije yzyny üzmän jaň edýä welin... Trubkany alsamam ýa-ha goýa, ýa-da sesini çykarman durýa. Sen-ä dälsiň şol?...» Men ör-gökden geldim. «Aý, ýok, men-ä ýekeje gezegem jaň edemok, eden bolsam geplärdim, asylam, geplemejek bolsaň jaň etmek nämä gerek?» diýdim. «Hä-ä, Onda şoldur. Asyl, şomuka diýdimem-le». «Kim ol «şoldur» diýýäniň, Jemal?» «Aý, kim bor öýdýäň, şol mollasumakdyr-da...» «O näme, sende işlänokmy? «Ýo-okla, şo wagtlar kowdum-a men ony. Seň şol diýýäniň ugrunda bar ekeni. Şol gürrüňi ol senden başga-da telim adamyň ýanynda aýdypdyr. Golaýymyzdaky dükanyň satyjylaryna-da, çep gapdalymyzdaky çişlikçilere-de, olaryň arka ýüzündäki çörek satýan aýallara-da aýdypdyr. Asyl kim suw içmäne gelse şoň ýanynda şol bir diýýän sözlerini aýdypdyr ýörüpdir. Şoň sanaýan zatlaryny men dogrudanam satyn aldym, ony özüňem bilýäň, ýöne men olary özüm aldym. Hatda şo zatlar üçin şondan karzam alamok. Ol bolsa şolaryň barysyny özüm äberdim diýipdir ýörüpdir. Asyl sag adamyň etjek işi däl

onuň bolup ýörşi. Sen dogrudanam bir zatlar aňan ekeniň. Diýenleriň dogry bolup çykdy. Şoňa göz ýetiren günümem kowdum. Şol zerarly seň göwnüňe degenime kän ökündim, ýöne şoň gepine ynananyňa, hiç zat ýok ýerden gabanyp ýöreniňe gaharym geldi. Meni kim-kimlere ýapyp ýör diýip, agladym. Hernäçe göresim gelse-de, bagyşlap bilmedim. Yzymdan gelen gezegiňem entek gaharymdan açylybilmän ýören döwürlerimdi. Ahyram pikir ede-ede: şoň ýerinde kim bolanam bolsa şolar ýaly pikir ederdi, diýen netijä geldim. Özümiň seresaplylygy elden berendigim üçin gynandym». Men: «Şo gidişine gitdimi bir özi? Soň azar bermän durdumy» diýip, gödegräk sorag berenimem duýman galdym. «Azar beribem bir görsün» – diýende Jemalyň sesi hemleli çykdy. – Başda gitmejek bolubam kän dyzady. Soňam töweregimde köwejekledi ýördi. Ýüz bermedim. Jaň etdi. Jogap bermedim. Şondan soňky jaňlaryň barysy sessiz geldi. Henizem gelip dur. Dogrusyny aýtjak, sensiň öýden gezeklerimem boldy. Ýaňky soraýşymam şoň üçin...» «Bolýa-la sag-aman sypan bolsaň». Jemal gyzgyn suwa düwnen ýaly boldy: «Sypyp-sypman men, Erkin, onuň çoçgaryna çolaşmasam näme... Özüm-ä göwnüme zat getirmedim, niýetini aňan günümem gümüni çekdim... Bolany! – Jemalyň sesi öz ýüpüne boglan geçiniňki ýaly diýseň gyryljak çykdy. – Bor, onda, Erkin, sag bol, habarlaşyp dur...». «Bo-or...». «Bimaza edenim üçin bagyşla». «Ýok, ýok, gaýtam gowy boldy. Sen meni begendirdiň...».

«Ýaraşjak bolýandyr öýdäýme», diýse-de, onuň barybir ýaraşmak niýeti bilen jaň edendigi görnüp dur. Muny men magat bilýän. Sebäbi men oňa belet. Niýetinde şol bolmasa asla onuň jaň etmejekdigem çyn. Eger-de meniňem niýetimde şol bar bolsa onda indi uzaklaşdyrman özüm oňa jaň etmelidim.

Men hut şeýle hem etdim. Ol begendi. Şondan soň bassyr iki hepdä golaý jaňlaşdyk durduk. Indem üçünji hepdäniň içi biri-birimizi küýseýändigimizi welin ikimizem bildirmejek bolýas. Elbetde, öňürti pyşgyrmalam, duşuşyga çagyrmalam men. Ýöne näme üçindir men şony edip bilemok. Şeýle-de bolsa, ara düşen aýralyk diwary kem-kemden ýykylyp barýan ýaly. Meniň göwnümi sowadan mähnet buzam eräp, aramyzdan aýrylyp gidip barýa. Çünki, ýüregim ony gün-günden barha beter küýseýär. Ony gözüm bilen göresim, dilim bilen sözleşesim, bagryma basasym gelýär. Ýene-de gije-gündiz, bar oýum, pikirim şol. Ýene-de bar zatdan ünsüm sowuldy, bar küýüm şoňa tarap gönükdi.

Ýene-de öýki günüme düşerimden bolsa gorkýan. Men indi nätsemkäm, Nepes?...

Men ähli aýtjak zadymy öň aýtdym, Erkin. Berjek maslahatymy berdim. Ýöne şol bir zady welin ýene müň gezek gaýtalamalam bolsa gaýtalap biljek: Işiňden eliňi sowatma. Berk dur. Seni ähli dertden şol halas eder. Başga aýtjak zadym ýok.

-Jemal bilen ýaraşaýynmy ýa ýaraşmaýynmy?

-Ony özüň bil. Öz göwräňe geňeş.

Şondan soň ol uzak wagtlap sesini çykarman oturdy. Menem gyssamadym.

Ahyram:

-Bor, Nepes, men seniň diýeniň bilen bolaýyn – diýdi-de, çykyp gitdi. Özem sözünde durjak bolup kän dyrjaşdy. Dört aýlap Jemal bilen diňe telefonda gürleşdi. Duşuşmady. Ýöne näme hakda geplese-de, gürrüňiniň bir ujuny Jemala tarap sapjak boldy durdy. Çakym çak bolsa, ol ýene-de düýn-öňňinki uçan gaýasyna tarap süýşenekläp barýardy.

Bu hut şeýle bolubam çykdy. Bir gün ol gijara ýanyma geldi-de:

-Nijembir aý bäri şol bir leji çykan sözlerden – saglyk-amanlykdan ikimizem irdik. Duşuşara, ara düşen diwary ýykara wagtyň bolandygyny Jemal soňky günlerde dürli kinaýalaryň üsti bilen kakdyryp başlady. Şonuň üçinem men ony dek-düýnüň özünde duşuşyga çagyrdym. Ol geldi. Hemme zat öňküsi ýaly boldy. Sen meni bagyşla. Men seniň pendiňi tutup bilmedim – diýdi.

-Ýok, Erkin, gaýtam gowy edipsiň, dogry edipsiň. Men saňa Jemal bilen ýaraşma diýmedim, ýaraş, goý, söýgi bilen ýaşa, ýöne, döredijiligiňi taşlama ýene-de öňküň ýaly gabanjaňlyga gözüňi gapdyraýma diýdim.

Erkin uludan demini aldy-da, baş atdy.

Şeýdip, olar sekiz aýa çeken aýraçylykdan soň ýene-de duşuşyp başladylar. Erkin düýpgöter üýtgedi. Onuň ýüreginde yşk ody täzeden tutaşdy. Bar zat ýene-de öňküsi ýaly boldy. Iki aýlap olar biri-birlerine gaty söz aýtman, agyryşman, ynjaşman gatnaşdylar. Işinden sowaşmazlyga söz berenem bolsa, Erkin ýene-de bar ünsüni Jemala gönükdirdi. Ol oňa edil howa, suw ýaly hökmany zat hökmünde seretdi. Gözüne döredijiligindenem gymmatly göründi. Edil başdakysy ýaly taksi tutup Jemaly irden işine äkitdi, agşamlyk alyp gaýtdy. Bir sagat görmese karary ýetmedi. Çünki, ol onuň yşgydy. Hany-manydy. Dünýe

barydy. Ýene-de öňküsi ýaly gözüne şondan başga hiç kim, hiç zat görünmeýärdi. Ýöne, ýaman ýeri şol hyruç kem-kemden ony ýene-de öňküje edähedine tarap çekýärdi, öňküsi ýaly däliredýärdi, telbelik derejesine ýetirýärdi. Goýberen ýalňyşlyklaryny hernäçe gaýtalamajk bolsa-da, gabanç duýgulary ýene-de, mahal-mahal edil garasar sürüsi ýaly bolup üstüne hüjüm edýärdi.

Bu bolsa ony edil çagalyk döwründäkisi ýaly terkidünýälige, garasöýmezlige, düňlelige tarap itekleýärdi. O-da edil şol döwründäki ýaly gelip diňe maňa içini dökýärdi. Käte sagatlap gürrüň berýärdi, şol bir öňki diýen zatlaryny gaýtalap zeýrenýärdi, ahyram özi ýadap özi goýýardy. Soňundanam, şol zatlary maňa gürrüň berenine puşman edýän ýaly dodagyny dişläp, gaşlaryny çytyp oturýardy-da, göwünli-göwünsiz hoşlaşyp çykyp gidýärdi. Soňam telim wagtlap yzyna köwlenmeýärdi.

Men bolsam oňa näme diýjegimi bilmeýärdim. Asyl-ha aýdanyňdan, siýeniňden peýda-da ýokdy. Ol barybir meniň däl-de, öz ýüreginiň aýdanyny edýärdi. Diňe şoňa gulak asýardy. Kalbynyň ündewine görä hereket edýärdi. Meniň dostumam bolsa, ol yşgyň guludy. Yşk ony islän tarapyna idirdedip alyp gidýardi. Soňky döwürlerde bolsa ol ýene-de: «Göwnüme bolmasa Jemal mahal-mahal gümürtik halda bir ýanlara gidýän ýaly» diýmäni çykardy. Bu bolsa onuň ýene-de köne derdine ulaşandygynyw alamatydy. Ony halas etmelidi. Şonuň üçinem men oňabir gün:

– Sen döredijilik adamsy, Erkin. Fantaziýaň bolsa güýçli. Kelebiň ujundan tutdugyň yzy çöşlenip eliňe gelip dur. Saňa özüňden başga duşman gerek däl. Özüňe bolsa erk edip bileňok.  Bar bela şonda. Sende başga dert ýok. Şol gelniň garalygyny öňem tapmadyň, mundan bu ýana-da tapmarsyň, gury özüňi heläk edeniň galar.

Bir günem Erkin ömründe etmedigini edip ýanyma erbet içgili halda geldi. Dogry, ol öňem içmän duranokdy. Käte ikimiziň bir çüýşäni bileje boşadaýýan gezeklerimizem bolýardy. Ýöne beýle egbar halda welin men ony hiç haçan görmändim. Öňünde goýlan çaý-çörege nazaram aýlaman, öňe-yza hallan atyp oturşyna ol şol gezek şeýle diýdi.

– Mundan üç gün öň Jemal agasynyň doglan gününe gitdi. Aralary daş däl. Pyýada ýöräýeniňde-de on bäş minutlyk ýol. Ir-giç diýmän öýüne gaýdyp gelerlik ýagdaý bar. Jemal asylam ýazy ýatagan däl. Dürli sebäplere görä, muňa meniň özümem göz ýetirdim. Hatda atasy öýünde toý bolanda-da ýatmaga öýüne gaýdýardy. Ýöne bu gezek welin ol jaň

etdi-de, meni geňler galdyryp, özüniň ýatymlyk galýandygyny aýtdy. Men göwnüme zat getirmedim-de: «Bolýa-da, olar ýaly bolsa...» diýdim. Şonuň üçinem, agşamlyk öýüne jaň etmedim. Ertesi sagat onbirlere çenli çydadym. On ikiniň ýary boluberendenem: ind-ä geläýen bolsaň gerek diýip, öýüne jaň etdim. Ýok! Eline jaň etdim, jogap berenok. Ýüregim howlap daş çykdym. Gapdalymyzda gül satylýan dükanjagaz bardy. Şoňa baryp, satyjy gyzdan jaň edip bermegini haýyş etdim. Razylyk berendenem Jemalyň atasy öýüniň belgisini aýlap berdim-de, Jemaly soraň diýdim. Sorady. Ol ýerdenem ýok, diýip jogap berdiler. Asla onuň agşam ol ýerde bolmandygyny, öýünde bolmagynyň mümkindigini aýtdylar.

Men juda erbet boldum. Muny gülçi gyzam aňdy. «Size näme bolýar, dogtor çagyrmalymy» – diýip, daşymda elewräberdi. Men oňa minnetdarlyk bildirdim-de, çykyp gaýtdym. Ümürde ýöreýän ýaly howany sermeläp zordan öýe bardym. Ine, indi nijembir ýyldyr, özümi bir jelebe oýnadyp ýören haýran hasap etdim. Namysymyň joşa gelmegi bilen gazabym hetdinden aşdy. Näme etmeli diýen sorag meýdana geldi. Pikirimi jemläp ýetişmänkämem jaň geldi. Aldym. Jemal! Onuň sesi diýseň çasly çykdy. «Erkin-n... Bu men-n... Jema-al... Men ejemlerde... Häzir öýe barýa-an... On minutdan jaň edä-äý...» Bir-ä keýpiniň çag wagty, birem aldajak bolanda onuň sesine şolar ýaly «şaňňy» röwüş çaýylýardy.

Beýnim gaýnap duran ýarma dek «lasyrdap», ýülükleriniň içinde bolsa gazap bilen paýhas söweş gurdy. Gazap: «Bol, aýt, içiňi sowat! Soňa goýma-da aýbyny ýüzüne bas! – diýýär. Paýhas bolsa: «Howlukma! Ölçer! Dök! Birdenkä bu gezegem gümanyň öňküler ýaly esassyz bolup çykaýmasyn!» diýýär. Ahyram gazap üstün çykdy. Jemal sözüni soňlara mähetdel, sesimi sandyradyp: «Näme ýalan sözleýäň? Sen ejeňlerde däl!» diýdim. Jemalyň ýap-ýaňyja-da al-asmanda «pel-pelläp» ýören «şaňňy» sesi «şuwwuldap» dikbaşak gaýtdy. «Sen näme, öýümize baryp gaýtdyňmy?» «Howwa, baryp gaýtdym. Edil şumatjyk baryp gaýrdym. On bäş minudam geçenok. Sen ýok şo ýerde! Agşamam bolaňok şo ýerde!» «Sen näme, ýene-de başladyňmy şo heňiňe», diýende, Jemalyň sesi hem azmly, hem dözümli çykdy. Men: «Nähili düşünseň düşüniber, meň soragym şol» diýenimdenem: «Onda meni ýatdan çykar. Özem müdümilik çykar» diýdi-de trubkany goýdy. Menem goýdum. Şeýdip aramyza ýene-de tow düşdi. Özem şu indi

ymyklymyka diýýän. Men muňa ynanýan. Sebäbi bu gezek oňa sypara ýer galmady. Gepiň gysgasy utuldy. Tutuldy. Onuň şol jaňy ejesiniňkiden etmändigine-de gözüm ýetip dur. Ol niredenem bolsa öýüniň golaýyndan, has takygy gijesine geçiren ýerinden bir ýerden jaň eden bolmaly. – Erkin ýüzünde hiç hili gaýgy-gussa alamaty ýok adamyň parahat görnüş bilen, diýseň rahat gürledi. – Ýöne senem geň galarsyň, özümem geň galýan, bu gezek men öňküm ýaly azar çekemok. Aýralygyň yzasynam duýamok. Hunaba-da ýuwudamok. Asla gylylam gymyldamok. Çünki men ýeňiji. Jemal ahyry öz emeline çolaşdy. Öz nebsiniň pidasy boldy. Köpe kowalaşan adamyň ahyrsoňy boljagam şol. Sekiz aýyň aýraçylygy maňa kän zat öwretdi, Nepes. Bedenimi beketdi. Ähli azap, jebri-jepa şol aýlaryň arasynda galdy. Indi görüp otursam şol döwür men durmuşyň iň bir agyr ýüküne werziş bolan ekenim...

...Şondan soň Erkin ýene-de öňki giňgöwrümliligine gaýdyp geldi. Ýene-de döredijiligi ýola düşüp, öýi, çagalary, agtyklary gözüne görnüp başlady.

Men öz ýanymdan: «Indi-hä Jemalyň özi ýalbaryp geläýende-de ýaraşmasa gerek şü» diýip oýlandym. Çünki onuň bilen tutaklaşyp ýörmekden halys ýapdapdy. Iripdi. Laky-tak durandygy daşyndanam bildirip durdy. Üstesine döredijilige-de gowy girişipdi. Gije-gündiziň dowamynda işleýän kwartirasyndan çykmaýar diýen ýalydy. Ýöne...

...Ýöne ýene-de bolmady.

Bir gün gelip ol ýene-de özüniň Jemal bilen ýaraşandygyny aýtdy. Men:

-Bor dost, seň göwnüň karar tapan bolsa bolýa, men şat – diýdim. Şol gije nirä gidipdir? Ýa dogrudanam ejesiniňkä gidipmi, diýip soramaga bolsa çekindim. Has takygy dözmedim. Derdini gozgaryn öýdüp gorkdum.

-Ýene-de süýji günler başlandy – diýip, ol şondan soňky dynç gününiň ertesi maňa jaň edip aýtdy.

Şondan soň alty aý diýlende ýurduň ýolbaşçysy täzelendi. Özgerişlikler başlandy. Birnäçe ýapylan edaralar açyldy. Gadagançylyklar aradan az-kem hem bolsa aýrylyşdy. Erkiniň ýoly açylyp ugrady. Ony ýokary okuw jaýlarynyň birine işe çagyrdylar. Umumanam ýurtda gowy-gowy özgerişlikler başlandy. Hiç bir sebäpsiz ýere ýapylan neşirýatlaryň açylaýmak mümkinçiligi döredi. Birdenkä «getir» diýýäýseler dagy diýip, Erkin ýygyndylaryny taýynlap başlady.

Kompýuterden geçirtdi. Kitaplarynyň elektron wariantlaryny taýýarlady. Şeýle ýagdaý ýyl ýaryma golaý dowam etdi. Göräýmäge bar zat ugruna ýalydy. Ýöne ýüze çykan bolgusyz bir sebäp olary ýene-de bir gezek, çaknyşdyrdy. Şol hem olaryň iň soňky çaknyşyklary boldy.

Ol wakanyň taryhyny bir aý soň Erkin maňa şeýleräk gürrüň berdi.

– Şol günem men hemişekilerim ýaly kwartiramda arkaýyn işläp orytdym. Wagt – gije sagat onuň ýary. Birdenem ýüregime dowul düşdi-de, towsup ýerimden turdum. – Sen özüň bilýäň, men indi gije-hä däl, asyl gündizem öňkülerim ýaly Jemaly gabanyp, yzarlap ýöremok, ýöne şol gezek welin, edil biri böwrüme dürten ýaly ylgap bardym-da, telefona ýapyşdym. Jemalyň belgisini aýladym. Şol wagt onuň özem, çagalaram hökman öýde bolaýmalydylar. Telefony haýsam bolsa biri alaýmalydy. Emma aýlap-öwrülip jaň edýän welin alýan ýok. Üç çakylykdan soň jaň Jemalyň öý telefonyndan el telefonyna geçýärdi, emma ol onam alanok. Daş-iç çykan bolaýmasynlar, diýip, ara az-owlak maý salýanda, ýene aýlaýan. Şol bir öýki ýagdaý. Tekiz. Tapbat. Ýüregim welin atygsap agzymdan çykyp barýar. Bir demde bar zat öňki kaddyna geldi.

Ýyl ýaryma golaý asuda geçen günleriň barysy ýele sowruldy. Şeýtan ýene-de mekgäme mündi. Men hatda onuň sowuklaç ýylgyryşynam duýdum. Ýakymsyz gülküsinem eşitdim. Göz öňümde bolsa Jemal bilen baglanyşykly şol bir ýakymsyz hereketler janlanyp başlady. Men hatda Jemalyň eşiklerini çykaryp oturyşynam biriniň düşegine girip barýanynam göz öňümde magat gördüm. Şol hereketler, aňymda gaýtalandygysaýam gümanym artyp başlady. Özümem: «Hä, zandyýaman, meniň arkaýynlaşanymdan peýdalanypdyr-ow» – diýip içimi gepledýän.

Gyş gijesidigine garamazdan ýeňil-ýelpaý geýindim-de, ylgap daş çykdym. Ylgaşlap gaýdandyryn-da, hemişeki on bäş minutda geçýän aralygymy bäş minutda geçip, Jemalyň gapysynda häzir boldum. Budkasynyň öňüni gabap duran demir derwezäni kakdym. Kiçijik daş bölejigi bilen ursaň derweze «şaňk-şaňk» edip gaty ses çykarýar we içeride oturanlara gowy eşidilýär. Bu gezek welin gymyldy-hereket ýok. öwran-öwran kakýan. Jogap ýok. Ahyry bizar boldum-da lapykeç halda yzyma dolandym. Nähili gelenimi bilemok, ýöne, bir görsem öýde, Jemala jaň edip durun. Alýan ýogam welin, barybir jaň edýän. Arasynda: Syrkawçylyk bolup hassahana dagy düşen bolaýmasyn, bir

zerurlyk çykyp atasy öýüne giden bolaýmasyn, diýen ýaly adamkärçilikli pikirlerem kelläme gelmän duranok. Çünki, şol gün ol çagalary bilen atasy öýüne gidip gelipdi we ejesiniň ýaramaýandygyny aýdypdy. Ýöne, olar ýaly ýagdaý bolanda ol meni habardar edip giderdi ahyry.

Ir sagat sekiz boldam welin, jaň geldi. Aldym. Şol. Jemal. Ilk-ä sesimiň ýetdiginden gygyryberesim geldi, ýöne bu gezegem öz pikirimiň ýalňyş bolup çykaýmagyndan howatyr edip özüme basalak bolmaga çalyşdym, başardygymça ýuwaş gepledim: «Daň bilen nireden geldiň?» Jemalyň sesi ýadaw çykdy: «Düşünmedim». «Agşam nirede bolduň?» «Hiç ýerde-de bolamok, öýde boldum». «Onda näme üçin uzynly gije telefony almadyň? Eliňe-de geçýä, onam alaňok. Edil öňki gezekkileriň ýaly» «Znaýeş çto... – diýip, ol maňa bir zatlary düşündirmäge başlady. – Agşam onuň ýaryndan soň nätanyş bir ýaş oglan jaň edip, halys ýürege düşdi. Ahyram telefony öçürmeli boldum». «El telefonyňam öçürdiňmi» «Ýok, on-a öçüremok. Ýöne, gatyrak ýatandyrys-da». «Gatyrak ýatypmyň ýa ýatman çykypmyň ony Alla bilsin». «Erkin-n...».

Ol bir zatlar diýdimi ýa dymdymy, ony men bilemok, hiç zat eşidemok. Öňem telim gezek gaýtalanan şol ýagdaýdan soň men özümi bütinleý äsgerilmeýän, söýgüsi bir ýaşa alynmaýan, iň bir pes, nalajedeýin, arsyz adam saýdym. Jemalyň özüni bolsa iki dilli biwepa, köp oýnaşly ýaramaz hatyn hasap etdim. Sabry-kararym gutardy, çydam käsäm doldy. Ony hemişelik ýitirmek gorkusy serimden çykdy. Alasarmyk pikirler içinde iki-baka ylgap, howsala düşüp ýörmekden irdim. Egerde, gabanjaňlyk söýgüniň hökmany şertleriniň biri bolýan bolsa, onda olar ýaly söýgüden men indi doýdum. Beýnimi bir wagtlar terk edip giden aklymam şol wagt aňyma gaýdyp gelen ýaly boldy. Şonuň üçinem, derýanyň iki ýüzünem deňledim-de, gatnaşyp başlalymyz bäri ilkinji gezek sesime bat berdim: «Sen meni aldap ýörmäňi goýjakmy ýa ýok?» Menden beýle haýbata garaşmadyk bolsa gerek, Jemalyň sesi howatyrly çykdy: «Men seni aldamok, Erkin». «Aldaýaň! Onda-da juda ökdelik bilen aldaýaň. Özüňem ynandyrdymmykam, diýýäň, ýöne, bilip goý, men seniň içi döwli ertekileriňe hiç haçanam ynanmandym, häzirem ynanamok, mundan buýana-da ynanjak däl. Sebäbi sen ýalançy, zandyýaman! Ýerinden gelme! Gabra giräýse-de düzelmejek küýki! Gaýky! – Hamala ol meni görüp duran ýaly barmaklarynşmy büküp başladym. – Her gezek şular

ýalyda öý telefonyňy öçürýäň. Bir! El telefonyňam öçürýäň... Iki. Gapyň açylanok, üç! Kakylsa sesini eşideňok, dört! Dünýe älem bilen aragatnaşygyň kesilýä, bäş! Ir sagat sekiz bolýaram welin telefonlaryňam işläp başlaýa, gapyňam açylýa trubkaňam alýaň, gapyň kakylsa, onam eşidýäň, ine, bu zatlar bilenem alty! Soňundanam şol bir bahanalaryňy birin-birin täzeden sanap başlaýan. Bu seniň poçerkiň» . Jemal şol ikiarada-da oýun etjek boldumy, nämemi, ýöne juda telek gürledi: «Onda, indikide poçerkimi üýtgedäýerin». Şol wagt men oňa: «Ähä, boýnuňa aldyň gerek-k..» diýmelidim. Sözüniň üstünde tutmalydym. Emma hetdinden aşan gazabym meni başga tarapa alyp gaçdy: «Üýtgedip bilmersiň: Sebäbi sende olar ýaly ukyp ýok. Zehin ýok. Onsoňam nähili usul ulananyňda-da, men bilmez öýtme! Şonuň üçinem men indi saňa ünsem berjek däl, janymam ýakjak däl. Galanja ömrümi arkaýyn ýaşap geçirjek. Sen bolsaň nätseň şeýt! Isleseň ikisi bilen gez, isleseň üçüsi bilen, meniň üçin parhy ýok»... «Erki-i-in-n!!! – diýip, şeýle bir çirkin gygyrdy welin, trubkamyň ses gelýän tarapy çat açandyr öýtdüm. Ýöne men eýýäm dälilik hetdine ýetipdim we şol bir öňki terzde dowam etdirdim. «Men ýagyşdan gaçyp damja uçrapdyryn. Söýgüdir öýdüp, jebre sezewar bolupdyryn. Aldanypdyryn. Şonuň üçinem, mem indi tohum-tijime, gerek bolsa külli adamzada: Söýgi diýlen zadyň gyrasynda görünäýmäň, gapysyndan barmaň! – diýip, sargyt etmäne-de taýýar! Dogry, şatlyk beren pursatlaryňam boldy. Bagtyýar eden günleriňem az däl. Onuň üçin sag bol. Ejiriňe-de kaýyldym, ýene-de kaýyl bolardym, ýöne, ýaňky sözüň maňa bar zatdan beter agyr degdi... Seniň kimdigiňi Aý dogan ýaly äşgär etdi. Men indi gitmeli boldum. Özümem ymykly gidýän. Men saňa gowy durmuş, tükeniksiz baýlyk, asylly ýanýoldaş arzuw edýärin. Ýöne bir haýyşym bar: Kimem bolsa ol bendäni bir meni aldaýşyň ýaly aldama! Wepaly bol! Ýene bir zady aýdaýyn: sen baý adam taparsyň, ýöne özüňi men ýaly ýürekden söýjek adamy welin tapmarsyň. Meni aldaýşyň ýaly başga bir kişini aldabam bilmersiň. Saňa çyn söýgi sataşdy, emma sen onuň gadryny bilmediň. Bir bende kükregininden ýüregini sogrup eliňe berdi, emma sen ony almadyň, gaýtam ýere taşladyň, hapa buladyň. Basgyladyň. «Seniň munyň bir tokga et, maňa bolsa şunçarak gyzyl gerek» diýdiň. Meniň söýgümi baýlyk bilen bir terezä taşladyň. Agramly tarapynam baýlykda gördüň. Elbetde, meni söýmediň diýip biljek däl. Söýmedik bolsaň, işsiz-güýçsiz, harçsyz gezip ýören döwürlerim meniň

bilen gatnaşmazdyň. Onuň üçin minnetdar. Sag bol! Ýöne öz aýdyşyň ýaly sen döwrebap maşgala. Hak aşyklyk, meniňki ýaly çyn söýgi, wepadarlyk, geçen aşyklaryň pajygaly ykballary seniň üçin gülkünç. Emma bilip goý, haýsy döwür bolanda-da söýgi – söýgüdir. Ol üýtgeýän däldir. Çym söýgi şu döwürde-de bardyr. Ony tapmany, tapansoňam aýawly saklamany başarmak gerekdir...» diýdim. Sözüme dyngy berip trubka diň saldym. Jemal aglaýardy, onda-da içigip-içigip aglaýardy. Ýöne, näme üçindir trubkany taşlamaýardy. Hemişe sähelçe gahary gelende-de taşlaýardy, bu gezek welin menden ömründe eşitmedik sözlerini eşidensoňa trubkany saklap dur. Soň görüp otursam, o-da maňa iň soňky sözüni aýtmak üçin saklanýar ekeni. Güýjüni jemlän ekeni. Sözümi soňlap özüne gulak asýanymy aňansoň ol aglamasyny goýup uludan demini aldy-da: «Bolduňmy?» – diýdi. «Boldum» – diýdim. «Bolan bolsaň indi sen maňa gulak as: Sen menden şu wagt iren bolsaň men seniň tükeniksiz yzarlamalaryňdan, soňsuz sowallaryňdan, «gydy-gydy» gürrüňleriňden, içi iriňden doly iňirdileriňden bir wagt irdim. Diýmek, ikimizem biri-birimizden iripdiris. Ýadapdyrys. Biri-birimiziň ynamymyzdan gaçypdyrys. Şonuň üçinem, dogry aýdýaň gel, hoşlaşaly. Özem şu gezek çynymyz bilen hoşlaşaly. Gaýdybam ýaraşmaly. Duşuşmaly. Bize indi başga ýol ýok. Aňyrsy garaňky. Diwar. Mundan aňry gitsek ýa uçutdan uçarys, ýa-da diwara urup maňlaýymyzy ýardyrarys. Elbetde, kyn bor, ýöne, şeýtmek gerek. Sen maňa juda agyr sözler aýtdyň, agyr töhmetler ýüklediň...». «Agyr töhmedi sen öz üstüňe özüň ýüklediň, özüň öz agzyň bilen aýtdyň...» – diýip, men eýýäm öňkülerime görä gowuşgynsyz seslendim. «Howwa, aýtdym, janymyň ýangynjyna aýtdym, ine, şeýdäýenimde näme etjek alajyň bar, diýen manyda saňa sapak bolsun diýip aýtdym. Ýüregini ýamana dikse, aýalyň şol işi iki daşyň aralygynda-da edip biljekdigine düşünsin diýip aýtdym. Sen bolsaň meniň öz garşyma ulanyp bolaýjak garamtyl sözlerimi-hä garbap alyp başyňa baýdak edinýäň, ak ýüregimden syzdyryp aýdan sözlerimi bolsa eşideňem geleňok. Şonuň üçinem, men bu zulma mundan artyk çydap biljek däl...» Men ýene-de bat aldym. «Çydabam bilmersiň! Sebäbi, sen meni aldap bileňok! Men saňa aldadamok. Saňa aldadardan meniň durmuş tejribäm köp. Aklym goýy! Aldaman dek gezjekdigiňe bolsa ynamym ýok! Şonuň üçinem, dogry aýdýaň, gel, hoşlaşaly! Birek-birege al saljagam bolmaly. Goý, her kim öz ýoly bilen gitsin. Sen eýläk, men beýläk... Hoş!...»

«Şakyrdadyp» goýdummy ýa usul bilen goýdummy bilemok, ýöne, şunça gatnaşan ýyllarymyzyň içinde birinji gezek trubkany men ondan öňürti goýdum.

Şondan soň öňem her gezek şular ýaly çaknyşyklaryň yzysüre bolşy ýaly, süňňüme wagtlaýyn ýeňillik aralaşdy. Dem almam ýeňilleşdi. Dünýä gözüme giň göründi. Telim ýyl bäri göterip ýören ajy sözlerimi bir demde çykaryp goýberendigim üçin gursagym gowzady. Şonuň üçinem özümden göwnüm hoş halda diwanyma geçdim-de, arkan düşdüm. Ellerimi kellämiň aşagyna goýdum. Indiki etjek – goýjak işlerim barada pikir öwrüp başladym. Gözlerimiň gytagy bilen stoluň üstündäki başly-barat ýatan golýazmalaryma seretdim. Düýbi boş bimany hem gerekmejek aladalardan saplanan adam hökmünde özümi diýseň hoşwagt duýdum. Gündelik howsalalar, gabanç, tükeniksiz teýeneler, tersleşikler, gümanlar we haýykdyrmalar içinde geçen ýyllarym üçin ömrüme nebsim agyrdy.

Üç sagada golaň şeýdip, böwrümi diňläp ýatdym. Birdenem bar zat üýtgedi. Pikirler beýnimiň içinde oýan, bu ýan kowsarlady-kowsarlady-da, düýbünden başga tarapa ugur aldy. Ýene-de öňki gezeklerde bolşy ýaly, ençeme ýyllap gatnaşan, mährimi-mährine goşup, ýadan wagtym goltugynda ymyzganyp güýç toplan söýgülimi gaýdyp görmejekdigim, galan ömrümi şonsuz geçirmeli boljakdygym göz öňüme geldi-de, erbet bir gorky basdy. Dünýäm gaýtadan daralyp başlady. Hopugyp ýerimden turdum. Öýüň içinde ters aýlandym. O çünkden bu çünke, bu çünkden o çünke ýüwürdim. Bokurdagym dolup, ulyilim bilen bagyrybermekden zordan saklandym.

Belki, sen meni ýazgararsyň, Nepes, ýöne, ýap-ýaňyja, saňa jaň etmezimiň öň ýany, ömrümde ilkinji gezek Biribara, nalyş etdim: «E-eý, Barhuda! Näme üçin sen meni bu ýaşdan soň munça belalara giriftar eýlediň? Yşk mülküne salyp dogumymy, gaýratymy synap görjek bolsaň on sekizimde gözüňe ilmedimmi? Ýigrimi bäşimde ýadyňa düşmedimmi? Ýa ol wagtlar men entek seniň sanawyňda-da ýokdummy? Iň bolmanda kyrkymda, köpüklerim gaýnap durka salanam bolsaň bu derdi men bu wagtkyma görä birneme ýeňilräk çekerdim. Ýa sen bu zatlary ýörite etdiňmi? Eger şeýle bolsa näme üçin? Jogap ýok bolsa, onda sen meni hälem bolsa bu azapdan gutar! Dyndar! Men ýadadym! Sen meniň gerdenime adam ogly çekip-çydardan has çökder ýük urduň! Öz beren janyňa jebr etdiň! Güzap çekdirdiň! Meni mundan

artyk gynama! Bu derde döz gelere mende mundan artyk gurp-gaýrat ýok. Sataşdyran söýgiň ezýeti lezzetinden artyk geldi. Aslynda gadymy aşyklaryň näme üçin biri-birlerine gowuşmaýandyklaryna-da men indi düşündim. Iki ot birikse dünýäni ýakaýjak ekeni! Möwç urup duran iki derýa goşluşsa hanasyndan çykyp, dünýäni weýran edäýjek ekeni! Iki dag birleşse jahany lerzana getiräýjek ekeni! Asman Zemine gowuşsa kyýamat gopaýjak ekeni! Men bu gün seniň giç beren söýgiň bilen hoşlaşdym. Men indi boş! Azapdan dynç! Güzaplardan azat! Men indi Jemalyň nazarynyňam düşmejek alys bir ýerlere giderin-de, güýjümde baryny edip işlärin...» diýdim. Soň hyýalymda Jemalyň keşbine ýüzlendim: Hoş sag bol, meniň giç gelen söýgim! Hoş gal, meniň giç gelen baharym! Menden razy bol! Sen indi meni görmersiň. Nirädigini bilemok, ýöne, men gidýän. Sebäbi ýadadym. Bile geçiren şonça ýyllarymyzyň içinde men aşyklygyň ejirden başga zat däl ekendigine düşündim. Garry bolsun, ýaş bolsun, ýadaman, ýaltanman söýgä ymtylýanlara men indi: Adamlar! Ol ýere barmaň! Ol ýeri ýanyp duran ot, gije-gündiz kaknus kimin ot çeýnärsiňiz, kebelek deý köýersiňiz. Ol bir möwç urup duran däli derýa – gomlaryna döz gelip bilmän gark bolarsyňyz, porruk deý akarsyňyz! Ol bir kemerleri gasyn-gasyn bolup duran kert-kert gaýaly dag – bigüman uçarsyňyz diýerin. Düşündirerin. Bu ýoldan sowjak bolaryn. Meniň şu pendimi özüňiz-ä bir tutuň, mundan buýanky önýp-ösjekleriňize-de ýetiriň, diýerin, diýdim... – Şu ýere ýetende Erkin sojap-sojap dem aldy. Öýkenine howa ýetmeýän ýaly gözlerini agdar-düňder edip penjirä seretdi. Sag eliniň aýasy bilen ýüregini tutdy. Çalarak çytyldy. Şeýle-de bolsa sözüni dowam etdirdi. Ýöne, sesi öňkülerine görä ynjyly hem pessaý çykdy. – Howwa, dost, Aýlarhan maňa söýgi bermedi, jepa berdi, Jemal söýgi berdi, emma wepa bermedi. Maňa indi bu golaýda durarlyk ýok. Dursam ýene-de saklanyp bilmen. Jemalyň mähri eýýäm meni özüne çekip ugrady. Maňa bolsa ondan daşlaşmak gerek. Bir wagtky bigam, diňe döredijiligim bilen gümra bolup ýören asuda günlerime dolanmagym gerek. Şonuň üçinem, men gitmeli. Sen ýaly birnäçe ýyllyk daşary ýurda gidäýmegimem ahmal, belki-de çet-çemerlere, daglara, düzlere çykaryn? Belki, oba giderin. Mellek alyp şol ýerde ýurt tutunaryn. Bilemok. Ýöne her daban ýeri Jemaly ýatladyp, derdimi täzeläp duran şu şäherden baş alyp gitmelidigimi welin magat bilýän. Şu dertden gutulmak üçin men

ýeriň ol ujuna gitmelem bolsa, hatda, Aýa uçmalam bolsa taýyn. Men şoňa kaýyl! Şu gezek aklyň duýgymdan üstün çykmagy gerek.

...Erkin sözüni tamamlady. Tükeniksiz jebri-jepalar içinde ýanyp-bişip ýörendigi üçin nebsimi agyrtmakdan başga bu gezegem meniň oňa edibilen kömegim bolmady. Hemişekim ýaly başardygymdan göwünlik berdim. Hernäçe kyn düşse-de, ýurdy terk etmezligi özüni mundan-da beter köýe salmazlygy maslahat berdim. «Ýaryndan aýrylan ýedi ýyl aglar, ýurdundan aýrylan ölinçä aglar» diýdim. Mundan soň ýat bir ýurda baryp, döredijilik bilen günamaňy dolamak ýeňil düşmez, iň bärkisi terjime meselesi, ondan soň neşir satuw ýaly meseleler öňüňde keserip durar, diýdim. Onsoňam, sen täjir ýa işewür däl, nirede bolsaňam bäş şaýy bähbitden göwnüň karar tapar ýaly. Sen şahyr! Dörediji! Hupbulwatan! Sen şu ýerde gerek. Seň egniňde tutuş il-günüň, garamaty ýatyr. Öz göwnüň aramy üçin olar ýaly jogapkärli garamatdan gaçyp gitmäge seniň hakyň ýok, diýdim.

Aşak bakyp, her daýym başyny atyp oturşyny ol meni üns bilen diňledi. Sözümi bölmedi. Ýöne ilki öz aýdanlary, soň meniň aýdanlarym ony biçak ýadatdy. Hatda başyny galdyryp ýüzüme bakan wagtlaram süzükli gözleriniň üstüni gabagy örtdi durdy. Nazary birhili gorkunç, bulançak, sowuk göründi. Argyn beýni şol wagt ondan dynçlyk talap edýärdi, ony alyslardan-alyslara tarap çekýärdi.ş

Ine-de ol iki elinem ýere diräp, kynlyk bilen ýerinden turdy. Kynlyk bilenem hoşlaşdy. Men oňa:

Erkin, şu ýerde ýatyber. Sen ýadaw. Wagt bolsa gijäniň ýaryna golaýlady – diýdim.

Ol başyny ýaýkady. Elini ýere diräp ýerinden turdy. Agyr oý içinde, agras ädimler bilen gapa tarap ýöneldi. Köwşüni geýenden soň durşuna uly mähir hem dost söýgüsi bilen ýüzümeseretdi-de: – Täzeden bäri Güljemal düýşüme girýär. Şol bir bolşy. Çep gözüni süzüp ýylgyryp dur. Görýän welin meniň ähli söýgim şonuň bilen gidipdir öýdýän. Bu görüp ýören görgülerimiň bolsa şonuň gaýtgyny bolaýmagam ahmal» diýdi. Birdenem bir ädim öňe süýşdi-de, ömür etmeýänini edip, meni gujaklady. Bagryna basyp ep-esli durdy. Hamsykdy. Meni gujagyndan boşadansoň welin ýüzüme seretmän aňyrsyna öwrüldi. Usullyk bilen gapyny çekdi.

Men birhili bolup galdym. Onuň bilen bileje geçiren çagalyk ýyllarymyzy, studentlik döwürlerimizi birlaý aňymdan geçirdim. Ykbaly

örän kyn we keç bolan dostumyň hiç ýana gitmezligi üçin, nähili tagallalar edip biljekdigim barada oýlandym. Hökman bir ýana gitmeli bolaýanda-da, diňe oba gitmekligi ündemekligi makul bildim. Ol ýerde oňa ýer bererler, jaý salmaga kömek ederler, giň ýer, oba durmuşy göwnüni açar, bag-bakja, mal-gara güýmener, sagatlygy gowulaşar, beýnisi dynç alar, köpden bäri bir goýup, bir başlap süýrenjeňlige salyp ýören uly göwrümli işlerini tamamlamaga mümkinçilik tapar.

Howwa, men oňa şol zatlary ündemekligi makul bildim.

...Ýaňy bir uka gidiberenimden jaň geldi. Biwagt gelýän jaň hemmeleriňem inini üýşendirýändir welin, wraç hökmünde maňa hasam erbet täsir edýär.çünki, daşary ýurtdan gelenimden soň men merkezi hassahanalaryň birinde «psihioanalitik» kabinetini açypdym-da, käte gijäniň birwagtlary bimaza edäýmeklerem bolýardy. Iň bolmanda başga bir kesel bilen kesellän adamy gyssagly suratda psihologiýa taýdan barlamaly bolýardy.

Keýpine welin, akly ýerindäki adam gaty bir zerur bolaýmasa ir bilen-ä sagat sekize çenli, agşamam on birden soň jaň etmeýär. Şol wagt bolsa sagat eýýäm biriň ýarydy. Özüm-ä turmadym. Aýalym baryp aldy. Onuň uky gatyşykly gyryljak sesi bilen:

– Hä-ä. Aýlarhan? Bu senmi? Gurgunçylykmy? Eýgilikmidir? Hä? Erkin? Hi-ýih!.. Wah-wah-wah... Ol ýap-ýaňyja şu ýerden gitd-ä... Nepes bilen gürleşip oturd-a... Howwa, bar, häzir, häzir... – diýen sesini eşidip ysgyn-mydarym galmady. Süňňüm bir zady syzan ýaly, aýalym gelip çagyrmazdanam öň ýerimden turdum-da, girelgedäki telefona tarap yraň atyp ugradym. Ozaldanam okara ýaly ullakan ala gözlerini gynançly halda petredip duran aýalym trubkany sessiz-üýnsiz elime tutdurdy.

...Aýlarhan maňa adamsynyň öýe barşy ýaly ýüregini tutup ýykylandygyny, «tiz kömegi» çagyrandyklaryny olaryňam ony alyp gidip reanimasiýa ýerleşdirendiklerini, häzir çagalarynyň ikisiniňem şol ýerdedigini, özüniň bolsa halys ýaraman gaýdandygyny habar berýärdi. Basymrak ol ýere barmagymy, wraçlaryny görmegimi, gürleşmegimi haýyş edýärdi. Ýöne, ol şol iki aralykda-da:

– Wah, barysy şol jelepden boldy. Onuň ýüregini-ýütüni alan şol. Şunuň ahyry şeýle boljakdygyny men öňem bilýädim-le, aňýadym-la... – diýmäni weli unutmady.

Meniň bolsa ol wagt o zatlar ýadyma-da düşenok. Içimde sesim çykanok, asla dilim öwrülenok. Aýaklarymdan, gollarymdan ysgyn gaçyp barýar. Uýluklarym, injiklerim sandyraýar. Men zordan:

– Bor, Aýlarhan, men häziriň özünde öýden çykýan – diýdim-de, trubkany henizem gapdalymda ýaşly gözlerini tegeläp duran aýalymyň eline tutdurdym.

Ýagdaýymy aňandyr-da, aýalym «şakyr-şukur» trubkany asdy-da, goltugymdan söýget berip stoluň başyna geçirdi. Gidip, bir käse suw bilen derman getirdi. Men ony içýänçäm eşiklerimi taýynlady.

Derman az-kem täsir edenden soň eşiklerimi geýdim. Çykjak wagtym ortaky jaýa boýnumy uzatsam aýalym aglap otyr. Çünki biziň hojalygymyzyň ähli agzalary Erkine halys öwrenişipdiler. Olar ony meniň garyndaşym, dostum hökmünde-de gowy görýärdiler. Onuň çekýän jebri-jepalaryna, kynçylyklaryna özi bilen deň-derejede gynanaýardylar. Aýalym aýal hökmünde Aýlarhana duýgudaşlyk bildirýän hem bolsa, onuň Erkin babatdaky sowuk-salalygyny unamaýardy. Erkiniň ýagdaýyna düşünmek bilen baha berýärdi.

Meniň ugrap barýanymy görüp aýalym ýerinden turdy, ýanyma geldi. Bir zatlar diýjek bolup dodaklaryny gymyldatdy, emma içinden ses çykmady. Gepläp bilmedi. Bir eli bilen ýüzüni tutdy-da: «Bar, sen eglenme, ýet çaltrak» diýýän manyda beýleki elini gapa tarap salgady. Çykyberenimdenem:

– Bizem ertir bararys – diýen agy gatyşykly naýynjar sesi gulagyma geldi.

-Reanimasiýada bolsa barybir hiç kimi ýanyna goýbermezler, şonuň üçinem, umumy otaga geçirýänçäler garaşaýyň, men habar tutar duraryn – diýdim.

Hä diýmänem, salgy berlen hassahananyň belent binasynyň öňünde häzir boldum. Içine girdim.

Telim ýyl bäri şol ugurda işläp ýöremsoň men şäher hassahanalaryndaky hekimleriň hemmesini diýen ýaly tanaýardym. Kimsi bilen bile okapdyk, kimsi bilen bile işläpdik, käbirleri bilen seminarlara, simpoziumlara, konferensiýalara gatnaşypdyk, garaz, birde bolmasa birde gabatlaşýardyk.

Erkiniň düşen hassahanasyndaky hekimleriňem köpüsi tanyşdy. Meniň üstüm bilen olar Erkinem tanaýardylar, ikimiziň gatnaşygymyzdanam habarlydylar.

Olar maňa Erkiniň ýagdaýynyň agyrdygyny aýtdylar. Diagnozyny soranymda bolsa:

– Örän çylşyrymly. Hem ýürek, hem gan basyşy. Iň ýamanam beýni ýadawlygy. Reanimasiýadan çykansoň hertaraplaýyn seljerip, şondan soň belli bir netijä geläýmesek bu wagt bejerişiň haýsy usulyny ulanmaly boljakdygy barada dagy pikirem eder ýaly däl... – diýdiler. – Ýöne, ilkinji kömekler edildi. Ýene-de ederis.

Men ony görmekçi boldum. Emma wraçlar muňa kes-kelläm garşy çykdylar.

– Bolanok! Onsoňam ol barybir özüni bilenok. Iň bolmanda ertire çenli garaşyň – diýdiler. – Gaýtam çagalaryna-da aýdyň, gidibersinler.

Razylaşdym. Men olar bilen razylaşdym. Erkiniň çagalaryna-da ýagdaýy düşündirdim. Özüm welin gaýdybilmedim. Nobatçy hekimiň kabinetine baryp, syrkawyň ýagdaýy barada gümür-ýamyr edip otyrkagam şepagatçy uýalaryň biri ylgaşlap geldi-de:

– Bir aýal gelip reanimasiýanyň äpişgesini kakyp dur. Turuzyň, men Erkin bilen gepleşjek diýýä. Bolanok, diýsegem, onda nobatçyny çagyryň, diýip aglaýar. Ýanynda iki sany ýaş çagasam bar – diýdi.

Meniň göz öňümde derhal Jemalyň keşbi janlandy. Şoň üçinem, nobatçy hekim: «Beh, ol kim bolup bilerkä? Öz çagalar-a gitdi» – diýen manyda ýüzüme soragly seredeninden:

– Bu şoldur... – diýip, ýerimden galdym-da, şepagatçy uýa garap: – Baryň, ony şu ýere çagyryň, – diýdim. Nobatçy hekimlerdenem şol gelin bilen ikiçäk galdyrmagyny haýyş etdim.

Hekim artykmaç sorag bermän çykyp gitdi. Şepagatçy uýa-da ara salym salman gaýdyp geldi. Yzy bilenem iki sany gyzjagazyň elinden tutup daýaw, görmegeý gelin girdi. Salam berdi. Meni nobatçy hekimler öýden bolsa gerek, Erkini görmek isleýändigini aýtdy. Iň bolmanda daşyndan görmäge ygtyýar bermegimizi haýyş etdi.

Men ýerimden turdum-da:

– Jemal gurgunmysyň – diýdim. Oturmaga ýer görkezdim. Çagalarynam oturtdym.

Ol meniň ýüzüme geň galyjylyk bilen seretdi.

– Siz näme, meni tanaýaňyzmy – Birdenem ýüzüme çiňerildi. – Ýa siz Nepesmi?

– Howwa, men Nepes. Men sizi gowy tanaýan. Erkin bilen tanyş bolan günüňizden bäri tanaýan.

– Eýle bolsa menem sizi tanaýan. Erkin maňa siz hakda kän gürrüň beripdi. Asla ol siziň adyňyzy dilinden düşürmeýärdi.

Soň ol Erkiniň ýagdaýlaryny sorady. Ony görkezmegigimizi ýene bir gezek haýyş etdi. Men:

– Ol bolmaz, Jemal – diýdim. – Ony häzir maňa-da görkezenoklar. Çagalaryna-da görkezenoklar. Çünki ýagdaýy agyr. Derdinem özüň bilýäň. Bar zat onuň içki howsalasy bilen bagly. Başyňyzdan geçen ähli wakalar maňa belli. Ýap-ýaňyja-da ol meniň ýanymdan gaýtdy. Içini dökdi. Ýöne, doly egsibilmedi. Hut şonuň üçinem ýykylan bolmaly. Bu ýerde oňa ellerinden gelen kömeklerini ederler. Ýöne onuň dermany sizde. Şonuň üçinem özüne gelip umumy palata geçirilenden soň ol öňi bilen siz barada, has takygy siziň özüňizden ýyly söz eşitmeli. Siziň hemişe özüne wepaly bolandygyňyza mundan buýana-da şeýle boljakdygyňyza öz gümanlarynyň hakykatdan-da howaýy, howsala ekendigine ol ynanmaly.

– Ol barybir ynanamaz, Nepes... – diýdi-de, Size Nepes diýmelimi ýa pylanyýewiç diýip ýüzlenmeli» diýen manyda ýüzüme seretdi.

Men:

– Ýöne, Nepes diýiberiň, men Erkin bilen gözlüje ýaşyt – diýdim. – Ynanyp-ynanamazlyk barada aýdanymyzda bolsa ol size digrudanam ynanamaz. Hut şol sebäplem ol şu güne düşdi. Ine maňa welin ynanar şonuň üçinem siziň maňa bar zady bolşy ýaly, birin-birin gürrüň bermegiňiz gerek.

– A siz özüňiz bir maňa ynanarmykaňyz – diýende, Jemaýň ýüzünde kinaýaly ýylgyrma emele geldi. Gözlerinde bolsa ýaş göründi. – Siz meni düýbünden tanaňzok ahyry.

– Ak ýürekden aýtsaňyz ynanaryn. Sebäbi, ýürekden çykan söz ýürege barýar. Erkin gabanja gözüni gapdyrdy. Şeýtanyň ugruna gitdi. Men bolsam o zatlardan halas. Eger siz hakykaty aýtsaňyz, men oňa düşünerin.düşünerimem, Erkine düşündirerinem.

– Biziň üçin siz dogrudanam köp zat edip bilersiňiz. Sebäbi, siziň hünäriňiz şu zatlar bilen bagly. Tejribäňiz köp. Bular ýaly meseleler bilenköp iş salyşýaňyz. Erkine bolsa siz çagalygyndan belet... – Jemal

sözüne dyngy berdi-de, gözlerini giňden açyp, ýüzüme soragly seretdi. – Ýogsa-da bu pikir siziň kelläňize näme üçin biraz öňräk geläýmändir?

– Her zadyň öz wagty bolýar. Jemal. Bu bize bagly zat däl. Ol Allanyň emri. Onsoňam... Edil beýle bolaýaram öýtmedigem-dä... – Men damagym dolandygy sebäpli esli wagt gepläp bilmedim. – Her niçik hem bolsa meniň sizden edip oturan bu haýyşym häzir Erkin üçin iň güýçli dermanyň ornuny tutup biler.

– Hernäçe süýjem bolsa, ol günleri ýatlamak meniň üçin agyr. Çünki, ol süýjiniň ajymtyk tagamy bar. Ýöne Erkiniň saglygyna, ömrüne, ykbalyna, ol ikimiziň mundan buýanky gatnaşygymyza oňyn täsir eder öýtseňiz men ähli zady jikme-jik gürrüň bermäge taýýar.

– Onda indi ikimize diňe gürleşmek üçin ýer beleleşäýmek galýa. Ýöne uzaga çekmeli däl. Çünki wagtymyz çäkli.

– Onda ertir işden soň «Aýzberge» baraýyň. Biz Erkin bilen köplenç şol ýerde oturýardyk. Meniň, gyzlarymyň, Erkiniň özüniň doglan gününem köplenç şol ýerde belleýärdik.

– Sagadynam takyk aýdaýsaňyz.

– Altyda iş gutarýa. Ondan soň men çagalarymy mekdepden almaly. Gde-to, ýediň ýaryna diýäýeliň? Was eto ustrayiwaýet?

– Wpolne. Ýöne men sizi özüm baryp alyp gaýdaryn. Nirä barsam amatly bor?

– Köne «Ankara» restoranynyň ýerine baraýyň. Häzir ol ýerde hiç zat ýokdur. Täze gurluşyk üçin ýer gazyp ýörendirler.

– Bolýa.

– Hoş onda.

– Hoş, sag boluň.

– Saglykda görşeliň.

Üç tirkeşik bolup çykyp gitdiler. Nobatçy gaýdyp geldi. Men şondan soňam onuň bilen gürleşip ep-esli oturypdyryn. Arasynda baryp Erkiniň ýagdaýlaryndan habar tutdum. Onuň şol bir ýatyşydygyny görüp gynandym.

Indi men özümem gaýtmalydym. Nobatçy hekimlere-de şepagat uýalaryna-da ondan artyk azar bermeli däldim.

## Ikinji bölüm

# JEMAL

*«...Yşk bir gün geler-de, hemmeleri,*
*hatda özünden gaçyp gutulmak üçin*
*ýeriň ol ujuna gaçyp gidenlere çenli*
*dolap alyp, öz goýnuna dykar».*

*Möwlana Jelaleddin Rumy.*

## 1.

Hassahanadan çykyp gaýdanymda ýaňy bir daň saz berip ugran ekeni. Oba ýeri bolan bolsady, onda ondan-mundan horazlaryň daňy buşlaýan, itleriň üýrüşýän sesleri eşidilerdi. Oňda-munda sygyrlar molaşardy. Bu ýerde bolsa eýýämhaçan bir ýerlere howlugyşyp barýan maşynlaryň «güwwüldisinden», uçurgäh tarapdan uçmana hyýallanýan äpet uçarlaryň «arryldysyndan», demirýol tarapdan gelýän, ýaňlary ýagly agaç şpallaryň üsti bilen ep-esli ýere çenli uzalyp gidýän «şakyrdydan» başga hiç zat eşidilenok.

Şol wagt men zähmet rugsadyndadym. Şonuň üçinem barşym ýaly ýerime geçip, isledigimçe ýatyp, ukumy alyp biljekdim.

Şeýle hem etdim. Günortanlar oýandym. Turşum ýalam hassahana jaň edip, Erkiniň halyndan habar aldym. Öten agşamky nobatçylyk eden hekimiň öýüne jaň edibem soradym. O-da, hassahanadakylaram: «Şol bir ýatyşy» diýip, jogap berdiler. Soň öýüne jaň edip Aýlarhana göwünlik berdim.

-Çagalaryň-a ikisem şol ýerde. Gelişleri ýaly ynjalman ýene yzlaryna gitdiler – diýip, ol ýadaw ses bilen ysgynsyz gürledi.

Men oňa:

-Beýdip, hemmesi heläk bolup ýörmesinler, ýeke-ýekeden habar tutubersinler – diýdim. Aýlarhan aglady.

-Wah, özüň aýdaýmasaň, jan Nepes... Maňa gulak asanoklar-a.

Barybir nepimiň degmejegini bilsemem, şondan soň menem hassahana gitdim. Ýene-de hekimleri gördüm. Olaryňam eginlerini gysyp, ellerini ýaýmakdan başga diýen zatlary bolmady. Soň men Erkiniň çagalarynyň ýanyna bardym. Olar Erkiniň ýatan otagynyň äpişgesiniň öňündäki bagyň aşagynda gyzylt-ýaýyrt bolşup oturan

ekenler. Men olara-da Aýlarhana aýdanymy aýtdym. Ýöne, barybir netije bolmady. Gozganmadylaram. Şondan soň men olara bu barada hiç zat diýjegem bolmadym. Onsoňam ol ýerde goş basyşyp oturanlar ýeke olar däldiler. Bir gowwy zat, gyşyň günüdigine garamazdan howa maýyl. Hoştap.

Hä diýmanem iş wagty gutardy. Men Erkinden ýene bir gezek habar tutdum-da, Jemalyň yzyndan gitdim. Ol köp garaşdyrman çykdy. Gaýtdyk, «Aýsberge» bardyk. Howa maýyl bolansoň daşardaky dalbaryň aşagynda ikibir-üçbir piwo süzüşip oturanlaram az däl. Ýöne, biz içeri giräýenimizi kem görmedik. Çünki, bize ol wagt emin-erkin gürleşer ýaly goh-galmagalsyz, asudaja ýer gerekdi. Daşarda bolsa adamyň köplüginden başga, ses güýçlendiriji enjamlardan çykýan gopgundan ýaňa-da ses-üýn alşar ýaly däldi.

Entek bosagadan ätlemänkäk, Jemal içeride oturyp iýip-içmekligiň daşara görä ýigrimi bäş prosent gymmatdygyny aýtdy. Men: zyýany ýok, diýen manyda elimi silkdim. Pessejik hem kiçijik, ýöne owadan bezelen, naşyja jaýjagazlaryň birine girdik. Onuň içinde bary-ýogy dub agajyna meňzedilip ýasalan iki sany ýalpyldawuk gara stol bar. Her stoluň başynda reňki stol bilen kybapdaş, arkasy beýik dört sany stul. Stollaryň üstünde içi owadan, ýöne ýasama gülli, nepis güldan dur. Jaýjagazyň burçlarynda-da şolar ýaly içi ýasama gülli güldanlar goýlupdyr. Petikde çyra ýok. Ýöne dört diwaryň hersinde iki sany, barokko äheňinde ýasalan şem sypatly çyrajyklar berkidilen. Olaryň hersi bir dürli öwsüp, jaýyň içine rahatlyk röwüşini çaýýarlar. Gözüňe düşüp, beýniňi gyjyndyryp baranoklar.

Biz ýylgyrjaklap ýanymyza gelen, aýagy butlaryna dyrtaşyp duran gök jinsi balakly, keltekjik ak köýneginiň giň ýakasyndan göwüsleriniň ep-esli bölegi, aşagyndan bolsa ysyrga gysdyrylan göbegi görnüp duran, dodaklary tümmül bolan böwrek ýaly garagözelek, bolaýsa on dokuz ýaşlaryndaky hyzmatkär gyza iki sany çişlik, iki sany lüle kebap, «oliwýe» saladyny hem-de alma şiresini buýurdyk. Men gürrüňi nämeden başlajagymy bilmän ýaýdandym. Ýöne, Jemal işimi aňsatlaşdyrdy.

– Köp babatda Erkin ikimiziň häsiýetimizem, ykbalymyzam meňzeş bolup çykdy. Ikimizem tiz gahar. Öýkelek. Ýöne, soňumyz ýok. Tersleşsegem derrew ýaraşara bahana gözläp ugraýas. Men-ä dogrusy aýal kejirligini edip esli mahal ýaraşasymyň gelýändigini bildirmän

gezýän welin, bu meselede Erkin has durumsyz. Öýkämi ýazmasa ynjalyp bilenok, – diýip, çişlik gelmezden öň alma şiresini içip oturşyna ol menden soraga-da garaşman özünden-özi söze başlady. Birdenem gussaly ýylgyrdy. – Bilýäňizmi, ol ikimiziň hatda ýylymyzam bir-dä...

-Näme, sizem itmi?

-Howwa, menem it. Ýöne esasy meňzeşligimiz welin, ikimiziňem ýaşlygymyzy söýgüsiz geçirenimizde. Dogry, kimdir birini daşyndan gowy görmek, gaýybana aşyklyk diýen zat mende-de boldy, onda-da bolupdyr, ýöne, ol entek söýgi däl. Ynanýaňyzmy, men hatda adamyma-da söýgüsiz çykdym. – Oňa çenlem çişlik geldi. Assa-ýuwaş iýip başladyk. – Gowusy men size muny başdanaýak gürrüň bereýin – diýip, şondan soň Jemal gürrüňini dowam etdirdi. – Ilkinji söýgüm klasdaşym Döwran... Men ony hemişe hormat bilen ýatlaýaryn. Ol klasymyzda iň görmegeý, iň daýaw, inçemik ak ýüzli, syrdam boýly, şakäse ýaly ullakan gara gözleri oýnaklap duran oglandy. Hemişe şylgyrar ýörerdi. Baý ýeriň çagasy bolansoň uly arakesmä çykanymyzda klasdaşlarymyzyň hersine bir doňdurma alyp bererdi. Belki şonuň üçindir, gyzlaryň hemmesi oňa hyrydardylar. Ol meniňem şolar ýaly özüne hyrydar bakmagymy, daşyndan pyrlanmagymy, ony alyp bersene, muny alyp bersene, diýip özelenmegimi isleýärdi. Men muny aňýardym, şonuň üçinem, özümi bilgeşländen çeke tutýardym. Ýönekeýje sürüjiniň gyzy bolsamam, özümi ministriň ýa baý ýeriň çagasyndan kem saýmaýandygymy oňa bildirmek isleýärdim. Söýgümi pynhan saklaýardym. Maňa bolan söýgüsini puly bilen däl-de, adamkärçiligi bilen gazanmagyny isleýärdim. Ýöne onuňam kiçelesi gelmeýärdi. Söýgüniň güýjüniň ýönekeýlikde däl-de, puldadygyna öz-ä bir ynanýardy, bize-de şony subut etmek isleýärdi. Men gurply maşgaladan, şonuň üçinem sähelçe yşarat etdigim islän gyzym yzyma düşüp gidibermelidir, diýen düşünjesi bardy. Şonuň üçinem hernäçe gowy görse-de maňa üns bermediksirän bolýardy. Şol ýagdaý altynjy klasdan başlap tä, onunjy klasa çenli dowam etdi. Iň bolmanda gutardyş agşamynda-ha söz gatar, içini döker öýtdüm, emma ol tamam çykmady. Hatda hoşlaşmadam. Şeýdip herimiz bir ýana dagadyk. Men Halk hojalygy institutynyň hasapgärçilik bölümine okuwa girdim. Döwran bolsa Aşgabadyň dünýä ýurt dilleri institutyna girdi.

Mekdepde bolşy ýaly men institutda-da gowy okaýardym. Ikinji kursda bolsa eýýäm studentler sowetiniň başlygydym.

Şol döwürler beýleki fakultetleriň birinde okaýan Aman atly bir oglan maňa yssy mähir bilen bakyp başlady. Men onam erbet göremokdym, ýöne, entek Döwrandanam tamamy üzmändim. Göwnüme bolmasa ol bir gün yzymdan geläge-de: «Şunça wagtlap näme üçin sesiňi çykarmadyň? Men saňa garaşdym ahyry», diýäýjek ýaly boldy durdy. Şonuň üçinem, Amana sowuk-salarak garaýardym. Berýän syrly soraglaryna özündenem has syrlyrak, gümürtigräk jogap berýärdim. Birden Döwran göräýmesin, diýen gorky bilen köçede bile ýöremekdenem saklanýardym. Ugratmaga garşylamaga rugsat bermeýärdim. Aňlyşyma görä onuňam ata-enesi gurply adamlardy. Okuwa maşyn münüp gelýärdi. Özüni alyp barşy Döwrana görä-de has gopbamsyrakdy. Döwranyňky ýaly: sähelçe yşarat etdigim islendik gyz yzyma düşer, diýen pikir onda-da bardy. Üstesine okaýşam gowşakdy. Mydama ekzamenlerden ýykylyp soň kakasynyň üsti bilen düzetdirer ýörerdi. Üstesine gepi-sözem zoňtarrakdy. Kellesine näme gelse, birdenkä aýdyp goýberiberýärdi. Ol bir gezek okuwdan çykyp öýe barýarkam duralgada yzymdan ýetdi-de: «Men saňa öýlenjek, toý şaýyňy tut» diýdi. Menem özüne görä jogap gaýtardym: «Bolýa, ýöne sen şu tomus ähli sapaklaryňy bäşlige tabşyr, bolmasa-da bagtyňy başga ýerden gözle» diýdim. Ol ilk-ä ör-gökden geldi, ýüzüme aňkarylyp ep-esli durdy, soňam hezil edil güldi-de: «Ýok, gyzjagaz, seň diýeniň bolmaz, meň diýenim bolar», diýdi. Şeý diýäýmese başga alajam ýokdy. Sebäbi barysyny-ha däl, ýekeje sapagam bäşlige tabşyryp bilmejekdigine gözi ýetip durdy.

Hut şeýle hem boldy. Ýöne öýlenmek meselesinde welin gepinde berk durdy. «Sen bolmasaň, Senem jan», diýenlerini etdi-de, «şark-şurk» başga birine öýlendi oturyberdi. Daş gulakdan eşidişime görä, şol tomus toý meselesi onuň öňünde atasy enesi tarapyndan çürt-kesik orta goýlan ekeni. «Ýa özüň tap, bolmasa-da özümiz tapýas, diýlipdir. Şeýlelikde, Amanly mesele biryüzli boldy. Ýöne şonuň yz ýany kölege ýaly bolup, ýolugra başga bir bela sataşdy. Ol bir tär bilen öňürt-ä meniň awtobusa münýän, düşýän ýerimi, soň ýaşaýan ýerimi, ondan soňam okaýan ýerimi bilipdir. Ýolda-yzda gözüme köp ilýänem bolsa ilki-ilkiler men oňa kän bir ünsem bermedim. Ol welin kem-kemden ýakynlaşdy, soň lak atdy, ýöntemrägem bolsa birki ahyz gürleşdi, üç aý töweregi şeýdip, degdim-gaçdym oýnansoňam öýmüze çenli gapdalym bilen ýöräp gitmäni çykardy. Onuň meni gowy görýändigi çynydy. Çünki, aýdýan

sözleri ýürekden çykýardy. Iki elinem kükregine goýup: «Men üç aýlap diňe daşyňdan guwanyp gezdim, ýoluňy öwrendim», diýende dagy gözlerine hakyt ýaş aýlanýardy. Ýöne, görmegeý däl. Iki sany alyn dişi öňe çykyp, ýokarky dodagyny ep-esli galdyryp dur. Gürlän mahaly şol dodak öňküsindenem beter çommalýar-da, agyzndan tüýkülik syçradýar. Şonuň üçinem yzly-yzyna ýalmanýar. – Jemal göz öňüne bir zatlar getirýän ýaly hezil edip güldi. – Boý-a uzyn, özem eglibräk ýöreýär welin ýagyrnysy hükgerilip, hamala gapdalym bilen iki ýaşar köşek barýan ýaly bolup dur. Şeýle-de bolsa yhlasyny syladymmy, nämemi, ýüzüni almaga ynsabym çatmady. Gaty bir ýüzem beremok, kowamogam. O-da şo-ol gatnap ýör. Görüp otursam ol Aşgabada golaý dag eteginde oturan obalaryň birinden ekeni.

Bir günem okuwdan gelsem öýde iki sany del daýza ejem bilen derçireşip çaý içişip otyrlar. Men gapydan girenimden daýzalaryň ekabyrragy, tegelek ýüzli, gök ýüň gyňaçly daýza «şumy» diýen manyda gaşlaryny gerip ejemiň ýüzüne seretdi. Ejem baş atandanam ýerinden turdy-da, maňa tarap abşanaklap gaýtdy. Her biri tulum ýaly göwüslerem her ädiminde iki ýna hallan atýar. Gelip gujaklady. Ogşady. «Gurgunmysyň gyzym, men Begliniň ejesi», diýdi. Şeý diýenden men onuň elinden sypdym-da, urdurylyp törki jaýa girdim. Yzymsüre ejemem girdi. «Näme, tanamaýan adamyňa söz berdiňmi», diýip, ýüzüni çytdy. «Ýok, eje, söz beremok, baryberiňem diýemok, ýöne, ýolugra tanyşdyk, başga aramyzda bolan gürrüň ýok, salgymyzam yzarlap bilipdir, gaýtarasyňyz gelse gaýtaryberiň», diýdim. Ejem: «Gaýtarmaly bolsa özüň gaýtar, çykjak sen, enedirin-ow, diýip, men seniň bagtyňy garaldyp bilmen, ýöne, sähelçe göwnüň bar bolsa aýt, men olaryň öý-ojaklaryny, öwzarlaryny, gün-güzeranlaryny bir görüp gaýdaýyn soň «wah» diýäýmäli» diýdi. «Barlasaňyz, barlaýyň» – diýdim. Ejem çykyp gitdi. Hä diýmänem myhman daýza meniň oturan gapyma boýnuny uzatsy-da, «Bor gyzym, sag oturyň, biz-ä gitdik, işalla ger durarys», diýdi.

Indiki dynç güni ejem olaryň obasyna gidip geldi. Ýüzüni aktam edip durşuna demi-demine ýetmän gürledi. «Olar-a towuk ketegi ýaly hütdüjegiň içinde otyrlar, gyzym, özlerem üç-dört dogan dagy bar, ikisem öýlenen, düýnkiň ýany bilen gelen gelnem uly gelni ekeni. Men-ä şolaryň şonça adam bolup, şojagaz dar howlynyň içinde hajatlaryny nirä artýandyklaryna, haýsynyň nirede ýatyp, haýsynyň nireden

turýandyklaryna-da haýran...» diýdi. Ozaldanam alagöwün bolup duramsoň darka ýaryldym: «Eje! Gidip-geleniň gowy bolaýdy. Aýdyp bilmän durdum. Men ol oglana barjak däl. Men ony göwnämok. Jaýlary gowy bolaýanda-da, gurply bolaýanlarynda-da razy däl», diýdim. «Onda öň aýtmaly ekeniň-dä şeý diýip. O bendeleri tamakin etmeli däl ekeniň-dä... – Ejem birbada ynjyly gürlänem bolsa kem-kemden köşeşdi. – Bolýa-da gyzym. «Hiçden giç ýagşy» diýipdirler. Seň sözüň şu bolsa galany biz bilen...»

Ol daýzanyň welin bizden el çekesi gelmedi. «Gyzym göwnänok», sözüni eşidenden soňam: «Ýene bir oglum bar, belki şoňa göwnär, şu gyzy elimden çykarasym gelenok, belki görer, halaşar» diýip, şo-ol, gatnady ýördi. Men elbetde, onuň beýleki ogluny görmäne gitmedim. Çünki, bir söý bilen görüp göwnäýenimde-de baraýanymda-da, aga bilen ininiň arasyna sowuklyk düşjekdi, gelşiksiz boljakdy. Soň-soňlar gulagymyza dgşine görä, men zerarly ol ikisiniň arasyna barybir öýkekine düşüpdir. O niýetleriniň gowulygyň üstünden eltmejekdigine özlerem düşünendirler-dä, ol daýza kem-kemden gelmesini seýrekledip başlady. Iň soňky gezek gelende welin ejemiň aýagyna ýykylyp aglady. «Jan dogan, men bir bagtygara ekenim. Şu gyzy bir wagtlar özümiňki hasaplapdym, birine göwnemese birine göwnär öýdüpdim, emma bolmady, boljagam däl ekeni. Giň dünýäniň içinde meniň söýen gyzymdan başga gyz tapmadyňmy, şony sen alyp şu howla getirseň meň nä günlere sataşjakdygymy bilmediňmi» – diýip, Begli jan inisi bilen erbet tersleşdi. «Gaýdyp ýüzüňi görmen» diýip, öýden çykyp gitdi. Men guraýyn sizem kyn güne goýdum. Özümem şol güne düşdüm. Ylaýym Jemal janyň bagty açyk bolsun, ýamanlyk ýüzüni görmesin... Hoş, men indi gelmen», diýdi. Meniň oňa nebsim agyrdy, ýöne, edibiljek zadym ýokdy.

Begli welin şondan soňam birki gezek ýolumy kesdi. Edil öňküleri ýaly öýe çenli gapdallap gaýtdy. Ýalbardy. Guluň bolaýyn, depäme täç edeýin, bir ýyla ýetirmän özbaşyma jaý edineýin diýdi. Men ol gezegem oňa gaty-gaýrym aýtmadym. Netije bolmajagyna sypaýyçylyk bilen düşündirdim. «Söýgiňe ynanaýan, Begli, ýöne, söýgi ikitaraplaýyn bolmaly, sen, şuňa düşün, men özüme zorluk edip bilemok» diýdim.

Galdy. Ýöne, eňräpler galdy. Men onuň halyna-da gynandym. Telim günläp ol görgülini ýatlap, hapa bolup gezdim.

Döwran welin hiç ýadymdan çykanokdy. Durmuşyň haýsam bolsa bir öwrüminde ol maňa duş geläýjek ýalydy.

Duýgym meni aldaman ekeni. Dördünji ýyl okap ýörkäm, bir gün okuwdan çykyşym ýaly oňa pete-pet gabat geläýdim. Bu tötänlikden boldumy ýa özi çykýan wagtymy peýläpdirmi, bilemok, ýöne ikimizem birhili bolduk. Tas, köne gedemligimiziň ugruna gidip, biri-birimiziň duşumyzdan salamsyz geçipdik.

Hernäçe kynam bolsa, agyram bolsa, meniň-ä şeýdäýmegim gaty ahmaldy welin, ýöne öňküsine görä akyllyanypmy ýa hakykatdan-da ýöriteläp gelipmi, Döwran gabat – garşyma geçdi-de: «Jemal, salam, gurgunmysyň...» – dipdi. Menem sakga saklananymy, tolgunmakdan ýaňa sojap durşuma:»Şükür, gurgun, özüňem gurgunmy, Döwran» diýip guraksy hem aljyraňňy seslenenimi bilmän galypdyryn. Üzlem-saplam hal-ahwal soraşyp durşumyza men assa-ýuwaşdan öz barýan ugruma tarap gidiberdim. O-da meniň bilen egin deňläp ýöräberdi. Kem-kemden gürrüňimiz gyzyşdy. Mekdep ýyllarymyzy, çagalyk dostlarymyzy ýatladyk. Birdenem ol maňa bakyp ýylgyrdy-da: «Sen ýaman gyňyr gyzdyň» – diýdi. «Senem kemje-kerdem däldiň-le, – diýdim. Soňam: – Ýöne, meniň şu wagtam şol gyňyrlygymdyr» – diýip, sözümiň üstüne goşdum. Döwran ýeserlik bilen gözlerini güldür-de, ýüzüme gyýa bakdy. «Onda sen henize çenli durmuşa çykan däl bolmaly» «Dogry. Men henize çenli durmuşa çykamok». Ol uludan demini aldy: «Ine, bu habaryň gowy habar. Örän gowy habar... Şu habaryň bolmadyk bolsa meniň gelenim biderek bolardy...»

Menem uludan demimi aldym. Diýmek ol meniň üçin ýörite gelipdir. Tä, öýe çenli pyýadalap baranymyzam bilmän galypdyrys. Şondan öň şeýle bolan ýeri ýokdy. Men hemişe awtobusly gatnaýardym.

Şol günden soň Döwran her gün şol bir wagtda, şol bir gabat gelen ýerinde meni garşylady durdy. Meniň okuwy ir gutarýan, giç gutarýan wagtlarym bolýardy, Döwran welin haçan çyksam öňümde häzir bolup dur. Diýmek, onuň elinde meniň raspisaniýam bar bolmaly. Biz käte bir, juda gyssanan günümiz awtobusa münäýmesek, edil birinji gezekimiz ýaly, tä öýe barýançak pyýada gidýärdik. Ýol welin uzakdy. Günorta çetinden tä demirgazyk çetine çenli geçmelidi.

Bir gün ol maşynly geldi. Men ondan dagy-duwwara yzymdan maşynly gelmezligini haýyş etdim. «Bor» diýdi. Sözünde durdam. Tomus golaýlaberendenem toý tutmaklygy teklip etdi.

Dogrymy aýtjak, men muňa diýseň begendim. Çünki, ençeme ýyl geçenem bolsa men ony ýüregimden çykaryp bilmändim. Şol söze bolsa gör näwagtlardan bäri garaşyp ýördim. Men ony on alty ýaşly ulugyz wagtym, ömrümiň ilkinji tämiz söýgüsi bilen söýüpdim. Şonuň üçinem, Döwranyň teklibini men ýitirilen bagtymyň dolanyp geldigi, hasap etdim. Habarymy ejeme-de buşladym. Saklanyp bilmänem agladym. «Deň-duşlaryňdan gaslaýma, garrygyza dönäýme», diýip, gijee-gündiz gulak etimi guradyp ýören ejem meniň o habaryma özümden beter begendi. «Hern-ä bagtyň açyldygy bolsun-da gyzym», diýip, gujaklady.

Döwran uzaklaşdyrman sawçy iberdi. Ejesi gelmedi. Sebäbi, ol bende birnäçe ýyl bäri bir tarapy ysman düşekde ýatan ekeni. Ana, onuň şol derdem biziň bagtymyza kest etdi. Gudaçylyga gelenler meniň okuwy taşlamalydygymy, soňam hiç ýerde işlemän, gije-gündiz öýde oturyp gaýyn eneme seretmelidigimi öňümde şert edip goýdular. Muňa menem razy bolmadym, hossarlarymam. Bu habary eşidip Döwran oda-köze düşer, iki ýana urnar, çykalga gözlär, iň bolmanda: «Ýok! Olaryň diýeni bolmaz. Men seniň munça ýylky azabyňy köýürip bilmen, juda bolmasa olardan aýra ýaşaryn welin, senden aýra düşmen», diýer öýtdüm. Emma ertesi gün yzymdan gelende o-da sawçylaryň diýenlerini gaýtalady. «Nädeýin, ejem-dä, oňa seredere adam ýok-da», diýdi. Näme, sen meni diňe hyzmatkär ornunda ulanmak isleýäňmi», diýdim. «Aý, ýok-la beýle däl-le... Ýöne, olar beý diýip durkalar men başgaça bir zat diýip biljek däl-dä...» diýip, gitdigiçe naçarlaberdi. Şol wagt ol birwagtky dabanyndan dogum ody syçrap duran Döwrana düýbünden meňzemeýärdi. Meniň erbet gaharym geldi. Entek ýoluň ýarysynam geçmedik bolsak-da, sakga saklandym-da, onuň iki gözüniň içine seredip: «Gal, Dwran! Indi ikimiziňki gutardy. Seniň maksadyň maňa belli boldy. Şu wagt öz öýüňde gepiňňi gögerdip, öz bagtyň ugrunda göreşip bilmeýän bolsaň, hiç wagtam ol öýde gepiň ýöremez. Äriniň ygtyýary ýok öýde aýalyň-a asylam gadry bolmaz. Men ömürboýy seni höwes edipdim, ýöne, beýle durmuşy höwes etmändim, seni gowy görüpdim, ýöne, edil beýlesiň öýtmändim. Hernäçe agyram bolsa ikimize hoşlaşmak gerek! Hoş!» diýdim. Öwrülibem gitdim. Yzyma garamadym. Garamasamam tä, garam ýitýänçä Döwranyň yzymdan garap durandygyny welin duýdum... – Jemal alma şiresinden owurtlady. Gyrmyzy reňke boýalan ösgün dyrnaklary bilen bulguryň gyrasyny dyrmalady. Hamala onuň içinde Döwranyň suraty görünýän ýaly gözüni

süzüp onuň içine seretdi. – Şeýdibem aýrylyşdyk. Haýsymyz ýalňyşdyk, haýsymyz dogry etdik ony men bilemok, ýöne nätjek, başga alaç galmady. Döwran söýgüsi üçin göreşip bilmese-de, men öz bagtym üçin göreşmelidim...

– Ol şo gidişine gitdimi? Soň köwlenmedimi – diýip, gürrüňe başlaly bäri men Jemala megerem ilkinji gezek sprag berdim.

– Ýok, Köwlenmedi. Şol gidişine gitdi. Ýöne... – Jemal aşak bakyp gurak-gurak ýuwdundy. – Mundan ýyl ýarym ozal ol ýogaldy. Ony eşidip men erbet boldum. Çünki, her niçik hem bolsa men ony söýüpdim ahyry. – Jemal näme üçindir esli wagtlap sesini çykarman oturdy. – ... Geçen ýylky hatyra gününde ejem, Erkin üçümiz öwülýä gitdik. Kakamyň, adamymyň mazaryna gül goýduk, aýat okadyk. Men şonda täze mazarlaryň arasyndan gözläp Döwranyň mazaryny tapdym... Birmeýdan erbet bolup durdum. Soň oňa-da aýat okadyk. Rahat ýatmagyny, menden razy bolmagyny diledim. Şol wagt mazarlaryň arasyndan assa-ýuwaş ýöreşip özara hümürdeşip ýören Ejem bilen Erkinem ýanyma geldi. Deň-duş bolansoňlar olaryň mydama gepleri alyşýardy. Biri-biriniň aýdanlaryny tassyklaýardylar, makullaýardylar. Ejem köplenç Erkiniň arkasyny alýardy. Ikisi birigip garşyma giden gezekleri welin men garaçynym bilen gaharlanýardym, ikisindenem öýkeleýärdim. Şol gezek olar golaýyma geldilerem welin men uludan sowuk demimi aldym-da: «Ine, bu meniň ilkinji söýgüm», diýdim. Guburyň başujyndaky ýazgyny okap olaryň ikisem gürrüiň kim barada gidýänini aňdylar. Çünki, ejem-ä o zatlardan habarlydy, Erkine-de özüm gürrüň beripdim. Erkin aşak bakyp bir zatlar barada oýlanyp durdy-durdy-da: «Erte meniň mazaryma geleniňde bolsa: Ine, bu meiň iň soňky söýgülim, diýersiň» – diýdi. Elbetde, ol muny bilniksiz degişme bilen aýdypdy. Umumanam onda şolar ýaly häsiýet bardy. Käte oýun edýämi ýa çynymy bilibem bolmaýardy. Şol gezegem onuň ýarym degişmesine men düşündim, emma ejem düşünmedi. Şonuň üçinem, Erkiniň şol sözüniň aňyrsynda degişmäniň ýatandygyny men ejeme gaýdyp gelýärkäk, ýolda düşündirmeli boldum. Häliden bäri birhili bolup gelýän ejem diňe şondan soň açylyşdy. Birdenem: «Wah, şeý diýsene! Näbileýin-dä... Menem näme üçin bu beý diýdikä, diýip, garajanym galmady» diýdi-de, jak-jak güldi. Erkiniň şol sözüni ol soň-soňlaram ýatlap güldi ýördi. – Jemal oturan oturgyjynyň arkasyna ýaplandy-da, uludan demini aldy. – ...Howwa Döwrandan ymykly tamamy

üzenimden soň, esli wagtlap gün ýaly bolup gezdim. Hatda öýdäkiler bilenem düzüwli gepleşmedim. Okuwa gidýän, gelýän, öý işlerini edýän, kir ýuwýan, nahar bişirýän, şeýdibem wagtymy geçirýän. Käte ejemiň işleýän edarasyna barýardym. Tikin fabrigi bolansoň ol ýerde işleýänleriň aglabasy aýal-gyzlardy-da, ol ýerde meniň joralarym bardy. Ýöne, gapynyň agzynda oturýan, ejem deň-duşurak Arzygül atly bir aýal welin her gezek meni ýitirip tapan ýaly garşylaýardy. Özüne gelinlik edinesiniň gelýändigini aýdýardy. «Şu gyzyňy maňa beräý, jan dogan» diýip, ejemiňem gulak etini guradýardy. Ejemem: «Özüni göwnet-de alyber, men garşylygym ýok» – diýýärdi. Maňa-da: «Ogluny gör, halasaň bar, gyz maşgala uzak otursa gelşiksiz bolýandyr» – diýip, hemişekije aýdýan sözlerini aýdýardy. Men bolsam: «Sen näme meni öýden kowjak bolýaňmy» – diýip, ondan gaty görýärdim. Arzygül eje-de meni ogly bilen duşuşdyrjak bolup şunça jan edýärdi welin, elbetde, nesibe çekýän däldir-dä, ýa meň boş wagtym onuň oglunyň boş wagtyna gabat gelmeýärdi, ýa-da onuň boş wagty meň boş wagtym gabat gelmeýärdi.

Şeýdip, ýörkäk bir gün hemişekim ýaly fabrige bardym welin, orta boýly, ala gözli, sähleçe-de burunlagrak, buýra saçly, owadan bir ýigit sehlere aýlanyp surat alyp ýör. Dogrymy aýtjak, görenimden ýüreim gobsundy. Düýbünden zerurlyk bolmasa-da, menem surata düşdüm. Haçan taýyn boljagyny soradym. Ol «Indiki hepde getirin, haýsy sehde işleýäň» diýdi. Men bu ýerde işlämok, ejem işleýä, şoňa beräý, diýdim. Ejemiň kimdigini aýtdym. «Wiý, sen şoň gyzymy» diýip, ýigit berenaýy ýylgyrdy. Surat almak üçin o ýere häli-şindi gelip-gidip duransoň ejemi gowy tanaýandygyny, hatda birki gezek öýmüze-de baryp gaýdandygyny aýtdy.

Ol diýen wagtynda suratymy ejemden iberdi. Şol ýylam instituty tamamlaýardyk-da, barybir biz «uçurym» suratyny taýýarladar ýaly ökde suratçy gözläp ýördük. Men muny ejeme aýtdym. Kyn görmese instituta barsyn, suratymyzy alsyn, diýdim. Barmaly wagtyny aýtdym.

Bardy. Suratlarymyzy aldy. Gowy edip taýýarladam, kursdaşlarymyzam ondan köp hoşal boldular. «Kärine ökde ekeni, gowy çykarypdyr», diýdiler.

Surat albomlarymyň doly taýýar bolýança men ol oglan bilen telim ýola duşuşmaly, gürleşmeli maslahatlaşmaly boldum. Bir görsem sözümiz alşyp barýar. Maňa bolan garaýşam biperwaý däl ýaly. Her

gezek duşuşanymyzda ýene-de gelere bahana gözleýär. Tapýaram. Onuň şol bolşy maňa-da ýakman duranok. Garaz, ysnyşdyk. Soňabaka ýeke bir iş-dert meselesi bilen däl-de, ýörite-de duşuşyp ugradyk. Şol ikiarada ol birnäçe gezek öýümize-de geldi. Jigilerim bilen surata düşmek bahanasy bilen ony men özüm çagyrdym. Özi welin agras. Şalt-şulty ýok. O ýerimden bu ýerimden tutjak bolup ölüp – öçüp baranok. Görüp otursam onuň bu agraslygynyň aňyrsynda başga bir zat bar ekeni. Bir gün ol ýüregini bire baglap maňa bar zady bolşy ýaly aýtdy. «Men maşgalaly, ýöne, ýaşaýşymyzyň ugry ýok. Aýalym bilen aramyz sowuk. Men onuň bilen barybir uzak ýaşaşyp bilmen, maňa özüň ýaly özüm bilen göwündeş maşgala gerek, sen şoňa razymy», diýdi. Men kyn güne galdym. Çünki, boý gyz halyma telpegi agan adama durmuşa çykmak meniň üçin masgaraçylykdy. Ýöne, ol ýigit maňa ýüregindäkini aýdypdy. Razylygymy sorapdy. Hiç hili zorluk ýa mejburlyk ýokdy. Meni hakykatdan-da söýýändigine bolsa ynanmazlyk mümkin däldi. Öňi-soňy aýaly bilen aýrylyşjagy çyn bolsa onda onuň maşgala durmuşynyň bozulmagynda-da meniň günäm boljak däl. Ýöne, indi ýagdaýy hossarlaryma duýdurmalydym. Men muny ejemden başladym. Ol uzak wagtlap ýüzüme seredip oturdy-da: «Oglan gowy, oňa söz ýok. Öňi-soňy aýrylyşjak bolsalar... ýöne, muňa onuň öz hossarlary nähili gararlar? Her niçik hem bolsa onuň bilen men özümem bir gürleşip göreýin», diýdi. Gürleşdem. Elbetde, düşünişendir-dä, ejem bir gün maňa özüniň şol oglana çykmagyma garşy däldigini aýtdy. «Hossarlary bilenem özi gürleşäýen ýaly-la» diýdi. Indiki mesele kakama baglydy. Onuň bilenem ejemiň özi gepleşdi. Göräýmäge bar zat ugruna ýalydy. Men şeýle gowy ýigide sataşandygyma begenýärdim.şol çaka çenli hiç kime durmuşa çykman oturandygym üçin ykbalyma minnetdarlyk bildirýärdim. Ýöne, birdenkä bar zat çepbesine çöwrüldi duruberdi. Öň meselänihossarlary bilen doly bişirmänmi ýa diňe özi çözüpmi, ol oglan bir gün maňa hossarlarynyň başdaşyny taşlap maňa öýlenmegine düýbünden garşy çykandyklaryny, egerde aýdanlaryny etmän, öýüni bozsa, galan ömrüne ýüzüni görmekden boýun towlaýandyklaryny aýtdy. Özem birhili hiç zada umyt, çykalga ýok terzde, iň soňky sözüni aýdýan, hoşlaşýan şekilde, aýtdy. Bu dogrudanam şeýle ekeni. Ol şol gün meniň bilen hoşlaşan ekeni. Belki, şonuň üçindir, ömür etmedigini edip gujaklady. Özem emaý bilen, usullyk bilen gujaklady. Emaý bilenem ogşady. Ilki iki ýaňagymdan, soň iki gözümden soňam

dodagymdan ogşady. Şonda meniň süňňüm gowşap gitdi. Özümi birhili asmandan asylan ýüpsiz sallançagyň içinde ýaly duýdum. Kimdir birem yralaýan ýaly. Soň görüp otursam şol pursat meni söýgi yralan ekeni. Söýgi diýlen zady, ilkinji alamatlaryny men şonda duýdum. Çünki, şol meniň ömrümde ilkinji gezek gujaklaşyp, ogşaşyp görşümdi.

Onuň gujagyndan çykanymdan soňam men esli wagtlap gözlerimi ümezledip durdum. Başymyň aýlanmasam wagty bilen galmady. Ahyram ol: «Bar indi git», özüňem tä garaň ýitýänçä yzyňa garama...» diýdi.

Hemişelik hoşlaşýandygymyzy men şonda-da bilemokdym. Ony men soň bildim. Çünki, şondan soň ol gaýdyp gara bermedi, çagyrmadam, çakylygyma-da jogap bermedi. Edil guýa gaçana döndi.

Gizläp nädeýin dogan jan, gynandym. Gaty gynandym. Telim günläp agladym. Ýönbe, barybir ýürekde dag galdy. Şol dag henizem kalbymyň bir ýerinde kebir baglap dur. Men ony heniz-henizlerem ýatlaýan, ýöne, hiç ýerde, hatda ýolda-yzda-da gabat gelemok. Daş gulakdan eşidişime görä, ol agzyny hapalanmyşyn, öýi bolsa barybir bozulanmyşyn. Men onuň öýüniň bozulandygyna ynanýan, çünki, munyň şeýle boljakdygyny ol maňa birwagtlar aýdypdy, ýöne, olar ýaly oglanyň agzyny hapalap biljekdigine welin ynanyp bilemok. Galanynam Hudaý bilsin, durmuşy çaýkanan, göwün-islegine ýetip bilmedik adam özüni islendik ýola urup biler.

Şol ýagdaýda bir ýyl geçenden soň, ejemiň fabrikde bile işleşýän maňa öňden bäri göz gyzdyryp ýören jorasy gudaçylyga geldi. Ejem maňa onuň ogluny görmekligi maslahat berdi. «Ol-a seni görüpdir, «bolýa» diýipdir, senem gör-de, öz pikiriňi aýt», diýdi.

Gördüm. Daş sypaty hiç neneň däl. Döwrebap geýnen, daýaw, eginlek, tegelegräk ak ýüzly, murtlyja görmegeý oglan. Gepi-sözi ýerinde Türkmençede bilýä, ýöne köplenç orsça gepleýä. Umuman, göwnüm ýetmän durmady. Üstesine ejemem: «Birine gaýky diýdiň, birine küýki diýdiň, ýigrimi dört ýaşadyň, ýa galan ömrüňem ataň öýünde müjerret geçiräýjekmi» diýip, girsem-çyksam gulagymy gazap ýörensoň razylyk berdim. Ýöne, bir ýa iki gezek şähere çykan bolaýmasak, toýdan öň tirkeşdik, gol tutuşdyk, suwjaryşdyk diýsem

ýalançy. Bizi baglanyşdyran bir zat bardy, o-da meniň-ä iru-giç durmuşa çykaýmalydygym, onuňam iru-giç öýlenäýmelidi.

Guda bolanlaryndan soň uzaklaşdyrman toý tutduk. Şeýdip men gyzlyk dünýäm bilen hemişelik hoşlaşdym. Nätanyş, maşgala durmuşynyň çetinden girdim. Ýüregedüşgünç, birsydyrgyn geçip duran içgysgynç günler başlandy. Birbada biri-birimize erbet görünmedigem bolsak, düýbünden aýry-aýry adamlardygymyza bile ýaşap ugran döwrümiziň ilkinji günlerinden başlap adamym ikimizem düşündik. Ol maňa turuwbaşdan üns bermedi. Iň bolmanda çagamyz bolýança-da yzyna tirkäp ne toýa, ne hudaýola, ne dogan-garyndaşlarynyňka, ne-de kafe, hiç ýana äkitmedi. Pylan ýere bile gidäýeli, diýip, özüm teklip etsemem etmedi. Hatda ejemlere-de bile gitmedi. Netijede biz ysnyşmadykda, gaýtam gün-günden daşlaşdyk. Sowaşdyk. Men welin ýaşlygymda hiç kimden görmedik mährimi şondan görjekdim, ýitiren söýgümiň öwezini doldurjakdym, söýjekdim, söýüljekdim, emma bolmady. Çünki, bir zat bolmajak bolsa bolmaýan ekeni, hiç zady el bilen düzedip bolmaýan ekeni, Allanyň eçilip bermedik zadyny diläp ýa zor bilen alyp bolmaýan ekeni. netije-de meniňem kejirlik duýgum oýandy-da: «Seň ýüzüň aňryk bolsa meň ýüzüm bärik», diýen netijä geldim. Ýöne, hyzmatyny etdim. Eşiklerini ýuwdum, ütükledim, wagtly-wagtynda naharyny-çaýyny berdim, yzyna adam tirkäp gelse gaşymy çytmadym. Soň maňa onuň biri bilen gezýändigini aýtdylar. Gykylyk ederin, goh galdyraryn öýtdüler. Öýümizde dawa bolaryna, ärim bilen tersleşerime garaşdylar. Men welin olara gulagam gabartmadym. Gepe gitmedim. Aýdylan söze ynanamaýandygym üçin däl-de, duşmany begendirmezlik üçin şeýtdim.

Käbir ýaş zenanlar şular ýaly ýagdaý ýüze çykandda ärlerinden ar alýarlar.

– Gezýälermi – diýip, men Jemalyň ýüzüne soragly seretdim.

– Howwa – diýip, ol sowuk hem biperwaý seslendi. – Gezýäler. Ýöne, men ol ýoly saýlap almadym. Çünki, aýal erkek däl. Erkek adamyň näme gep gelse özüne gelýär. Ähli ýazyk öz boýnuna, ynsabyna düşýär. Ol ahlak taýdan bozuklyk etse başga bir bendäni namysa goýýar, emma maşgalasyna goh-galmagaldan başga getirýän zyýany ýok. Hatda öýüni bozaýanda-da düzgünden çykma hasap edilenok. Ol köne düzgünde-de, täze düzgünde-de bar zat. Aýal bilen welin bu mesele düýbünden başgaça. Ol aýagyny gyşyk bassa ýeke bir özüne, öýüne ýa

adamsyna däl-de, eýsem, külli tohmuna-tijine, düýp babasyna hatda tutuş obasyna namys getirýär. Ýüzigara edýär. Şonuň üçinem, men ol ýoly saýlap almadym. Hossarlaryma şikaýatam etmedim. Siz meni şu güne saldyňyz, şony maňa tapyp beren siz, diýip, gyjalatam bermedim. Meniň kysmatakaýyllyga salanymy bilip adamym hasam beleň aldy. Dogry, urdy, sökdi, gorkuzdy diýip biljek däl, ýöne, öýe gelmesini azaltdy, käte hepdeläp gelmeýän wagtlaram boldy. Çünki, ol toýlarda saz çalýardy we köplenç gije işläp gündiz ýatýardy. Şonuň üçinem, öýe geläýende-de hepdeläp, aýlap görüşmeýän wagtlarymyz bolýardy. Men işden gelemde-hä ol öýde ýok, eýýäm gidipdir, ol gelende-de men uklap ýatyryn, irden turamda-da ol ýatyr. Naharyny ýahdana salyp, çaýynam termosa demläp gidýän. Bir zat diýjek bolsamam hata ýazyp stoluň üstünde goýýan. O-da şeýdýär. Ýöne, biz, elmydama ähli zatda diňe erkekleri günäkärläp öwrenişipdiris. Men welin, bu babatda başgaça pikir edýän. Belki, günä meniň özümdedir. Belki, men onuň göz öňüne getiren, höwes eden gyzynyň ornuny tutup, söýgüsini gazanyp bilen däldirin, göwnüni awlamak üçin ýeterlik göreşen däldirin, gyňyrlyk edip onuň bilen bir hörpen gopan däldirin. Belki-e ol yşga düşendir. Menden tapmadyk mährini başga birinden tapandyr. Bu durmuşda bolup biläýjek zat diýip, oýlanýardym. Şonuň üçinem, günde-günaşa gulagyma gelip duran gybat-gürrüňler üçin goh galdyrmasamam, günlerde bir gün adamymyň özi bilen egri oturyp dogry gepleşdim. «Sen maňa söýgi-hä bermediň, ýöne, öýümiň bir mazasyny alma juda uwnup-çydamaýan bolsaňam edýän zadyňy ile-güne bildirmän et, diýdim. «Ýalandyr, o gürrüňlere ynanama», diýdi. Ýöne, gulagyma gelýän gepler ynanamazlyga ýol goýanokdy. Hatda: «Häzir seň şonyň pylan ýerde pylany bilen ýatyr, ynanmasaň bar-da göräý», diýip, jaňam edýärdiler. Galyberse-de hakykat barybir bir gün ýüze çykýa. Temen haltada ýatanok. Iň ýaman ýeri bir gezek iş bilen goňşy welaýata iş saparyna giden wagtym ol şonsuny öýe-de getiripdir. Onam maňa gözi bilen gören goňşularym aýtdylar. Özem olar muny maňaduşmançylyk üçin däl-de türkmençilige sygmaýan zadyň öz goňşularynyň öýünde bolup geçýändigini ýokuş görýändikleri üçin aýtdylar. «Ýetişip gelýän çagalarymyz bar, gözleriniň ters görelde görmeklerini islämizok, ýaramaz zat bolsa ýokuşagan bolýa, onda-da şäher ýerinde», diýdiler. Ine, şol gezek welin men adamym bilen öňkimdenem has çürt-kesik gürleşdim. Meniň bilen ýaşaşyp bilmeýän bolsaň, başga birini göwnüň

küýseýän bolsa gel, aýryşaly, biri-birimizi gynap ýörmäli gaty daşlaşmankak ýalňyşymyzy düzedeli, diýdim. Şol wagt Zübeýda göwrämdedi. Kada-kanundan çekindimi ýa hakykatdan-da aklyna aýlandymy, şondan soň ol az-kem köşeşdi. Wagtynda geldi, wagtynda gitdi. Çagasy bolansoň-a hasam öýdeçil boldy. Gep-gürrüň galyşdy. Şeýdip üç ýyla golaý asuda ýaşadyk. Şol aralykda Jeren janam dünýä indi. Öýüň keşigi, hojalyk aladalary, iş-güýç bilen öňki näsazlyklar unudylyberdem. Bar zat ugruna gidip barýan ýalam boldy, şol gidişine gidiberen bolsa ugruna bolardam, ýöne, ýaňky diýşim ýaly, bolmajak bolsa bolmaz ekeni, birdenkä adamymyň saglyk ýagdaýy ýaramazlaşyp başlady. Kem-kemdenem egbarlady. Düşege ýykyldy. Başyny ýassyga goýdy. Üsgürdi. Ilki-ilkiler men oňa adaty dümewdir ýa öýken sowuklamasydyr, öýtdüm, emm ol wagty bilen aýňalmady. Üsgülewügi bolsa gitdigiçe güýjerledi. «Koň-koň» edip sarsgyny has aňyrlardan gelip ugrady. Şol bolşy bilenem gijeden-gije işine gitjek bolýar. Asyl, ara-çola gidýärem. Sebäbi, gazançsyz ýatyşyna namys edýär. Ýöne, soňabaka halys tapdan düşdi. Hiç zada ýaramady. Öňki bile işlän sazanda, aýdymçy ýa-da çüýşedeş ýoldaşlary ilki-ilkiler gelip halyndan habar tutanam bolsalar soňabaka gelmelerini goýdular. Ol diňe şondan soň öz öýünden başga berk galanyň, öz aýalyndan, çagalaryndan başga hossarynyň ýokdugyna düşündi. Gije-gündiz gözüni petige dikip, içini hümledip ýatyşyna pikir etdi. Ölçerdi, dökdi. Oýlandy. Bir günem meni gapdalynda oturtdy-da: «Sen meni bagyşla, Jemal, men seni köp ynjytdym, göwnüňe degdim, emma meniň hakyky hossarym sen ekeniň...» diýdi. Ertir aýak üstüne galdygy birigün ýene-de öňki baran gapylaryna tarap ylgajakdygyna, «Düýn Ýurik öýlendi, öňňin Şurik doglan gününi belledi» diýen ýaly bahanalar bilen ýene-de hepdeläp aýlap öýüne köwlenmejekdigine,gazananja pulunyň barysyny çagalarynyň, halalynyň agzyndan kesip, gör kimlere harç etjekdigine gözüm ýetip duranam bolsa: «Bolýa, men senden gaty göremok, kine-de saklamok, esasy zat seniň basymrak aýak üstüne galyp gitmegiň», diýdim. Etmişini ýüzüne basmadym. Öý bejergileri netije bermänden soň mahal-mahal keselhana ýerleşdirip başladym. Soňabaka ony hasaba aldylar we hassahana girmeli wagty özleri çakylyk etdiler. Ýöne, daşyndan satyn almaly dermanlaram az däldi. Özem iňňäm gymmatdy. Bu meni aljyradýardy, dogan-garyndaşlar diýlenini bolsa özüňiz bilýäňiz, hemişe hersiniň öz aladasy özüne ýetik.

Ine, hut şol döwürlerem meniň durmuşymda Erkin peýda boldy. Ýaş tapawudymyzyň uludygyna garamazdan, meniň ony turuwbaşdan sulhum aldy. Men onda, mähir gördüm. Ömürboýy gözläp ýören adamyma duşan ýaly boldum. Ol her bir sözüne agram salyp, oýlanyp gepleýärdi. Käbir ýeňles adamlaryňky ýaly kelç-külçi ýokdy. Aýtjak sözüniň saňa etjek täsirini öňünden kesgitlemekçi bolýan ýaly sözleşmezden öň esli wagtlap ýüzüme seredip oturýardy. Köp-köp sözleriniň manysyny men oýlanyp, pikirlenip bilmeli bolýardym. Syrly jümleleri kän aýdýardy. Aýlawly sözleriniň manysyna düşünibilmän kösenýän, ahyram alaç tapman özünden soraýan gezeklerimem az bolmaýardy.

Ol maňa kyn günlerimde ruhy goldaw berdi. Ýagdaýynyň ýetdigine görä maddy kömeginem gaýgyrmady. Ýöne, şol döwür onuň öz ömrüniňem iň bir kyn pursatlaryna gabat geldi. Ol köplenç işsiz galýardy, pulsuz bolýardy, üstesine syrkawçylygam tapyndy-da, käte derman üçin pul tapman kösenýän wagtlaram bolýardy. Şonuň üçin menem onuň eline garap duramokdym. Ýöne, ruhy goldawyň adama maddy kömekdenem has zerurdygyna men şonda göz ýetirdim. Adamym hassahana düşen gezeklerem ol şol ýere ir diýmän, giç diýman meniň bilen deňine gatnady. Özem şol zatlary göwnüne garalyk getirmän, hiç zat hantama bolman, ak ýürekden etdi. Özüniň Güljemal atly bir ýagşy gyzy gidirendigini, oňa-da özüniň günäkärdigini öwran-öwran aýtdy. «Sen şonuň bilen edil bir almany iki bölen ýaly» diýdi.

Gatnaşygymyz şeýle çynyrgar, söýgä öwrüler diýip, welin ýadyma-oýuma-da düşenokdy. Egerde adamym sag-aman aýak üstüne galyp giden bolsady, onda bar zadyň öňki-öňküligine galjakdygyna, gatnaşygymyzyň adamkärçilik duýgularynyň çäginden aňryk geçmejekdigine şek-şübhe ýokdy. Ýöne habaryňyz bardyr, ärim ýogalandan bir ýyl geçensoň ikimizem biri-birimize bolan gatnaşygymyza başgaça garap başladyk. Özem bu edil, bişen çybanyň ýarylyşy ýaly birden boldy. Şondan soň biz öz meýillerimizi biri-birimizden gizlejegem bolmadyk. Çünki, başy boş aýal bilen erkegiň arasyndaky yssy gatnaşyklar wagtyň geçmegi bilen barybir yssy-yssy ysnyşyklara öwrülýän ekeni.

Şeýdibem biz duşuşyp başladyk. Ol barada men ejeme-de aýtym. Bu meniň öýümi bejerdip ýören döwürlerimdi. Ejem şonda öňi bilen: «Näçe ýaşynda», diýip sorady. Aýtdym. «Wah, kakaňdanam-a bir ýaş

uly ekeni», diýip, aglady. Atamdan ulam bolsa bolýa şol maňa, diýdim. «Ýeri bolýa-da, öz göwnüňe jaý bolsa bolýa», iýdi. Soň ol ikisini tanyşdyrdym. Şol wagt ýaz aýlarydy. Tomus düşdem welin elbetde eline bir ýerden bäş manat düşendir-dä, Erkin ejem ikimizi gyzlarym bilen bilelikde Pöwrize jülgesindäki sanatoriýalaryň birine üç-dört günlik dynç almaga alyp gitdi.

Başda ýaş tapawudymyzyň uludygyny ýokuş görenem bolsa, ejem Erkini halady. «Agras, gowy adam ekeni» diýdi. Ol ikisi gözlüje ýaşyt bolup çykdylar. «Öň iki itdik, indi üç it bolduk» diýşip, bir gün üýşüp çaý otyrkak gülüşdik. Muňa meniň gyzjagazlarymam gülüşdiler.

Erkin ikimizem maşgala gurmak, nikalaşmak barada dil ýarmaýardyk, biri-birimiziň öňümizde hiç-hili borç goýmaýardyk. Çünki, ikimizem maşgala durmuşyndan ýadapdyk. Şol ýadawlykdan soň maňa-ha ärli bolmak, oňa-da aýally bolmak juda ýokuş degýärdi. Biz biri-birimiziden nika ýa möhürli kagyz däl-de, yssy mähir isleýärdik, ömrümiziň söýgüsiz geçen çaglaryny, kalbymyzyň haňlap ýatan boş bölegini süýji muhabbetler bilen doldurasymyz gelýärdi. Başda hut şeýle hem boldy. Ikimizem şol arzuwlarymyza ýetendiris öýtdük. Hakykatdan-da söýgüniň lezzetini duýduk. Nirelerdedir bir ýerde onuň ezýetem ýatandyr öýtmedik. O zatlaram elbetde siz Erkinden eşidensiňiz, ýöne, biz o wagtlar o zatlaryň diňe bir tarapyny görýän ekenik. Erkiniň gabanjaňlyk keseline uçramagy bilen biz onuň has howply, gorkunç taraplarynyňam bardygyna göz ýetirdik. Ana, şondan soň bar zat çepbesine çöwrüldi. Lezzetli sagatlar ezýete, söýgi bolsa jebre, jepa öwrüldi. Munuň şeýle bolmagyna bolsa men özüm günäkär.

## 2.

-...Barysam şol deňizli wakadan soň başlandy. – Jemal uludan dem aldy. Şonda onuň gaba göwüsleri öňe tarap owsun atdy, göwresi suwa goýberilen gaýyk ýaly çalaja çaýkanjyrady. – Şol gezek gaty bir syr bildirmedigem bolsam, Erkiniň meni iki gyzym bilen deňze ýeke goýberenini ýokuş gördüm. Dogry, bir ýyl öň ol bizi özi alyp gitdi. Hossarly bolsaň bar zat başgaça bolýar. Ýatara ýerimizem, üpjünçiligimizem gowy boldy. Esasy zadam gapdalyň söýerli. Goragly. Soňky gezek welin... Baranymyzdan soňam tüp yssyda, ýaş çagalarym bilen ýeke özüm, günuzyn diýen ýaly gözleý-gözleý ahyram haýsydyr

bir edara degişli dynç alyş öýüniň bir bolgusyzja jaýjagazynda ýerleşdik. Jaýlaryň süňňi tutuşlygyna tagtadan bolup, äkleriniň yşyndan barmak sokaýmaly. Gözüňi şoňa direseň daşaram görnüp dur. Ýaman ýeri diwardaş otagdaky goňşularyňam her bir hereketlerini synlap oturmaly. Olaram şeýdibilýäler. Üstesine pyşyrdylaryna çenli eşidilip dur. Ýöne, bir gowy zady deňze golaý. Edil, ýakasy diýen ýaly. Çykanja ýeriň ýalpajyk, çägesow kenar. Tolkunlaryň gaýtgyny penjirämiziň düýbüne ýetäýjek-ýetäýjek bolýar. Deňziň «şaggyldysy» bolsa gije-gündiz «huwwalap» dur.

Zatlarymyzy goýup, aýak üstünden deňze aýlanyp geldigem welin, goňşy otagdan «güpür-tapyr», «tark-turk», erkek adamlaryň «wagyr-wugury» eşidilip başlady. Yşdan seretsem onuň içinde üç sany degenek jahyl iki ýana hars urýar. Biri krowadyny penjirä golaý süýşürip ýör, başga biri ýorgan-düşekleriniň daşyna könelişen çit çymylganlary geýdirip ýör, üçünji biri bolsa garader bolup, burçdaky stoluň üstünde iýer-içer taýýarlap dur. Olar öňdenem içgili bor-a çemeli, aralarynda biri: «Daşarda, kölegede oturalyňmy ýa şu ýerde» – diýip, telim gezek gaýtalady welin üns bereni bolmady. Meniň çak edişime görä olar o jaýda ozaldanam ýaşap ýören, biz gelen wagtymyz bolsa, giden bolmaly.

Bu ýagdaý meniň barja mazamam aldy. Olaryň goh-galmagallaryndan ýaňa gije-gündiz ýatuw bolmajagyna gözüm ýetdi. Dynç alyp bolaýdyň gerek diýip, birki ýola maňlaýyma ýumrukladym. Gowy yrym edendirin öýdendirler-de, meni görüp gyzjagazlarymam şeýtdiler. Hernäçe kyn ýagdaýda oturanam bolsam, meniň muňa gülkim tutdy. Birdenem ýekeligim ýadyma düşdi-de, agladym. Içimden Erkine ýene bir gezek gahar etdim. Bir görsem gyzjagazlarymam aglaşyp otyrlar. Men özümi ele almalydygyma, ýogsam çagalarymyň gorkaýmaklarynyň ahmaldygyna düşündim.

Oýun edip aýdýalarmy ýa garaçynlarymy, eşidilýän seslere görä, olaryň ikisi üçünjilerine «başlyk» diýip ýüzlenýärdiler. Ana, şol başlyk kişem turuwbaşdan maňa göz gyzdyryp başlady. Ilk-ä daş işige çykanymda gabat geldi-de, şelaýyn salamlaşdy. Ýanyma geldi. Tanyşlyk berdi. Çaýa çagyrdy. «Ýagynyň daşyndan içi aman» diýlişi ýaly, maňa onuň çakylygyny kabul edäýmekden başga alaç galmady. Iň bolmanda şu adamlar meni saýry-saýak gözlerden, dillerden-ä gorarlar, şularyň ýanynda görseler hiç kim maňa batyrynyp bilmez, diýen netijä geldim. Çaýdan soň öz otagyma bardymam welin, «başlyk» gujagyny dolduryp

iýer-içer ýaly zat getirdi. Men gerek däl, beýtmeli däl ekeniňiz, siz meni oňaýsyz ýagdaýa salýaňyz, diýsemem: «Men muny siziň üçin getiremok, çagalaryňyz üçin getirdim» diýdi-de, elime-aýagyma bakman getiren zatlaryny stoluň üstüne döküp gitdi. Ýörite meniň üçinmi ýa ozaldanam meýillerinde barmy, agşamlyk jaýymyzyň öňündäki agaç sekiniň üstünde oturşyk gurnady. Biz hemmämiz üýşdik. Krasnowodskiniň uçurgähinden deňze çenli men Walýa atly orta ýaşlaryndaky ors zenany bilen bir takside gelipdim. O-da biziň bilen bir howluda, gabat garşymyzdaky jaýda ýerleşipdi. Şowhunymyza ýyljyraklap o-da geldi. Onam oturtdylar. «Başlyk» bize-de arak guýdy. Walýa içdi. Men içmedim. Bagyşlaň men arak içemok, diýdim. Belki, Erkin size aýdandyr, men hakykatdan-da hiç zat içemok, içeýin diýsemem içip bilemok. Bir owurtjyk çakyr içäýdigimem dünýe daşymdan ters aýlanýar. Şeýle-de bolsa bilgeşleýin «başlygy» gižželemek üçin: spirtsiz daşary ýurt çakyrlaryny içýän diýdim. Şeý dierime mähetdel, «başlyk» sekiden böküp düşdi-de, aýakýalaňaçlygyna, deňzi ýakalap oturan dükanjyklaryň sarymtyl, öçügsi çyrajyklaryna bakan okduryldy. Derrewem gözden ýitdi. Hä diýmänem eli bir çüýşe «Izabellaly» dolanyp geldi. Sekä münmezden öň ony düňküldedip orta goýdy. Soň özem mündi. Oturdy. Çüýşäni açdy. Bulgura guýdy. Eline alyp maňa uzatdy: «Al, iç!» Onuň eýýämden beýdip hökümsüräberişine gaharym geldi. Diýmek, bu-da bir puluň bolsa hemme zat edip bolýandyr öýdüp ýören pulmesileriň biri bolmaly, diýen netijä geldim. Şeýle-de bolsa syr bildirmedim. Ýöne, barybir kejirligim öňüme düşdi. Şonuň hökmi bilen men ony öňküdenem beter gižželemek üçin: Men bular ýaly arzan çakyr içemok diýdim. Eýýämhaçan meý-mest bolan başlyk: «Şeýlemi? Ine onda...» diýdi-de, çakyrly çüýşäniň bokurdagyndan tutup, jaýyň garaňky burçuna tarap zyňyp goýberdi. Nirä düşenini, näme degenini bilemok, ýöne, «taňk-tuňkundan» çen tutup, çüýşäniň döwülmändigini aňdym. Ýagdaýyň çylşyrymlaşyp ugranyny duýubam ýerimden turdum. Sekiden düşdüm. Çagalarymam düşürdim. Walýa-da: Sen gaýrat et-de, şular ýatýança meň ýanymda ýat, diýdim. Görsem, o-da gepe-söze düşünerden geçipdir. Gaýtam: «Näme näzirgän bolýaň, çagalaryň ýatansoň goýber ýanyňa, paren s dengami...» diýip, ýok gürrüňleri tapdy. Şol gije maňa ýatuw bolmady. Walýa-ha çaky bir çene baransoň çaýkanjyrap güw gitdi. «Başlygam» kä işikden gelip gapymy kakdy kä daşardan gelip

penjirämi «tyrkyldatdy» käte-de yşlaryň ulurak ýerine ýa gapynyň açar sokulýanyna agyzyny goýup: «Goýbersene, goýberäýsene...» diýip, «zowzullady» ýördi. Ýat adamlara ýüz berip ýalňyşandygyma men diňe şondan soň düşündim. Puşmanam etdim. Ýöne, eýýäm giçdi. «Başlyk» edil, höwre gyzan at ýaly, tä daň atýança jaýyň daşyndan aýlandy ýördi. Onuň bolup ýörşünden gorkup çagalarymam çirim etmän çykdylar. Men sag-aman ertire çykdygym o ýerden baş alyp, allaowarralara gitmekligi, has gowusy yzyma, Aşgabada gaýtmaklygy, barybam Erkiniň başyndan lagnat daşlaryny ýagdyrmaklygy ýüregime düwdüm. Şol wagtam onuň: «Ýylgyryp gürleşdigi erkek adam aýal maşgalany özüne göwünli hasap edýändir» diýen sözi ýadyma düşdi-de, bar zat üçin ýene-de özümi günäkärledim. Iki gyzymy gujaklap, öýüň ortarasynda düwdek bolup oturşyma: «Sen näme üçin meni ýeke goýberdiň, Erkin» diýip, agladym.

«Alla-Alla» bilen zordan ertire çykdym.

Halys ýadadymy ýa il-günüň gözünden çekindimi. Günüň dogup, jahanyň ýagtylmagy bilen «başlygyňam» sesi ýatdy. Şondan soň tä, öýläne çenli sarsman ýatypdyryn. Oýananymdan soňam özümi alybilmän kän ýatdym. O ýerden gitmäge ýerimi täzelemäge dagy güýç-kuwwat ýok. Çagalarym-a men turanymdan soňam oýanmadylar. Ýatyrlar myrlaşypjyk. Gorkan bolaýmasynlar, diýip, garajanym galmady. Ertir göçerin-dä bolmasa, diýen karara geldim-de ýerimden turdum, çaý içdim az-kem garbandym. Bir iş bilen daş çykdymam welin, sekiniň üstünde «başlygyň» ýeke özi çiňarkan düşüp, bir aýagyny beýleki aýagynyň üstüne atyp ýatan ekeni. Ýüzi argyn. Salam berende sesi içinden zordan çykdy. Zordanam ýerinden galdy. Ötünç sorady. «Aý, bizem bir eşek-dä, satyn alyp öldüräýmeli adamlar-da... Saňa kömek edenden geçen gaýtam...» diýip, öz-özüni kötekledi. Garaz, düýnki «başlyk» diýseň, ynanar ýaly däl. Ol hatda şol gün ýoldaşlary bilen deňze-de gidibilmändir. Nädeýin, ýeri, bolýa-da, «bir ýazykdan är ölmez» diýipdirler, gaýdyp gaýtalamasaňyz bolýa diýdim. Şondan soň birhili dünýäm giňelen ýaly boldy. Göçmek, yzyma gitmek meselesi aradan aýryldy. Oňa çenli gözlerini açalak-ýumalak edişip çagalarymam turdular. Men olary naharladym. Şondan soň ekiz owlakly geçi ýaly çagalarymy yzyma tirkäp deňze suwa düşmäge gitdim. Şol ýerde bize «başlygyň» dostlary duşdy. Olar meniň bilen gadyrly salamlaşdylar. Öz ýanlarynda goş ýazdyrmagymy haýyş etdiler. Men olary birhili özüme hossar saýdym-da, çagalarym bilen olaryň ýanynda düşledim. Çünki,

gözlerini çakgyň çüýi ýaly edişip ýekedigiňi bildikleri diduwanlaryna mündürjek bolşup duran kişiler daş-töwerekde az däldi.

Şeýdip, howsalaly geçen gijäniň soňy gowulyga ýazdy. Ýöne, şol günüň ertesi aragyň düýnki awusyndan açylan «başlygyň» täzeden guran şagal mesligi meni ýene-de tas bir uly melamatyň üstünden eltipdi. Ol melamatdan baş alyp çykmak bolsa maňa öňküdenem beter agyr düşdi.

Gepiň gysgasy, şol gije «başlyk» düýnki günäsini ýuwmak üçin ertir Walýa ikimizi çagalarym bilen şähere äkitjekdigini, ol ýerde balykdan çişlik iýdirjekdigini, aýlajakdygyny, bazary, dükanlary görkezjekdigini aýtdy. Razylyk bererimize-de garaşman: «Pasportlaryňyzam ýanyňyza alaweriň» diýdi. Men ikirjiňlenjek bolum welin, Walýa eýýämhaçan terje balykdan bişirilen çişlik öňüne gelen ýaly üç-dört ýola işdämenlik bilen ýuwdundy-da: «Gidäýeli-le gyz, hem-ä şäher göreris, hemem balykdan çişlik iýeris, meňň-ä iýip gören zadymam däl şol. A sen iýip gördüňmi» – diýdi.

Dogrusy, balyk çişligini menem iýip görmändim. Şonuň üçin onuň ady agzalandan meniňem agzym suwardy-da, utanmakdan ýaňa çym-gyzyl bolup: «Iýib-ä göremok welin... Ýöne balyk iýmek üçin pasport nämä gerekkä», diýdim. «Dogrudanam pasport nämä gerekkä – diýip, Walýa biraz böwrüni diňläp oturdy-da: – Dogrudanam pasport nämä gerek?» – diýip, başlyga ýüzlendi. O-da: «Aý ätiýaçdan alaýsaňyzlaň, bizem alýas. Ýat, ýer... özem port şäher... gelýän kän, gidýän kän, zyýany degmez... – diýip, howlukmaç gepledi. Şularyň päli düzüw däl bolaýmasyn ýene diýip, Walýanyň ýüzüne ynjyly seretdim. Ol «pert-pert» gepledi: «Aý gündüziň güni näme ederler öýtýäň-ä. Çişlikden bir doýaly, soňunam görübiris».

Gitdik. Biz-ä dört, olaram iki. Dosty rolda, başlygam onuň gapdalynda otyr. Näme üçindir üçünjileri ýok. Olar muny bir maşyna sygyşmajakdygymyz bilen düşündirdiler.

Bir ýerde kafe girip balyk çişligini iýdik. Dogrudanam gowy. Tagamly. Agzyň içinde eräp gidip barýar. Men asylam çişligi gowy görýän, onda-da täzeje etden bişirilen çişligi. Ol ýumşak ter bolýar. Ýöne ine, deňiz balygynyň akja etinden gyzardylypjyk bişirilen çişlik welin, hiç zadyň çeni däl ekeni. Şäheriň seýil baglaryna, dükanlaryna, uly bazaryna, köne ýadygärliklerine aýlanyp ajyganymyzdan soň, ýene bir kafe baryp gowrulan balyk iýdik. «Başlyk» gözümizi çarhlan zatlarymyzdan bize başga-da kän zat alyp iýdirdi. Özem şol zatlary

gysganman etdi. Herimize bir sowgatjagazam alyp berdi. Maňa ýaranmak üçin gyzjagazlarymyň daşynda jowlan urdy. Puly azalyberdigem el telefony bilen şol ýeriň gümrükhanasynda işleýän ogluna jaň edýä. O-da derrew ýetip gelýä, kakasyna pul berýä, bize tarap gyýa-gyýa garap durşuma ýüzüni-gözüni çytyp bir zatlar diýýä. Kakasam jibrine-jibrine oňa gep düşündirip ugraýa welin, elini salgaýarda, ýalpyldap duran gara «toýotasyna» münüp gürüm-jürüm bolaýýar. «Başlyk» onuň yzyndan başyny ýaýkap galýar, «hah-hah-ha..» edip ýalandan gülýär we bize görkezmekçi bolýan ýaly, oglunyň beren bir petde puluny aýalaryna gysyp bize tarap gaýdýar, münüp gelen maşynymyzyň gapysyny açybam, puluny şonuň «bardoçogyna» oklap goýberýär.

Hä diýmänem agşam düşdi. Biz indi gaýtmalydyk Ýöne näme üçindir «Başlyk» howluganok. Her gezek garbanan ýerimizde bir çüýşäni boşadyp gelişlerine dostam, özem «lüt» boldy. Sürüjiniň serhoş bolanyny görüp biz howatyrlanyp başladyk. Ruluň başyna geçýä-de, «hikirdäp» oturşyna «wazyrdadyp» bir gaza basýa welin, çagajyklarymyň gözleri hanasyndan çykaýjak bolýa.

Näme üçindir ýolpolisleriniňem olar bilen işleri ýok. Saklasalaram ýüzlerine seredýäler-de, çest berýäler ötägidýäler. Başga maşyn tutup yzymyza gaýdybereli diýsemem Walýa göwnänok. Puluny gysganýa. Ýeke özüm töläre bolsa mende-de ýagdaý ýok. Şolar bilen şähere gaýdanyma şol wagt şeýle bir ökünýän welin, hiç, aýdyp-diýer ýaly däl. Özümem gahardan ýaňa ýarylaýjak bolýan.

Soňabaka olaryň gepleri, sözlerem üýtgäp başlady. Gaýdyp baranymyzdan soň öňki agşamky wakanyň gaýtalanaýmagyndan gorkup gaçara ýer, gutulara bahana gözläp ugradym. Ýöne, belanyň beteri bize şäheriň içinde garaşýan ekeni. Meniň soňsuz iňirdilerime garamazdan, «başlyk» eýtdi, beýtdi, şol ýerde güni batyrdy. Iňrik garalyberendenem maşynyny «Hazar» myhmanhanasynyň gapysynda keserdip goýdy. Hemle gatyşykly haýýş bilen: «Düşüň» diýdi. Men düşmejekdigimi, egerde äkitmejek bolsa, başga maşyn tutup özbaşdak gitjekdigimi aýtdym. «Onda pasportlaryňyzy beriň» – diýdi. «Näme üçin» – diýip, soradym. «Nomer almak üçin». «O nähili nomer?» «Ýatar ýaly nomer». «Kim ýatar ýaly?» «Biz ýatar ýaly». «Siz ýatar ýaly bolsa biziň pasportymyz näme gerek?» «Biz diýýänim hemmämiz. Siz bilen bile». «Biz bilen bolup näme, siz bizi iki sim çişlik üçin tenini satyp ýören

jelepdir öýdýäňizmi?» – diýdim-de, men Walýanyň ýüzüne gaharly seretdim. – Ýa uhožu. A ty kak hoçeş...» Şondan soň maşyndan düşdüm. Gyzjagazlarymam düşürdim. Walýa-da düşdi. Ugraberjek boldugam welin, «Başlyk» öňümizi kesdi, «Hany, dursaňyzlaň, beýtmeseňizläň, myhmanhana girmeseňiz girmäň welin, maşyna bir münüň, häziriň özünde yzymyza gaýdýas...»

Mündik. Gaýtdyk. Ýolboýy hiç birimizdenem ses çykmady. Pikir edip otursam, olar biziň öňümizdäki günälerini ýuwmak üçin däl-de, niýetlerini ýamana dikip gaýdan ekenler. «Başlyg-a» öňküsi ýaly menden, ýanyndakam Walýadan tamakin bolan bolmaly. Çagalarymy kime goýjaklar, nirede saklajaklar, ony men bilemok. Olar üçinem aýratyn bir otag almakçy bolan bolmaklaram mümkin.

Kenara gelenimizden soň men maşyndan tasanjyrap düşdüm-de, çagalarymyň elinden tutup, bolýan jaýymyza girdim. Gapynam içinden gulpladym. «Başlyk» ýene-de öňki hereketlerini gaýtalap başlady. Ýöne, bu gezek men berk durdum äpişgäni serpip açaga-da, ulyilim bilen gygyryp, erbet – erbet sögündim. Soňundanam: «Häziriň özünde Aşgabada jaň ederinn-de adamymy çagyraryn, ol sendenem ýokarrak ýerde işleýär, geldigi özüň-ä bir işiňden pyzdyrar, ogluňam gümrükhanadan çykardar» diýdim. Gorkan bolsa gerek, gitdi, gaýdybam köwlenmedi. Tapyr-tupur ýatan bolsalar gerek, asla şondan soň şol jaýdan ses-üýn eidilmedi.

Ertesi «Başlygyň» ol ýerde bolmaly möhleti tamam bolýardy. Uçmalydy. Şonuň üçinem, ýoldaşlary ony günortanaralar ugradyp geldiler. Ol gitjek wagty gapyma gelip meniň bilenem hoşlaşdy. «Bolýa, Jemal, hoş gal özüňem gaty görme. Men entek seniň yzyňdan Aşgabada-da bararyn, adamym, pylanym, diýeniňe bolsa ynanamok, är bolan är aýalyny beýdip, iki çagasy bilen deňze ýeke goýbermez» – diýdi. Onuň ol sözi meniň çetime degdi. Ýene bir gezek içimden Erkine gaharlandym. Dogrudanam gowy görýän bolsa är ornunda durjak bolsa ol meni bu ýere ýeke goýberermidi...» diýip, oýlandym. «Başlygyň» dostlary ýene iki gün bolmaly ekeni. Öýlän kölegesi düşendenem olar agaç sekiniň üstüne çykdylar-da, öňküleri ýaly içmäge başladylar. Kirsuw, biş-düş aladasy bilen ýa duşa gidip gelmek üçin eýläk-beýläk geçenimde menem ýanlaryna çagyrýalar. «Gorkma gelneje, indi «başlyk» ýok, ol gitdi, arkaýyn oturyber biziň ýanymyzda» diýýäler, hiç zat ýok ýerden «hikirdeşýäler» «Süýtde agzy bişen suwy üfläp içer»,

diýlişi ýaly, üçünji gezek tora düşmezlik üçin ýanlaryna baramok. Asla ýüz beremok. Gepleşemogam. Gyzlaryma bir zat berjek bolsalaram aldyramok. Halys ýürege düşüberselerem Walýanyň ýanyna baraýýan. Ýa-da özüni çagyrýan. Bolmasa-da üýşüp kenara gidýäs. Azajyk suwa düşýäs, soň gyzgyn çägäniň üstünde meýmiräp ýatýas. Aýlanyp gelýäsem welin, olaryň henizem şol içip oturyşlary. Walýa durubilmän olardan: «Ýigitler, siz nireden geldiňiz» – diýip, sorady. Aýtdylar. «Näme siziň bolýan ýeriňizde arak, ýokmy?» «Bar» diýenlerinden soňam hezil edip güldi-de: «Onda şol ýerdejik, iýip-içibermeli ekeniňizdä, nätjekdiňiz beýdip, munça ýol aşyp, artykmaç çykdajy edip» – diýdi. «Onyň-a dogry» – diýşip, olar öňküdenem beter gülüşdiler. Edil şol wagtam howlynyň, gapysyna bir maşyn gelip durdy-da, içinden her eli içi zatdan doly bir paketli «Başlyk» çykdy. Gelşi ýalam elindäki zatlaryny sekiniň üstünde goýdy-da, eýýämhaçan söm-saýak bolşup duran ýigitlere: «Çykaryşdyryberiň» – diýdi.

Men şol wagt ýaňy bir Walýany ugradyp, gapynyň agzyndaky ýoňsuzja kölegede köneje oturgyjyň üstünde otyrdym. «Başlyk» maňa tarap ýönelip ugrandan men ýerimden turdum. Jaýa girmäge hyýallandym. Oňa çenlem başlyk öňümde häzir boldy. «Ýör. Oturaly, men ýörite seň üçin dolanyp geldim». «O nähili meň üçin – diýip, men gabaklarymy ýerden götermän durşuma soradym. – Men näme, saňa gel diýipdirinmi? Ýa söz beripdirinmi?» «Başlyk» golumdan tutup, süýrekläp äkitjek boldy. Men uly ilim bilen jynssyz gygyrdym: «Çekil! Ýok, bol! Gitmeseň häziriň özünde polisiýany çagyraryn!..» Beýle garşylyga garaşmadyk «Başlyk» ýüzüni aktam edip gaýra çekildi. Boýnuny burdy: «Baraýsana... Ýöräýsene... Ýarym sagatjyk oturaýsana... Oturaýaly-la...» Men sesimi çykarman jaýa girdim. Gapyny gulpladym. Ýene-de bar güýjüm iki didäme ýetdi. Çagalarymy gujaklap krowadymyň üstüne süýndim.

Aýal üçin ýola eýesiz çykmagyň, ýat adama ýüz bermekligiň nämedigine men diňe şondan düşündim.

Erkek adamynyň hiç haçan aýal maşgala ýöne ýere çykdajy etmejekdigine-de, hökman muzduny talap etjekdigine-de hut şol gezek düşündim.

Erkek adamdan nämedir bir zady sowgat almaklygyň özi eýýäm aýal üçin howply zat ekeni. Şeýtmek bilen ol onuň erk-islegine umyt döredýär. Häzir puluny sowduraýyn, haýryny göreýin, soň heran-

haçanam «bar sür» diýibilerin, diýen pikire uýmak ýalňyş ekeni. Men ine, şuňa-da şonda göz ýetirdim. Elbetde, ýazylmadyk kanuna görä, «Başlyk» menden öz hakyny talap edýärdi. Zadymy iýdiňmi, pulumy sowdurdyňmy, hasaplaş, diýýärdi.

Şonuň üçinem, şol ýerde bolup geçen zatlaryň barysy üçin men – özümi günäkär hasapladym.

Bu wakany men Aşgabada gelenimden soň Erkine aýtmanam bilerdim. Ýöne dilime buýrup bilmedim. Aýtdym. Özünem birneme ýoýubrak, misli «başlyk» maňa hossarlyk eden şekilde aýtdym. Şeýtsem gowy bolar öýtdüm. Şeýdibem ýalňyşdym. Bulaşdyrdym. Belki, öz ýanymdan syrdaşyndan syr gizlemeýän, hakykatçyl, wepadar maşgala hökmüne görünmek isleýändirin? Belki-de, naçar halyma şolar ýaly çylşyrymly ýagdaýdanam abraý bilen baş alyp çykyp bilýändigim bilen Erkini begendirmek isländirin? Mümkin! Ýöne şo zatlaryň aňyrsynda deňze bile gitmändigi, ýanar oduň içinde iki çagam bilen alys ýola ýeke goýberendigi üçin Erkiniň çalarak çetine degmek, dagy-duwwara meni hojagaz ýere-de ýeke goýbermezi ýaly kalbyna gabanç duýgularyny guýmak, özi dek ýaşy durugşan adamlar-a beýle-de dursun, eýsem ýaňy bir ýüňi ýeten goç ýigitleriňem ugrumda ölüp-öçüp barýandyklaryny subut etmek ýaly şeýtany pikirleriň ýatan bolmagam ahmal. Şol zatlary gürrüň bermek bilen men oňyn tarapa barýan söýgümiziň ykbalyny ters ugra bakan ugrukdyryp goýberen ekenim. Tanşalymyz bäri dowam edip gelýän süýji hem lezzetli günlerimiziň soňuna nokat goýan ekenim. Tükezzybana tutjak gowgaly günlerimiziň başyny başlan ekenim.

Elbetde, men oňa hakykaty düşündirjek bolup jan etdim. Hatda kasamam etdim. Çagalarymyň adyndan antam içdim. Allany orta goýdum. Barybir ynanmady. «Çagalaryňam, Allanam öz gününe goý! Ant-şert güýçli zatdyr. Ony içme-de, bu zatlaryň arasyna-da goşma! Bardy-geldi çyn bolsa boş gitmez, günübirin gelip ýakaňdan tutar» – diýdi. Şonda welin men hünübirýan aglap, onuň öňünde dyzyma çökdüm: Goý, tutsun! Goý jezalandyrsyn! Eger-de men saňa ikilik eden bolsam, Hudaýyň şeýle jezany başymdan indermegine men razy diýdim.

Ynandymy, ynanamadymy, ony biljek däl, ýöne şondan soň az-kem köşeşdi.

Gümandan welin barybir aýňalyp bilmedi. Ol meni özüne biwepalyk edendirin, namysa goýandyryn öýdýärdi. Meniň ýeňilkelleligim üçin ejir çekýärdi. Erkin, şu zatlar biziň döwrümiz üçin

geň zat däl, biri bilen gatnaşýan diýip ähli erkeklerden ýüzüňi ýapyp ýörmeli däl, adam şekilli gürleşdim, hetden aşyberdem welin petigulysyny berdim, başga näme gerek, diýsem dagy gahardan ýaňa titir-titir edip, ýarylaýjak bolýardy. «Aýal bilen erkegiň arasyndaky böwet haýsy asyrda bolsa-da uzak saklanyp bilmez, günlerde bir gün hökman böwsüler. Şol ýerde hiç zat bolman ekenliginde-de, şol zatlardan soň, ol indi seni günüňe goýmaz, yzyňdan geler, senem ony menden gizlejek bolup görgüňi görersiň» diýýärdi. Meniň: Adamym ýogalmadyk bolsa sen meniň bilen böwedi böwüsmän gatnaşyp bilerdiň ahyry, diýen sözlerime bolsa: «Eger-de ýagdaý şony talap eden bolsa, men seniň bilen tä kyýamat ahyra çenlem aralygy saklap gatnaşyp bilerdim, ýöne sen meni olar ýaly ýolda-yzda sataşanlar bilen deňeşdirme diýip, ýangynly jogap berýärdi... «Öň-ä «haýyr-sogap» diýdiň, indem «deňizden hossar tapyndym» diýýäň, sen asyl meniň gapdalymy boş goýmasaň näme... – diýip, üstüme topulaýarly görünýän pursatlaram az bolmaýardy. «Haýyr-sahawatly» meseledenem habaryňyz bardyr-la? – diýip, Jemal meniň ýüzüme soragly bakdy.

-Howwa, habarym bar, Erkin ikimiz ony «ak maşynly» waka diýip atlandyrýardyk.

Şondan soňky gürrüň bermekçi bolýan wakasyny şol ýerden okamakçy bolýan ýaly, Jemal çep gözüni süzüp, çat maňlaýyndaky diwaryň ýüzüne siňňin seretdi.

– O-da bir taryh, Nepes... O-da meniň bir ýalňyşym. Erkiniň ozaldanam ýagyr bolan ýagyrnysyna uran ikinji bir artykmaç ýüküm... Beren jebrim... – Jemal jübüsinden owadanja, kiçijik ak ýaglyk çykaryp gözüni süpürdi. – Gyzlarym bilen deňze gitmezimiň öň ýany, işim bilen «estetmerkeziň», öý bilen Jeren janyň bakjasynyň arasynda o maşyndan bu maşyna, bu maşyndan o maşyna münüp, ýetişiksiz günde haýdap ýördüm. Şol wagt täze bir işe geçipdi-de, Erkiniňem öňküsi ýaly bizi taksili gatnadara ýagdaýy ýokdy. «Iň bolmanda wagtlaýynça gaýrat et, soň bir alajy bolar», diýipdi. Asyl ol şol gezek deňizdenem şol tertip-düzgüni berk edara zerarly galypdy. Edil şol döwrem özümden bäş-üç ýaş uly bir ýigidiň maşynyna mündüm. Haýsy kysymdygy ýadyma düşenok, ýöne, «Žigulidi». Reňki ak. Ýigidiň özi türkmenem bolsa dag etek etraplaryndan bolsa gerek, daş keşbi daglylara meňzeş. Burunlagrak. Hanasynyň içine çöken ullakan ala gözleri jalahlap dur. Gönüläp seredende dagy içiňden geçip barýar. Göwresi daýaw.

Uzynagrak. Syratly. Giňden gelen ýaýbaň döşüniň tüýleri ýakasyndan çogup çykyp dur. Sakgal-murty gür. Syran güni ýeri göm-gök bolup dur. Özem hemişe ýylgyryp, ýuwaşjadan gepleýär. Geplemedik wagtam ýylgyryp ýör.

Ilkinji gezek men onuň maşynyna tötänden mündüm. Elimi galdyrdym, durdy. Tä iş ýerime barýançam üýtgeşik eden gürrüňimiz-ä bolmady. Maşynyň içinde menden başga hiç kimiň ýokdugyna garamazdan, müşderi köpem bolsa, näme üçindir ol ýoldan hiç kimi almady. Göwnüme zat getirmän düşdüm. Hasaplaşdym. Uzynly günüň hysyrdylary bilen ol ogalnam, maşynam ýatdan çykdy gitdi.

Agşamlyk işden çyksam edaranyň agzynda hakyt şol oglan ýylgyrjaklap dur. Meniň yzymdan gelendir diýip dagy pikirem edemok. Aý, şu ýerde tanşy-bilşi işleýändir-dä, şonuň yzyndan gelendir-dä diýdim-de, deňinden sessiz-üýnsiz geçip ýoluň aňry ýüzüne bardym. Ötýän maşynlara elimi galdyryp başladym. Oňa çenlem meni başga biriniň alyp gidibererinden howatyr etdimi, nämemi, ol ýigit hasyr-husur» maşynyna mündi-de, maý tapyp duran ýerinden diýen ýaly, «wazyrdadyp» meniň duran tarapyma geçdi. «Jy-yk» etdirip gapdalymda durdy. Egilip ýüzüme seretdi. «Münüň, äkideýin» – diýdi. Şol bir maşynyň bir günde iki gezek gabat gelmegi,onda-da garaşyp durup, soňam ýörite maňa tarap öwrülmegi elbetde geňdi. Ýöne, men barybir maşyn tutmalydym. Şonuň üçinem mündüm. Meniň geňirgenenimi o ýigdem aňdy. Ara aýdyňlyk salmak üçinem: «Geň galyp oturmaň, men ýörite geldim» diýdi. Görüp otursam, ol meniň münen ýerimem, düşen ýerimem belläpdir. Işden çykylýan wagty bolsa hemmä belli. Agşam sagat alty. Ýöne men Zübeýdanyň yzyndan «estetmerkeze» gitmek üçin rugsat alyp altynyň ýarynda çykýan. Nesibedir-dä, birdenkä işi bäşde gutarýan bolsa dagy, diýip o ýigidem bir sagat ir gelipdir. Ýöne näme üçin? Beýtmek bilen onuň maksady näme? Dogrymy aýdaýyn, Nepes, bir adam ugruňda çapalasa, şol kim bolanda-da erkekleri-hä bilemok welin, aýal adam üçin-ä ýakymly bolýan ekeni. Şol sebäpden bolsa gerek menem: Näme üçin meni yzarladyň, näme üçin yzymdan geldiň, diýip, haýalçyrabermedim-de, sypaýyçylyk bilen: beýdip azara galmaly däl ekeniňiz, köçede maşyn kän ahyry diýdim. «Köçede müşderem gyt däl – diýip, ýigit birgeňsi ýylgyryp oturşyna aýtdy. – Ýöne, her öňýeteni alasyňam geläýenok...» Onuň bu sözem maňa kem ýaramady. Men indi ondan: siziň näme üçin

ala-böle meni alasyňyz geldi? Näme üçin ýörite geldiňiz. Bu ýerde bir syr barmy diýip, soramalydym. Ol welin bu gezegem menden öňürtdi. «Bilýän, siz mende bir niýet bardyr öýdýäsiňiz. Ýöne men köçe-köçe kaňkap ýörenden belli bir müşderi tutanymy gowy görýän, onam ýüzlerine seredýän-de, şüý-ä ynsaplyrak, adamkärçilikliräk bolsa gerek, diýen adamlaryma öz hyzmatymy hödürleýän. Ýogsam käbirleri aýyň soňunda hasaplaşarys, diýýärler-de, belaň sapynam berenoklar. Gatnaýaň-gatnaýaň-da, ahyrsoňam özüň ýadap özüň goýaň...» – diýdi. «Siz maňa-da şol hyzmaty hödürleýäňizmi» diýdim. «Howwa» – diýdi. Bir meniň müşderi bolanym bilen gazanjyňyz ýeterlik bolmaz ahyry diýdim. «Gaýgy etmäň, meniň başga-da müşderilerim bar. Olaryň hiç biriniňem wagty siziňki bilen deň gelenok. Şol sebäpdenem siz meniň üçin amatly müşderi» diýdi. Oňa çenlem öýmüziň deňine ýetdik. Ol aýtdyrman saklady. «Onda garşy bolmasaňyz ertir irden yzyňyzdan geläýjek».

Men onuň puluny berdim-de olar ýaly bolsa bolýa geläýiň. Menem öňi-soňy her gün ir bilen şu ýoluň ugrunda golumy galgadyp durmaly bolýan. Ir bilen maşyn tutmak bolsa kyn. Adam kän, men dokuza on bä minut galanda çykaryn diýdim.

Ertesi çyksam, ol eýýäm garaşyp duran ekeni. Mündüm. Barýançak ýene-de aramyzda üýtgeşik gürrüň bolmady. Düşjek wagtym ol elime bir kagyz tutdurdy-da: «Agşam alta gelerin. Eger-de saý sebäp bilen irräk çyksaňyz şu belgä jaň edäýiň. Başga-da gitmeli-goýmaly ýeriňiz bolsa çekinmäň-de, çagyraýyň, men wagt tapyp gelerin. Artykmaç hak talap edibem durman» – diýdi. Görsem iki belgi bar. Biri el telefony, beýlekisi bolsa haýsydyr bir firmanyňky. Siz näme, firmada işleýäňizmi, diýdim. «Aý, onda-da adym ýöreýä, ýöne esasy işim şü...» – diýip, ullakan ala gözlerini maşynyň içine göz aýlady-da, dert-azar ugramak bilen boldy.

Şondan soň assa-ýuwaş gürleşibem ugradyk. Öz diýşi ýaly arasynda gyssanyp jaň bilen çagyran gezeklerimem boldy. Şolar ýalynyň birinde ol juda usullyk bilen meniň maşgala durmuşym barada sorady. Men adamymyň ýogalandygyny, iki gyzymy saklap oturandygymy aýtdym. Ýöne Erkin barada dil ýarmadym. Nädip ýaraýyn? Ärim diýsem-ä o däl, oýnaşym diýsem onça-da boljak däl. Onsoňam bar zady bilmek oňa hökmanmy. Şondan soň köp wagt geçmänkä o-da öz durmuşy barada gürrüň berdi. «Aýalym bar, ýöne, çagamyz bolanok, bir palçy maňa ile

köpräk ýagşylyk et esasanam mätäçlere kömek et, şeýtseň sogap gazanarsyň, Hudaýyň söýgüsine mynasyp bolarsyň, ol saňa perzent berer diýdi. Eger-de göwnüňize zat getirmeseňiz, sizem pulsuz gatnadaýyn – diýdi. Birhili ýüregim süýşen ýaly boldy. Aý, ýok, pulsuz-a bolmaz diýenimde sesim aljyraňňy çykdy. «Bolar, näme bolman, dogrymy aýtsam men şu maşynyň puluna mätäjem däl, ol maňa onsuzam düşüp dur. Firmamyzyň ýagdaýy gowy. Käte daşary ýurda gidip maşyn getirýäs» – diýdi. Men gorkup başladym. Janymy barlap görmek üçinem onda şertiňiz bardyr-da diýdim. «Ýok, ýok, şertim ýok, meň ýöne size kömek edesim, sogap gazanasym geldi. Aýdyşlaryna görä ýetim oglana, dul hatyna kömek etmek hasam sogapmyşyn» diýip, endigine görä şeýle bir mylaýym ýylgyrdy, welin, minnetdarlykdan ýaňa gyzaryp aşak bakanymy bilmän galypdyryn. Birdenem başymy galdyrdym-da: Siz barybir dul hatynlaryň, ýetim oglanlaryň baryna kömek edip bilmersiňiz, olar siziň çak edişiňizden köpdür, diýdim. «Dogry. Köpdür. Hemmesine kömek edibilmejegimem bilýän, ýöne, ýagdaýymyň ýetenine ederin». Ol munam şeýle bir ýürekden aýtdy welin, men oňa ynanman durup bilmedim. Ýöne, ätiýaç üçin: Eýsemde, bolsa muny näme üçin siz başda aýtmadyňyz, diýip, soramany welin unutmadym. «Dogry sorag. Emma turuwbaşdan aýtsaň her kim birhili düşünýä. Ters düşünip uruşýan, sögüşýän adamlaram bolýa. Onsoňam meňki döwlet kömegi däl-de, hususy kömek. Hudaýo...» Ol elbetde, hudaýoly ýaly bir zat diýjek boldy, ýöne muny meniň gaty görerimden, kömeginden ýüz öwürerimden çekindi. Meniňem ony şondan artyk gyssasym gelmedi.

Elbetde, günuzyn iki ýana ulagsyz gatnap, ýetişiksiz günde ýören naçar üçin birdenkä mugt ulagly bolup oturybermek hele-müçe zat däl. Erkinde bolsa şeýle mümkinçilik ýok. Başdakysy ýaly ir ertir, giç agşam, üstesine günortanyna-da yzymdan taksili gelip gatnadybilenok. Işi berk. Ýöne başky hereketleri dogry ekeni. Ýeke gatnabersem, biriniň çeňňegine iljekdigii aňan ekeni. Şonuň üçinem: Ak ýürekden aýdýan bolsa-ha gowy zat, egerde aňyrsynda başga bir niýet ýatan bolsa-da eteginden daşyny döken günim düşer gidibirin, kim meni saklap dur diýen pikir bilen ak maşynly oglana «sogap gazanmaga» mümkinçilik berdim. Ýöne, men şuny öňem hut şu meselede tas dälilik hetdine ýeten Erkine duýdurmalydym. Aýtmalydym. Ýogsam onuň munam men tarapyndan edilýän gözboýagçylyklaryň biri hasap etmegi mümkindi.

Gizlin edilen zadam ogurlyk bolýa. Ogurlyk bolsa iki gün. Bu gün bilinmese ertir bilinäýmeli. Şonuň üçinem, muny ugruny tapyp Erkine hökman duýdurmaly, maşynyna münýänem bolsam aramyzda haýyr-sogapdan başga hiç zadyň ýokdugyny, ol oglanyň maňa ak ýürekden hyzmat edýändigini düşündirmeli, diýen karara geldim.

Şol niýet bilenem, dynç günlerindäki duşuşyklarymyzyň birinde men oňa bar zady bolşy ýaly edip gürrüň berdim. Ol munam gaty gördi. Ýene-de gynandy. Ynjady. Göwnüne güman gitdi. Gunyzyn özüni sus alyp bardy. Berýän soraglaryma düzüwli jogap bermedi. Bişiren tagamlarymdan iýmedi. Ömür etmeýän zadyny edip arak içdi. Maňa kän söýgi bildirmedi. Hatda hoşlaşjak wagtymyz meni ogşamanam özüne kiçilik bildi. Namys etdi. Şol gün ony maňa azgyrylmakdan, agzyna gelenini aýtmakdan saklan zat megerem onuň bar zady içine salmany başarýandygy bolan bolsa gerek. Ol öz kalbyndaky harasady basjak bolup jan edýärdi, ýöne, ol harasat gün-günden, onda-da hut men zerarly güýjerleýärdi, kükregini ýaryp daşyna çykara yş gözleýärdi, pursat peýleýärdi. Men Erkine gaýdyp şol maşyna münmejekdigime söz berdim. Yz ýanam gyzlarym bilen deňze gitdim. Ak maşynly ýigide-de erte-birigün deňze dynç almaga gidýändigimi, ýöne gaýdyp gelenimden soňam yzymdan gelmezligini haýyş etdim. Men özümi siziň öňüňizide oňaýsyz duýýan, umumanam biziň bu bolup ýörşümiz gelşiksiz diýdim.

Şonça wagtlap her gün ýoluma garapmy ýa garawullapmy bilemok ýöne deňizden gaýdyp gelip, rugsatdanam işe çykan ilkinji günüm, deňze gitmezimiň öň ýany duşan ak maşynly oglanyň şol bir garaşýan ýerinde süýjümtik ýylgyryp, sag elini maňa tarap çalaja bulaýlap durşuna gözüm düşdi. Egninde-de näme üçindir sport eşigi. Erkine söz berşime görä men indi onuň maşynyna münmeli däldim. Emma men baryp onuň bilen salamlaşanymam, sessiz-üýnsiz maşynyna münenimem bilmän galypdyryn. Erkiniň edarasyna golaýla berenimdenem ýene bir etmesiz işi edendigimi duýmakdan ýaňa ýüregim çalt-çaltdan urmaga başlady. Birdenem: şu ýigit bilen Erkini tanyşdyrmaly, şeýtsem bu ikisiniň sözi alşar, bu ýigidiň hakykatdanam haýyr-sogap üçin şeýdip, ýörenime ynanar şu wagtam şular ýaly adam bar ekeni-ow – diýip begener diýen pikir kelläme geldi.

Men maşyny saklamaklygy ol ýigitden haýyş etdim. Erkiniň kabinetine girişim ýalam: Bar, seret, men kim bilen geldim diýip, penjirä tarap «üm» atdym Erkin: ýerinden turup meniň görkezen tarapyma

seretdi. Men: «Şo-ol, deňze gitmänkäm gürrüňini beren oglanym. «Haýyr-sahawat» üçin işleýär, diýenim. Sen onuň bilen tanyşmaly, Erkin. Ol gowy oglan. Edil sen ýaly. Ýüregi ýuka. Akylly. Ikiňiziň sözüňiziň alyşjakdygyna men ynanaýan» – diýdim. Şeý diýdimem, belany diýdim. Şol ýalňyşlygym üçin men özümi heniz-henizlerem bagyşlap bilemok. Şol wakanam, deňizli wakanam oňa aýdyp berendigim üçin puşman edýän. Dogrudanam, o zatlary gözi bilen görmedik adamyny sen nädip ynandyrjak, şunça-ha tirkeşdim aramyzda-da bolan zat ýok diýip. Erkin-ä uly adam welin, oňa çaga-da ynanmaz. Şol gezegem bar edibilen zadym-onuň ýarasyny täzeledim. Aýdan sözlerimiň barysy, ýeke-ýeke bagryndan ok bolup geçdi. Synasy göz-göz, öýkeni eleme-deşik boldy. Ýüzi gögerdi, gözlerem agyr hassanyňky ýaly bulançak, çal görnüşe geçdi. Nazary bulaşdy. Şolar ýaly ynjyk, sähel zady ýüzüne alyp, sähel zada üýtgäp duran duýgur adamy men henize bu güne çenli göremok. Ol sähelçe zada-ha gül kimin açylýar, sähelçe zada-da bütin durky bilen doňýar. Bir söz bilen ony ýaralabam bolýar, hassalykdan sagaldybam bolýar. Onuň hatda ömür görmedik adamlarynyň gaýybanasyndan gahar edip, ýigrenip ýörşüne-de, ömür görmedik adamsynyň daşyndan gaýybana guwanyp ýörşüne-de men köp gabat geldim.

Howwa, onuň içini tutup, iki ýana yraň atyp durşuny görüp, men şol gezek eden işime ökündim. Özümi alyp barşym bilen onuň özüme bolan söýýgüsini harlaýandygyma, ýigitlik mertebesini kemsidýändigime, namys duýgularyny oýaryp, örtenmäge mejbur edýändigime düşündim. Şonuň üçinem men şol gün gaýdyp şol maşyna münmejekdigim barada Erkine söz berdim, onuň sözlerine eýgerip, ol oglany ugratdym-da, özüm şol ýerden işime pyýada gitdim.

Söz berşim ýaly, men hakykatdan-da gaýdyp şol maşyna münjek däldim, ýöne, bilgeşleşin edýän ýaly şol gije dynman ýagyş ýagdy. Ertesem dowam etdi. Özem ýöne-möne ýagyşam däl-de, damjalarynyň her biri kümüş gola ýaly. Işe diýip çykdym welin, ak maşyn öňküje ýerinde garaşyp dur. Eýesem ruluň başynda ýylgyryp otyr. Gyýalap guýýan güýçli çabgadan ýaňa onuň ýüzi çala saýgardýar. Dogrusyny aýtsam men ony görüp begendim. Çünki, şol howada maşyn tutmagyň aňsat bolmajakdygy görnüp dur. Işiň başlamagyna bolsa sanlyja minut bar. Onsoňam şunça münüpdirin, ýene bir gezek münenim bilen üýtgän zat bolasy ýok. Şol oý bilen men ylgaý baranymam, «şakyr-şukur»

gapyny açyp içine girenimem bilmän galypdyryn. Sowuk ýagşa ezilip, birdenem ýyljak maşynyň içine girmekligiň, umuman elinjek maşynly bolmaklygyň lezzetini men şonda ýene bir gezek duýdum.

Şol hereketlerimiň hemmesini Erkin edil iki ädim beýle ýanymda synlap durandyr diýip dagy ýadyma-oýumada getiremok. Ýöne, edaramyzyň gapysynda düşjek wagtym ol oglan bilen welin çürt-kesik gürleşdim. «Düýnem gyssagara aýdyp bilmedim, ine, indi aýdýan gaýdyp meniň yzymdan gelme, bar zat üýtgedi, bar zat gutardy, maňa siziň haýyr-sahawatyňyz gerek däl, öňki eden hyzmatlaryňyza-da taňyrýalkasyn diýdim. «Näme menden göwnüň galdymy? Ýa aýtmasyz bir gep aýdaýdymmy, üýtgeşik hereket edäýdimmi», diýdi. Aý, ýok, bolan zat ýok, ýöne indi gelme, men senden şuny haýyş edýän, diýdim. Ol özüniň eýýäm maňa-da, çagalaryma-da öwrenişip ugrandygyny, aýrylyşmaklygyň kyn boljakdygyny aýtdy. Zyýany ýok, öň biri-birimizi görmän oňupdyrys, ýene-de oňarys, men saňa Hudaýdan goç-goç ogul dilärin, diýdim.

Ol gyýylyp galdy. Esli wagt yzymdan seredip oturdy. Şol wagt onuň ýylgyrmaýandygyny men yzyma seretmesemem duýdum.

Üstümden agyr ýük aýrylan ýaly boldy. Erkine-de jaň etjek bolýan welin, telefonymyz işlänok.

Günortana golaý ýagyş kiparlady. Öýläne golaý bulutlar paralandy. Gün göründi. Telefonymyz welin iş ahyr bolýança-da işlemedi. Mahlasy günuzyn Erkin bilen gepleşip bilmedim. Agşamlyk öýüne jaň edýän welin alanok. Alsa-da meň sesimi eşitdigi «jalkyldadyp» goýýa. Näme üçin beýdýäkä diýýän. Ertesi arakesmä çenli zordan çydadym-da ,ýanyna gitdim. Ol meni diýseň ýowuz garşylady. «Sen sözüňde durmadyň» diýdi. Men boýnuma almajak boldum. Emma onuň bar zady gözi bilen görendigini bilenimden soň welin, boýnuma alaýmakdan başga alaç galmady. Erkin, özüň bilýäň-ä, ýagyş ýagd-a.. Onda-da nähili ýagyş... Men bolsam işe gijä galyp barýadym... Ýöne gaýdyp münmen... Söz berýän... diýdim. «Sen düýnem söz berdiň... – diýip, ol öňküsine görä has batly gepledi. – Gitdigiçe-de gazaby artdy. Käýindi. Ýöne, agyr söz aýtmady. Ahyram aglap-aglap usurgan çaga ýaly tisgine-tisgine sowuk demini aldy-da: - Umuman-a nätseň şeýtsene, meniň indi saňa dahylly zadym ýok. Sen menden boş...» diýdi-de, kabinetinden çykdy ötägitdi. Çykmazynyň öň ýanam çalarak sägindi-de, goltuk jübüsinden dört eplengi ak kagyz çykaryp elime tutdurdy.

Bilşiňiz ýaly ol erbet gahary gelen wagty halys düňle bolýa. Gepläp bilenok. Şonuň üçinem, şolar ýalyda köplenç, aýtjak zatlaryny arkaýynçylykda kagyza geçirip gelýärdi-de sessiz-üýnsiz elime tutdurýar gidiberýärdi. Haty nädip ýazmany bolsa ol adamdan öwrenmeli däl. Her sözüni sünnäläp, jaýba-jaý goýup, aňyňa täsir eder ýaly edip bir ýazýa welin, okanyňda iniň jümşüldäp, süňňüň elenip gidýä. Şonuň üçinem men soňky döwürlerde onuň aýtjak zadyny hata ýazyp bererinden gaty gorkýardym.

Şol gezegem şeýle boldy. Haty açyp, göz gezdirdim. Düýnden bäri kabinetinde oturyp arkaýyn ýazan bolsa gerek, telim gezek gaýtadan göçürilendigine garamazdan, entegem çyzylan, düzedilen ýerleri az däl.

Ol hoşlaşyk hatydy. Onda şu sözler ýazylandy. «Hoş, eý, gül ýüzli ýarym! Gül Jemally jananym! Men seniň bu kemsitmeleriňe mundan artyk çydap biljek däl. Men bu oýundan çykjak. Öňem men bu meýdana bilmän giripdirin. Seni tanamandyryn. Daş keşbiňe aldanypdyryn. Güljemalsyň öňdüpdirin. Elbetde men seni günäkärläbem biljek däl. Çünki saňa puly köp, maşynly, kaşaň jaýly baý adam gerek. Mende bolsa o zatlar ýok. Bar baýlygym söýgim. O-da saňa gerek däl. Ýöne, bilip goý, hemme zady pul, ulag, baýlyk ýa wezipe çözýän däldir. Bu zatlara sen bu gün düşünmeseňem ertir düşünersiň, ýöne, giç bor. Ýene bir zat: Hiç kim seni mençe söýmez. Her kimiň senden lezzet alasy, keýpiňi göresi geler. Bakja giren şagal ýaly parçalar-da, doýan günem taşlar gider. Galanynam özüň bil. Sen täze döwrüň adamsy ahyry. Biz bolsak köne pikirli adam...»

Haty okap bolşum ýaly kabinetden atylyp çykdym-da, Erkiniň yzyndan ylgadym. Ol entek edaradan gaty bir daşlaşman ekeni. Şeýle-de bolsa yzyndan ýetmek üçin ylgaşlamaly boldum. Ýetip öňüne geçdim: Erkin, sen nähak ýere özüňi horlaýaň. Nähak gabanýaň. Ýeri, münsem-münüpdirin-dä. Maňa ulag gerekdigini, ertir-agşam degirmene giren ýaly ondan-oňa ýelk ýasap ýörendigimi bilýäň-ä özüň. Ol ýigit bolsa meniň öňümde hiç hili şert goýanok. Sogap gazanmakdan başga niýetem ýok, diýdim. Ol dişini gysyp durşuna edil düýşde ýaly alasarmyk, ýzlem-saplam gürledi: «Ol öz niýetini saňa bu gün duýdurmasa-da ertir duýdurar. Bu gün aýtmasa-da ertir aýdar. Garaşyber. Maşynyna-da münüber. Tanamaýan adam haýyr-sogap üçin nätanyş bir maşgala munça hyzmat etmez. Şonça hyzmaty kabul edýän maşgala bolsa, iru-giç onuň islendik şertine kaýyl bolar. Şonuň üçinem, men seniň edip

ýören hereketleriňe garşy däl. Asla garşy bolmana hakymam ýok. Biziň başda gepleşişimizem şeýle. Belki şol ýigit seniň bagtyňdyr. Gözleýäniňdir. Seniň bagtyňa böwet bolmaga bolsa öň eden şertimiz boýunça meniň hakym ýok...» Bokurdagy doldumy, nämemi, ol birdenkä dymdy. Ýöne, şondan artyk maňa gep düşündirjegem bolmady. Öz häsiýetine görä ol entegem kän gürläpdi. Şonuň üçinem, gürrüňiň gutarandygynyň alamaty hökmünde, başyny aşak saldy-da, ýoluny dowam etdiriberdi.

Erkek adamlar babatda deňizde hut özümden alan sapagymy eýýäm unudandygyma men diňe şondan soň düşünip galdym. Agşamara men ýene-de öýüne jaň edip Erkinden ötünç soradym. Dagy-duwwara, ölýänem bolsam şol maşyna münmen» diýdim. Ol esli wagt dymyp durandan soň, uludan demini aldy-da: «Ýeri, bolýa-da görübereris-dä» diýdi.

Emma meniňki ýene-de bolmady. Ertesi irden ýola çykdymam welin, akja maşyn ýene-de geldi-de, gapdalymda keserdi duruberdi. Ol ýigit maşyndan atylyp çykdy-da, üstüme howala boldy. «Haýyş edýän, şu gezgem mün, saňa aýtjak zadym bar, soň gelme diýseň gelmäýerin», diýdi.

Özüme şonça wagtlap ýagşylyk eden adamyň ýüzüne ýene-de gelip bilmedim. Mündüm. Ýöne, iň ýamany meniň işe barýan ýolum Erkiniň iş ýeriniň üstünden geçýärdi-de, äpişgesiniň agzyndan ötüp barýarkak ol bizi hakyt göräýdi. Menem onuň görenini gördüm. Gyssanjyma oňa tarap elimi bulan bolaýmagymam ahmal. Kyn güne galdym. Düşjek wagtym ol oglandan: Howwa, näme aýtjak zadyň bardy, diýip soradym. Ol rula ýaplanyp oturşyna ýüzüme naýynjar garady-da: «Men indi dogrudanam gelmäýinmi», diýdi. Howwa, gelme, diýdim. Başga aýtjak zadyň barmy, diýen soragyma bolsa ol ysgynsyzlyk bilen başyny ýaýkady-da, göni öňe seredip: «ýok», diýdi. Men düşdüm. Ind-ä dynaýan bolsam gerek, diýip, oýlanýan. Ýöne, indi Erkine näme jogap bermeli? Bu bolan işi oňa indi nädip düşündirmeli? Ýerime baryp jaň edýän welin ýene-de şo-ol, düýnki hereketler gaýtalandy durdy. Sesimi eşitdigi trubkany goýýar. Agşam öýüne jaň ederin ýa-da eritr arakesmede ýanyna baryp düşündirerin, diýen pikir bilen özümi köşeşdirdim. Gün welin ýyla döndi. Sagat alty bolandanam tüweleý ýaly alahasyrdy bolup gapydan çykdym. – Jemal gözlerini tegeläp ýüzüme seretdi. – Bilýäňizmi kim dur ekeni gapyň agzynda?

-Kim?

-Ýene-de şol oglan.

– Ak maşynlymy?

– Howwa. Özem hakyt gapynyň agzynda dur. Işdeşlerimem gapdalymdan zybyrt-zybyrt geçişip durlar. Olardanam öler ýaly çekinýän. Näme gerek, näme üçin geldiň diýip soramaga bolsa mejalym ýok. Şo-ol ýüzüne seredip aňkarylyp durun. Bir erbet boldum, jan dogan. Ol bolsa agzynyň ýetişibildiginden ýalbarýar: «Şu gezegem mün, aýdyp ýetişmedik zadym bar, soň seniň ýoluňy kessem adam bolmadygym» diýýär. Näçe wagtlap ýaýdanjyrap duranymy bilemok, bir görsem maşynyň içinde otyryn. Ol bolsa meniň öýüme däl-de, düýbünden ters tarapa tutduryp barýar.

Erbet gorkdum. Sen meni nirä alyp barýaä, sakla maşynyňy, men düşjek diýip, gygyrdym. Açmak niýeti bilen gapnyň tutawyjyna ýapyşdym. «Gorkma, arkaýyn gürleşer ýaly bize asuda ýer gerek – diýip, ýigit parahat gürledi. – ýa kafeleriň birine baraýalymy?..» «Ýok, ýok köpçülikde bir görünmäliň, asla-da maňa indi siziň maşynyňyza münmek bolanok, diýdim. Hä diýmänem howa garalyp ugrady. Ýigit meni şäheriň daşyndan aýlanyp gidýän ýola çykardy. Birdenem maşynynyä tizligini haýallatdy-da, çaga ýaly ýyrşarylyp ýüzüme seretdi: «Maşyn sürmäni öwrenesiň gelýämi? Öwrenjekmi? Öwredeýinmi?» Dogrymy aýtsam maşynly bolmak, maşyn sürmek meniň öňräkden bäri edip gelýän arzuwymdy. Şol arzuwymyň iň bolmanda ýarysyna bir ýetmek üçin, men maşynym ýogam bolsa, sürüjileriň okuwyna-da gatnapdym. Hukuknama-da alypdym. Şonuň üçinem ol oglanyň şo teklibi şol wagt maňa şeýle bir hoş ýakdy welin, höwes, isleg bar zatdan üstün çykdy. Men hatda ondan meni ol ýere näme üçin eltendigini soramanam, wagtyň giçdiginem, çagalarymyň birini merkezden» beýlekisini bakjadan almalydygymam, unudyp: Howwa! Süresim gelýä, diýip, gygyrypdyryn. Muňa ýigidem begendi. Şonuň üçinem ýylgyrjaklap oturşyna meniň bilýän-bilýän, diýip öwran-öwran gaýtalap oturanma-da bakman ilk-ä: «Ine bu tormozy, bu gazy, bu sipleniýesi bujagaz somalyp duran zadam nemesi... tizlik çalyşýany... – diýip, «instruksiýa» okady. Soňam meni ruluň başynda oturdyp özi gapdalyma geçdi. Elimden tutup ryçagy birinji tizlige geçirmäge kömek etdi. «Indem usullyk bilen sipleniýäni goýber-de, çalajadan gazy bas...» diýdi. Aýdanlaryny etdim. Maşyn ýöredi. Ony hakykatdan-da özümiň

herekete getirendigime ynanmajak boldum. Dogry, sürüjiligi okaýarkamam men maşyn sürüp görüpdim. Ýöne, ondan bäri köp wagt geçipdi. Begenjimden ýaňa tas, guş bolup uçupdym. Aklymy haýran eden bu geň waka barada agşamlyk çaý başynda çagalaryma-da gürrüň bererin diýip, göwün ýüwürtýändigimi bilýän. Belki, Erkine-de aýdaryn? Howwa, howwa, hökman aýdaryn. Çünki bu ýere üýtgeşik zat ýok ahyry. Birdenem dilime buýrubilmän o görgülini nägünlere düşendigimi ýatladym-da, o pikirimi goýbolsun etdim. Maşyn bolsa ýuwaşjadan gidip barýar. Göwnüme bolmasa, ol ýigit maňa barha gysmyljyraýan ýaly. Ruly aýlamaga kömekleşende aýasyny elimiň üstüne goýýar-da, wagty bilen aýyranok. Ine-de ol elini meniň dyzymyň üstüne goýdy. Men birdenkä özüme geldim. Iki gözümem ýola dikip oturşyma howply hereket edäýmezlik üçin: Muny nädip saklamaly diýdim. «Gazy goýber, indem «sipleniýäni» bas-da ryçagy «yskordan» çykar, indi bolsa tormozy bas...» diýip, özbaşyna gepleýän ýaly hümürdäp oturan ýigit maşyn togtansoň goluny boýnumdan dolap aldy-da, ýaňagymdan agyz urmak üçin bat bilen özüme çekdi.

Erkiniň ýöne ýere janyny ýakmaýandygyna, bir bähbidi bolmasa erkegiň aýala hyzmat etmejekdigine men şonda ýene bir gezek göz ýetirdim. Onuň aýdanlaryna wagtynda gulak asmandygym üçin gynandym. Men onuň elinden sypdym-da, siltenip daş çykdym. Maşynyň o tarapyna aýlandym. Sag tarapky gapysyny açdym-da, henizem äm-säm bolup oturan ýigidiň ýüzüne gazaply garap: Bar, ýeriňe geç, diýdim. Geçdi. Men öň öňde, onuň gapdalynda oturyp gelen bolsam, indi yzky oturgyja geçdim. «Sür!» diýip azmly gepledim! Elbetde, asyl-ha ol maşyna münmesemem bolardy, ýöne, wagt giç, ýer çola, şäherdenem ep-esli daşlaşypdyrys, ondan galyp ýene kime sataşjagymy Hudaý bilsin. Onuň özüniňem güýje daýanyp zoruna tutubererinden gorkym ýok däl. Sag-aman şähere siňibilsem galan zadyň bir alajy bor diýip, saňňyldap otyryn. Ýigit welin howluganok. Ýerine geçenden soňam maşynyň o ýerini bu ýerini gorjalan bolup otyr. Hatda açarynam towlanok. Ahyram gyýalap ýüzüme seretdi-de, öňküleri ýaly mähirli däl-de, sowuklaç ýylgyrdy: «Gürleşibem-ä ýetişmedik». Ýetişdik, kemini goýmadyk, mundan artyk geçsek bar zat bulaşar, men hemmesine düşündim, sür gideli, diýdim. Ol goltugyndan hemmesi ýüzlükden ybarat bir daňy dollar çykardy-da, iki sanysyny sogrup aldy, bärisine öwrülibem olary meniň etegime oklap goýberdi: «Ine, her aýda

şuny berýän. Regulýarno. Söwdam oňan wagty ondanam paýyňy bererin» Meniň ondan şol wagt: Sogap üçinmi, çagaň bolary üçinmi, diýip sorasym geldi, ýöne kejeleşip wagt ýitiresim gelmedi, şonuň üçinem, etegimdäki täzeje ýaşyl ýüzlükleri garbap aldym-da, maşynyň äpişgesinden zyňyp goýberdim. Ýigit: bu näme etdigiň boldy, diýýän manyda ýüzüme allaniçiksi bolup seretdi-de, şakyr-şukur gapyny açdy, daş çykdy, adaja şemalyň ugruna eýýämhaçan gara ýol bilen şähere tarap bökejekleşip ugran pullaryň yzyndan ylgady. Ýetip biriniň üstüne howala boldy. Egildi. Aldy. Oňa çenlem beýlekisi asfaltyň ýüzi bilen gaýyp gitdi-de, ýoluň aňry ýüzündäki çöp-çalamlaryň arasyna siňdi. Ýigit näler şol tarapa topuljakdy welin, şol pursat daşary ýurtlardan ýük daşaýan on tigirli, ullakan maşyn ulýala «arryldy» bolup onuň öňüni kesdi. Ýelginem ýaňy bir ýere gonup ýetişen ýüzlügi garbap aldy-da, dik asmana göterdi. Soň ol pul ýene-de ýere düşdümi ýa düşmedimi, düşäýende-de nirä düşdi, ony men bilemok, ýöne, ýüzüni sallap gaýdyp gelende o ýigidiň elinde ýekeje ýüzlügiň bardygyny welin magat bilýän. Ol kabina gireninden soňam sortdurylyp ep-esli oturdy. Şuň biri sen sebäpli ýitdi, diýýän manyda elindäki ýeketäk ýüzlügi maňa tarap çommaltdy. Ahyram ony iki epledi-de, emaý bilen gursak jübüsine saldy. Maşynyny otlady. «Wazyrdadyp» yzyna öwürdi. Şäheriň lowurdaşyp duran al-ýaşyl çyralary, belent ymaratlary kem-kemden bize tarap süýşüşip başladylar. Olara golaýlaşdygymyzsaýy göwräm giňeldi. Birdenem ýoluma göz dikişip oturan gyzjagazlarym ýadyma düşdi-de, ýüregim «jigläp» gitdi. Agym tutdy. Öz-özüme gaharym geldi.

Şol pursat bir ýerden Erkiniň atylyp çykaga-da, özümi suwasalma ýenjerini isledim.

Şähere giren ýerimizde men ol ýigitden maşynyny saklamagy haýyş etdim. Tanşalymyz bäri çen bilen her günüme on bäş manatdan hasapladym-da, ep-esli manady «patyladyp» paneliň üstünde goýdum. Iki gözümiň içine seredibem: Bagyşla, etegiň bolmansoň şu ýerde goýmaly boldum. Az görseň habar edäý, ýene goşaryn, diýdim-de özümem, Erkinem şunça belalara sataşdyran maşynyň içinden suwulyp çykdym. Edil bilgeşleýin-ä etmedim welin, elbetde, gaharym gaty gelendir-dä, gapysynam «gürpüldedip» ýapdym. Elimi galdyryşym ýalam bir maşyn gelip gapdalymda saklandy. Barjak ýerimi aýtdym. Nyrhyny aýtdy. Razylaşdyk. Sürüji tä barýançak sesini çykarmady.

Merkezde Zübeýda bilen ýene iki çaga galan ekeni. Biri oglan, biri gyz. Özlerem meňzeşje. Diýmek, dogan bolmaly. Oglanjygyň gözleri gorkuly. Ulurak bor-a çemeli, gyzjagazyň oturşy parahat. Mert. Men Zübeýdany alyp ugranymdan ol ýerinden turdy-da, ýüzüme çiňerilip: «Meniňem ejem gelermikä» – diýdi. Geler, geler, hökman geler diýdim. Hamala heniz bolup ejesiniň gelmändigine özüm sebäpkär ýaly ojagaz çaganyň öňünde erbet utandym. Bir ýerlerden tasap çykan nobatçy gelniň kime aýdýandygy näbelli terzde ýüzüni tossardyp: «Ine, şeýle-dä, birentek adamlar şuňňaly-da, öz çagalaryndanam bizar-da...» diýenini eşidib-ä hasam erbet boldum.

Öýe gelenimden soň ur-tut Erkine jaň etdim. Bu gezek ol trubkany goýmady. Men agzymyň ýetişdiginden gürläp başladym. «Erkin! Gulak sal! Trubkany goýma! Diňle! Şu gün irden meni ýene şo maşynda göreniňi bilýän. Ýöne, ynan bu hakykatdanam iň soäky gezek boldy. Bergidar galmazlyk üçin men onuň bilen hasaplaşmalydym. Şeýle-de etdim. Iň soňky köpügine çenli sanap berdim...» diýdim. Ol welin şonda-da dymýardy. Men bolsam onuň birdenkä ýarylaga-da: «Onda işden soň oň bilen şäheriň daşyna näme üçin gitdi? Ony näme bilen aklajak? Ýa ol ýerigem hasaplaşmak üçin gitdiňmi?» – diýip, gygyrybererinden gorkdum. Şeý diýäýse näme jogap berjegimi bilmän ýaýdandym. Hern-ä ol o barada hiç zat diýmedi. Diýmek ol ony bilenok. Şeýle-de bolsa şol hereketim üçin onuň öňünde özümi hasam müýnli duýýaryn. Ýeňilkelleligim üçin öz-özümi ýigrenýärin. Ahyrsoňunda gözlerimi ýaşa dolduryp: «Erkin! Şundan şu ýana şol maşyna tarap gyýalap garanymy görseňem ýüzüme tüýküräň», diýenimden soň az-kem gowşady. Men muny onuň assa-ýuwaş ardynjyrap ugranyndan duýdum. Bu onuň niýetini bagyşlamaklyga diken wagty edýän hereketleriniň başlangyjydy. Umumanam onuň sähelçe mümkinçilik dörese maňa ynanasy, bagyşlasy, ýaraşasy gelýärdi. Özüniň edip ýören göwnigaraçylykly hereketleriniň düýbünden puç, ýalan bolup, meniň bolsa ak bolup çykmagymy isleýärdi.

Şonuň üçinem ol ýene bir gezek çalaja ardynjyrady-da dawaly gürrüňiň üstündenem barman ýuwaşlyk bilen özümiň, çagalarymyň ýagdaýyny sorady.

Şol oglan baradaky eden pikirleriniň dogry bolup çykandygyny, niýetiniň dogrudanam gowy däl ekendigini, haýyr-sahawata perdelenip başga zatlaryň kül-külünde ekendigini welin men barybir Erkine aýdyp

bilmedim. Çünki, bu ýene-de onuň derdini täzelejekdi. Täze-täze öýkeleşiklere sezewar etjekdi.

### 3

– Şol iki wakadan soň ol barybir aýňalyp bilmedi. – diýip, Jemal az salymlyk ara düşen dymyşlykdan soň sözüni dowam etdirdi. – Meniň her bir ädimimi yzarlady ýördi. Iňňän uzaga çeken hupbatly ýyllar başlandy. Söýgüniň humaryna gark bolan lezzetli günler gutardy. Men özümiň iňňän uly hata goýberendigime, Erkinem, özümem öz elim bilen çoçgara çolaşdyrandygyma düşündim. «Men indi diňe Erkiniň akyl-paýhasyna bil baglap biljekdim. Ýöne, bar zat tersine boldy. Ol aklyndan asgyn çykdy, «was-wasa» ulaşdy. Däliredi. Bäş minut ýerimde tapylmasam, meni gözläp, hars urup başladym...

Şol wagtam hyzmatkär gyz geldi. Boşan gap-gaçlary, galan-gaçanlary ýygnaşdyrdy. Ýene näme isleýändigimizi sorady. Men: özüň aýdaý, diýen manyda Jemala yşarat etdim. Ol aşak bakyp oturşyna gyza tarap nazarynam aýlaman:

– Ilki, kofe, soňam doňdurma getiräýiň – diýdi.

Men kofe içemokdym. Şonuň üçinem, hyzmatkär gyzdan berkje demlenen gök çaý getirip bermegini haýyş etdim. Onuň giderine mähetdel Jemal:

– Howwa, şeýdip ol durmuşdan ýadady. Özem men zerarly ýadady – diýdi.– Şolar ýaly pähimli, paýhasly adamy yşk bozdy. Aşyklyk onuň ömrüni zaýalady. Häsiýetini üýtgetdi. – Jemal ýene-de bir nokada bakyp ep-esli dymdy. – Şondan soň köp wagt geçmänkä meni öz edaramyň üsti bilen iki aýlyk Moskwa okuwa iberdiler. Entek öňki urgudanam doly açylyp ýetişmedik Erkin muňa erbet gynandy. Ýöne, bu gezek maňa ynanmazçylyk edýändigi üçin däl-de, iki aýyň aýraçylygyna döz gelmekligiň kyn boljakdygy üçin, gidýändigimi aýdanymdan dik duran ýerinden aşak çökdi-de, içini tutdy oturyberdi. Çünki, ol meni örän gowy görýärdi. Esasy betbagtçylygam şondady.

Şol iki aýy aýralykda geçirmek meniň üçinem kyn boldy. Erkinsiz ýaşap bilmejekdigime menem şonda ymykly göz ýetirdim. Elbetde, Moskwa şagalaňly, owadan, köp adamly uly şäher. Üstesine biz her dynç alyş günleri Moskwadan çykyp Tula, Rýazan, Wladimirsk ýaly gadymy şäherlere syýahata gidýärdik. Bir gezeg-ä hatda trustlere

goşulyp Peterburga hem gitdik. Emma o zatlar meniň gözüme-de görünmedi. Göz öňümde hemişe Erkiniň aladaly, ýadaw keşbi gaýmalaklady durdy. Hamala ol gapdalymdan syn edip duran ýaly, birdenkä gapdalymdan «zompa» çykaga-da: «Näme işläp durduň muň bilen», diýäýjek ýaly, bir adam bilen bäş minutdan artyk gepleşip durup bilmedim. Sähelçe aýralyk ara düşenden Erkini beýle küýsärin diýip dagy ýadyma-oýuma-da düşenokdy. Ahyram saklanybilmän Aşgabada öýüne jaň etdim. Ýadyma düşýä, günortan çaglarydy, çak edişime görä Erkin şol wagt öýde bolmalydy. Çünki, o döwrem onuň işsiz oturan wagtlarydy. Diýşim ýalam boldy. Trubkany özi aldy. Ýöne, sesi diýseň solgun çykdy. Sebäbi, aýaly öýde ekeni. ol muny maňa aýlawly sözler bilen düşündirdi. Özüm gepledim, özüm goýdum. Ýöne, şondan soň az-kem köşeşdim. Ýüregim ýerine gelen ýaly boldy.

Aşgabada gaýdyp gelenimde ol meni uçargähde garşylady. Iliň gözüniň öňünde gujaklaşyp görüşäýmekden zordan saklandyk. Şähere gelýärkäk maşynyň içinde men oňa aýlanan şäherlerimdäki Peterburgdaky we Moskwanyň özündäki düşen suratlarymy görkezdim. Gören zatlarymy gürrüň berdim. Ertesi hylwat jaýymyzda duşuşmagy wadalaşybam hoşlaşdyk. Men öz öýümiň deňinde düşüp galdym.

Gatnaşygymyz gün-günden gowulaşyp, deňiz, ak maşyn zerarly ara düşen doňaklyk kem-kemden eräp ugrady. Ikimizem ýene-de başkymyz ýaly ýalykda duşumyzdan geçip, indem ömrümiziň ikinji bahary hökmünde gaýdyp gelen söýgümiziň hözürini görýärdik. Lezzet alýardyk. Men mümkin boldugyça onuň gaharyny getirmejek bolýardym, gabanjaňlyk duýgularyny oýaryp bilaýjek hereketleri etmejek bolýardym.

Şeýle-de bolsa, meniň ýalňyşym zerarly, ýene bir gezek aramyza sekiz aýyň aýraçylygy düşdi. Erkin meni adamym ýogalandan soň, tä ýyly geçýänçä aýadyny-töwürini sowup beren garyndaşyndan gabandy.

– Habarym bar, o zatlardanam habarym bar, – diýip, men Jemalyň sözüni bölmezlik üçin iňňän seresap gürledim. – Ýöne men bir tarapyny bilýän, siz tarapyny eşitmek bolsa meniň üçin has möhüm hem gyzykly.

– Men ol adamy öň bir gezegem görmändim. Ol meniň durmuşymda adamym ýogalandan soň peýda boldy. Özüni onuň garyndaşlarynyň biri diýip tanatdy. Şonuň üçinem, men ony turuwbaşdan maşgalamyzyň hossary hökmünde kabul etdim. Dogrusyny aýtsam nirede oturtjagymy bilemokdym. Edýän hyzmatlary üçin berýän

aklyklarymdan, düwünçeklerimden kes-kelläm boýun gaçyrýandygy üçin men onuň hakyky hossardygyna ynanýardym. Ol her gezek: «Ýok, ýok, men sizden zat almaly däl, gaýtam bermelikömek etmeli», diýýärdi. «Jigijiklerim...» diýip, gelende-gidende gyzjagazlarymyň başyny sypalaýardy. Ýaňajyklaryndan ogşaýardy, odur-budur zatjagazlar äberýärdi. «Menem sizden az iýemok şu öýden», diýip, käte bäş-üç kilo kartoşkajyk, sogan, pomidor ýaly önümlerem getiräýýärdi. Dogry, getirýän zatlarynyň hili pes, bazardaky iň arzan harytlar, şeýlede bolsa nätjek biziň üçin, şolam uly kömekdi. Büý-ä bir tüýs, köne düzgüni, inüw-çykuwy ýagşy bilýän hakyky türkmen ekeni-ow, diýip, öz ýanymdan oňa köp-köp minnetdar bolýardym. Dogry, käte ol ýanymda oturyp aýalyny ýamanlaýardy. «bir amatlyja maşgala tapsam şonymy täzelejek» diýýärdi. Men bolsa şonda-da göwnüme zat getirmän: Aý, şu çaka çenli oňuşan bolsaňyz oňuşyberseňizläň, diýip, oňa göwünlik berýärdim.

Adamymyň ýyly geçenden soň, ol ymykly gider, hossarsyz galaryn, diýip, dogrusy soňabaka darygyp ugradym, emma ol gitmedi. Öümiň odur-budur hyzmatyny edip geziberdi. Özüniň welin elinden gelmeýän zat ýok. Ökde ussa. Demir bolsun, agaç ýa aýna bolsun, tapawudy ýok, daş edýä. Öýçülikde-de näme, erkege bagly iş gytmy. Bir gün suw kranyň döwülýä, bir gün turbaň deşilýä, ýene bir gün gapyň ýarsýa, aýnaň çat açýa, penjiräň petlesi süýşýä, iň bärkisi lampaňy, rozetkalaryňy çalyşmaly bolýa, garaz, hysyrdysy ýetik. Şol zatlar üçinem men öňi-soňy kimem bolsa birine ýüz tutmaly. Erkin-ä öýe getiribilemok, getiräýenimde-de o zatlardan baş çykaryşy meňkiden öwerlikli däl. «Hossar» bolsa baýaminnet eip ýör. Juda iş bolmasa bir ýerlerden tapyp getiren uzyn saply bozagan sübsesi bilen men işe giden wagtym howlyny süpürýä welin boş oturanok. Yzyndanam gowy suwlaýa. Haýyş eden wagtym gyzlarymam okuwa äkidip getirýä.

Ine, adamymyň sakydy sowulandan soňam onuň şeýdip ýörşi Erkine ýaramady. «Edil eýäň ýaly howluňa arkaýyn girip çykyp ýör. Bu gowy däl. Hernäçe garyndaşsyrasa-da niýeti düzüw däl, hälem bolsa wagt bar, egleme-de kow», diýdi. Men muny gaty gördüm. Sen meniň bähbidime çapaňok, bileniň biteniň gabanjaňlyk» diýip, öýkeledim.

Şol ikiarada-da karz-kowal edip gapymda gazly suw budkajygyny açdym. Satyjy gözledim. Ýene-de dadyma molla garyndaşymyz ýetişdi. «Satyjy tutsaň puluň bibereket bolar, men özüm ýörederin, näme düşse-

de, gylyny gyşartman eliňe bererin, maňa hiç zat gerek-gä, saňa kömegim degse bolýa şol», diýdi. Men muňa öňkümdenem beter begendim.

Şondan soň her gün işe gidenimde öýüň açarynam oňa goýup gitdim. Sebäbi günuzyn şol ýerde bolansoň arasynda namaz okamaly, täret etmeli, iýmeli içmeli bolýardy. Men oňa günortan iýeri ýaly nahar edip, sowutgyja salyp gidýärdim.

O zatlary bilensoň-a jan dogan, Erkin halys gyzyl däli boldy. «Hä-ä, açaryňam berdiň dälmi, öýüňe-de goýberdiň dälmi, goşuňyzam birikdirdiňiz dälmi, indi ikiňizem allanäme bir gapydan girip çykýaňyz dälmi, diýen ýaly henize çenli aýtmadyk sözleri bilen halys gulak etimi guratdy. Men ýene-de oňa gulak asmadym. Pitiwa bermedim. Sebäbi, şol adamyň hossarçylygy bilen meniň ýeke bir öý işlerim däl, eýsem telekeçilik işimem ýöräp durdy.

Bir günem men işde wagtym Erkin öýe gelipdir-de, eýlesinden bir baryp, beýlesinden bir baryp ony gepledipdir. O-da: «Men Jemala ony äberdim, muny äberdim», diýen ýaly ýalan – ýaşryk gepler bilen munuň ýüregini çişiripdir. Bu-da onuň aýdan zatlarynyň ählisini bir kagyza ýazypdyr-da, sanaw düzüpdir. Şeýdibem şol günüň özünde günortanyň öň ýany jaň etdi, «çyk, seň bilen gürrüň bar», diýdi. Çykdym. Haty berdi. Şol aralykda: «Ýeke bu-da däl, ol seň bilen nikalaşmak barada hem gürrüň gozgaýarmyşyn, sen bolsaň: O zatlara entek howlukmaly diýýärmişiň» diýen sesem gulagyma geldi.

Ozaldanam-a ýarylaýasym gelip durdy welin, ony eşidib-ä hasam erbet boldum. Erkin şol wagt meniň gözüme gabanjaňlyk zerarly mettebesini ýitirip özüni halys aýak astyna taşlan, nalajedeýin, gowşak biçäre adam bolup göründi. Şeýle-de bolsa, bolup durşy menden ymykly elini üzene meňzeýärdi.

Ýöne, men oňa barybir hiç hii düşündiriş bermedim. Özümi aklajagam bolmadym. Içi ýananyň ýylgyryşyny edip durşuma hatly kagyzyny eline gaýtaryp berdim-de, öwrüldim ötägitdim. Birki agyz ajy söz aýdan bolaýmagymam ahmal.

Erkini unutmak maňa başda juda kyn düşdi. Ýatsam-tursam göz öňümden aýrylmady. Girsem-cyksam gapdalymda bar ýaly boldy durdy. Hatda köçede barýarkam, göwnüme ýoluň o tarapynda maňa gözüni dikip duran ýalydy. Gijeler gyzjagazlarym ýatandan soň ýeke özüm oturyp aglaýardym. Sahabyna goluny çekip, ýadygärlik ýazgy ýazyp

beren goşgular kitabyny çykarýardym-da, gyýa garap oturan, ösgün saçly suratyna seredip: «Özüňden gör, Erkin, öz «was-waslygyňdan gör, men nädeýin, halys uwnup-çydar ýaly etmediň-ä, gara günüm, bähbidim üçin edýän hereketlerimem ýaramazçylyga ýorduň-a...» diýerdim.

Şonda, kitabyň sahypalary meniň göz ýaşlaryma ezilerdi. Men bolsam ýene-de onuň suratyna bakyp: «Eýsemde bolsa biz indi hiç haçan görüşmerismi? Duşuşmarysmy?» – diýip, sorardym. Ýene-de öňküleri ýaly jaň etmegini, ýaraşmak üçin ir ertir, giç agşam gapymyň agzynda, penjirämiň öňünde köwejeklemegini, ýalbar-ýakar etmegini isleýärdim. Hudaý meniň dilegimi kabul etdi. Arasyna on-on bäş gün salyp, Erkin, iki gezek, bir gezeg-ä öýden çykyp işe barýarkam, bir gezegem işden çykyp öýe gelýärkäm öňümden çykdy. Onuň ýüzi-gözi argyn, ýadaw görünýärdi. Ejir çekýändigi bildirýärdi. Ony ömürlik ýitiräýmändigime begenenem bolsam, gyňyrlygymyň ugruna gidip ýüz bermedim. Gaýtam ýüzüni aldym. Öýe baranymdan soň welin, eden işime ökündim. Gynandym. Doňýüreklik edip Erkiniň ýüküne ýük urandygym üçin puşman etdim. «Gelmen» diýip gitse-de, honha, gelipdir-ä, durup bilmändir-ä, sen bolsaň onuň salamynam almadyň, gedemligiň ugruna gidip öz göwün küýsegiňden ýüz öwürdiň, diýip, öz-özüme käýindim. Şeýle-de bolsa öz ýanymdan günäniň ondadygyny terkarlaýanymy kem görmedim. O-da soň ondan artyk gadryny gaçyrjak bolup durmady. Gelmesini kesdi. Şeýdibem, sekiz aýa çeken aýralygyň jebirli günleri başlandy.

Ýöne, Erkiniň çakynyň çyn ekendigine men şondan soň aý ýarym hem geçmänkä göz ýetirdim. Görüp otursam ol bende Erkine aýdan sözlerini ýanyna gelene aýdyp ýören bolsa nätjek! Bu zatlar maňa kem-kemden aýan boldy. Şeýle-de bolsa men belli bir karara gelmäge howlukmadym. Takyk anygyna ýetmän, şonça wagtlap hyzmatyňy edip ýören adamy ur-tut kowup goýberäýmegem birhili. Oňa-da delil gerek. Tutaryk gerek. Ol eý diýdi, bu beý diýdi bilen etseňem onda meňkem Erkiniňki ýaly howaýy bir zat boljak.

Ýöne delil üçin uzak garaşmaly bolmady. Tutarygam tapyldy. «Her zadyň öz wagty bar» diýlişi ýaly şondan soň uzaklaşdyrman, mollanyň özünden-özi syryny açdy oturyberdi. Perdesini syrdy.

...Şol gün anna günüdi. Öýlänaralar molla dükanda işläp otyrka ejem görme-görşe geldi-de, agşamlyk yzyna gidende gyzjagazlarymam ýany bilen ýatymlyk alyp gitdi. Muny molla-da gördi. Şol pursat birhili

içiniň gülendigini men onuň gözleriniň ýyltyldysyndan aňdym. Inimem bir zat syzan ýaly boldy. Hä, indi gitmez-ow şü, gitmeli wagtynda, diýip, elewräp ugradym. Edil pikir edişim ýalam boldy. Budkany ýapandan soňam gitmedi. Eýwandaky agaç sekiniň üstüne çykdy-da: «Öli aýatdan doýmazmyş, gel, Jemal senem otur şu ýerde ylaýyk juma gijesi bendä degsin edeli diýip, şo-ol, süre yzyna süre, aýat yzyna aýat okady oturdy. Ellerimi serip dik oturmakdan ýaňa biloňurgam ýazara geldi. Onuň bolsa öwrenenje käri, göwni bir ýaly. Hä diýmänem ýassy namazynyň wagty geldi. «Öýe barýançam wagty geçer, şu ýerde okaýaýyn-la» diýip, onam okady. Gitmäge welin hyýalam edenok. Eýesiz maşgalanyň öýünde, gijäniň bir wagtyna çenli somalyp oturmaga özem ejap edäýmeli ýaly welin, piňine-de däl.

Şol wagtam Erkiniň baýaky: «Ussany gijäniň bir wagtyna çenli öýüňde saklapsyň» – diýip, meniň bilen käýinişeni ýadyma düşýä. Hä, dogry aýdan ekeni-ow, daşyndan seretseň gelşiksiz ekeni-ow, diýip, onuň bilen şunça wagtdan soň ylalaşýan. Ugradara bahana gözleýän. Ahyram: ejeme jaň etsem-ä bir zat bolaýdymyka ddiýip gorkar, diýdim-de, iki çagaly özüm bilen dertdeş, deň-duş adamsy bilen aýrylyşyp ýeke ýaşap ýören Senem atly joram bardy, ine, şoňa jaň etdim. Çagalaryňam al-da, ýatymlyk gel, özüňem çalt gel, eglenme, diýdim. Ukudan oýaran bor-a çemelim, «A gyz aklyň bir ýerindemi eýýäm gije sagat on ikiniň ýary boldy, çagalaram ýatyr» diýdi. Senemiň sesi garjaşyk, gorkuly çykdy. Sagat ýüz bolanam bolsa gel, gep gutardy, çagalaryňam turuz, özüňem şu wagt zat sorama, sebäbini gelensoň aýdaryn, diýdim. Ýarym sagat geçip-geçmänkä ýetip geldi, henizem ukudan doly açylmadyk çagalarynyň elinden tutup. Üçüsem aýak aldyklaryna pallaýarlar. Ýüzleri ýelli, gabaklary pökgerişip, kirpikleri biri-birine çolaşyp dur. Senem aşhanada aşak bakyp, içini hümledip oturan mollany görüp: «Munuň näme gyz» diýýän manyda gözlerini tegeläp ýüzüme seretdi. Men sesimi çykarman ony çagalary bilen törki jaýa geçirdim. Öňlerinde çaý, süýji, köke goýdum. Usuljyk bilen Seneme näme üçin çagyrandygymyň sebäbini aýtdym. Ol: «Entek diýen zady, eden hereketi ýok dälmi» – diýdi. «Ýok, enteg-ä bolan zat ýok, ýöne, gorkym bar, hemişe budkany ýapdygy gidýädi, bu günki bolup oturşy welin göwnüme jaý däl, Erkiniň aýdanlary dogry bolup çykjak öýdýän, asyl şu gün ýüzi-gözem öňküsi ýaly däl» – diýdim. «Biderek howsala düşýänsiň-le, jan jora, öz-ä molla adam, üstesine-de äriň garyndaşy

bolsa... Aý, ýok, belki ýarawsyzlyk dagy tapynandyr-da...» diýip, Senem göwünlik berdi. Ýöne, onsuzam ol geleli bäri biraz arkaýynlaşypdym. Gider, gitmese-de ýeke däldigim üçin batyrnyb-a bilmez, galanynam görübermeli bor-da, diýen netijä gelipdim. Ol welin, şonda-da gozgananok. Bir görsem Senemiň çagalar-a oturan ýerlerinde sermagallakdan gaýdypdyrlar-da, ellerini serşip, agyzlaryny açyşyp ýatyrlar, özüniňem gözleri süzülip ýere siňip barýar. Men olara düşek salyp berdim. Ýatyrdym. Özümem ýüregimi bire bagladym-da, aşhana baryp: «Molla aga gaýdyň, giçden soň beýdip oturmaň, bizem ýatmakçy, egerde ýaramaýan bolsaňyz, şu ýerde düşek ýazyp beräýeýin» – diýdim. Ol başyny galdyryp maňa seretdi. Ýylgyrjak bolan bolsa gerek, galyň dodaklary müňküldedi, ýöne, çyzylmady. Hemişeki, sähelçe bahana bolsa syrtarylyp çykýan sargylt dişleri bu gezek görünmedi. Birdenem ol ellerini ýere diräp ýerinden turdy-da, leňňerli ädimler bilen maňa tarap ýöneldi. Golaýlady. Gelşi ýalam owsun atdy-da, garsa gujaklady. Ilk-ä gollaryny gollarymyň aşagyndan geçirjek boldy, o başa barmansoň boýnumdan dolap aldy, ogşajak boldy. Şol wagtam burnuma ýap-ýaňyja soýlan goýnuň içegeleriniňmi, kelle-aýagyňmy ýa çig deriniňmi ýürekbulanjy agyr ysy urdy. Şol ys onda hemişe-de bardy, gapdalymdan eýläk-beýläk geçende aňrym bärime gelýärdi, «Şol porsy ysy bilen şony nädip öýüňde saklaýaň» diýip, ejemem häli-şindi käýeýärdi, ýöne, bulr ýaly ýakynlaşyp görmämsoň nägerek-eýle çydajak bolýardym. Şol gezek welin bar aladam onuň özündenem beter ysyndan dynmak boldy. Men «pü-üwf...» etdirip bir elimiň aýasy bilen burnumy tutdum-da, beýleki elim bilen onuň döşünden itdim, ýüzünden penjeledim, garaz, golaýyma goýbermedim. Şol aralykda-da: Şumy seň maňa hossarçylyk edişiň? Niýetiň-päliň şumydy asyl seniň – diýmäge ýetişdim. Goňşy-golamlaryň ýanynda eden gürrüňlerinem ýüzüne basdym. Haýalçyramakdan geçen gaýtam ol ýüzüni erbet bir eňşetdi-de: «Jögüsireme! Sen näme şu çaka çenli bileňokmydyň meň nämüçin şeýdip ýörenimi? Biz eýýäm bir ýyl bäri bir öýden bile girip-çykyp ýörüs. Ony uly ilem bilýä. «Bize indi diňe nikalaşaýmak galdy» – diýdi. Şondan soň meniňem ýüzüm ýyrtyldy: «Bäş wagtyna namaz okap ýörsüň, özüňi bize hossar, ärime garyndaş saýyp ýörsüň, bir ýyl bäri duzumy iýip ýörsüň. Ilden-günden utanaňokmy? Hudaýdan gorkaňokmy, nikalaşar ýaly näme bolupdyr ikimiziň aramyzda – diýip, sesime bät berdim. Ol mendenem beter gygyrdy. «ýok! Çekinemok!

Utanamok! Ilden utanýan bolsam bir ýyllap gapyňda gul bolmazdym. Hudaýdan gorkýan bolsam sen zerarly çagalarymdan jyda düşmezdim. Gazananjamyň gylla ýaryny seň içeriňe siňdirmezdim». Şeý diýdem welin ganym depäme urdy: «Näme siňdirdiň sen meň içerime? Näme getirip berdiň sen maňa? Äberdim diýip iliň ýanynda sanan zatlaryň-ňa barysy meň öz satyn alanlarym. Ýöne, şu öýe aýak seken günüňden bäri ýekeje sogruntgy getirenem bolsaň hasapla-da aýt, baryny tölejek. Okan aýat-gurhanlaňňam goş şo zatlaryň üstüne. Karz diýip berenleriň-ä ertiriň özünde gaýtaryp bererin... Suw satanyňa näme düşýän bolsa onam hasapla. Beýle bet niýetiň bardygyny bilen bolsam başda goýbermezdim men seni gapymdan. Aç ölsemem iýmezdim men seň bir döwüm nanyňy. Çagalaryma-da iýdirmezdim. «Hossar men, hossar men», diýen bolup asyl seň hossarlygyň aňyrsynda munça-munça bet niýetler ýatan ekeni-ow» diýdim. Soňam holodilnigiň üstünde ýatan keltejik, ýogyn oklawymy aldym-da, gara gürji ýaly garşymda «jöw-jöw» edip duran mollanyň depesinde dalawladyp başladym, «Ýok bol! Namart! Nalajedeýin! Ýüregi ýüzünden, ýüzi ýüreginden beter gara päliýaman! Umytly ojagymyň içinde oturyp seň üçin eden dogaýy dileglerim gözüňi tutsun! Törüme geçip okan namazlaryň syh-syh bolup böwrüňden çyksyn» - diýdim. Oňa çenlem: «A gyz, näme bold-a» – diýip, Senemem içki jaýdan tasap çykdy. Oňa gözi düşenden molla ajy ýylgyrdy. Şonda onuň gözünde ölügsi uçgun, sowuklaç ýalyn göründi. Ol dodagyny dişläp başyny ýaýkady-da, gapa tarap ýöneldi. Geýmägede howlugyp köwşüni eline aldy. Daş çykdy. Howlynyň derwezesinden çykansoň oturyp geýdi. Ýerinden turup üsti-başyny kakyşdyrdy. Ugrady. Garaňka siňip barýarka yzyna garap bir zatlar diýdi, ňöne, näme diýenini aňşyrmadym. Şol gijäni Senem ikimizem çirim etmän geçirdik. Ýekelikden, başyboşlukdan, keç ykbalymyzdan naladyk. Nädip nalamaly jan dogan! Başyň boş bolsa öňýeten saňa bişen aş, miwe, aw hökmünde garaýar. Her kim senden datjak, doýjak, awlajak, Erkiniň aýdyşy ýaly parçalajak. Iň bolmanda aýal üstüne aljak, oýnaş edinjek, islän wagty dostlary bilen öýüňe gelip, iýip-içip, mes bolup agynap ýatjak, keýp çekjek garaz, Erkiniňki ýaly ýürekden söýen adamyňy tapaýmak kyn. Olar ýalynyňam gadryny diňe ýitirenimizden soň bilip galýas. Ah urup arman çekýäs, ýöne, giç bolýar.

Umuman, men Erkine gulak salman, köp ýalňyşdym. Käbir adamlara tanap-tanamankam ýüz berdim, ynandym, golaýyma

goýberdim, niýetini aňanymdan soňam sag-aman  sypjak bolup görgi ýamanyny gördüm. Deňizde, «Başlyk» bilenem, sürüji – söwdagär ýigit bilenem, molla bilenem şeýle boldy. Şol günüň ertesi ejem geldi. Gyzlarymam getirdi. «Hany bi, suwçyň görnenok-la» – diýdi. Men ony kowandygymy aýtdym. Ýöne, sebäbini aýtmadym. «Aý, hasabym dogry çykanok şoň üçinem bir bahana tapdym-da sypaýyçylyk bilen ugradaýdym», diýdim. «Gowy edipsiň, gyzym, indi bir muňa gyz ýa aýal maşgala tapaly, gapyňda del erkek görünmese gowy» – diýdi. Bu sözi mundan iki gün öň aýdan bolsa Erkinden gaty görşüm ýaly men ejemdenem gaty görerdim, asyl şu meselede onuň bilen öňem telim gezek dagy tersleşipdim. Sebäbi, edil Erkin ýaly şol mollany ejemem biziň gapymyzda peýda bolan gününden bäri halanokdy. Ýöne, şol gezek welin ondan gaty görmedim, sebäbi, onuňky dogrudy.

Howwa, Erkiniň meni goraglap aýdan zatlary bu gezegem dogry bolup çykdy.

Ýöne, bu barada men oňa jaň edip aýdyp bilmedim. Gelinlik buýsanjym ýol bermedi. Ýöne barybir ony küýseýärdim. Ýaraşmak üçin gelen gezeklerinde ýüz bermändigim üçin özümi günäkärleýärdim. Çünki, puly, baýlygy bolmasa-da, maňa onuň söýgüsi, «däliligi» gerekdi. Eli ýuka bolsa-da, Erkiniň ýüregi söýgä baýdy. Yşky bimöçberdi. Ol nähili hereket etse-de, meni gowy görýändigi üçin edýärdi. Söýgüniň ornuny hiç bir zadyň tutup bilmejekdigine, onuň ýok ýerinde adamyň birek-birekden juda basym ýadajakdygyna men şonda ýene bir gezek göz ýetirdim. «Düýe azaşmasa semremez», diýlişi ýaly, adamyň şol zatlara düşünmegi üçin, şolar ýaly aýralyklar belki hökmany şert bolup durýandyr?

Ine, şu zatlary serimde aýlabam aý ýarym dagy gezdim. Ahyram çydam käsäm doldy-da, Erkine jaň etdim. Dogry, ýüz bermez, gepleşmez diýen gorkymam ýok däldi, şeýle-de bolsa bagtymy synap görmelidim. Iň bolman-da ýalňyşandygymy boýnuma alyp, ötünç soramalydym.

Her niçik hem bolsa Erkin gaýra gaýyşmady. Gaýtam begendi. Mollaly meseläniň öz çak edişine görä bolup çykandygyny, meniň ötünç soraýandygymy eşidib-ä hasam açylyşdy.

– Egerde, şol aýralyk döwri göwnüňizden turaýjak biri maňlaýyňyzdan çykan bolsa, maddy taýdanam doly üpjün etmeklige söz beren bolsa, siz Erkinden ömürlik gidermidiňiz?

– Şeýle bir wariantyň bolup bilaýmegi mümkindi, eger-de Erkiniň ömürlik gidendigine göz ýetiren bolsam. Emma, hernäçe özüne zor salsa-da, ol entek menden gutarnykly el çekmändi. Muny onuň ýaraşmak üçin ýanyma telim gezek gelip gidendigem subut edýä. Üstesine meniň özümem ondan doly el çekmändim. Asla el çekmändim. Çünki, beýle ýagdaý bizde öňem az bolmandy. Şolar geçdi, bu-da geçer, diýip garaşýardym.

Ýöne näçe garaşmaly boljakdygyny welin bilmeýärdim. Onsoňam birine garaçynyň bilen beren ýüregiňi yzyna alyp başga birine berip bolmaýan ekeni, Nepes. Seni diňe bir adam söýüp bilýän ekeni. Senem diňe bir adamy söýüp bilýän ekeniň. Ýüregi ikä bölüp ýa haýsydyr bir başga ýürek bilen çalşybam bolmaýan ekeni. Kimde-kim mundanam gowy birine sataşaryn, diýip, söýgülisini taşlasa ýalňyşar. Egerde şeýdip bolýan bolsa, onda ol söýgi däldir. Şuňa meniň aklym ýetdi. Ýene bir akyl ýetiren zadym-söýgüde bähbit aramak, baýlyga ymtylmak, tamakinçilik atmek bolmaýar. Şol zatlaryň başlanýan ýerinde söýgi gutarýar. Baýlyk – bu ruhy baýlyk. Söýmek we söýülmek. Erkinem ruhy taýdan baý, aňy-düşünjesi zyýada adam. Ol biziň bu görýän adamlarymyza meňzänok. Onuň kalby hyjuwdan doly. Ony telim ýyllap ret etdiler, iş bermediler, eserlerini çykarmadylar, emma ol ruhdan düşmedi. Ýykylsa ýene galdy. Turup ýene ylgady. Öýkeniniň demi ýetmese bagry bilen süýşdi. Elliden geçip altmyşa ser urandygyna garamazdan meni juwanlyk söýgüsi bilen söýdi. Onda-da kirsiz-kimirsiz söýdi. Mendenem şony talap etdi. Men indi ony bu dünýede-hä däl, o dünýede hem unudyp bilmerin. Hiç kime çalyşmaryn. Heniz-henizlerem her gezek telefon «jyňňyrdasa» şolmuka, diýip, böküp ýerimden turýan. Şonuň sesine garaşýan. «Ýaňy jaň etdim welin ýok ekeniň, nirä gitdiň...» diýip, gyssaberjek ýaly sandyraklap ugraýan. – Jemal azajyk arkan gaýyşdy, dodaklaryny süpürdi. – Howwa dogan, şeýdip ýene-de ýaraşdyk. Bir ýyla golaý aramyzda söýgüden, mähir-muhabetden gaýry hiç hili gep-gürrüň bolmady. Günler, aýlar edil ýag bilen ýüpek deý biri-birine çyrmaşyp, geçip barýardylar. Oňa bolan söýgümiň gün-günden güýçlenýändigini üçin göwnümemi ýa hakykatdanam şeýlemi, Erkin birhili ýigdelýän ýalydy. Gyzjagazlarymam indi oňa gowy öwrenişipdiler. Ony edil öz ýakyn adamlary kimin sylaýardylar, bäş-üç gün gara bermese ýa jaň etmese bizok bolýardylar. «Ýa ýene-de tersleşdiňizmi» – diýip, çekinjeňlik bilen soraýardylar. Bir gezek biz

täze ýyl baýramçylygy gijesi çagalaram alyp, şäheriň merkezi meýdançasyna «salýut» görmäge gitdik. – Jemal gözlerini tegeläp ýüzüme seretdi. – Ýogsa-da siz şolar ýaly salýudy golaýyndan synlap görüpmidiňiz?

– Ýok, göremok, ýöne, telewizorda görýän.

– Telewizorda düýbünden başgaça. Baryp görseň welin... – Jemal bir zada begenen çaga ýaly elini çarpdy. – Eý, Huda-aý... Özüňi edil, jadyly dünýä düşen ýaly duýýarsyň. Yşyk bilen garaňky asmanyň ýüzünde şonça nagyş, şonça şekil çekip bolar diýseler ynanar ýaly däl. Özem her dürli öwüşginli. Bütin şäheriň baýramçylyk dabarasyny, şowhunyny artdyrýar, görküne görk goşýar. – Jemal birdenkä çynlakaý sypata girdi. – Men esasy gürrüňimizden daşlaşaýdym öýdýän... Howwa... Neme... Meniň ýene bir aýtmak isleýän zadym, erkin pikirli döredijileri gysaşyň içinde saklan döwlet baştutanynyň aradan çykyp, onuň ornuna täze ýolbaşçynyň gelmegi bilen, bilşimiz ýaly ýurduňam, döredijilik işgärleriniňem, şol sanda Erkiniňem ýagdaýy gowulaşdy. Işe-de ýerleşdi. Ýokary okuw jaýlrynyň birinde mugallym boldy. Onda-munda goşgulary çykyp ugrady. Radio ýaýlymlarynda okaldy. Telewizorda ol hakda gepleşikler gurnaldy. Neşirýatlarda kitap çykartmak mümkinçilikleri döredi. Garaz, güzerany gowulaşdy. Hatda ulagam edindi.

Şeýle bir gowy, umytly günleri başdan başdan geçirip ýördük welin, birdenkä edil tomsuň güni asmanda ýyldyrym çakan ýaly boldy-da, bar zat çepbesine çöwrüldi duruberdi.

Şol gezek men özümden kiçi erkek doganymyň doglan gününe gitdim. Şenbe güni bolansoň başky hyýalym gündiz baryp, agşamlyk öýüme gaýtmakdy. Ýöne, keýpi kök boldy-da, jigim hiç birimizem goýbermedi. «Hemmäňiz galyň, men agşamlyk çişlik bişirjek, özli-özümiz bolup oturalyň», – diýdi. Menem Erkine jaň edip, galmaly bolandygymy aýtdym. «Bolýa» diýdi. Doglan gününi bellän doganymyň arka ýüzünde iň uly agamyz ýaşaýardy, adam köplügi zerarly men şonuňkyda ýatmaly boldum. Günuzyn hyzmat edip ýadandyryn-da, ertesi on bire çenli ýatypdyryn. Şol aralykda-da haýsydyr bir emel bilen Erkin jigimlere jaň edipdir. Meni sorapdyr. Telefony alan meniň agamlarda ýatanymdan bihabar «ýok» diýip jogap beripdir. Megerem ol şol gün ir bilen öýe gelen myhmanlaryň biri bolsa gerek, «Asla ol agşamam bu perde bolmady» diýip jogap beripdir. Turup çaý-çörek

iýýänçäm sagat on iki boldy. Öýe ugrajak wagtymam Erkine jaň etdim. «Men ejemlerde, häzir öýe barýan, diýdim. Erkiniň sesi edil bir wagtlar däliräp, yzymdan kowalaýan döwründäkisi ýaly howsalaly çykdy. «Aý, ýok, sen ejeňlerde-hä däl». Asla sen, agşamam şol ýerde bolmansyň!» – diýip, sesiniň ýetdiginden gygyrdy.

Bu onuň maňa: «Agşam nirä gitdiň? Kim bilen bolduň?» – diýdigidi.

Elbetde, boljagydyr-da, muňa meniňem jynym atlandy-da: Sen näme ýene-de gabanyp başladyňmy? Ýene-de meň beýnimi iýip ugradyňmy? – diýdim. «Nähili düşünseň şoň ýaly düşün» – diýende onuň sesi hasam gazaply eşidildi. Menem sesime bat berdim: «Onda meni ýatdan çykar!» Jogaba garaşmanam trubkany goýdum.

Ýaňky sözi gaharyma aýtsamam-a aýtdym welin, Erkin ony şol durşuna kabul eder, menden ömürlik ýüz dönderer, öýdüp kelläme-de gelmändi. Öňki düzgünimiz boýunça ol gahary ýatyşansoň ölçerip-döküp, öz ýalňyşyna şol gün agşamlyk, aňry gitse ertesi jaň etmelidi. Ýaraşmalydy. Emma birigünem, soňky günem, soňkusy günem ondan ses çykmady. Meni haýranlar galdyryp dymdy. Üç aý geçdi, emma ol meni idemedi. Diýmek, ol hakykatdan-da şol gije başga biriniň ýanyna gidendirin öýdüpdir. Biwepa hasap eipdir. Öz hyýalatyna özi ynanypdyr.

Ýok ýerden özüne jelepçilik ýapylsa, aýal adam asylam halamaz weli, iň ýakynyň saýyp, ýüregiňden orun berip ýören adamyň gaýa-gopuz ýok ýerden şeý diýip üstüňe dübläberse juda erbet bolar ekeni. şeýle-de bolsa men onuň jaňyna kän garaşdym. Bagyşlasym, ýaraşasym geldi. Sebäbi onsuz meniň günüm-aýym kyn geçýär. Köçä çyksam gözüm töweregimde, öýe girsem gapyda. Göwnüme ol ýüzüni sallap geläýjek ýaly bolup dur. «Men ýokkam Erkin daýyňyz jaň eden-ä däldir-dä» – diýip, gyzjagazlarymyňam gulak etini guradýan.

Şeýdip ýörkäk, bir gün ol «Aşgabat» seýilgähiniň gabat garşysyndaky duralgada troleýbusa münjek bolup durkam pete-pete gabat geläýdi. Ýüregim näler towsup duranam bolsa oňa gülüp bakmaga, salam bermäge kejirligim ýol bermedi. Duşundan ötüberjek boldumam, welin ol çalarak ýylgyryp durşuna elini emaý bilen egnime goýdy-da: «Jemal gurgunmysyň» – diýdi. Men çalarak baş atdym-da, sesimi çykarman troleýbusa girdim. O-da girdi. Ýöne, menden ýüz tapmansoň indiki duralgada düşdi. Pursady goldan berenim üçin özümi bagyşlap bilmedim. Saklanybilmänem agşamlyk jaň etdim. Ol muňa

begendi. – Jemal Erkin bilen hut şu wagt ýaraşan ýaly bir enaýy ýylgyrdy. – Ine, şeýdibem dört aýdan soň täzeden ýaraşdyk.

Şondan soň men ony birahat etmezlik üçin duýdurman, gitjek ýerimi aýtman ýerimden ýarym sagatlygam gozganmadym. Meniň şol bolşum oňa hoş ýakýardy, özüni parahat, sowukganly alyp barýardy. Çaga ýaly sähelçe zada-da kejigibermesi galypdy. Ozalkylary ýaly howsala düşmesinem, sorag etmesinem, birden däliräbermesinem goýaňkyrlaberipdi.

Ýöne, hernäçe seresaply bolsamam, ahyry bir gün ýene-de säwlik goýberdim. – Jemal sözüni kesdi-de, sumkasyndan kiçijik, akja ýaglygyny çykaryp gözüni süpürdi. Soň ony yzyna saldy. – Dynç günüdi. Duşuşykdan soň Erkin meni öýe eltdi. Düşjek wagtym men oňa: «Bu gün senem ýadansyň, bar-da, ýat irgözünden», – diýdim. Şolar ýaly zat diýseň öjükýänini bilýänem welin, nätjek, agzymdan sypdy-da! Görgüliň ýüzi üýtgäp gitdi. Içinden: «Hä-ä... meni ýatyryp bir hyýala münen bolsaň gerek» diýip oýlanýanyny aňdym. Aýdyşym ýalam bolupdyr. Agşam sagat ona çenli zordan çydapdyr-da, maňa jaň edipdir. Şol töwereklerde ol hemişe-de jaň edýärdi. Şol gün welin içiňi ýakaýyn diýen ýaly sagat sekiz bolandan, nämälim bir ýaş oglan jaň eip halys ýürege düşdi. Özem her gezek «Miwe bamy» – diýip soraýa. Ýok, beýle gyz bu öýde ýok, belgisini ýalňyşansyň, diýýänem welin: «Ýok, ýalňyşamok! Miwe bolmaly! Çagyr şony!» diýip, hakyt üstüme gygyrýa. Soňabaka hapa-hapa sözlerem aýdyp ugrady. Menem ahyry telefony sogurmaly boldum. El telefonymyňam batareýi çöküpdir. Uzynly gün giň howluda çagalar bilen oýnap ýadansoňlar gyzlarymam ir ýatypdylar. Olar ýatansoňlar meniňem oturyp wejim bolmady. Ýatdym. Şeýlelikde men Erkiniň ýekeje jaňyna-da jogap berip bilmändirin. Şeýle-şeýle ýagdaý, men telefonymy öçürýän, ynanmasaň gel-de göräý, diýip, ýatmazdan öň jaň edäýen bolsam boljagam ekeni welin, onam edäýmändirin-dä. Şol gün asyl bar zat tersine bolaýypdyr. Erkin welin jaň bilen alyp bilmänsoň, gijäniň ýary boluberende maşynyna münüp, gyzyl ot ýaly göni gaýdypdyr, ýarym sagat ýaly gapymy kakyp durupdyr. Ahyram lapy keç bolup gidipdir. Barybam ýene-de hem elime, hem öý telefonyma, tä daň atýança yzyny üzmän jaň edipdir. Ertesi el telefonymy görsem otuz sekiz sany jaň gelen ekeni.

Ir bilen öý telefonymy nokadyna çatdym. Çatyşym ýalam jaň geldi. Erkiniň sesi trubkany ýaraýjak bolýar. Näme diýýänine welin, düşer

ýaly däl. Howlukýar, daljykýar, dyňzap gelen gaharyna bäs gelibilmän aýtjak sözlerini bulaşdyrýar. Men ahyry onuň özümi ýene-de bozuklykda aýplaýandygyna düşündim-de, agşamky bolan işleri birin-birin aýdyp berdim. Onuň welin diňläsem gelenok. «Sen hiç haçanam düzelmersiň! Ýöne, men özümiň binamys däldigimi subut ederin!..» diýibem, indi senlik gürrüň gutardy, diýen manyda trubkany taşlady. Bu onuň iňňän aýgytly netijä gelendigini alamatydy, çünki, gatnaşykda bola döwrümiziň bütin dowamynda ol ýekeje gezegem trubkany menden öňürti goýmandy. Her hili ýagdaý bolanda-da, ýaraşara sähelçejigem bolsa yş goýýardy.

Ýene-de uzak wagtlyk aýralygyň ara düşjekdigini men elbetde aňdym, ýöne, bular ýaly ýagdaý ara düşer öýdüp welin oýuma-da getirmändim. Göwnüme ol ikimiziň öňümizde entek ellenmedik ençeme ýyllar biri-birine kaklyşyp ýatan ýalydy. Biziň ýene-de ençeme gezek tersleşip, ençeme gezek ýaraşara wagtymyz bolmalydy. Çünki, biz oňuşmaýardygam, biri-birimizsiz oňubam bilmeýärdik. Bu gün bolmasa ertir, ertir bolmasa birigün, gaty gitse bir aýdan iki aýdan, ýa-da öňki ýaly dört aýdan, sekiz aýdan ýaraşjakdygymyza men bütin durkum bilen ynanýardym. Hemişe bolşy ýaly ol bu gezegem pikir ede-ede ahyry öz ýalňyşyna düşüner, yzyna gaýdýan ýola düşer, ol ýol bolsa ony bigüman meniň ýanyma getirer diýip oýlanýardym. Ýöne, Erkin erjellik bilen dymdy. Menem şolar ýaly agyr sözleri eşidenimden soň öňürti jaň etmäge ejap etdim. Öňküsi agşamam şol wagtky ýaly erbet düýş gördüm. Ýöne, bu has aýylganç. Bu gezegem ol edil öňküsi ýaly çukura gaçýar. Men ylgap barýan-da, oňa elimi uzadýan. Erkin bu men ber eliňi, diýip, gygyrýaryn. Ol elini uzadýar. Ýöne, eli elime ýetenok. Özem edil haýalladylan kino ýaly ýuwaşlyk bilen aşak süýşüp barýar. Ýarpy göwresi gara tümlüge siňenden soň men çirkin gygyrdym. Onuň bolsa göwni bir ýaly. Hatda ýüzem üýtgänok. Soň onuň egninden aşagy, ahyr soňunda ýüzem tümlüge siňip gitdi. Diňe bäş penje galdy, kem-kemden o-da ýitdi. Birdenem ol çukur guýa öwrüldi-de, agzyndan goýy, goňrasdan gelen çal tüsse çykyp başlady. Gelip bokurdagyma doldy. Garykdyrdy. Üsgürtdi. Men hatda oýananymda-da üsgürip oýandym. Agzymyň içinde ajy tüssäniň tagamynam duýdum. Şondan soň welin saklanyp bilmedim. Näme bolsa şol bolsuna saldym-da, Erkiniň işleýän kwartirasyna jaň etdim. Emma ol o ýerde ýok ekeni. öýüne jaň etmäge bolsa töwekgellik edip bilomedim. Ertire çenli zordan çydadym-da, işe

baramsoň işdeş oglanlaryň birinden haýyş edip öýüne jaň etdirdim. Ol ýerde-de ýok ekeni. Ýüregim erbet bir zady syzan ýaly howpugap ugradym.

– Şol gün ol meniň ýanymdady. Uzynly gün içini döküp gidipdi. Baryşy ýalam...

– Howwa... Barşy ýalam ýykylypdyr. – diýip, Jemal meniň sözümi gaýtalady. Men ony köçä çykyp, ötegçi bir oglana el telefonym arkaly öýüne jaň etdirenimden soň bildim. «Şeýle-şeýle» diýdiler. Ynansaň, jan dogan imanym göçdi. Ysgyn-mydardan aýryldym. Ähli öýke-kine barysy ýatdan çykdy. Çünki, gören düýşümiň oraşan çykaryndan gorkdum. Men ondan häzirem gorkýan. Howa ýetmän demigip durşuma özümi öýe atdym. Gapydan ätleýşim ýalam: Alla jan, öň-ä ýan ýoldaşymdan aýrylyp ýaş başyma ýeke galdym, indi muny bir alma, demine degme, uruşsagam, sögüşsegem bolýa şu maňa...» diýipdirin-de, özümden gidipdirin. Şol halda näçe ýatanymy bilemok, özüme gelsem gyzjagazlarym ýüzüme suw sepişip, aglaşyp otyrlar. Zübeýdanyň: «Eje, näme boldy, ýa ýaraňokmy, dogtor çagyraýynmy...» diýýän sesi gulagyma gelýär. Men bolsam gepläp bilemok. Diňe: Gerek däl, diýen manyda başymy ýaýkaýan. Erkin daýyňyz ýaraman hassahana düşüpdir, ýagdaýam agyrmyşyn, diýip bolsa aýdyp bilemok. Erbet gynanarlar öýdüp gorkýan. – Jemal sözüne dyngy berdi. Guraksy ýuwdundy. Alma şiresinden owurtlady. Ýene-de sumkasyndan ýaglygyny çykaryp, gözlerini süpürdi. Başyny çalarak silkip, ýüzüne düşüp duran alyn saçlaryny arkan taşlady. – Ine, indi siz men barada ähli zady bilýäňiz. Sag-aman aýak üstüne galyp gitse, hem dosty, hem psihoanalitik hökmünde oňa hakykaty düşündirersiňiz öýdüp umyt edýän. – Jemal boýnuny burup ýüzüme naýynjar garady. – Indi bolsa gideliň. Maňa öýde gyzjagazlarym garaşyp oturandyrlar. Gaýrat ediň-de, meni öýe taşlaň.

Men hyzmatkär gyzy çagyryp hasaplaşanymdan soň Jemal ýerinden turdy. Menem turdum. – Daş çykdyk. Gün ýaşypdyr. Agşamyň adaja aýazy azajyk iniňi tikenekledýär. Müşderiler welin gündizkisindenem has köpelipdir. Şonuň bilen birlikde çişlikçileriň maňgallarynyň üstündäki et düzülgi çişlikleriňem sany artypdyr. Hyzmatkär gyzlar üstüne birnäçe bokal piwo ýa çişlikli yhlar goýlan ullakan hem tegelek mejimelerini bir ellerinde dik ýokary tutuşyp, syrtjagazlaryny moýmuldadyşyp iki baka «ýelk» ýasaýarlar. Käbirleri bolsa täze gelen

müşderileriň buýurmalaryny depderçejiklerine ýazmak üçin galamlaryny çoçjaýdyşyp stollaryň gapdalynda dim-dik bolşup durlar. Näme üçindir olaryň hemmesiniň dodaklary galyň. Pökgi. Edil böwrek ýaly. Ylaýtada aşaky dodaklary.

Maşyna münmezimiziňden öň «Aýsbergiň» girelgesiniň golaýyndaky hususy dükanjykdan Jemalyň çagalary üçin süýji, köke, şokolad, koko-kola satyn aldym. Olary ýüzüne sary saçlary gerdenine dökülip duran owadan ýewropaly bir ýaş zenanyň suraty basylan gyzyl pakede salyp Jemalyň eline tutdurdym.

Ine-de biz Jemalyň gapysynda durus. Maşyndan düşjek wagty ätiýaçdan men onuň öýüniň telefon belgisini aldym.

– Erkin huşuna geldigi, özüm habar ederin, oňa çenli azara galyp gatnap ýörmäň – diýdim.

Ejeleriniň gelenini duýan gyzjagazlaryň ikisem bökjekleşipjik gapa çykdylar. Maňa tarap çekinjeňlik bilen seredişdiler, çekinjeňlik bilenem salamlaşdylar, soňam hersi ejesiniň bir ýan tarapyndan aslyşdylar duruberdiler. Jemal ilk-ä maňa ýüzlenip:

– Ine, bular meniň gyzjagazlarym – diýdi. Soňam gyzlaryna degişli edip: – Bu adam bolsa Erkin daýyňyzyň garyndaşy Siziň ýagdaýlaryňyzy soramaga gelipdir – diýip, her eli bilen bir çagasynyň başyny sypalady. Olar gözjagazlaryny ýyltyldadyp, maňa tarap mähirli seredişdiler, biliner-bilinmez ýylgyryşdylar.

Olar Erkiniň gürrüň berişi ýaly akyllyja tertiplije, ýuwaşja görünýärdiler. Özlerini myhmana görkezmäge däl-de, gaýtam tersine, gizlemäge çalyşýardylar.

Jemal meniň bilen hoşlaşdy-da, çagalarynyň elinden tutup, demir gözenekli ýaşyl derwezäniň kiçi gapysyndan aňryk ätledi. Basgançaklar bilen öýüniň işigine çykdy. Bile biten ýaly bolup barýan üç göwre jaýyň açyk duran goňrumtyl, demir gapysyna zordan sygdy.

Sähelçe pursatlygam bolsa men daş-töwerege ser salmaga ýetişdim. O zatlaram edil Erkiniň öz gürrüňlerinde beýan edişi ýaly. Men hamala diýersiň öň bir gören kinomy indi ikinji gezek görüp duran ýalydym.

Men yzyma öwrüldim. Tä öýe gelýänçäm jemalyň beren gürrüňleriniň täsirinden çykyp bilmedim. Ýöne, Erkiniň öňünde onuň hiç hili ýazygynyň ýokdugyna welin, ýene bir gezek ymykly göz ýetirdim. Şu çaka çenli şeýdäge-de onuň bilen ýüzbe-ýüz gürleşmändigime gynandym. Özüne geldigi men Erkine: «Sen indi hiç

ýana-da gitme. Çünki Jemal seniň bir agyz sözüňe garaşýar. Ol seni söýýär. Gaýdyp ýaraşman diýse-de, ol seni bireýýäm bagyşlapdyr. Ol päk... Ol seni hiç haçan aldamandyram, saňa ikiligem etmändir» diýerin. Ol maňa ynanar. Ömürboýy ynanyp gelipdi, bu gezegem ynanar. Mundan buýana gümanlar içinde gorsanyp gezmez. Şeýtanyň ugruna gitmez. Iň bir esasy zadam – ejir çekmez. Özüni erkin duýar. Döredijiligini dowam etdirer.

## 4

Howwa, özüne geldigi men oňa şol sözleri aýtjakdym.

Ýöne, bar zat tersine boldy. Onuň bilen gepleşmek, öz pikirimi aýdyp, Jemal ikisini ýaraşdyrmak maňa miýesser etmedi. Aşyk hem şahyr ýürek bu gün-erte başyndan injek agyr apaty aňypmy ýa tötänden gabat geldimi, onuň haýsydyr bir ýurda baş alyp gitmek baradaky hyýalaty çyny ekeni. Ol hakykatdan-da göç üstünde ekeni. Kerwenine ýük urup, ýörişe taýýar bolup dur ekeni. Barjak menzili welin meniň çak edişimdenem has alyslarda ekeni. Ol mekan bir baranyňdan soň dolanyp gelinýän ýurt däl ekeni.

...Howwa, iki gün özüni bilmän ýatandan soň, ol ýogaldy. Şol wagt agşamaralardy. Jesedini öýüne eltenimizdenem, hernäçe kynam bolsa men bir çete çykyp, el telefonymdan Jemala jaň etdim, ertir näçelerde çykaryljakdygyny aýtdym.

Esli wagtlap ses-üýn eşidilmedi. Birdenem ol erbet bir içini çekdi-de, çirkin gygyrdy. Megerem, özünden giden bolsa gerek, trubkanyň işläp durandygyna garamazdan ses-üýn çykmady. Çagalarynyň: «Eje, eje, saňa näme boldy» diýýän sesleri welin eşidildi durdy.

Men ýene-de öýe girdim. Merhum ortarada süýnüp ýatyr. Üstüne galyň ýorgan atylan. Daş-töweregine eýýäm dogan-garyndaşlary, dost-ýarlary, tanyş-bilişleri, goňşy-golamlary, döredijilik işgärleri üýşüpdir. Olaryň içinde meniň tanaýanlarymam bar, tanamaýanlarymam. Ýöne, köpüsi tanaýanlarym.

Men baryp dostumyň başujynda çökdüm. Ýorganyň burçuny galdyryp, ýüz-gözüni sypaladym. Hoşlaşdym. «Men senden razydyryn, senem menden razy bol, doganjygym – diýdim. Özem daşymdan diýdim. Içimden bolsa: –Bagyşla, dost, men saňa aýtmaly esasy zadymy

aýdyp ýetişmedim» diýdim. Soň ýüzüni emaý bilen ýapdym-da, kynlyk bilen ýerimden turdum. Arkalaryny diwara berşip ýüzlerini sallaşyp oturan adamlaryň arasyna geçdim. Şol ýerdenem jansyz jesede öwrülip, dem-düýtsiz ýatan dostuma seretdim.

Hem uly dünýäniň, hem öz döredijilik dünýäsiniň, hem yşkyň derdini çekip ýören kiçijik ýüregine ýekeje pursatlygam ynjalyk bermän, altmyş ýaşy arka atan arzuwçyl, şahyr adamyň şeýdip, hiç bir zada dahylsyz halda süýnüp ýatyşy maňa juda ýokuş degdi. Ýüreginde besläp ýören göwrümli eserlerini gutaryp bilmändigi, käbirlerini bolsa entek başlabam ýetişmändigi üçin gynandym.

Ýöne her niçik hem bolsa, ol käbir taýyn eserlerini-hä çapa doly taýýarlap ýetişipdi. Kompýuterden geçirdip, elektron wariantlarynam, kagyza geçirilen görnüşlrinem taýýarlap goýupdy. Rejeläpdi. Ine, haçanam bolsa şol kitaplaryň çapdan çykan güni dostumyň täzeden direljekdigi baradaky guwanç duýgusy maňa az-kem teselli berdi. Şol kitaplar ony ebedi ýaşadar, telim nesil ony şol kitaplary arkaly hemişelik ýatlar ýörer.

Meniň içimden edip oturan oý-pikirlerimi aňan ýaly, merhumyň daşyny gallaşyp oturanlaryňam gürrüňleri kem-kemden onuň döredijiligine syrykdy. Gürrüňçilik parahat akýan derýa ýaly «pyşyr-pyşyr» edip ýuwaşjadan gitdi oturdy.

Oturanlara gelip goşulýanlaryň yzy üzülenok. Täze gelenlere orun bermek üçin, öňki oturanlaryň käbirleri, hususan-da ýaş-ýeleňler turup gidýärler. Şolar ýaly-da gürrüňçiligiň arasyna böwşeňlik aralaşýar. Az salymlyk dymyşlykdan soň ýene-de öňki akymy boýunça dowam edýär.

Gije örän uzak hem ýürekgysgynç boldy. Wagtyň bir çene barmagy, eňekleriň ýadamagy bilen gep-gürrüňem gutardy. Adamlaryň köpüsi örüşdi. Ýat gitdi, garyndaş galdy. Olaram assa-ýuwaş uky basmarlap başlady. Şonuň üçinem, merhumy daň atýança ikibir-üçbir, gezek-gezegine saklamaly edildi.

...Bellenilişi ýaly, ertesi ir sagat on bir boluberende merhumy tabyda mündürip öýünden çykardylar-da, gapa düşelen bir maşyn sowuk ak çägäniň üstünde goýdular. Ýaşulylar aglabasy köne galoşlardan ybarat aýakgaplaryny çykaryp jynaza durdular. Şol wagt orta

ýaşlaryndaky bir adam, aýakgaplaryň hersiniň bir taýynyň içine bir manatdan pul sokuşdyryp çykdy.

Şondan soň merhumyň ogly we öten agşam obadan gelen, süýtdeş inisi öň tarapdan, bir wagtlar ýogalan agasynyň iki oglam yz tarapdan tutup, tabydy ýerden göterdiler.

Yzanda-çuwanlyk başlandy. Hususan-da Aýlarhan bilen gyzy tabydyň yzyndan ellerini öwsüşip hünübirýan aglaşdylar. Elbetde, olar däp boýunça iň soňky borçlaryny berjaý edýärdiler.

Öýden kyrk-elli ädim daşlaşansoňlar, tabydy köçede garaşyp duran üsti açyk, nowaly maşyna saldylar. Ýanyna ogly we inileri şeýle hem bäş-üç sany degenek jahyl mündi. Menem mündim.

Ugradyk. Ugur şäheriň ýigrimi kilometrlik demirgazygynda ýerleşýän «Çoganly» gonamçylygyna tarap. Erkin ony hemişe «aramgäh», ýagny, dynç alynýan ýer, daça diýip atlandyrýardy. «Dynç aldyňmy», ýa-da «Dynç alaňokmy» diýseň ol hemişe «Dynjy Çoganlyda alarys, häzir welin işlemek gerek» diýip, jogap berýärdi. Häzir ol ine, şol ýere barýar. Has takygy äkidip barýarlar. Erkin indi ol ýerden yzyna dolanmaz, şähere gelmez, Jemaly gözläp heläk bolmaz. Hiç kimden gabanmazam. Meni ýanyna çagyryp ýa ýanyma gelip derdinden «dat» hem etmez. Jemalyň ugrundaky diwanaçylykly hereketlerinden gürrüň bermez. Tä, kyýamat ahyra çenli, ölüniň-diriniň magşar meýdanynda ýygyn boljak pursadyna çenli şol ýerde, sag egni bilen sowuk gumy ýassanyp ýatar.

...Çoganla barmak üçin, Erkiniň soňky ýyllarda üstüni torç eden ötüginiň aşagyndan geçip, Jemalyň öýüniň gapdaly bilen şäheriň demirgazyk-gündogarynda ýerleşýän kanala tarap gönükmeli. Onuň äpet köprüsinden geçeniňden soň Çoganly obasynyň içi bilen gitmeli-de asfaltlanan giň hem tekiz ýol bilen şäheriň Daşoguz derwezesine tarap ugrukmaly. Ýoluň iki tarapyny tutup ýatan aramgählerden geçmeli. Ondan soňam az-kem ýöräp saga öwrülmeli. Ýöne, biz entek ýaňy bir ötükden çykyp barýas.

Maşynyň silkewine jesediň ynjamazlygy üçin, tabydyň sapyny elimizde, özüni dyzlarymyzyň üstünde saklap, ýüzümizi sallaşyp otyrys. Hiç kimden ses-üýn çykanok. Ötükden çykyberenimizde Erkiniň şu ötük bilen baglanyşykly gürrüňleri biygtyýar ýadyma düşdi. «Ak maşynyň içi Jemaly geçenini görjek bolup, öten-geçen maşynlaryň belgilerine tiňkesini dikip durşy, birdenem arka tarapda gyzjagazynyň elinden tutup

gelýän Jemalyň peýda bolşy göz öňüme gelende daşymdan: «Häh, adam pahyr-eý...» diýenimem, dodagymy dişläp başymy ýaýkanymam bilmän galypdyryn. Çünki, indi o zatlaryň Erkin üçin parhy ýok. Özem ol bu wagt ötügiň üstünden däl-de, astyndan geçip barýar. Hä diýmänem maşyn Jemallaryň deňine barar. Şonda Erkiniň üstündäki galyňly-ýukaly ýapynjalary ýekän-ýekän serpäge-de, syçrap ýerinden galmajakdygyna, maşyndan böküp düşäge-de, Jemallara tarap ylgabermejekdigine men gaty bir ynanybam baramok. Şol gorkynyň täsiri bilenmi ýa süňňüm bir zady syzdymy, men birdenkä başymy galdyrdym-da, boýnumy süýndirip maşynyň kabinasy üstiaşyry öňe seretdim. Görsem Jemallaryň gapdalyndaky azyk dükanyna ýetip barýas. Dükanyň gabat garşysynda uçargähe, awtoterminala, «jygyllyga» we «Çoganla» gidýän awtobuslaryň duralgasy bar. Duralga hemişekisi ýaly adamly. Bir awtobus-a edil biziň öň ýanymyzdan ugradam.

Başga üýtgeşiklik ýok, ýöne, meniň ünsümi özüne çeken zat, şol duralganyň on ädim bäri ýanynda, ýoluň gyrasynda, egni gara köýnekli, başy gara ýaglykly, hatda köwşüne çenli gara geýnen dolmuş, akmapraç, orta ýaşlaryndaky daýaw gelin gözlerine ýaş aýlap dur. Gara lybasyň astynda onuň ozaldanam ýüzi, çomuç ýaly dykyz goşarlary, kösük deý barmaklary hasam ak görünýär. Biz golaýyna baranymyzdan ol ýoluň içine tarap bir ädim öňe süýşdi-de, sag goluny usullyk bilen galdyrdy. Edil beýdeni bilen saklanaýjakdygyna ynam etmedik bora çemeli, ýuwaş, ýöne, ynamly ädimler bilen maşynyň öňüne geçdi. Alabaharyň ýiti şemalyna eşiklerini pasyrdadyp duran gelniň keşbi şonda ýas kerweniniň öňüne dikilen gara baýdaga meňzedi.

Adatça, gölegçiler barmaly ýerlerine barýançalar saklanmaýarlaram, olary saklamagam bolmaýar. Bu – ýazylmadyk kanun. Ýöne, öňüňde durany basyp ötübermegem bolanok. Şonuň üçinem, üsti merhumly maşyn biygtyýar togtamaly boldy. Şol ugra barýan, ýöne, hormat üçin ýas kerweninden ozman, yzymyza düşüp gelýän beýleki maşynlaram saklandylar. Netijede, şol ugur boýunça hereket bütinleý togtady. Ýas kerwenine gözegçilik edip gelýän ekabyrlaram ylgaşlaşyp geldiler-de, biziň näme üçin saklanandygymyzy soradylar. Oňa çenli gelnem assa-ýuwaş basyp, maşynyň yzyna, nowanyň açyk tarapyna aýlandy. Üstüne dürli parçalar ýapylan tabyda seretdi. Dodaklaryny kemşerdip şol tarapa elini serdi. Şonda onuň gözlerinden paýran dökülen ýaş düwmejikleri

uzyn bir sapaga düzülen nepis hünjüler kimin hatarlanyşyp ýere döküldiler.

Bu Jemaldy.

Ekabyrlaryň gahar gatyşykly sesleri eşidildi.

– Jigi, sen kim? Sen bu bendäniň nämäsi? Näme üçin bu ýerde dursuň? Maşyny näme üçin sakladyň?

Jemal ilk-ä ellerini merhumyň aýaklarynyň üstüne goýdy. Elleriniň üstüne-de maňlaýyny goýdy. Ýöne, köp eglenmedi. Başyny galdyrdy. Delmuryp ekabyryň ýüzüne seretdi.

– Menden zat soramaň, agalar, ýöne, rugsat ediň, hoşlaşyp bir galaýyn...

Şojagaz ýeke agyz sözem ol zordan aýtdy. Bokurdagynda dykyn alyp duran böwet sözüni soňlap-soňlamanka böwsüldi. Ol «ah» çekip şeýle bir aglady welin, hümer bolup duran märekäniň barysy birden tolkun atdy. Gelniň haýyşyny kanagatlandyraýmakdan başga alajyň ýokdugyna hemmeler düşündiler.

Erkiniň halypasy, islendik ýerde gepini-sözüni düşündirip bilýän, häzirki kerwene kethudalyk edip gelýänleriň biri, kelteräk boýly, garaýagyz, mazaly agaran buýra saçlary «çyrazy» baganasyna meňzäp duran, Türkmenistanyň halk şahyry Baýhan Atalyk gybyrdyklap geldi-de, atylyp orta çykdy. Ol:

– Kim bolanda näme? Goý, hoşlaşsyn! Iň soňky ýoluna barýan bende bilen razylaşmak hiç kime-de aýp däldir – diýip, pert-pert gepledi.

Kakasynyň başujyny saklap oturan oglam ýerinden turdy-da, hemmeler eşider ýaly edip:

– Goý, hoşlaşsyn!.. – diýdi.

Şondan soň-a hiç kimden garşylykly ses çykmady. Baýhan Atalyk entegem ýaýdanjyrap, merhuma tarap el serip, duran gelne ýüzlendi.

– Bolaweri jigi, bolaweri, eglemäweri – Birdenem ol arkan gaýyşdy-da, töweregindäki ýaş-ýeleňlere azm urdy. – Nämä mölterişip durduňyz? Kömek ediň-de, çykaryň çaltrak ýokaryk!..

Dumly-duşda söm-saýak bolup duran jahyl ýigitler güpürdeşip bardylar-da, ýerli-ýerden goltgy berip, gelni bir demde nowanyň üstüne çykardylar.

Jemal özüni merhumyň üstüne zyňdy, gujaklady. Öňküsindenem beter aglady. Iň soňky gezek ýüzüni görmek üçin, üstüne ýapylan gyzyl-ala şahy ýorganyň burçuny galdyrdy. Emma kepene çolanan jesediň ýüzi

görünmedi. Gelin şonda-da ýaňagyny onuň ýüzüne goýdy. Hasanyň üstündenem bolsa ogşady. Soňam oňa siňňin garady-da, ýuwaşlyk bilen:

-Ahyry köşeşdiňmi ezizim... – diýdi.

Ol muny pyşyrdap aýdanam bolsa hemmeler eşitdiler. Iň bolmanda maşynyň üstündäkiler-ä eşitdi. Ýöne, gysgaça aýdylan ojagaz sözüň aňyrsynda nämeleriň ýatandygyna welin, menden başga düşünen ýok bolsa gerek.

Oňa çenlem gyssap başladylar. Hatda hoşlaşmaga ygtyýar beren Baýhan Atalygam gözüniň ýaşyny süpürip durşuna bokurdagyny dolduryp:

– Boldy indi jigi, düş, bendäni mundan artyk egleme... – diýdi.

Jemal tisgine-tisgine uludan demini aldy-da, usullyk bilen ýerinden turdy. Özüni merdemsi tutup durşuna goltugyndan ullakan, seçekli gyzyl ýüň ýaglyk çykardy. Howlukman gatyny açdy. Şapyrdadyp silkdi-de, merhumyň üstüne ýapdy. Ortarada güberilip ýatan jeset şonda bahar aýy gök otlardyr – gyzyl güläleklere beslenen lälezar meýdana meňzedi. Gelniň meňli dodaklary çalaja gymlydady.

– Hoş ezizim! Razy bol! Rahat ýat! – Ol ýere düşmek üçin, nowanyň yz tarapyna ýöneldi. Kuwwatly gollar oňa ýene-de kömege geldiler. Emaý bilen düşürdiler. Gelin içi ýaşdan doly gabaklaryny galdyrman durşuna ýuwaşja seslendi. – Taňyrýalkasyn, adamlar... – Şondan soň ol ýene-de elini tabyda tarap serdi. – Ruhyňy ynjytma ezizim. Içiňi gysdyrma! Rahat ýat! Men edil öňkim ýaly, öňki wagtynda ýanyňa barar duraryn... – Ol ýoly boşatmak üçin ýanýoda tarap «dähedem-dessemläp» ugrady. Maşyn ýerinden gozganandanam aýalary bilen ýüzüni ýapdy-da, öňküsindenem has joşgunly aglady. Birdenem elini kem-kemden daşlaşyp barýan maşyna tarap serdi.

– Erki-i-n-n!...

Onuň bu zaryn sesi gölegçileriň üstünden aşyp geçip, beýik binalaryň ýüzüne ak mermer örtülen sowuk diwarlaryna degdi. Ýaňlandy. Ýaň bütin şähere doldy. Zähresi ýarylara gelen şäher ilaty: «Näbela bolduka» diýşip, duran-duran ýerlerinde doňdular. Bir pursat ähli köçede hereket togtady. Diňe gök asmanyň çat açyp, gelniň sesiniňem şoňa siňip gitmegi bilen hereket täzeden başlandy.

Gölegçileri agyr oýda we alasarmyk halda goýan gelin welin, biz telim çatrykdan geçenimizden soňam tä garamyz ýitýänçä ýerinden gozganman, yzymazdan garady durdy. Onuň bolup durşy edil, Erkiniň

öz beren gürrüňindäki ýaly ilk-ä ýüzlenme alamatyna meňzedi, soňam kiçijik nokada öwrüldi. Ahyram ýitdi.

Şäherden saýlananymyzdan soň, maşynyň üstünde ýaňky gelniň kimdigi, merhumyň nämesidigi barada hyşy-wyşy gürrüňler başlandy. Her kim biz zat diýdi. Soňam barysy birden soragly nazarlaryny şahyryň ogluna bakan gönükdirdiler. Ogul sesini çykarmady. Hiç kime üns bermän, aşak bakdy oturdy. Şol wagt hälki, Jemaldan: «Sen kim? Onuň nämesi?» diýip soran ekabyr ýaşuly:

– Biri-biriňize berýän soraglaryňyzyň jogabyny özüňizem bilýäňiz adamlar. Ýöne bilmediksirän bolýaňyz. Eger-de şu ýaşdaka şolar ýaly ýaş gelniň şon deý söýgüsiniň gazanyp, şon deý yhlasyna mynasyp bolup bilen bolsa – Ol Erkiniň jesedine tarap baş atdy – onda bize bu bendäniň ruhuna sežde edäýmek galýa.

Hemmeler ýuwaşlyk bilen başlaryny aşak-ýokary atyşdylar. Şondan soň hiç kim ol gürrüňe dolanyp gelmedi. Umumanam gürrüňçilik galdy. Tä, öwülýä ýetýänçäk öz münüp barýan maşynymyzyň «güzzüldisinden», duşumyzdan geçýän ululy-kiçili maşynlaryň «wazzyldysyndan» başga ses-üýn eşidilmedi.

Ýene-de ylaýyk kyrk günden biz Erkiniň doglan gününi bellemelidik.

Diýmek, bu gezek onuň doglan güni kyrkyna gabat gelýär.

Ine-de, şol gün gelip ýetdi. Men ir bilen turdum-da, öz ulagyma münüp bazara bardym. Erkiniň iň gowy görýän gülünden – gyralary gyrawlap duran gyrmyzy, bolgar bägüllerinden aldym. Şol ýerdenem Çoganla gitdim. Ulagymy mazarystançylygy ikä bölüp geçýän ýoluň ugrunda goýup, özüm Erkiniň guburyna tarap ýöneldim. Barsam eýýäm mazarynyň daşyna demir germew aýlanypdyr. Kümüşsöw reňk çaýylypdyr. Gara mermeriň ýüzüne ady, atasynyň ady, doglan ýyly, ýogalan senesi ýazylaypdyr. Daş-töweregi timarlanypdyr. Bu – Erkiniň oglunyň işi.

Men elimdäki gülümi ýadygärlik daşyň öňünde goýdum. Çommalyp aýat okadym. Soň bir gyra çekildim-de oýa batdym. Pikirler meni aýlap-öwrüp Erkin ikimiziň çagalyk ýyllarymyza tarap alyp gitdi.

...Mekdebi tamamlap, okuwa gaýtmak üçin hat-peteklerimizi taýýarlap ýörşümizem, Aşgabada gelşimizem, nirä gitjegimizi bilmän, perronda daş-töweregimize garanjaklap durşumyzam düýnjik ýalydy. Şonda bize gurluşyk tehnikumynda okap ýören, özümizden üç-dört ýaş uly obadaş oglanymyz sataşaýypdy. Adam aljyrap durka çykalga tapylsa juda begener ekeni. Şol oglanyň köpçüligiň içinden saýlanyp görnen akýagyz tegelegräk ýüzi, gülümjiräp duran gýak gözleri henizem gözlerimiň öňünden aýrylanok.

Ol bizi ýatakhanasyna alyp gitdi. Şol myhman aldy. Ertesi Erkin-ä Uniwersitete, meni bolsa Medinstituta eltdi... Dokumentlerimizi tabşyrmaga kömek etdi.

Soň ýurda belli şahyr bolup ýetişen dostumyň heniz gumam solup ýetişmedik mazarynyň başujynda oýa batyp durşuma onuň ilkinji goşgusyny eline alyp, redaksiýalaryň birine tarap çekinjiräp barşam ýap-ýaňyja ýalydy. Hemişe bolşy ýaly ol şol gezegem mei ýany bilen alyp gidipdi.

Howanyň bijaý yssydygy ýadyma düşýär. Ýalňyşmaýan bolsam ikinji okuw ýylyny tamamlap, oba gaýtjak bolup ýören uçurlarymyzdy. Kyrk sekizinji ýylyň ýer yrnamasyndan soň wagtlaýynça diýlip salnan pessejik, ýöne içi diýseň salkyn, gapysynyň çep tarapynda-ha türkmençe, sag tarapynda bolsa orsça arkasy gap-gara aýnanyň ýüzüne: «Pylan gazetiň redaksiýasy» diýlip zer bilen ýazylan jaýyň darajyk hem garaňky, iki tarapam gapy bolup duran koridorynyň törüne tarap ep-esli ýöredik.

Gapylaryň hemmesi açyk, ýöne, birinde-de adam ýok. Iň soňky gapynyň agzynda aýak çekdik. «T» görnüşde goýlan stoluň aňyrsynda çilim kükedip oturan garaýagyz ýüzi goturakyrrak, buýralaç saçlary ýaňy bir gyrawlap başlan inçesagat kişi bize tarap boýnuny süýndirip seretdi-de, kimi gözleýändigimizi sorady. Men Erkiniň ýüzüne seretdim. O-da entegem daş işikde duran ýerinden ýaýdana-ýaýdana:

– Poeziýa bölümini gözleýädik welin... – diýdi. Goturaky kişiniň: «giriberiň» diýen manyda yşarat edenini görübem uýala-gorka bosagadan ätledi. Elindäki kagyzlaryny uzatdy. Bäş-üç sany goşgujyk getiripdik welin...

Öý eýesi degişjek boldumy ýa bar bolubilişimi, Erkiniň beren kagyzlarynyň ýüzüne-de seretmän, çekeriniň içine oklap goýberdi-de, sag eliniň süýem barmagyny burnunyň aşagyna süýkäp:

– Getirdik diýýañ welin, muny näme ikiňiz bile ýazdyňyzmy – diýdi.

– Ýok, ýok, men ýeke özüm ýazdym, biz ýöne bu ýere bile geldik... – diýip, Erkin şonda iňňän aljyraňňy gepledi.

Ýaş awtoryň öz öňünde aljyrap durandygy üçin gazetiň işgäri biçak begendi. Lezzet aldy. Buýsandy. Soňam ýüzüne-gözüne agraslyk röwüşini çaýdy-da, diň-gögüne garap badyhowalyk bilen:

– Poeziýa bölüminiň müdiri häzir ýok. Komadirowkada. Gelse gowşuraryn... – diýdi.

Bizden başga biri bolan bolsa ondan: «Müdir haçan gelerkä? Haçanrak habar tutsak bolarka? Siz özüňiz kim...» diýip, sorardy. Tanyşardy. Içine-daşyna geçip dostlaşardy. Ýöne, olar ýaly ukyp Erkin ikimizde-de ýokdy. Şonuň üçinem sessiz-üýnsiz yzymyza dolandyk.

Daş çykdyk. Gyzgyn howa haplap ýüzümize urdy. Aşa tolgunanymyzdanmy, nämemi, dodaklarymyzy ýalaşyp ep-esli durduk-da birdenem sessiz-üýnsiz golaýdaky piwohana tarap ugradyk. Üç kürüşge sowuk piwony yzly-yzyna düňküldedenimizden soň birneme özümize geldik. Ikimiziňem gep haltamyzyň agzy açylyp ugrady. Gep ýassygymyzam ýaňky, redaksiýanyň işgäri. Ondan ikimiziňem göwnümiz suw içmedi. Biziň pikir edişimize görä, ol öý eýesi hökmünde bizi ör turup garşy almalydy, geliň, geçiň oglanlar diýmelidi. Kimdigimizi, nirede okaýandygymyz bilen gyzyklanmalydy. Ýüzleýrägem bolsa, göwnümiz üçin göz gezdirip Erkiniň goşgulary barada bäş-üç agyz söz aýtmalydy, maslahatjagaz beren bolmalydy, ol bolsa...

Gümür-ýamyry gutaryp gideli diýip, otyrkagam ortadan pesräk boýly, buýra saçly, garaýagyzrak, eginlerini ýaýkyldadybrak ýöreýän ýeňi gysga gök köýnekli, çal jalbarly, aýagy melemtil tomus köwüşli bir ýigit «öten agşamkydan» ýaňa çaňjaryp duran ýüzüni çep eliniň aýasy bilen sypalap, piwohananyň gädiginden girdi. Boş bokal gözläp o ýere bu ýere bardy. Hiç ýerden tapmanam biziň ýanymyza geldi. Biz düýbündäkijänem «jyňkytdykda» bokallarymyzy onuň eline berdik. Ýerimizden turduk.

– Siz näme, gitjek bolýaňyzmy... – diýip, ol kürüşgeleri barmaklaryna ildirip durşuna hamala köne tanyşlaryndan jyda düşýän ýaly halys ýüregi bilen zarynlady. – Otursaňyzlaň-aý... Oturalyňda-raý... – Erkin ikimiziň biri-birimize seredişip belli bir karara gelibilmän

oturşymyzdan ol özüçe, ýöne dogry many çykardy. – Puluň gaýgysyny etmäň, men ýaňyja gonarar aldym. Gonarar bolsa maşgala býujetine girmeýär. Özümem otpuskada... – Ol bizi boýun etdim hasap etdi-de, bokallary doldurmak üçin äpişgä tarap ýumlykdy. Ýetmänem saklandy. Bärisine öwrüldi. – Student dämi özüňiz? – Biz başymyzy atdyk. Ýigit: - Boldy onda, butnaýmaň» – diýip, ýene-de ýoluny dowam etdirdi. Bir ýerden ýene bir kürüşge tapandyrda, giden-de iki kürüşgeli gidenem bolsa, gelende üç kürüşgeli geldi. Biziň pul ýagdaýymyz dogrudanam çökderräkdi. Üstesine bir kürüşge içeris, diýip, gelenem bolsak adama üç kürüşge dagy içipdik. Ýöne bizi täze tanşymyzyň pulunyň barlygy däl-de, «gonarar aldym» diýen sözi gyzyklandyrypdy. Çünki, kim «gonarar» alýan bolsa ol hökman haýsam bolsa bir redaksiýanyň işgärri, žurnalist ýaýazyjy bolmaly. Şahyr bolaýmagam ahmal. Egerde artist ýa kompozitor bolan bolsa onda biz ony egnine düşüp duran ösgün saçlaryndan tanardyk. Hudožnik däldigem görnüp dur. Sebäbi ne sakgaly bar, ne-de murty. Bolsa-da bizi duýgumyz aldamady. Ol hakykatdan-da şahyr bolup çykdy.

Bir kürüşgäniň ýarysyny bir demde içenden soň biziň täze tanşymyzyň dili açylyp başlady.

Kürüşgäniň erňeginden agyp, sütünlerinden syrygyp duran ak köpürjiklere söýünçli seredip oturşyna ol jübüsinden dört eplengi gazet çykardy-da, joşgunly gürledi.

– Ylaýyk ine, şu günki gazetde goşgularymam çykypdyr. Bileje okarys, maslahatlaşarys, belki okyjy hökmünde öz bellikleriňizi aýdarsyňyz...

Ol entek sözünem soňlamanka ýerimizden «zöwwe» galaga-da:

– Agam, siz şahyrmy-y?.. – diýip, ýerli-ýerden gygyryşanymyzam duýman galypdyrys. – Size kim diýýäler?

Şahyr adyny aýtdy. Görüp otursak ol biziň günde-günaşa diýen ýaly gazetlerde goşgusyny okap, dayndan guwanyp ýören şahyrymyz ekeni. Ýöne, biz ony beýle ýaşdyr öýtmeýärdik. Asyl ol Uniwersitetem birki ýyllykda biz gelmezimiziň öň ýany gutaran ekeni. Diýmek, bizden bolaýsa bäş ýa alty ýaş uly bolmaly. Özem student döwürlerinden başlap özüni ile tanadypdyr. Entek kitaby ýok. Ýöne, bir gowy zady redaksiýada işleýär. Biziň ýap-ýaňyja baryp gaýdan edebi redaksiýamyzda däl-de, ýaşlar gazetinde işleýär. «Ol-a hasam gowy» diýşip, Erkin ikimiz ýerli-ýerden oňa tarap gobsunyşdyk.

Erkiniňem goşgy ýazýanyny eşidip ýaş şahyr biziň bilen hasam dostlaşdy. Gazetdäki goşgularyny oňa okatdy-da, haýsyny has gowy görendigini sorady. Pikirini bilensoň ony özüne ruhy hem duýgy tarapdan golaý saýdy. Erkiniň öz goşgularyny diňlänsoň-a şol pikiriniň dogry ekendigini ýene bir gezek terkarlady. Deňeşdirmeler arkaly subut etdi. Soňundanam Erkiniň egnine elini goýup:

– Sen goşgularyňy ýaňky elten ýeriňden al-da, maňa elt, men çykaraýyn şolary – diýdi. Az salym böwrüni diňläp oturansoňam başyny silkip başgaça gürledi. – Ýok! Alma! Degme dursun! Goý, özleriniň zehinli adamlara nähili sowuk-sala çemeleşýändiklerini bilsinler. Maňa bolsa başgalaryny getiräý. – Ol eýýäm ümezlän gözlerini süzüp, Erkiniň ýüzüne seretdi. Dişinden syzdyryp gepledi. – Bardyr-a başga-da goşgularyň?

Erkin howlukmaç gürledi.

– Bar, bar...

– Bar bolsa şeýt. Men saňa kömek edeýin. Ilkinji goltgynyň nämedigini men gowy bilýän. Çünki, düýn-öňňin meň özümem seň ornuňdadym. Iki-üç gezek yzly-yzyna ýüzüňe ursalar zat başarmaýandygyňa ilden öňürti özüň ynanyp başlaýaň. Şeýdibem köp zehinler köýüp gidýä. Körzehinlere bolsa geregi şol. Bir zehinlini ýok edibilseler guş bolup uçýalar. Şeýdibem özlerine ýol açýalar. Men muny näme üçin aýdýan? Adamçylykdyr, birden şo güne düşäýeniňde-de özüňi ýitiräýme, diýjek bolýan.

Öňi bilen özüňe özüň ynan. Ýöne, ynanjyň düýbi boş bolmasyn! Binýady berk bolsun. Onuň üçinem köp işlemeli. Uçursyz köp işlemeli... – Şahyr Erkine tarap eglip, süýem barmagyny çommaltdy. – Birem bek bil: Döredijiligem söweşdir. Söweşde bolsa gan dökülýändir. Şu ýola düşdüňmi – gapynam, janyňam orta goý...

Onuň bu sözleri Erkine juda ýarady. Maňa-da ýarady. Çünki, ýaňky salkyn hem garaňky jaýyň içinde oturan gazet işgäri bilen deňeşdireniňde bu ýaş şahyryň aratapawudy ýer bilen gök ýalydy. Bu bir ýanyp duran otdy. Durşy bilen hyjuwdy. Aýdýan her bir sözi gelip göni beýniňe batýardy. Ýüregiňe sanjylýardy. Seni öňde duran söweşlere, ýeňişlere hyjuwlandyrýardy. Hünäriňe bolan höwesi artdyrýardy.

Umuman, Erkiniň döredijilik işgärleri baradaky öňden gelýän düşünjesem ine, şu şahyryň bolup oturşyna gabat gelýärdi. Şonuň

üçinem, onuň bilen bada-bat jyny jyňkyryşdy. Ol ikisi şol ýeriň özünde dostlaşdylar.

Şol gün agşam şahyr ýigit bizi öýüne alyp gitdi. Ol entek jaý alman ekeni. Amanat jaýda kireýine ýaşaýan ekeni. Gelni bar, ýöne çagasy ýok. Täzelikde öýlenipdir. Olar bize gowy hyzmat etdiler.

Erkiniň şol şahyr bilen şol günki, tötänden başlanan dostlugy ömürlik dostluga öwrüldi. Erkin onuň bilen tä ölýänçä gatnaşdy.

Şahyr ýigit Erkiniň döredijilik dünýäsinde uly rol oýnady. Uniwersitetden soň redaksiýalaryň birinde işe galmagyny kömek edenem şol. Ilkinji kitabyny çykarjak bolanda-da, Ýazyjylar Soýuzyna kabul edilende-de ol Erkiniň arkasynda berk durdy. Ýogsam şol döwür Ýazyjylar soýuzynyň agzasy bolmasaň-a neşirýatlar kitabyňy çykarmaýardylar, kitabyň bolmasa-da Ýazyjylar soýuzyna kabul etmeýärdiler. Mahlasy belkanyňky ýaly pyrlampajyň içine salýardylar-da: «Bol ylga!» diýýärdiler. Senem ylgaýardyň, onda-da garaçynyň bilen ylgaýarsyň, ýöne, ýol aşyp bileňok. Netije ýok. Ine, şolar ýaly boş aýlawdan çykyp, göni ýola düşmegiň üçin bolsa şol şahyr kimin kesgin hossarlar gerekdi.

Öten agşam Erkiniň jesedini gijesi bilen saklaşanlaryň arasynda şol hem bardy. Ýas kerweniniň öňünden çykanda Jemala Erkin bilen hoşlaşmaga ygtyýar beren ekabyram hut şoldy. – Baýhan Atalykdy.

... Şu zatlary aňymda aýlap oturşyma Erkiniň soňky ýyllardaky başyna düşen külpetlerini, janyna jaý tapman iki ýana urnup ýörşüni ýatlap gynandym.

...Men indi gaýtmalydym. Çünki gün günortana golaýlapdy. Basym el galdyrmak üçin Erkiniň öýüne gelşip ugrarlar. Tebärek çykarlar. Iň ýakyn dosty hem garyndaşy bolup iliň yzyndan barmak bolsa gelşiksiz. Şonuň üçinem, Erkiniň başujynda oturyp ýene bir gezek doga okadyp-da, ýola düşmek üçin ýerimden turdum.

Edil şol wagtam mazarystançylygyň ortasyndan geçýän ýol bilen haýaljakdan ýöräp gelýän, zybrym gara geýnen, başyna-da ýukajyk, gara ýüpek ýaglyk atynan, goltugy bir gujak gülli daýaw gelne gözüm düşdi. Ol göni meniň duran ýerime tarap gelýärdi. Agraslyk bilen käte bir galyp gidýän gabaklarynyň astyndan çykýan ýiti nazarynyň ujy bolsa gelip göni Erkiniň mazaryna direýär. Men ony tanadym. Bu Jemal. Ol

şol gelşine maňa tarap çalaja baş atdy. Dodaklaryny gymyldadyp germewiň kiltini ýazdyryp içine girdi. Meniň goýan güllerime gözi düşenden soň: «Muny siz goýduňyzmy», diýen manyda ýüzüme täzeden seretdi. Goltugyndaky gyzyl «gwozdikalary» meniň goýan bolgar bägüllerimiň gapdalynda emaý bilen goýdy. Mazaryň daşyndan synlady. Däbe görä merhumyň ýüki ýeňlesin diýen niýet bilen mazaryň üstünden bir çümmük gum aldy-da, çep egniniň üstaşyry serpip goýberdi. Şondan soň ýokarky kenarasynyň sag gyrasy meňli pökgüje, elwan dodaklar çalaja gymyldady.

– Ak, köşgüň, altyn, tagtyň gutly bolsun, ezizim! Rahat ýat! Gorsanma... Men senden birugsat hiç ýana gitmen...

Şeý diýgeç ol dikeldi. Şonda onuň gözlerinden syzyp çykan ýaş damjalary possuk ýaly ýumşajyk, ter hem-de ak ýaňaklaryndan syrygyp gaýtdy-da, çöl şemalynyň badyna çalarak galgaşyp, eýýämhaçan bägüller bilen gujaklaşyp ugran «gwozdakalaryň» üstüne damdy.

Jemal ýaşly gözlerini balkyldadyp maňa seretdi.

– Sizem bärde ekeniňiz-ow...

– Howwa, bu gün onuň doglan güni.

– Bilýän, hem-ä doglan güni, hemem kyrky. Kyrkyna-ha barybilmen welin doglan güni bilen bir gutlaýyn diýip, gaýdyberdim.

– Oňarypsyňyz...

Jemal ýene bir gezek mazara göz aýlady. Bozuldy. Menem bozuldym. Onuň şondan soňky sözleri syzalaryň çöl şemalyna yzlaşýan zaryn seslerine garyşyp hasam naşynjar eşidildi.

– Döwranyň mazarynyň başynda durkak, ejem bilen Erkine meniň näme diýenim ýadyňyza düşýämi?

– Düşýä.

– Erkiniň näme diýenem düşýämi?

– O-da düşýä.

– Ine, onuň şo diýeni geldi. Men şol sözi bu gün hakykatdanam aýtmaly boldum. – Gözenekli demir aýmançadan ýapyşyp durşuna Jemal Erkiniň mazaryna tarap baş atdy. – Howwa, bu meniň iň soňky söýgüm. Meniň kalbymda indi mundan başga birine orun ýok. Ol meniň ýüregimdäki söýgä goýlan iň soňky nokat. Möhür... – Şondan soň Jemal köýnegine kybapdaş ýalpyldap duran gara sumkasyndan garamtyl reňkli täzeje el telefonyny çykardy. Dyrnaklaryna elwan reňk çalnan kösük deý owadan barmaklary bilen mazaryň başujy tarapyny dört barmak

çuňlukda gazalady. Telefony şonuň içine goýdy we indi maňa däl-de, Erkine degişli edip: – Al, ezizim, muny men seniň üçin ýörite getirdim. Içine pulam saldym. Zarýadam berdim. Nomerem bardyr, arkaýyn jaň ediber. Menem eder duraryn – diýibem, çukurjykdan çykan gumy telefonyň üstüne sürdi. Dikeldi. Aýalaryny biri-birine urup, eliniň gumlaryny kakyşdyrdy. Assajyk ýöräp ýanyma geldi. Ýene-de nazaryny mazara gönükdirdi. – Özem-ä bilýändir welin, Nepes, sen gaýrat et-de, Erkiniň ogluna aýt, goý onuň mazarynyň üstüne ýa-ha kölege etsin, ýa-da bag eksin. Bendäniň ýüregi yssa juda çydamsyzdy. Arassa, sergin şemaly, salkyn howany gowy görýädi. Esasanam meýdan howasyny halaýardy...

Iň bolmanda ol şol maksadyna-ha ýetdi.

Men birhili boldum. Agyr urgy ony üýtgedäýendir öýtdüm. Şeýle-de bolsa syr bildirmezlige çalyşdym. Galyberse-de Jemalyň aýdýanlary dogrudy. Erkin hakykatdan-da salkyn howany gowy görýärdi. Yssa çydamsyzrakdy.

– Arkaýyn bol, Jemal. Men ony ogluna aýdaryn. Ol ony hökman şeýder. Asyl onuň özem şonuň aladasynda bolaýmasa. Arada şolar ýaly bir gürrüň gozgadymyka diýibem durun meň ýanymda.

Jemal uludan demini aldy.

– Bolýa-la oňňaly bolsa... – Ol meni birinji gezek görýän ýaly ýüzüme alasarmyk halda seretdi. – Siz menem alyp gidibilmezmisiňiz?

– Elbetde. Hiý onuňam bir gürrüňi bormy.

Her niçik hem bolsa onuň mazardan aýrylasy gelmeýärdi. Şonuň üçin men ony gyssajagam bolmadym-da, özüm assa-ýuwaşdan maşynyma tarap ýöräberdim. Yzyma garamadym. Baryp maşyny otladym. Gyzdyryp oturşyma gün-günden köpelip gidip barýan mazarystanlyga göz aýladym.

Gün-günden köpelip barýan diýmegimiň sebäbi bu gonamçylyk täze. Biz bu ýerde goýumçylygyň ýaňy başlan döwürlerinem bilýäs. Şondan bäri geçse bäş-alty ýyl geçendir, eýýäm onuň aňyrsyna bärsine göz ýetenok.

Diýmek, ajalam gije-gündiz, dynman işleýär. Özem juda öndümli işleýär.

Ýene bir bellemeli zat: öňler hristian mazarystançylygy bilen musulman gonamçylygy daşyndan seredeniňde-de ap-aýratyn bolar durardy. Hristianlaryňky ideglidi. Desgalydy. Bagly, suwludy.

Daşyndan seredeniňde ýaşaýjylary içinden çykyp giden çola şähere meňzeýärdi. Musulman ynanjyna görä bolsa mazar näçe çalt ýitse, şonça-da gowy hasaplanýardy. Olarda ideg-yssywat ýokdy. Her kim ölüsinden bizar bolana, ondan ölümiň öň ýanynda dynana meňzeýärdi.

Indi welin musulman gonamçylygam edil hristianlaryňky ýaly. Şolarda edilýän zat indi munda-da edilýär. Daşyndan seredeniňde indi o-da ýaşaýjysyz şähere meňzeýär. Egerde men hudožnik bolan bolsamdym, onda bu görnüşi şekile geçirerdim we «Öli şäher» diýip, atlandyrardym.

Soň men ýene-de nazarymy Jemala tarap aýladym. Ol henizem Erkiniň mazarynyň başynda yraň atyp dur. Ýalňyşmaýan bolsam ol aglaýardy. Onda-da eginlerini silkip, usuljak bilen, kükregine urup, hopugyp-hopugyp aglaýardy...

...Ýolboýam hiç birimiz, hiç zat barada dil ýarmadyk. Herimiz öz pikirimize gümra bolup otyrys. Düşjek wagty men oňa:

– Heran-haçan kömek, goldaw gerek bolsa dogtorlyk işiňiz çyksa, çekinmäň-de aýdaýyň, çekinmäň – diýdim.

– Taňryýalkasyn, Nepes. Öz günümi özüm görjek bolaryn. Elbetde, bu-da bir maňlaýyma ýazylanydyr-da... Allanyň eçilmedigini el bilen düzedip bolmaýan ekeni, şoňa-ha gözüm ýetdi... – Jemalyň soňky sözleri hasam gamgyn çykdy. – Ýöne, Erkiniň ýogalanyny çagalaryma nädip aýtjagymy bilemok. Olar ony juda gowy görýärdiler. Olar hatda kakalaryna-da şonça öwrenişmändiler. Şonuň üçinem, ajy habar ýürejiklerini çakarmykan öýdüp gorkýan. Ýa entek ýaraşamyzok, diýäýsemmikäm?...

– O-da bor. Juda bolmasa: daş bir ýurda uzak wagtlyk işe gitdi diýýäýiň. Şeýtseňiz kem-kemden ýatlaryndan çykyşar.

– Şeýderin-dä bolmasa.

– Hoş onda, sag boluň.

– Saglykda göşeliň.

## 5 Epilog

Erkin baradaky bu gussaly hekaýatymyň üstüni doldurmak isledimmi ýa onuňam öz äri baradaky gutarnykly pikirini bilesim geldimi, ýa şeýtmesem bu üçburç şekilli geň söýgüniň bir tarapy

tagaşyksyzrak görner öýtdümmi, merhumyň aşy-suwy sowlandan soň mende baryp Aýlarhan bilenem edil, Jemal bilen gürleşişim ýaly açykdan-açyk gürleşip görmeli, şeýtibem, bu ýatlamanyň «Aýlarhan» atly üçünji bölümini ýazmaly diýen pikir döredi. Çünki, goý, şowsuz bolsun, goý, dawalar içinde geçen bolsun, her niçik hem bolsa ol onuň bilen tutuş ömrüni geçirdi ahyryn.

Ýöne bu gün-bu gün, erte-erte bilen Aýlarhanyň ýanyna gidýänçäm: «Asla men ondan näme soramaly? Sorap biler ýaly men näme oňa näbeletmi? Onuň kimdigini, Erkin baradaky içki pikirleriniň nähilidigini, onuň bilen nähili ýaşaşandygyny men näme bilmän durunmy, Erkiniň durmuşyny näme ondan sorap ýazdymmy», diýen başga bir pikirem kellämde köwsarlap başlady. Galyberse-de, onuň keşbi meniň Erkiniň ömrüni beýan edýän baplarymyň içinden eriş-argaç bolup geçdi ahyry.

Şonuň üçinem, bu kyssanyň dowamy hökmünde, «Aýlarhan» atly ýörüte bölümi ýazmaklygyň geregi ýok, diýen netijä geldim. Kyssa iki adam – Erkin bilen Jemal ikisi barada, goý, şonlugyna-da galsyn.

Edil şol günleriň birinde-de, kabinetimde ýeke özüm işe güýmenip otyrkam, açyk duran gapymyň agzynda Aýlarhanyň çepiksije göwresi peýda boldy. Ýüzi-gözi solgun. Görnüşi öňküsindenem ejirli. Gabaklary börtülip dur. Maňlaýy edil Erkin bilen uruşan pursatyndakysy ýaly eplem-büklem. Gaşlary çytyk. Edil iki kesewiniň ujuny biri-birine söýäp goýan ýaly. Men ol ýarawsyzdyr-da, saglygyna seretdirmek üçin haýyş bilen gelendir öýtdüm. Erkin barada ýatlama ýazyp ýörendigimi eşidip nägilelik bildirmäge gelendir diýen oý hem serime gelmän duranok.

Emma uzaga çekmedik saglyk-amanlykdan soň ol meni haýranlar galdyryp, özüniň Erkin babatdaky gelen soňky netijeleri barada gürrüň bermäge başlady.

– Aýtmasam-a ynjalyp bilemok, ýüregimden daş asylan ýaly bolup dur. Senden başga-da aýdara adam ýok. Sen onuň iň ýakyn dosty – diýip, ol söze başlady. Tisgine-tisgine uludan sowuk demini aldy. – Ol seni juda gowy görýärdi. Şonuň üçinem men muny saňa hökman aýdaýmaly... – Ol her bir sözüni özüne mahsus bolmadyk rahatlyk bilen, sallarlap-sallarlap aýdýardy. – Soňky günlerde men juda köp oýlandym. Ölçerdim, dökdüm. Köp zatlara göz ýetirdim. Käbir ýalňyşlyklaryma-da düşündim. Umuman: «Işigiňden akan çeşmäniň gadry ýok» diýenleri dogry ekeni. Bu giň dünýäniň içinde ýalňyz galandygyma men ony

ymykly ýitirenimden soň düşündim. Ata-enäň, dogan-garyndaşyň, ogul-gyzyň orny bir başga, ýanýoldaşyňky bolsa düýbünden başga ekeni, Nepes. Rakybyň gepine gidip, gabanjaňlyk belasyna garagymy gapdyrmak bilen, ömrümi düňlelik dünýäsinde geçirendigime-de, şol zerarly ýoldaşymam, özümem durmuşyň mazasyndan mahrum edendigime-de indi-indiler düşünýän. Öz ýüregimiň «gürsüldisine» gümra bolup ýörşüme onuň ýüregine düşünjegem bolmandyryn. Tutuksy häsiýetini, är hökmünde edýän belliklerini, duýduryşlaryny göwniböleklige ýorupdyryn. Başga biriniň arzuwyny çekýändir, meni aýryp şony aljak bolýandyr, hut şol sebäplem yrsraýandyr, öýdüpdirin. Başda kimdir biriniň ýaman niýet bilen atan töhmedini gyzyla gaplap boýnumdan asypdyryn. Şeýdibem duşmany begendiripdirin. Öz elim bilen durmuşymy çaýkapdyryn. Atam-enem, dogan-garyndaşlarym näme, şolaryňam hajyk-hujuklaryna gulak asmaly däl ekenim. ine, ýeke galdym welin, şu wagt ýanymda şolaryň birem ýok. Ölen-ä öldi, galanlaram... – Aýlarhan bir zatlary ýadyna saljak bolýan ýaly sag eliniň aýasyny kükregine goýup petige seretdi, gözüni ýumup diňşirgendi. – Seňňem habaryň ýog-a däldir welin..., meň üçin bize Erkinlerden öňem gudaçylyga gelenler köp boldy. Men olaryň hiç birine-de göwnemedim. Edil Erkinleriň gelerine, garaşyp oturdym diýsem-ä ýalançy, ýöne şonda göwnüm ýogam däldi, şonuň üçinem men olara razylyk berdim. Ana, şonam öňki gaýtarylanlaryň biri ýokuş gören bolmaly. Erkine ýamanlyk etjek bolupmy ýa maňa ýamanlyk etjek bolupmy, ýa şeýtsem Aýlarhan ondan däner, maňa ýeter diýen niýet bilenim, garaz, kimem bolsa şolaryň biri şonda şol hereketi etdi. Özem juda ökdelik bilen etdi. Ýöne, ol wagtlar mende o hereket ýamanlyk bilen edilendir diýen düşünje ýokdy. Gaýtam gowy niýet bilen şeýdýändirler öýdýärdim. Aýlarhan bir salym böwrüni diňläp oturdy. – Ýöne, şonuň kimdigin baryp-ha şo wagtlaram güman-a edýädim welin, elbetde, aýdara-diýere, garşysyna galkynara Hudaý dili-zyban beren däldir-dä. Şeýtan berkräk işländir-dä. Seniň munuň töhmet, sen içigara bigaýrat diýäge-de, işige oklan hatynam, suratynam maňlaýyna urup gaýdybermäge gaýratym çatmandyr-da. Şeýdibem ol-a maksadyna ýetdi, atan şyltagam maňa ömürýoldaş boldy. Oky nyşana degdi. Şonuň ömürboýy daşymdan gülüp gezendigini men indi duýýan. Süňňüm bilen syzýan. Häzirem şol, bisyrat ýeňsämde syrtarylyp duran ýaly. – Aýlarhan ýaşa dolan ullakan ala gözlerini tegeläp ýüzüme seretdi. – Erkiniň o-ol, birwagtlarky, okap

ýören döwürleri sataşan söýgülisiniň taryhyny dagy men ýaňy-ýaňylar eşitdim-ä... Ol ana, şony gözlän ekeni. Eger-de turuwbaşdan şol gyzyň ornuny tutup, söýgüsini gazanyp bilen bolsadym, onda Erkin belki, ýitiren söýgüsini başga ýerden gözlemezdem. Menden gitmezdem. Dogry, bu barada senem maňa ençeme gezekler maslahat beripdiň, ýöne, men ol wagtlar saňa-da ynanmaýardym, senem onuň tarapyny tutup, tilkilik edýänsiň, ikiňizi dil birikdirip meniň üstümden gülýänsiňiz öýdüpdim. Şu wagtky gelne sataşandan soň-a Erkiniň hiç haçanam düzüw gezmändigine, özümiňem ony ömürboýy ýöne ýere gabanyp gelmändigime öz-özümi doly ynandyrdym. Ýöne, ol gelni Hudaý oňa başky söýgüsiniň öwezini dolmak üçin, meniň eýeläp bilmedik ornumy eýelemegi, üçin beripdir. Ol gelni men öň üigrenýärdim, indi bolsa onuň tutan ornuny wagtynda özümiň eýeläp bilmändigim üçin kemsinýän. Onuň gölegçileriň öňünden çykyp, Erkin bilen uly iliň öňünde hoşlaşandygynam eşitdim, ýöne ynan, Nepes, muny indi gabanjaňlyk duýgusy bilen aýdamok. Söýmegiň söýülmegiň nämedigini hut şonuň tymsalynda görendigim üçin aýdýan. Käte öýüne baraga-da, şol gelin bilen gujaklaşyp aglaýasym, meniň ýanýoldaşy bolup berip bilmedik mährimi berip, onuň bu dünýeden söýgüsiz gitmezligini gazanandygy üçin minnetdarlyk bildiräýesim gelip dur... – Aýlarhan iňňäm naýynjarlyk bilen ýüzüme bakdy. Soňam çekine-çekine: – Sen Erkiniň gapdalyndan bir adamlyk ýer goýdurybilmezmiň, Nepes... – diýdi.

– O nämä gerek?

– Gerek. Maňa gerek. Bu dünýäniň-ä mazasyny bilip bilmedik, o dünýäde bir bileje rahat ýataly. Ner niçik hem bolsa, men onuň kyýamatlyk ýanýoldaşy ahyry...

– O diýýeniň-ä dogry welin, ýöne, ol, ýer diýeniň bolmaýmasa, Aýlarhan...

– Näme üçin?

– Aý, o zatlaram bu wagt hökümediň özi tertipleşdirýär-dä... Ýer nobatma-nobat tertip bilen birsydyrgyn gazlyp gidip otyr...

– Sen tanalýan adam, Nepes. Saňa işi düşýän köp. Sen diýseň ýok diýmezler. Näme bermeli, goýmaly bolsa-da aýdaýsynlar, irikgä etmen.

Onuň çynydy. Iň bolmanda baky uka gidenden soň bir ýan ýoldaşy bilen tä, ýer çepbe çöwrülip kyýamat ahyr bolýança bir ýerde, ýanaşyp bile ýatasy gelýärdi.

Şol pursat meniň oňa iňňän nebsim agyrdy. Çünki, meniň alnymda sähel zat üçinem nadaralyk edip, başyndan saman sowrup, agzyndan ot saçyp, ömrüni äri bilen barlyşyksyz söweşler içinde tutluşyplar geçiren, ýowuz häsiýetli Aýlarhana derek, kerwenden galyp ýolundan azaşan mysapyr bendä meňzeş bir biçäre maşgala egnini gysyp, mugryljyrap otyrdy. Ol indi söweşijä däl-de, ýaradar bolup ýesir düşen, indem ýagdaýdan çykalga gözleýän ýadaw esgere meňzeýärdi. Onuň şol ejiz halda oturşyny Erkin ömründe iň bolmanda ýekeje gezek görenem bolsa, ony ol agyr ahwalatdan halas etmek üçin ähli zatdan, hatda söýgüsindenem geçerdi.

Bu ýagdaýda elbetde, menem onuň raýyny ýykyp biljek däldim. Şonuň üçinem aňrujy mümkinçilik dörese haýyşyny bitirjekdigime söz berdim.

Aýlarhan ýene bir zat diýjek boldy. Ýöne, birdenkä bokurdagy doldy-da, gepläp bilmedi. Gözýaşyny gizlemek üçin ýüzüni kese sowup, usullyk bilen ýerinden turdy. Haýaljak ýöräp, çalaja-da çaýkanjyrap gapa bardy. Tutawaja elini ýetirip, egniaşa bärsine öwrüldi. Hamsygyp durşuna ysgynsyz seslendi.

– Bar zady başdan başlardym welin, arman, yza ýol ýok-da...

Şeýdibem çykyp gitdi.

Men ýerimden turdum ýuwaşja ädimläp penjiräniň öňüne bardym. Aýlarhanyň yzyndan seretdim. Ol edil hasasyny elinden aldyran kör ýaly agyr howsala hem hasratlar içinde elleri bilen howany sermeläp gidip barýar. Göwresi welin öňküsindenem kiçelen ýaly. Şo-ol, birwagtlarky Aýlarhan diýseň ynanar ýaly däl. Iň ýamanam bolup barşy barmaly menzilini takyk bilmeýän awara meňzeýär.

***

Men onuň haýyşyny ýerine ýetirdim. Örän kynlyk bilenem bolsa, Erkiniň gapdalyndan bir adamlyk ýer goýdurdum.

Şondan soň her hatyra günleri, aýtda, baýramda, gurbanlykda Erkiniň mazaryna menem barýardym, çagalary bilen bilelikde Aýlarhanam barýardy, Jemalam barýardy. Jemal mümkingadar Erkiniň çagalary bilenem, Aýlarhan bilen gabatlaşmazlyga çalyşýardy. Şeýle-de bolsa gabat gelýän gezeklerem az bolmaýardy.

Şolar ýalyda Aýlarhan özi üçin goýlan boş ýere barýardy-da, hamala ony Jemaldan gysganýan ýaly tä, gaýdýança şol çäkden çykman, töwereine howsalaly garanjaklap, delmuryplar durýardy. Jemala tarap käte bir gözüni aýlap goýberişinden men onuň içinden: «Arkaýyn bol, iň bolmanda şu ýeri-hä saňa bermen» diýýändigini aňýardym.

Jemal welin oňa ünsem berenok. Gelşi ýaly, Erkiniň mazarynyň başujyny dörjeläp, şol ýerde birwagtlar gömüp goýan el telefonyny emaý bilen eline alýar-da, ilk-ä kümüş ýüzükli, kösük deý akja barmaklary, aýalary bilen, soňam ýörite getiren gara mahmal bölejigi bilen onuň daşynyň gumyny süpürişdirýär, pisse ýaly çyzylyp duran pökgüje dodajyklaryny çommaldyp üfleşdirýär, hatda gulagyna-da tutup görýär, diňşirgenýär, ahyram uludan demini alýar-da, öňki ýerinde goýýar, üstüne gum sürýär. Soňam sumkasyndan suwly plasmas mytara çykarýar-da, ozaldanam suwdan doýgun, eýýämhaçan şahalaryny mazaryň üstüne ýaýyp, Erkini ýelden günden gorap oturan dört düýp agajyň düýbüne suw guýýar. Şeýdibem bir gyra çekilýär. Aýlarhan ikisiniň arasynda hiç hili duşmançylyk ýa basdaşlyk duýgusy duýlanok. Erkiniň çagalary bolsa asla hiç zada üns bermezlige çalyşýarlar. Olar baranlaryndan tä gaýdýançalar mazara serenjam bermek bilen meşgul.

Elbetde, ýaş ir gitjekmi ýa garry ir gitjekmi ol belli däl. Ýöne, wagt geçer, günlerde bir gün biziň barymyzam Erkiniň yzyndan gideris. Oýundan çykarys. Erkini heýjana salan galagoply ýyllaryň beýanam biz bilen gider. Soňky nesiller o zatlary bilmezler. Şondan soň biziň üçin wagt durar, heňňamyň ölçegi ýiter. Ýöne, kyýamat-maşgar güni diýilýäni bar bolsa, welin, biz öz döwürdeşlerimiz bilenem, bizden öňki gidenler we soňky gitjekler bilenem şol ýerde duşuşarys. Ine, şol gün men ak meýdanda, Allanyň dergähinde dik durup, ölmeziniň öň ýany aýdyp ýetişmeddik sözümi – Jemalyň päkdigini, söýgüsine hyýanat etmändigini, şonça wagtlap, şonça gezekler ony bor-bolgusyz adamlardan nähak gabanyp gezendigini Erkine aýdaryn. Güwä geçerin. Ynandyrarynam. Ýöne, meni biynjalyk edýän zat – Biribar şol gün Jemal bilen Aýlarhanyň haýsy birini Erkiniň kyýamatlyk ýoldaşy diýip ykrar ederkä? Mesele nikalylyk nukdaý nazaryndan çözülmeli bolsa, onda Erkin Bakyýetde Aýlarhan bilen bolmaly. Ýöne, yşk diýibem bir zat bar. Özem ol ylahy zat. Allatagalla-da jümle-jahany yşk bilen ýaradypdyr. Öz yşky bilen älemiň ümmülmez künçlerinde ol heniz-henizem täze-täze dünýäleri döredip gidip otyrmyşyn.

Jemal bilen Erkiniň arasyndaky söýgünem men ylahy söýgi hasap edýän. Çünki olary şondan başga baglanyşdyrýan zat ýokdy. Erkinde söýgüden başga ne pul, ne wezipe hiç zat ýokdy. Jemalam ondan şondan başga zat talap etmeýärdi.

Şu zatlardan çen tutsaň, yşk nikadan güýçli bolmaly. Nika yşkdan kän-kän soň, adamlaryň birek-birege agzeki ynamlary gaçyp, yşklary gaýra tesip ugrundan soň, olary bir-birine emeli ýol bilen baglamak üçin dörän bolmaly.

Şonuň üçinem başy bu ýagty ýalançyda başlanyp, soňy magşar meýdanynda, Hakyň dergähinde tamamlanjak, ölini-dirini, ulyny-kiçini telbe ediji şol gyzgyn söýginiň bu üç ynsanyň haýsy biriniň peýdasyna çözüljekdigini şol gün diňe Biribaryň özi kesgitläp biler.

***Aşgabat – 2007-2011 ýý.***